**A. Muhanow, H. Hajygurbanow**

# TÜRKMENISTANYŇ SALGYT KANUNÇYLYGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullygy
Aşgabat – 2011

UOK 347
M 82

**Muhanow A., Hajygurbanow H.**
M 82 **Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

Beýik Galkynyşyň sazlaşykly ösüş ýoluna düşen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ykdysady kuwwatyny artdyrmak bilen, ilatyň sosial taýdan goraglylygyny ýokarlandyryp, raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny halkara ülňülerine laýyklaşdyrmak strategiýasyny üstünlikli dowam etdirýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler döwletimizi yklymda ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň hataryna çykarmagy we gazanylanlaryň durnuklaşdyrylmagyny maksat edinýär. Bazar gatnaşyklary şertlerinde, ykdysadyýetde geçirilýän düýpli özgertmeleriň kanunçylygyny bilýän ýokary derejeli hünärmensiz olary amala aşyrmak mümkin däl. Bazar ykdysadyýetiniň kämil düzümleri üçin çuňňur we köptaraplaýyn bilimli, hünäri boýunça ýokary derejeli başarjaň hünärmenler zerurdyr.

„Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy“ atly şu okuw kitaby salgyt gullugy edaralarynda işleýän hünärmenler, ýokary okuw we orta hünär mekdeplerinde ykdysadyýet we hukuk ugurlary boýunça okaýan talyplar üçin niýetlenendir.

TDKP № 249, 2010 KBK 67. 99 (2TÜ)2 ýa 73

© A. Muhanow, H. Hajygurbanow, 2011



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim - janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim - janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda halkymyzyň eşretli we döwrebap ýaşaýşyny üpjün edýän anyk çäreler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistan döwletimizde milliligimize laýyk gelýän ykdysady nusga ýöredilýär. Ykdysadyýetimizi täze hil derejesine çykarmaklyga, döwrebaplaşdyrmaklyga, ony dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine çykarmaga ynamly ugur alyndy.

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüji ykdysady strategiýasynda, şeýle hem „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli maksatnamasynda, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutulan çäreleri durmuşa geçirmek maksady bilen, gerimi boýunça ägirt uly wezipeler çözülýär; täze zawodlar, fabrikler işe girizilýär, täze önümçilikler açylýar, Watanymyzyň bereketli topragyndan ekinleriň bol hasyly alynýar.

Gazanýan üstünliklerimiziň ruhlandyryjysy bolan hormatly Prezidentimiziň paýhasly progressiw özgertmeler syýasaty netijesinde Türkmenistan depginli ösýän, güýçli döwlete öwrülmek bilen ýokary derejede ösen ykdysadyýeti we milli medeniýeti bolan kämil jemgyýete tarap ädimme-ädim öňe barýar.

Döwlet baştutanymyz tarapyndan düzülen ykdysady ösüş konsepsiỳasy bazar gatnaşyklaryny çuňlaşdyrmaga, ykdysadyỳetiň ösüş depginlerini goldamaga, ilatyň hal-ỳagdaỳyny ỳokarlandyrmaga hem-de hereket edýän salgyt syýasatyny kämilleşdirmäge gönükdirilendir.

Hakykatdanam, salgyt ulgamyny kämilleşdirmek we dünýäniň ösen ýurtlarynyň gazananlaryny we baý tejribesini öwrenip, milli ykdysadyýetimize ornaşdyrmak arkaly halkara ülňülerine ýetirmäge gönükdirilip amala aşyrylýan özgertmeleriň başynda duran hormatly Prezidentimiziň paýhasly syýasaty netijesinde döwletimizde uly üstünlikleri gazanyldy.

Ykdysadyýeti durnukly we ýokary depginler esasynda ösdürmek maksady bilen, jemgyýetiň ykdysady durmuşyna degişli we ony hukuk taýdan üpjün edýän kanunlar kabul edildi we olar kämilleşdirildi.

Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" Bitewi Kanuny telekeçiligi, hususyýetçiligi, daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge we milli bazary berkitmäge, daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden ulanmaga, oba hojalygynyň we umuman, milli ykdysadyýetiň ýokary depginler bilen ösmegine ýardam etmäge, ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, şeýle-de durmuş-ykdysady ösüşiň gaýry wajyp ugurlaryny amala aşyrmaga gönükdirilendir. Bu ugurlarda işler, esasan, salgyt töleýjilere salgyt ýeňillikleriň berilmegi, öň hereket eden salgytlaryň ýatyrylmagy we çäklendirilmegi, salgyt salnanda salgytlaryň möçberiniň pese düşürilmegi, ilata salgytlary hasaplamaga we tölemäge amatly şertleriň döredilmegi degişli salgyt çäreleriň geçirilmegi arkaly amala aşyrylýar.

Okuw kitaby döwletimiziň salgyt kanunçylygyny, hormatly Prezidentimiziň salgyt özgertmeleriniň kanuny esaslaryny talyplara hem-de okyjylar köpçüliginiň dykgatyna ýetirmegi maksat edinýär.

# I BAP. TÜRKMENISTANYŇ SALGYT HUKUGYNYŇ ESASY BAŞLANGYÇLARY

## § 1.1. Salgyt hukugy barada düşünje

Salgyt hukugy – bu salgytlaryň görnüşlerini, olaryň ýygnalyşyny kesgitleýän we salgyt borçnamalaryň emele gelmegi, üýtgemegi we bes edilmegi bilen baglanyşykly kadalaşdyryş hukuk namalarynyň jemidir. Salgyt gatnaşyklary diňe kanun taýdan tassyklanylan ýa-da başgaça aýdanyňda, hukuk gatnaşyklaryny özünde jemleýän resminama görnüşinde hereket edip bilýärler.

Salgyt gatnaşyklarynyň düýp mazmuny takyk pul jemini döwlet býujetine tölemek baradaky borçnamadyr.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda salgyda şeýle düşündiriş berilýär: “**Salgyt** – döwlet işini maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen, döwlet tarapyndan bellenýän we edara görnüşli we şahsy taraplardan alynýan Türkmenistanyň Döwlet býujetine gelip gowuşýan hökmany, hususy muzdsuz tölegdir“. Salgytlar şu alamatlaryň bolmagy bilen kesgitlenilýärler:

- salgyt töleýjileriň topary;
- salgyt salynýan binýat;
- salgyt özeni;
- salgyt möçberi (möçberleri);
- salgydy hasaplamagyň we tölemegiň möhletleri we tertibi.

Salgyt bellenende hasabat (salgyt) döwri, salgyt ýeňillikleri, salgyt töleýjiniň olary ulanmagy üçin esaslar göz öňünde tutulýar. Salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler Türkme-nistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi Kanunynda bellenilýär. Hususy häsiýete eýe bolan ýeňillikleri bermek gadagan edilýär. Salgyt kanunçylygy salgyt hukuk

bozmalary boýunça salgyt töleýjileriň jogapkärçiligini, salgytlaryň ýygnalyşy we hasaplanylyşy bilen bagly salgyt gulluklarynyň hereketlerine şikaýat etmegiň tertibini hem kesgitleýär (1.1-nji şekil).

Türkmenistanda salgyt hukugy jemgyýetçilik işlerini kanagatlandyrmak üçin milli girdejiniň ýygnalyşynyň üpjün edillişiniň bir görnüşidir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy salgyt hukugynyň wajyp çeşmesidir. Ol Türkmenistanyň döwlet býujetine tölenýän salgytlaryň we girdejileriň kesgitlenilmegini döwlet häkimiýetiniň we dolandyryş guramalarynyň üstüne ýükleýär. Salgyt kanunçylygyny ulanmak boýunça gönükdirmeleri çykarmak we neşir etmek hukugy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna berlendir.

*1.1-nji şekil*

**Salgyt hukugynyň öz içine alýan ölçegleri**



Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanuny Döwlet býujetine alynýan salgytlaryň ulgamyny, salgyt salmagyň umumy ýörelgelerini, salgytlary tölemek boýunça borçlaryň ýüze çykmagynyň (üýtgemegini, bes edilmegini) esaslaryny we ýerine ýetirmegiň tertibini, salgyt töleýjileriň, salgyt gullugy edaralarynyň hukuklaryny we borçlaryny, salgyt gözegçiliginiň görnüşlerini we usullaryny, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçiligi, salgyt gullugy edaralarynyň çözgütlerinden we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketlerinden şikaýat etmek hukugyny belleýär.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň ählumumylygyny we deňligini ykrar etmäge esaslanýar. Salgyt töleýji diýlip ykrar edilen her bir tarap Bitewi kanunda bellenen salgytlary tölemäge borçludyr.

2004-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-inde kabul edilen we noýabr aýynyň 1-inden güýje girizilen Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi Kanuny ykdysadyýetiň has hem ýokary depginler bilen ösmegine şert döredip, ilatyň durmuş hal-ýagdaýynyň öňküden hem gowulanmagyna ýol açdy. Salgytlaryň sany ep-esli derejede kemeldilip, hereket edýän 17 sany salgydyň ýerine 6 sany salgyt girizildi, şeýlede salgytlaryň möçberleri (stawkalary) birnäçe derejede azaldyldy. Häzirki wagtda hereket edýän salgytlaryň 4-si esasy salgytlar, 2-si salgyt binýady ýüze çykanda tölenýän salgytlar we ýygymlar bolup durýar.

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunyna laýyklykda, döwletimiziň salgyt ulgamynda şu aşakdaky salgytlar we ýygymlar hereket edýärler:

***Salgytlar:***

- goşulan baha üçin salgyt;
- goşmaça töleg;
- ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt;
- emläk üçin salgyt;
- edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt;
- şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy.

### *Ýerli ýygymlar:*

- mahabatlandyrma üçin ýygym;
- şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym;
- awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym;
- awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym;
- itleriň eýelerinden alynýan ýygym.

### *Salgytlaryň hukuk esaslary*

**1.** Ýurdumyzda fiskal ähmiýeti ýokary we Döwlet býujetine iň köp girdeji getirýän ***goşulan baha üçin salgytdyr.*** Bu salgyt harytlaryň öndürilişiniň (işleriň, hyzmatlaryň ýerine ýetirilişiniň) ähli derejesinde döredilýän goşulan bahanyň belli böleginiň döwlet býujetine ýygnalyşynyň görnüşidir.

Goşulan baha üçin salgyt ilkinji gezek 1954-nji ýylda Fransiýada işlenip taýýarlanyldy. Türkmenistanda goşulan baha üçin salgyt ilkinji gezek 1992-nji ýylyň ýanwar aýynyň 6-syna Türkmenistanyň Prezidentiniň 512-nji Karary esasynda salgyt ulgamyna girizildi. Häzirki döwürde salgydy töleýjiler hökmünde edara görnüşli taraplar we telekeçiler çykyş edip, salgydyň binýady hökmünde salgyt salynýan amallar, ýagny harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, harytlar ogurlananda ýa-da zaýalananda günäkär taraplardan ýetirilen zyýanlaryň öwezini doluş töleginiň alynmagy, şeýle hem ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar çykyş edýärler.

Şu aşakdakylar goşulan baha üçin salgyt töleýjiler bolup durmaýarlar:

- Türkmenistanyň Merkezi banky;
- Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakyndaky” Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplar. Şunuň ýaly taraplar nebit işlerine degişli bolmadyk salgyt salynýan amallary geçiren halatlarynda olara töleýjiler degişli bolýar;

- hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar (öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başgalar);
- ýeňillikli salgyt ulgamyna degişli işler bilen meşgullanýan hususy telekeçiler.

Şu günki günde goşulan baha üçin salgydyň möçberleri (stawkalary) aşakdaky tertiplerde hereket edýär:

- eger-de kärhana döwletiň kesgitlän nyrhlary boýunça amallary geçirmeýän bolsa, 15 göterim derejesinde bellenilýär we goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine almaýan baha salgyt özeni bolup durýar;
- döwletiň kesgitlän bahalary boýunça harytlar ýerlenende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende degişli möçberiň şu salgyt möçberine göterim gatnaşygy hökmünde kesgitlenýän 100-e artdyrylan möçber ulanylýar. Eger-de kärhana döwletiň kesgitlän nyrhlary boýunça amallary geçirýän bolsa, goşulan baha üçin salgydyň pul möçberini öz içine alýan baha salgyt özeni bolup durýar;
- goşulan baha üçin salgydyň möçberi 0 (nol) göterim derejede: tebigy (ugurdaş) gazy, nebiti we olary gaýtadan işlemekden alnan önümleri goşmazdan, özüniň öndüren, şeýle hem satyn alan harytlary daşary ýurtlara ýerlenende, halkara derejesinde ýolagçylary gatnatmak we şahsy we edara görnüşli taraplaryň ýüklerini daşamak boýunça hyzmatlar guralanda ulanylýar.

Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri edara görnüşli taraplar we oňa edara görnüşli taraplaryň bolmanda biri şereketlere girýän taraplar üçin senenama aýyna deň bellenýär.

Goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt döwri hususy telekeçiler we oňa edara görnüşli tarap girmeýän şereketlere girýän taraplar üçin senenama ýylyna deň hasabat döwri bolsa, ýanwar aýynyň 1-inden iýun aýynyň 30-yna çenli we iýul aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 31-ine çenli bellenýär.

*1-nji tablisa*

**Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň salgytlar boýunça toplanýan girdejileriniň düzüminde goşulan baha üçin salgyda degişlilikde ýurdumyzyň dürli pudaklary boýunça ýygnalyşynyň tertibi**

| *2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň 1-nji derejeli girdejilerine goşulan baha üçin salgyt boýunça gelen girdejiler* | | | |
|---|---|---|---|
| | **Salgyt töleýji edara görnüşli taraplar** | **salgydyň umumy jemi (müň manat)** | **umumy jemde paýy (% -de)** |
| | **HEMMESI** | **3 054 650** | **100,0%** |
| 1. | Nebitgaz we himiýa toplumy | 2 518 522 | 82,4% |
| 2. | Energosenagat toplumy | 18 881 | 0,6% |
| 3. | Gurluşyk toplumy | 50 275 | 1,6% |
| 4. | Agrosenagat toplumy | 66 653 | 2,2% |
| 5. | Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 80 043 | 2,6% |
| 6. | Ilatyň sarp edýän harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 57 215 | 1,9% |
| 7. | Durmuş toplumy | 7 011 | 0,2% |
| 8. | Banklar we ätiýaçlandyryş guramalary | 8 833 | 0,3% |
| 9. | Toplumlara girmedikler | 18 345 | 0,6% |
| 10. | Ykdysadyýetiň döwlete degişli däl bölegi | 228 872 | 7,5% |

1-nji tablisada görkezilişi ýaly, Döwlet býujetine goşulan baha üçin salgytdan gelýän girdejiler boýunça esasy bölegi nebitgaz we himiýa toplumynyň hasabyna jemlenýär, ykdysadyýetiň döwlete degişli däl bölegi boýunça toplanýan salgyt ikinji orny eýeleýär. Galan pudaklara degişlilikde ýygnalýan salgydyň möçberi pes mukdarda bolmagynda galýar.

### 2. Goşmaça tölegler *(aksizler)*

Türkmenistanyň gümrük çäklerine goşmaça töleg tölemäge degişli harytlary getiren halatlarynda edara görnüşli we şahsy taraplar goşmaça tölegi töleýjiler bolup durýarlar. Şeýle-de buýrujy tarapyn-

dan iberilýän çig maldan (materiallardan) Türkmenistanyň çäklerinde öndürilýän goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlar üçin haryt öndüriji goşmaça tölegi töleýji bolup durýar. Bu salgytlary töleýjiler bolup, şu goşmaça tölegi tölemäge degişli harytlary satýan edara görnüşli we şahsy taraplar çykyş edýärler. Şeýle-de, bu salgyt gytaklaýyn salgyt bolup, hakyky salgyt töleýjiler hökmünde şol harytlary satyn alanlar we sarp edenler çykyş edýärler.

Salgyt salynýan amallar geçirilende goşmaça tölegler üçin salgyt we hasabat döwürleri senenama aýyna deň bellenýär.

Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän, goşmaça tölegler tölenmäge degişli harytlar goşmaça tölegi tölemekden şu ýagdaýlarda boşadylýarlar:

a) Türkmenistana ynsanperwer kömek hökmünde, şeýle hem hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, daşary ýurtlar tarapyndan muzdsuz berilýän tehniki kömegiň çäklerinde getirilýän harytlar;

b) daşary ýurt diplomatik we olara deňleşdirilen wekilhanalaryň, halkara guramalarynyň resmi taýdan peýdalanmaklary üçin ýa-da bile ýaşaýan maşgala agzalaryny goşmak bilen, şu wekilhanalaryň we halkara guramalarynyň diplomatik ýa-da edara ediş-tehniki işgärleriniň şahsy peýdalanmaklary üçin niýetlenen harytlar;

ç) şahsy tarapyň özüniň sarp etmegi üçin 5 litr alkogolly içgiler we piwo, 10 guty çilim.

Salgyt töleýjiniň Türkmenistanyň aýry-aýry kanunçylyk namalaryna salgyt ýeňillikleriniň bar bolan ýa-da salgytdan boşadylan halatynda, eger bu şonuň ýaly namalarda göni görkezilmedik bolsa, görkezilenler goşmaça tölegleriň alynmagyna degişli däldir.

Eýeçilik hukugy esasynda daşary ýurtly edara görnüşli taraplara degişli bolan, berilýän çig maldan (çig nebitden) benzini we dizel ýangyjyny öndürmek (taýýarlamak) boýunça hyzmatlar, şu önümleri soňundan Türkmenistanyň çäklerinden çykarmak şerti bilen, goşmaça töleg tölemekden boşadylýar.

Ynsanperwerlik we haýyr-sahawat kömegi hökmünde hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda, şeýle hem döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň çözgütleriniň esasynda goşmaça töleg tölenýän harytlary bermek boýunça amallar goşmaça tölegleri tölemekden boşadylýar.

Şu aşakdakylar goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlardyr (2--nji tablisa).

*2-nji tablisa*

**Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň sanawy we goşmaça tölegiň möçberleri**

| Goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlaryň atlary | Goşmaça tölegleriň möçberleri |
|---|---|
| **Öndürilýän harytlar boýunça** | |
| Piwo | Bahasynyň 10% – i |
| Tebigy üzüm çakyry, güýçli spirtli içgiler, likýorlar we düzüminde alkogol bolan gaýry alkogolly içgiler (üzüm löderesinden başga), şeýle hem düzüminde alkogol bolan çakyr serişdeleri:<br>20 göterime çenli<br>20-den 30 göterime çenli<br>30 göterimden ýokary | <br><br><br><br><br>Bahasynyň 15% – i<br>Bahasynyň 30% – i<br>Bahasynyň 40% – i |
| Benzin | Bahasynyň 40% – i |
| Dizel ýangyçlary | Bahasynyň 40% – i |
| **Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça** | |
| Piwo | Gümrük bahasynyň 50% – i, emma 1 litri üçin azyndan 4 manat |
| Düzüminde aşakdaky möçberde alkogoly bolan üzüm çakyrlary we alkogolly içgiler<br>20 % – e çenli<br><br>20 göterimden ýokary | Gümrük bahasynyň 100% – i, emma 1 litri üçin azyndan 20 manat<br><br>Gümrük bahasynyň 100% – i, emma 1 litri üçin azyndan 30 manat |
| Spirtli içgiler taýýarlanylanda ulanylýan spirt (saglygy goraýyş maksady bilen getirilýänlerinden, şeýle hem döwlet kärhanalary, alyjylar birleşmeleriniň kärhanalary tarapyndan getirilýänlerinden beýlekileri) | 1 litri üçin ABŞ-nyň 4 dollary |

| | |
|---|---|
| Temmäki önümleri | Gümrük bahasynyň 30%, – i emma 1 gutusy üçin azyndan ABŞ-nyň 0,5 dollary |
| Beýleki senagat taýdan öndürilen temmäki we onuň senagat çalşyryjylary | 1 kg üçin ABŞ-nyň 10 dollary |
| Ýeňil awtoulaglar (tiz kömek awtoulaglaryndan we maýyplar üçin ýörite enjamlaşdyrylan ulaglardan başga) | Hereketlendirijiniň iş göwrüminiň 1 kub sm-i üçin ABŞ-nyň 0,3 dollary |

Türkmenistanyň salgyt ulgamynda goşmaça tölegleriň toplanyş tertibi 2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň girdejiler böleginiň maglumatlary esasynda 3-nji tablisada getirilip görkezilýär.

*3-nji tablisa*

| *2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň 1-nji derejeli girdejilerine goşmaça tölegler boýunça gelen girdejiler* | | |
|---|---|---|
| **Salgyt töleýji edara görnüşli taraplar** | **salgydyň umumy jemi (müň manat)** | **umumy jemde paýy (% -de)** |
| **JEMI** | **1 019 060** | **100,0%** |
| **1. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy** | **744 104** | **73,0%** |
| **2. Halkara söwda we daşary geleşiklere esasy salgytlar** | **245 500** | **24,1%** |
| **3. Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi** | **18 783** | **1,8%** |
| **4. Azyk senagaty assosiasiýasy** | **9 450** | **0,9%** |
| **5. Ykdysadyýetiň döwlete degişli däl bölegi** | **1 223** | **0,1%** |

### *3. Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt*

Şu aşakdakylar peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler bolup durýarlar:

Türkmenistanyň dahyllylary – edara görnüşli taraplar;

Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalarynyň üsti bilen iş alyp barýan ýa-da Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden girdeji alýan Türkmenistanyň dahylsyzlary – edara görnüşli taraplar;

Şular peýdadan (girdejiden) alynýan salgydy töleýjiler bolup durmaýarlar:

- Türkmenistanyň Merkezi banky;
- Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti.

Hasabat (salgyt) döwründe salgyt töleýjiniň alan peýdasy, şeýle hem girdejileriniň aýry-aýry görnüşleri salgyt salynýan binýat bolup durýar.

Edara görnüşli taraplaryň peýdasy salgyt töleýjiniň Bitewi Kanunda göz öňünde tutulan we şeýle girdejä degişli bolan, aýrylmaly pul möçberine azaldylan ähli girdejisiniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

Türkmenistanyň dahyllylaryna Türkmenistanyň çäklerinde we onuň daşynda alnan peýda (girdeji) boýunça salgyt salynýar.

Türkmenistanyň dahylsyzlaryna Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanalaryň üsti bilen alnyp barylýan işlerden we Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden alnan peýda (girdeji) boýunça salgyt salynýar.

***Peýdadan alynýan salgytdan şu aşakdakylar boşadylýar:***

- maýa goýum pensiýa gaznalary;
- maýyplary dikeltmegi amala aşyrýan guramalar;
- bilim edaralary;
- maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;
- dini guramalar;
- oba hojalyk kärhanalary;
- halkara, hökümetara, döwletara guramalar we býujet edaralary, muňa olaryň telekeçilik (täjirçilik) işinden alýan girdejileri girmeýär.

Şu salgytdan boşatma goşmaça töleg tölenmäge degişli harytlary ýerlemekden alnan peýda hem-de Bitewi Kanunyň 172-nji maddasynyň 2-nji we 3-nji bölümlerinde görkezilen aýry-aýry görnüşlerine degişli däldir.

***Salgyt salynýan peýda (girdeji) şu möçberlere kemeldilýär:***

- bilim babatyndaky işden alnan peýdanyň möçberine;
- oba hojalyk önümlerini öndürýän edara görnüşli tarapyň şol önümleri ýerlemekden alýan peýdasynyň möçberine, ýöne ol önümler senagat taýdan gaýtadan işlenen bolmaly däldir;
- milli syýahatçylyk zonalarynyň subýektleri tarapyndan şol zonalaryň çäginde syýahatçylary kabul etmek, olary ýerleşdirmek, jemgyýetçilik iýmiti, hususy durmuş taýdan we bejeriş-sagaldyş hyzmatlarynyň berilmegi, dürli oýunlary (humarly täjirçilikden başga) guramak boýunça hyzmatlardan alynýan peýdanyň möçberine – degişli desgalaryň ulanylmaga berlen pursadyndan başlap, ilkinji 15 ýylyň dowamynda;
- maýa goýum taslamasynyň bellige alnan pursadyndan başlap, birinji üç ýylyň dowamynda edara görnüşli taraplaryň öz öndüren towuk etini we ony gaýtadan işlemekden alnan önümi ýerlemekden alýan peýdasynyň möçberine;
- protez-ortopediýa önümlerini we maýyplar üçin ýörite ulag serişdelerini öndürmekden alnan peýdanyň möçberine.

Salgyt töleýjiler peýdadan alynýan salgydy tölemekden boşadylan peýdany hasaba almagy aýratyn alyp barmalydyrlar. Şunuň ýaly peýdany hasaplap ýazmak üçin aýyrmalaryň aýry-aýry böleklerini kesgitlemek mümkin bolmadyk halatynda, olar ýeňillikleri hasaplamak üçin kabul edilýän, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiniň harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan jemi girdejiniň umumy möçberine gatnaşygyny ulanmak bilen kesgitlenip bilner.

***Peýdadan alynýan salgydyň möçberi şu derejede bellenýär:***

- 8 göterim – edara görnüşli taraplar – Türkmenistanyň dahyllylary (esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala

aşyrýan taraplardan – bu işden alynýan peýda we oňa degişli ýerlemekden daşarky amallar babatynda başga) üçin;

- 20 göterim – beýleki edara görnüşli taraplar üçin;
- düşewüntler we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgydyň möçberi 15 göterim ölçegde bellenýär.
- Humarly oýun işinden alynýan girdejiler boýunça şu möçberler bellenýär:
- her bir oýun awtomaty üçin – günde 30 manat;
- her bir oýun stoly üçin – günde 370 manat;
- her bir oturylýan ýer üçin – günde 7 manat ýa-da bu iş üçin peýdalanylýan jaýyň her bir inedördül metri üçin – günde 3 manat ýa-da tölegleri kabul edýän her bir kassa üçin – günde 38 manat.

Humarly oýun işiniň bir görnüşi amala aşyrylanda dürli salgyt möçberleri ulanylyp bilinýän halatynda, salgydyň has ýokary pul möçberine getirýän salgyt möçberi ulanylýar.

Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin (öz işini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) girdeji salgydyň derejesi 2 göterim möçberde kesgitlenýär.

Peýdadan (girdejiden) alynýan salgyt üçin salgyt döwri salgyt ýylyna deň bellenýär, emma hasabat döwri üçin birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly bellenilýär.

Oýun işinden alynýan girdeji salgydynyň salgyt we hasabat döwürleri senenama aýyna deň bellenilýär.

*4-nji tablisa*

**Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça gelýän girdejiler**

| *2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň 1-nji derejeli girdejilerine edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça gelýän girdejiler* | | |
|---|---|---|
| | **salgydyň umumy jemi (müň manatda)** | **umumy jemde paýy (%-de)** |
| **JEMI** | 2 372 730 | 100% |
| Nebitgaz we himiýa toplumy | 1 851 785 | 78,0% |
| Energosenagat toplumy | 14 216 | 0,6% |
| Gurluşyk toplumy | 23 457 | 1,0% |
| Agrosenagat toplumy | 38 3312 | 1,6% |
| Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 52 524 | 2,2% |
| Ilatyň sarp edýän harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 21 302 | 0,9% |
| Durmuş toplumy | 8 728 | 0,4% |
| Banklar we ätiýaçlandyryş guramalary | 6 247 | 0,3% |
| Toplumlara girmedikler | 6 042 | 0,3% |
| Ykdysadyýetiň döwlete degişli däl bölegi | 350 117 | 14,8% |

### *4. Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt*

Türkmenistanyň çäklerinde gazylyp alynýan peýdaly zatlary çykarmagy amala aşyrýan, himiki elementleri we birleşmeleri almak üçin ýerasty (ýerüsti) suwlary çykarýan we peýdalanýan **edara görnüşli** we **şahsy taraplar** salgydy töleýjiler bolup durýarlar.

"Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan edara görnüşli we şahsy taraplar ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgytlary töleýjiler hasap edilmeýärler.

Şu taraplar tarapyndan "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda geçirilýän nebit işlerine degişli bolmadyk iş amala aşyrylan halatynda, olar töleýjilere degişlidir.

Salgyt töleýji tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrylýan amallar salgyt salynýan binýatlar diýlip ykrar edilýär.

Salgyt salynýan amallaryň geçirilen ýeri diýlip peýdaly magdanlaryň gazylyp alynýan ýeri hasap edilýär.

***Salgyt salynýan amallar diýlip:***

salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanyň ýerlenmegi;

salgyt töleýji tarapyndan gazylyp alynýan peýdaly magdanlary özüniň sarp etmegi üçin peýdalanmagy, şol sanda gaýtadan işlemegi;

gazylyp alynýan peýdaly magdanlar ogurlananda ýa-da zaýalananda ýetirilen zyýanyň günäkär taraplar tarapyndan öweziniň dolunmagy, şeýle ätiýaçlandyrma öwezini dolmalaryň alynmagy ykrar edilýär.

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň möçberleri aşakdaky ölçeglerde bellenýär:

a) uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:

tebigy we ugurdaş gaz üçin – 22 % ;

çig nebit üçin – 10%.

b) düşewüntliligiň derejesine baglylykda beýleki gazylyp alynýan peýdaly zatlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:

*5-nji tablisa*

**Salgydyň möçberleri**

| Düşewüntlilik (%-de) | Salgydyň möçberleri (%-de) |
|---|---|
| 15-e çenli | 0 |
| 5-den ýokary,17-ä çenli | 30 |
| 17-den 19-a çenli | 32 |
| 19-dan 21-e çenli | 35 |
| 21-den 23-e çenli | 40 |
| 23-den 25- e çenli | 45 |
| 25-den ýokary | 50 |

Salgyt salynýan amallar boýunça (uglewodorod serişdelerinden beýleki amallar) ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgydyň bellenen möçberleri ýataklaryň tejribe-senagat taýdan ulanylýan döwründe, emma 3 ýyl möhletden köp bolmaly däl, 50 % aşakladylýar.

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt boýunça salgyt we hasabat döwürleri senenama çärýege laýyklykda bellenilýärler.

*6-njy tablisa*

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin tölenýän salgyt boýunça gelýän girdejiler**

| *2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň 1-nji derejeli girdejilerine ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin tölenýän salgyt boýunça gelýän girdejeler* | | | |
|---|---|---|---|
| | | **salgydyň umumy jemi (müň manat)** | **umumy jemde paýy (% -de)** |
| | **HEMMESI** | **2 919 680** | **100,0%** |
| 1 | Nebitgaz we himiýa toplumy | 2 348 155 | 80,4% |
| 2 | Energosenagat toplumy | 560 536 | 19,2% |
| 3 | Gurluşyk toplumy | 10 989 | 0,4% |

### *5. Emläk üçin salgyt*

Emläk üçin salgydy töleýjiler – eýeçilik hukugy esasynda emlägi bar bolan edara görnüşli taraplar, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde salgyt salynýan binýat bolup duran emläk balansyna berlen döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli taraplar. Emläk lizinge ýa-da konsessiýa berlende, lizinge alyjy konsessioner emläk üçin salgydy töleýjidir. Emläk kärendä (kireýine) berlende, kärendä (kireýine) beriji (döwlet eýeçiligindäki edara görnüşli tarapdan başga) emläk üçin salgydy töleýjidir. Döwlet ýa-da ýerli emläk kärendä berlende, ony balansda saklaýjy salgyt töleýji bolup durýar. Salgyt salynýan binýat birnäçe tarapyň umumy eýeçiliginde bolan halatynda, şol taraplaryň her biri salgyt töleýji diýlip hasap edilýär. Umumy eýeçilikde durýan salgyt salynýan binýatlary boýunça, olaryň eýeleriniň arasyndaky ylalaşyk esasynda şu salgyt salynýan

binýatlaryň eýeleriniň biri salgyt töleýji bolup bilýär. Bellenilen tertipde işe girizilmedik ýa-da esasy serişdeler hökmünde hasaba kabul edilmedik gurluşyk desgasy ulanylan mahaly şu salgyt salynýan binýat babatda salgydy tölemek borjy buýrujynyň üstüne ýüklenýär. Potratçy bu halatda şeýle desga boýunça salgydy tölemekden boşagylýar.

Salgydyň möçberleri – emläk üçin salgydyň möçberi salgyt döwrüniň salgyt özeniniň 1 göterimi möçberinde bellenýär.

Emläk üçin salgydyň hasaplaşyk möçberi degişli hasabat döwri üçin aşakdaky möçberlerde kesgitlenýär:

– birinji çärýek üçin salgyt özeniniň 0, 25 göterimi;
– birinji ýarym ýyl üçin salgyt özeniniň 0,5 göterimi;
– 9 aý üçin salgyt özeniniň 0,75 göterimi;
– bir ýyl üçin salgyt özeniniň 1 göterimi.

Emläk üçin salgydyň salgyt döwri salgyt ýyly, emma hasabat döwri bolup birinji çärýek, birinji ýarym ýyl, dokuz aý we salgyt ýyly durýar.

**Şu aşakdakylar emläk üçin salgytdan boşadylýarlar:**

– maýa goýum pensiýa gaznalary;
– maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary;
– jemgyýetçilik birleşikleri;
– dini guramalar;
– bilim edaralary;
– lukmançylyk edaralary we kärhanalary;
– oba hojalyk kärhanalary.

***Şu aşakdakylara emläk üçin salgyt salynmaýar:***

– gaz geçirijilere (esasy gaz geçirijilerden başga), demir ýollaryň esasy ugurlaryna, demir ýollaryň giriş ýollaryna, umumy ulanylýan awtomobil ýollaryna, aragatnaşyk we elektrik geçiriji ulgamlara, suwsuwlulandyryş we suw geçiriji desgalara, köprülere we olary ulanmak üçin niýetlenen inženerçilik we beýleki desgalara;

– tokaý we oba hojalyk önümlerini öndürmek we saklamak üçin peýdalanylýan emläge, şeýle hem olaryň öz öndüren önümlerine;

– ýaşaýyş jaý-jemagat hojalyklarynyň emläklerine;

– diňe ylym, bilim, maýyplary dikeltmek, daşky gurşawy go-

ramak, ýangyn howpsuzlygy we raýat goranyşy babatda ulanylýan emläklere;

– umumy ulanylýan şäher ýolagçylar awtoulagyna (taksiden başga);

– sport toplumlaryna, stadionlara we beýleki sport binalaryna we desgalaryna, şeýle hem olarda peýdalanylýan sport enjamlaryna we inwentarlaryna;

– asma ýollara, şeýle hem olary ulanmak üçin niýetlenilen beýleki enjamlara;

– çagalar dynç alyş merkezleriniň binalaryna we desgalaryna, şeýle hem çagalaryň dynç almak maksatlary üçin ulanylýan beýleki emläge, şol sanda attraksionlara, oýun oýnalýan abzallar we başgalar;

– milli syýahatçylyk zonalarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze desgalary we olaryň infrastrukturasyny gurmak ýa-da gurlup tamamlanmadyk gurluşygy gutarmak bilen baglanyşykly gurluşyk we gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek üçin ulanylýan emläge;

– milli syýahatçylyk zonalarynda syýahatçylary kabul etmek boýunça täze desgalaryň emläklerine we olaryň infrastrukturalaryna – şolaryň ulanylmaga berlen pursadyndan başlap, ilkinji 15 ýylyň dowamynda.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň salgytlaryndan gelýän girdejileriň düzüminde emläk üçin alynýan salgydyň 2009-njy ýyl boýunça ýygnalyş tertibi 7-nji tablisada beýan edilýär.

*7-nji tablisa*

**Emläk üçin salgyt boýunça gelýän girdejiler**

| *2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň 1-nji derejeli girdejilerine emläk üçin salgyt boýunça gelýän girdejiler* | | |
|---|---|---|
| **Degişli pudaklar** | **salgydyň umumy jemi (müň manat)** | **umumy jemde paýy (%-de)** |
| **1** | **2** | **3** |
| **JEMI** | **149 320** | **100** |

| 1 | | 2 | 3 |
|---|---|---|---|
| 1. | Nebitgaz we himiýa toplumy | 93 798 | 62,8% |
| 2. | Energosenagat toplumy | 7 816 | 5,2% |
| 3. | Gurluşyk toplumy | 3 293 | 2,2% |
| 4. | Agrosenagat toplumy | 11 061 | 7,4% |
| 5. | Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 16 779 | 11,2% |
| 6. | Ilatyň sarp edýän harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 8 070 | 5,4% |
| 7. | Durmuş toplumy | 1 326 | 0,9% |
| 8. | Banklar we ätiýaçlandyryş guramalary | 1 476 | 1,0% |
| 9. | Toplumlara girmedikler | 907 | 0,6% |
| 10. | Ykdysadyýetiň döwlete degişli däl bölegi | 4 794 | 3,2% |

### *6. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy*

Şahsy adamlardan alýan girdeji salgydy boýunça salgyt binýady kesgitlenilende hasaba alynýan girdejileri alýan şahsy adamlar salgydy töleýjiler diýlip ykrar edilýärler. Salgyt töleýjiniň alan şu girdejileri salgyt salynmaga degişlidir:

- Türkmenistana dahylly şahsy adamlar üçin olaryň alýan girdejileriniň çeşmelerine bagly bolmazdan;
- Türkmenistana dahylsyz şahsy adamlar üçin Türkmenistanyň çäklerindäki çeşmelerden. Türkmenistana dahylly edara görnüşli tarapdan, Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän şahamçasynyň, wekilhanasynyň we hemişelik wekilhanasynyň üstünden öz işini amala aşyrýan Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarapdan, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan şahsy tarap hususy telekeçiden alnan girdejileri.

***Şu aşakdakylaryň girdejileri salgyt salynmaga degişli däldir:***

- "Ruhnama" ordeni bilen sylaglanan adamlar;
- Türkmenistanyň Gahrymanlary;

- Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi Kanunyna laýyklykda weteranlar derejesine degişli edilen adamlar;
- söweş hereketleri netijesinde maýyp bolanlar;
- çagalykdan maýyplar, 1-nji we 2-nji topar maýyplary.
- "Edermenlik" medaly bilen sylaglanan adamlar üçin hasaplanan salgydyň möçberi, olaryň alýan ähli girdejileri boýunça 50 göterim azaldylýar.

Şeýle boşatmalary (ýeňillikler) ulanmaga hukuklary tassyklamak adamlaryň bellenen tertipde resminamalary (olaryň nusgalaryny) görkezmekleri esasynda amala aşyrylýar.

Daşary ýurduň döwlet gullugynda duran raýatyň hakyna tutma işden alan girdejisi, oňa şol döwletde salgyt salynmaga degişli bolsa, salgyt salynmaga degişli däldir.

Salgyt binýadynyň möçberi kesgitlenende salgyt töleýjiniň salgyt döwrüniň her aýynda aşakdaky salgyt aýyrmalaryna hukugy bardyr:

a) islendik şahsy tarap – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde;

b) adatdan daşary hadysalaryň (heläkçilikler, betbagtçylyklar we beýleki tebigy hadysalar) netijesinde, şeýle hem bu hadysalaryň öňüni almaga gatnaşmagyň netijesinde maýyp bolan şahsy tarap – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň dört essesi möçberinde;

ç) çagalykdan maýyplar, 1-nji we 2-nji topar maýyplardan başga

maýyplar – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň iki essesi möçberinde;

d) garamagynda eklenip bilmeýän adamlary saklaýan şahsy tarap – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bir essesi möçberinde, her bir eklenip bilmeýän adam üçin. Görkezilen salgyt aýyrmasy ýanýoldaşlara ýa-da maşgalanyň eklenip bilmeýänleri saklaýan başga bir agzasyna hem degişlidir.

Salgyt töleýji üçin eklençdäki adam diýip, onuň doly eklenjinde bolan ýa-da ondan hemaýat alýan, bu kömek onuň ýaşaýşynyň hemişelik we esasy çeşmesi bolup durýan maşgala agzasy ykrar edilýär.

Eklençdäki adama, hususan-da, şular degişli edilýär:

- salgyt töleýjiniň olary saklamak üçin aliment töleýän ýa-da aliment alýan şahsy taraplary;
- döwletiň olary saklamak üçin raýatlara hemaýat puly tölenýän çagalar;
- çaga doguranlygy bilen baglanyşykly, hak alman zähmet rugsadynda bolýan aýallar;
- çaga seretmek boýunça döwletiň hemaýat puluny alýan şahsy tarap, eger olarda başga özbaşdak girdeji çeşmesi bolmadyk ýagdaýynda.

Eklençdäki adama aşakdakylar degişli edilmeýär:

- talyp hakyny we pensiýa alýan adamlar, şeýle hem döwletiň eklenjinde bolýan beýleki adamlar;
- çaga doguranlygy bilen baglanyşykly, hak alyp zähmet rugsadynda bolýan aýallar.
- Eklençdäki adamyň ony saklaýan salgyt töleýji bilen bile ýaşaýandygyna ýa-da ýaşamaýandygyna garamazdan, salgyt aýyrmalary berilýär;

e) Türkmenistany goran mahaly, şeýle hem Beýik Watançylyk urşunda, beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerinde ýa-da harby gullukda, içeri işler we milli howpsuzlyk edaralarynda gulluk döwründe ýaralanana, seňselän ýa-da maýyp bolup aradan çykan ýa- -da söweş hereketleri bilen baglanyşykly keselläp aradan çykan harby gullukçylaryň ene-atasy we adamsy (aýaly) üçin – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň üç essesi möçberinde.

Salgyt töleýji şu bölümiň "b"-"e" bölümçelerinde görkezilenler babatynda birnäçe esas boýunça jemi girdejisinden salgyt aýyrmasyna hukugy bolan ýagdaýynda, iň köp möçberde emele gelýän diňe bir esas boýunça salgyt aýyrmasy ulanylýar.

Salgyt töleýjileriň meýletin pensiýa we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeleriň möçberinde salgyt aýyrmasyna hukugy bardyr.

Salgyt töleýjiler göz öňünde tutulan salgyt aýyrmalaryny, bu aýyrmalaryň esasy iş ýeri boýunça iş beriji tarapyndan geçirilýän halatyndan başga ýagdaýlarda, özbaşdak amala aşyrýarlar we salgyt beýannamalarynda görkezýärler.

Bellenen salgyt aýyrmalary, tassyklanan tertipde berlen, bu salgyt aýyrmasyna hukuk berýän tassyklaýjy resminamalaryň (olaryň nusgalarynyň) esasynda amala aşyrylýar.

Salgyt möhletiniň dowamynda salgyt töleýjä salgyt aýyrmasy berilmedik ýa-da göz öňünde tutulan möçberden az berlen bolsa, onda salgyt möhletiniň tamamlanmagy bilen salgyt töleýjiniň salgyt beýannamasyna goşulan arzasynyň we şeýle salgyt aýyrmasyna hukuk berýän tassyklaýjy resminamalar esasynda, salgyt gullugy göz öňünde tutulan möçberde salgyt aýyrmasyny bermek bilen salgyt binýadyny gaýtadan hasaplamagy geçirýär.

Haçan-da salgyt töleýji tarapyndan aýyrmalara hukugy tassyklaýan resminamalaryň (olaryň göçürme nusgalarynyň) berilmändiginiň ýa-da wagtynda berilmändiginiň netijesinde, şeýle aýyrmalar salgyt ýumuşçysy tarapyndan berilmedik ýa-da az möçberde berlen bolsa, salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt özeni gaýtadan hasaplanylýar.

*8-nji tablisa*

**2009-njy ýylda şahsy adamlaryň alan (müň manat) girdeji salgydyndan gelen girdejiler**

| | Görkezijiler | Ahal welaýaty | Balkan welaýaty | Daşoguz welaýaty | Lebap welaýaty | Mary welaýaty | Aşgabat şäheri | Jemi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Şahsy adamlaryň girdejilerinden alnan salgyt | 44,0 | 60,36 | 34,58 | 60,20 | 52,14 | 102,49 | 353,77 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 2. | Patent tölegi | 16,29 | 6,31 | 6,60 | 11,20 | 20,00 | 53,50 | 113,90 |
| 3. | Ilatdan alnan salgydyň jemi | 60,29 | 66,67 | 41,18 | 71,40 | 72,14 | 155,99 | 467,67 |

## Ýerli ýygymlaryň hukuk binýady

### 1. Mahabatlandyrma üçin ýygym

Täjirçilik häsiýeti bolan mahabatlandyrmany ýaýradýan şu aşakdakylar töleýjiler bolup durýarlar:

- şahsy taraplar;
- edara görnüşli taraplar.

Öz işini "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar mahabatlandyrma üçin ýygymy töleýjiler bolup durmaýarlar.

*Mahabatlandyrma üçin ýygymyň möçberi aşakdaky derejelerde bellenýär:*

- Aşgabat şäheri boýunça – mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 5 göterimi;
- welaýat merkezleri bolup durýan şäherler boýunça – mahabatlandyrma üçin harajatlaryň 4 göterimi;
- beýleki ilatly ýerler boýunça – mahabatlandyrma üçin harajatlaryň bahasynyň 3 göterimi.

### 2. Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym

Şu aşakdakylar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler bolup durýarlar:

a) Türkmenistanyň dahyllylary bolan edara görnüşli taraplar, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen baglaşylan, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly zähmet ylalaşygy

(şertnama) we raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleýän Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy taraplar. Görkezilen edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler salgyt ýumuşçylary diýlip ykrar edilýär;

b) edara görnüşli taraplar, hususy telekeçiler bilen zähmet gatnaşyklary bilen bagly bolmadyk we raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyklar boýunça işleri ýerine ýetirmekden (hyzmatlary etmekden) (şol sanda hünär hyzmatlaryny etmekden) girdeji alýan, ylmy, edebiýat we sungat eserlerini döredendigi, ýerine ýetirendigi ýa-da başga hili peýdalanandygy üçin awtorlyk hakyny ýa-da hak alýan, açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtorlaryna berilýän haky alýan, ylmy, döredijilik işi amala aşyrmakdan, beýleki zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden hak alýan Türkmenistanyň dahyllylary bolan şahsy taraplar, şeýle hem özbaşdak oba hojalyk önümlerini öndürmekligi amala aşyrýan adamlar. Taraplaryň görkezilen toparyna daşary ýurtlarda ýa-da daşary ýurtlardan gelip hakyna tutma işden girdeji alýan şahsy taraplar hem degişlidir;

ç) şahsy taraplar – hususy telekeçiler;

d) edara görnüşli taraplar, şol sanda Türkmenistanyň çäklerinde öz işini hemişelik wekilhanasynyň üstünden amala aşyrýan daşary ýurtly edara görnüşli taraplar.

Şu aşakdakylar şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygymy töleýjiler bolup durmaýarlar:

- öz işlerini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar;
- Türkmenistanyň Merkezi banky;
- Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti.

Şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym şu aşakdakylar babatynda bellenýär:

- hususy telekeçiler bolup durýan şahsy taraplar üçin goşulan baha üçin salgydyň hasaplanyp ýazylan möçberine azaldylan, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan jemi girdejiniň 0,3 göterimi, emma aýda 2 manatdan az bolmaly däl;

- beýleki şahsy taraplar üçin – aýda 2 manat;
- oba hojalyk kärhanalary üçin – peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberiniň 0,5 göterimi;
- beýleki edara görnüşli taraplar üçin – peýdadan alynýan salgydy hasaplamak üçin kabul edilen peýdanyň pul möçberiniň 1 göterimi.

Şu maksatlary üçin peýda kesgitlenende humarly oýun işinden alynýan girdejiler hem hasaba alynýar.

Salgyt we hasabat döwri diýlip salgyt ýyly ykrar edilýär.

**3. Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym**

Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymy töleýjiler diýlip, tölegli awtoduralga hökmünde peýdalanylýan ýer bölekleri berkidilen şu aşakdakylar ykrar edilýär :

- şahsy taraplar – hususy telekeçiler;
- edara görnüşli taraplar.

Şunuň ýaly taraplar ýygymy töleýjiler bolup durýarlar we awtoduralga hökmünde peýdalanylýan ýer ülşüniň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt hasabyna durmaga borçludyrlar.

*Ýygymyň möçberi awtoduralganyň meýdanynyň bir inedördül metri üçin:*

- Aşgabat şäheri üçin –1,5 manat derejede;
- welaýat merkezleri bolup durýan şäherler we Türkmenbaşy, Abadan şäherleri üçin –1,2 manat derejede;
- beýleki ilatly ýerler üçin – 0,90 manat derejede bellenýär.

**4. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym.**

Türkmenistanyň çäklerinde awtomobilleri ýerlemegi amala aşyrýan edara görnüşli we şahsy taraplar awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy töleýjiler bolup durýarlar.

Şu aşakdakylar awtomobilleri ýerlemekden alynýan ýygymy töleýjiler bolup durmaýarlar:

- öz işlerini Türkmenistanyň "Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan edara görnüşli taraplar;

- Türkmenistanyň Merkezi banky.

Awtomobilleriň (awtobuslaryň, pnewmatiki usulda ýöreýän ýük we ýeňil awtomobilleriň) ýerlenilmegi ýygym binýady bolup durýar.

*Ýygym salynýan binýada aşakdakylar goşulmaýar:*

- Türkmenistanyň Raýat Bitewi Kanunyna laýyklykda, mirasdüşerler diýlip ykrar edilýän adamlara awtomobilleriň berilmegi;
- edara görnüşli taraplar gaýtadan guralanda mirasdüşere (mirasdüşerlere) awtomobilleriň berilmegi;
- döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň çözgüdi boýunça awtomobilleriň berilmegi;
- awtomobilleriň ene-atasyna, ýanýoldaşyna, doganlaryna, aýal doganlaryna, ogullaryna, gyzlaryna, agtyklaryna, şeýle hem ýanýoldaşynyň ene-atasyna, doganlaryna, aýal doganlaryna we çagalaryna sowgat berilmegi;
- awtomobilleriň býujetdäki edaralar tarapyndan ýerlenilmegi;
- awtomobilleriň binýadynda gurnalan ýörite tehnikany – awtokranlary, göçme laboratoriýalary, tiz kömek maşynlaryny we ş.m. ýerlemek;
- daşary döwletler ýa-da halkara guramalary tarapyndan Türkmenistana berilýän halkara ynsanperwerlik, maliýe we tehniki kömeginiň we kreditleriň (karzlaryň) taslamalarynyň we maksatnamalarynyň çäklerinde alynýan awtomobilleriň ýerlenilmegi;
- döwlet hakimiýeti we dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan awtomobilleriň girdeji almak maksatsyz ýerlenilmegi.

Aýry-aýry ýygym möçberi bellenen, ýerlenýän awtomobilleriň sany awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymy hasaplamagyň özeni bolup durýar.

Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň az iş hakynyň ululygynyň aşakdaky möçberlerinde bellenilýär:

- ýük awtomobilleri üçin – 8 esse ululykda;
- awtobuslar üçin – 5 esse ululykda;
- ýeňil awtomobiller üçin – 6 esse ululykda.

### 5. Itleriň eýelerinden alynýan ýygym

Şäherlerde ýaşaýan it eýeleri – şahsy taraplar itleriň eýelerinden (gulluk itlerinden başga) alynýan ýygymy töleýjiler bolup durýarlar.

Itleriň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi Türkmenistan boýunça bellenen iň az iş hakynyň bellenen möçberiniň 0,4 derejesinde, kesgitli ululyk görnüşinde bellenýär.

Ýygymy almak ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy edaralarynyň üstüne ýüklenýär. Itleri bolan raýatlar olary şol edaralarda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan bellenen tertipde we möhletlerde bellige aldyrmaga borçludyrlar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň täze salgytlary belleýän, salgyt möçberlerini ýokarlandyrýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligi güýçlendirýän namalarynyň gaýdymlaýyn güýji ýokdur.

Türkmenistanyň salgyt kanunyçylygynyň salgytlary ýatyrýan, salgyt möçberlerini azaldýan ýa-da başga bir görnüşde salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýagdaýyny gowulaşdyrýan, salgyt hukuk bozylmalary üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän namalarynyň, eger-de bu şu namalarda göni göz öňünde tutulan bolsa, gaýdymlaýyn güýji bardyr.

Salgyt salmak salgyt borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň ýüze çykan senesinde hereket edýän Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň namalarynyň esasynda geçirilýär.

Salgyt kanunçylygynyň bozulandygy baradaky meselelere seretmek Türkmenistanyň hukuk düzgüniniň bozulanlygy ýüze çykarylan wagtynda hereket edýän kanunçylygynyň esasynda alnyp barylýar.

Salgyt hukugynda esasy soraglarynyň biri bu halkara salgyt gatnaşyklary we halkara salgyt ylalaşyklarydyr.

***Halkara salgyt gatnaşyklary*** – bu salgyt kanunçylygynyň çäklerini kadalaşdyrmak boýunça döwletleriň arasynda amala aşyrylýan halkara gatnaşyklarydyr. Halkara salgyt gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagy döwletler tarapyndan birtaraplaýyn tertipde-de amala aşyrylyp bilinýär, ýagny şol döwletiň çäginde daşary ýurt edara görnüşli we şahsy taraplar üçin hem-de daşary ýurtda işini amala aşyrýan we girdeji alýan edara görnüşli we şahsy taraplar üçin salgyt tertibini kesgitleýän kanunçylyk namalaryny çap etmek ýoly bilen halkara salgyt gatnaşyklary ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn tertibinde-de amala aşyrylyp bilinýär.

***Halkara salgyt ylalaşyklary*** – bu dürli döwletleriň arasynda salgyt salnyşynyň kadalaşdyrylmagydyr. Halkara salgyt ylalaşyklary ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn bolup bilýärler. Öz mazmuny boýunça halkara salgyt ylalaşyklary şu aşakdakylara bölünýärler: döwletleriň biri-birine salgyt ýeňilliklerini bermek hakyndaky ylalaşyklara; halkara goşalaýyn salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakyndaky ylalaşyklara; salgyt salmak meseleleri boýunça administratiw we hukuk kömegini bermek hakyndaky ylalaşyklara.

Halkara salgyt gatnaşyklary, köplenç, girdejä we kapitala salynýan salgytlaryň ähli görnüşlerini öz içine alýar we bu ylalaşyklaryň iki maksady bar:

1. Goşalaýyn salgyt salynmagyny aradan aýyrmak.
2. Salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy bilen göreşmek.

Halkara salgyt ylalaşyklary adaty 4 bölümden ybarat durýar. Birinji bölümde salgytlaryň ähli görnüşleri we ylalaşyga gatnaşýan taraplaryň hemmesi sanalyp geçilýär. Ikinji bölümde girdejileriň (telekeçilikden alynýan peýda, diwidentler, göterimler, iş haky we ş.m.) ähli görnüşleri üçin ylalaşykda kesgitlenilen salgyt salnylyşynyň anyk tertibi ýazylýar. Üçünji bölüm goşalaýyn salgyt salnylyşyny aradan aýyrýan maddalary öz içine alýar. Dördünji bölümde ylalaşygyň ýerine ýetirilişiniň tertibini kesgitleýän maddalar goşulýar.

Ylalaşyklarda şeýle-de ylalaşygyň hereket edýän möhletini we tertibini takyklaýan maddalaram kesgitlenilýär.

## § 1.2. Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy şu aşakdaky resminamalara esaslanýar:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, onuň 42-nji maddasynda görkezilenlere: “Her bir adam kanunda bellenen tertipde hem möçberlerde döwlet salgytlaryny we gaýry tölegleri tölemäge borçludyr”;
- Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunyna;
- Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna *(1.2-nji şekil).*

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynda başga bir ýagdaý bellenmedik bolsa, Türkmenistanyň beýleki kanunlarynda salgyt salmak babatynda düzgünler bolmaly däldir. Eger «Salgytlar hakyndaky» Bitewi Kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň raýat we salgyt kanunçylyklarynyň düzgünlerinde kesgitlenýän salgyt hukuk gatnaşyklaryndaky islendik düşünjeler Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda oňa berilýän mana eýe bolmalydyr.

«Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunda bellenen salgytlardan başga täze salgytlary bellemek, şeýle hem hereket edýän salgytlary üýtgetmek ýa-da ýatyrmak diňe «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna üýgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýar.

Bitewi Kanuna täze salgytlaryň girizilmegini we hereket edýän salgytlara üýgetmeleri belleýän Türkmenistanyň kanunlary olar resmi taýdan çap edilen gününden başlap bir aý geçenden soň, emma degişli salgyt boýunça nobatdaky hasabat döwri tamamlanandan soň gelýän aýyň 1-inden ir bolmadyk möhletde güýje girýär.

Salgyt töleýjileriň ýagdaýlaryny gowulandyrýan, şeýle hem hereket edýän salgytlary ýatyrmak baradaky düzgünleri belleýän Türkmenistanyň kanunlary çap edilen pursadyndan güýje girip biler, eger-de bu olarda göni göz öňünde tutulan bolsa.

*1.2-nji şekil*

**Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyna esaslanýan resminamalar**




## §1.3. Türkmenistanda ýöredilýän salgyt syýasaty

***Salgyt syýasaty*** – bu salgytlar babatynda döwletiň geçirýän çäreleriniň jemidir. Salgyt syýasaty – bu döwletiň ýöredýän maliýe syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Türkmenistanda ýöredilýän salgyt syýasaty şu aşakdaky meseleleri çözmäge gönükdirilendir:

- önümçilik prosesiniň üznüksizligini üpjün etmäge;
- ykdysadyýetiň ösüşine oňaýly täsir etmäge;
- dünýä bazarynda milli kärhanalaryň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge;
- inwestisiýalary kadalaşdyrmaga;
- ilatyň durmuş hal-ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna (1.3-nji şekil).

Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň häzirki salgyt syýasatynda telekeçiligiň we önümçiligiň ösmegine, kärhanalaryň, firmalaryň we korporaşiýalaryň daşarky bazarlara çykmagyna, dünýä bazarlarynda olaryň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge, guramaçylyk-hukuk görnüşlerine bagly bolmazdan oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek bilen meşgullanýan kärhanalaryň salgyt tölemekden boşadylmagy, şeýle-de ilaty durmuş taýdan giňişleýin goramaga gönükdirilen uly möçberli salgyt ýeňillikleri göz öňünde tutulandyr. Berilýän salgyt ýeňillikleri – bu salgyt gatnaşyklarynyň gurluşynyň wajyp alamatydyr.

*1.3-nji şekil*

**Ýöredilýän salgyt syýasatynyň çözmeli wezipeleri**




***Salgyt ýeňillikleri*** – bu hereket edýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda edara görnüşli we şahsy taraplary salgyt tölemekden doly ýa-da bölekleýin boşadylmagydyr.

Türkmenistanda salgytlar boýunça berilýän ýeňillikler ulgamy önümçiligiň ösmegine we ilatyň durmuş taýdan goralyşynyň kämilleşdirilmegine gönükdirilendir. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda salgyt ýeňillikleri, salgyt salynmaýan iň pes dereje, salgydyň hasaplanan jeminden göterim indirimleriň berilmegi, käbir girdejileri salgyt salynýan dolanyşyga goşmazlyk görnüşinde ýeňillikler göz öňünde tutulýar. Salgyt ýeňillikleriň berilmeginiň esaslary dürli-dürlüdir we olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) salgyt töleýjiniň maddy-emläk ýagdaýy;
2) raýatlaryň döwletiň öňünde ýerine ýetirýän hyzmatlary;
3) aýry önümçilikleri ösdürmegiň zerurlygy;
4) telekeçiligiň höweslendirilmegi;
5) ylmy-tehniki ösüşiň höweslendirilmegi.

Ýeňillikler kesgitlenilende girdejiniň möçberi we çeşmeleri, eýeçiligiň görnüşleri, töleýjileriň toparlary hasaba alynýar. *(1.4-nji şekil)*

*1.4-nji şekil*

**Salgyt ýeňillikleriniň berilmeginiň esaslary**




Türkmenistanda ilata salynýan salgytlar boýunça ýeňillikler salgytlaryň görnüşlerine baglylykda töleýjileriň aýry-aýry toparlaryna berilýär. Salgyt ýeňillikleriniň berilmeginiň maksady ilaty durmuş taýdan goramakdyr. Şahsy taraplaryň girdejilerine salynýan salgyt boýunça ýeňillikler ulgamy hereket edýär. Şahsy taraplaryň girdejilerine salynýan salgyt boýunça salgyt salynýan dolanyşyga şu girdejiler goşulmaýar: Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýän hemaýat pullary; Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň pensiýa kanunçylygynda bellenen pensiýalar; şahsy taraplardan miras we peşgeş almak tertibinde pul we haryt görnüşindäki alynýan girdejiler; salgyt döwründe Türkmenistanda bellenen iň az iş hakynyň on essesinden ýokary bolmadyk edara görnüşli taraplardan alynýan sowgatlaryň bahasy; adamyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak; başga ýere işe geçmek; ýaşaýyş jaýlaryny mugt bermek we kommunal hyzmatlaryny guramak we başgalar.

**«Türkmenistanyň salgyt hukugynyň esasy başlangyçlary» atly tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Salgyt hukugyna düşündiriş beriň.
2. Salgyt gatnaşyklarynyň esasy mazmuny nämeden ybarat?
3. Salgyt hukugynyň öz içine alýan ölçeglerini sanap beriň we düşündiriň.
4. Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanuny haçan kabul edildi we dolanyşyga girizildi?
5. Döwletiň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlary we ýygymlary düşündiriň.
6. Halkara salgyt gatnaşyklaryna düşündiriş beriň.
7. Halkara salgyt ylalaşyklary näme?
8. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy haýsy resminamalara esaslanýar?
9. Salgyt syýasatyna düşündiriş beriň.
10. Ýöredilýän salgyt syýasaty haýsy meseleleri çözmäge gönükdirilen?
11. Salgyt ýeňillikleriniň berilmeginiň esaslaryny düşündiriň.

# II BAP. SALGYT HUKUK GATNAŞYKLARY WE OLARA GATNAŞYJYLAR

## § 2.1.Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar

**Salgyt hukuk gatnaşyklary** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny berjaý etmegiň barşynda salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň arasynda ýüze çykýan hukuklaryň we borçlaryň jemini öz içine alýar. Salgyt töleýji, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmagyna wekilçilik edýän beýleki taraplar, şeýle hem:

- Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň edaralary;
- Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugynyň edaralary;
- Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň edaralary;
- salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralar, mysal üçin Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň ýerine ýetirilişi bilen bagly meselelere seredilende, kazyýet edaralary *(2.1-nji şekil)*.

Bitewi Kanunda göz önüne göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykanda kesgitli salgyt tölemek borçlary üstüne ýüklenen şahsy we edara görnüşli taraplar salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýär.

Salgyt töleýjiler şerekete gatnaşyjylar tarapyndan salgyt tölemek boýunça borçlar öz işini Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrýan, şerekete gatnaşyjylaryň biriniň üstüne ýüklenip bilner. Salgyt töleýjiler – şerekete gatnaşyjylar salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmekde paýlary boýunça jogapkärçilik çekýärler. “Şereket” adalgasy Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunynda kesgitlenilen manysynda ulanylýar.

Bir tarap, Salgyt töleýji salgyt ýumuşçysynyň, kanuny ýa-da ygytýar berlen wekiliň üsti bilen salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyp biler bir ýa-da birnäçe salgydy töleýji diýlip ykrar edilip bilner.

*2.1-nji şekil*

**Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar**




## § 2.2. Salgyt töleýji şahsy taraplar

### a) dahylly (rezident) we dahylsyz (rezident däl) şahsy taraplar

Şahsy taraplar diýlip ykrar edilýärler: Türkmenistanyň raýatlary, daşary döwletleriň raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar.

Salgyt töleýji diýlip ykrar edilýän şahsy taraplar Türkmenistanyň dahyllysy (rezidentleri) bolup hem, bolman hem bilerler.

Şahsy tarap salgyt ýylynda Türkmenistanyň çäginde jemi 183 we ondan hem köp senenama güni bolan halatynda, ol Türkmenistanyň dahyllysy (rezidenti) hasap edilýär. Şunda, diňe Türkmenistanyň çäginden üstaşyr gitmek üçin bolan ýagdaýyndan beýleki halatlarda, Türkmenistanyň çäginde bolan gününiň dowamlylygyna garamazdan, islendik gün şahsy tarapyň Türkmenistanda bolan güni diýlip hasap edilýär.

Aşakdakylar Türkmenistanyň dahyllysy (rezidentleri) hasaplanmaýar: daşary ýurt döwletleriniň, halkara guramalarynyň diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň işgärleri hökmünde

Türkmenistanyň çäginde bolýan döwründe daşary ýurt döwletleriniň raýatlary, şeýle hem olaryň maşgala agzalary.

**b) hususy telekeçi şahsy tarap**

Şahsy tarap Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi Kanunynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde hususy telekeçi diýlip ykrar edilýär.

Taraplaryň görkezilen toparlaryna daşary döwletleriň kanunçylygyna laýyklykda bellige alnan hususy telekeçiler hem degişlidir.

Şahsy tarapyň bellige almagyň, ygtyýarnama ýa-da şuňa meňzeş resminama almagyň bellenen tertibini bozup, telekeçilik işini ýerine ýetirmegi, salgyt salmak maksady bilen, bu şahsy tarapy hususy telekeçi hökmünde salgyt töleýji däl diýip ykrar etmäge esas bolup bilmez.

## § 2.3. Salgyt töleýji edara görnüşli taraplar

### a) dahylly (rezident) we dahylsyz (rezident däl) edara görnüşli taraplar

Salgyt salmak maksady üçin edara görnüşli tarap aşakdaky ýagdaýlarda, ýagny eger ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen (esaslandyrylan) ýa-da onuň baş ýolbaşçy edarasy (ýolbaşçylary, direksiýasy, müdiriýeti) Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän bolsa, onda ol Türkmenistanyň dahyllysy (rezidenti) hasaplanýar *(2.2--nji şekil)*.

*2.2-nji şekil*

**Salgyt salmak maksady üçin edara görnüşli tarap aşakdaky ýagdaýlarda Türkmenistanyň dahyllysy (rezidenti) hasaplanýar**



### b) dahylsyz (rezident däl) edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasy

Edara görnüşli tarapyň telekeçilik işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan hemişelik iş ýeri Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän bolsa, onda ol Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasy diýlip ykrar edilýär.

Hemişelik wekilhana şular degişlidir:

a) şeýle işleriň dolandyrylýan ýeri, şahamçasy, býurosy, edarasy, gullugy kärhanasy, ussahanasy, sehi, dükany ýa-da şuňa meňzeş ýerleri;

b) şunuň ýaly işi amala aşyrmagyň möhletlerine garamazdan, tebigy baýlyklary gözlemek, işläp taýýarlamak ýa-da gazyp almak bilen bagly islendik ýer;

ç) gurluşyk meýdançalary, gurnalýan we ýygnalýan binalar, şeýle hem işleriň amala aşyrylmaly möhletlerine garamazdan, şu binalar bilen bagly gözegçilik işlerini ýerine ýetirmek;

d) Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän we harytlary ýerlemek (üpjün etmek) üçin ulanylýan ammarlar.

Türkmenistanyň çäginde diňe aşakdaky maksatlar üçin ulanylýan ýerler Türkmenistana dahyllysy bolan (rezident däl) edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasy diýlip ykrar edilmeýär:

a) şu edara görnüşli tarapa degişli harytlary ýa-da önümleri saklamak, görkezmek üçin ýerler;

b) şu edara görnüşli tarapa degişli harytlary ýa-da önümleri başga bir tarapyň gaýtadan işlemegi üçin saklanýan ýeri;

ç) şu edara görnüşli tarap üçin haryt, önüm satyn alynýan ýa-da maglumatlar toplanýan ýer;

d) şu edara görnüşli tarapyň adyndan baglaşmak üçin şertnamalaryň taýýarlanylýan ýa-da gol çekişilýän ýeri;

e) şu edara görnüşli tarapyň bähbitleri üçin taýýarlyk ýa-da ýardam häsiýetli islendik beýleki işi amala aşyrmak üçin ýer.

Türkmenistanyň dahylsyzy edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinde araçynyň (tabşyryk-şertnamanyň, toparyň ýa-da

konsignasiýanyň we şoňa meňzeş ylalaşygyň esasynda hereket edýän, dellalyň ýa-da beýleki garaşsyz ýumuşçynyň) üsti bilen, eger şol taraplar özleriniň adaty işleriniň çäklerinde hereket edýän ýagdaýynda, alyp barýan işi şu tarapyň hemişelik wekilhanasyny döretmeýär.

Türkmenistanyň dahylsyzy edara görnüşli tarap tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde, hemişelik wekilhana diýlip ykrar edilmeýän edara görnüşli tarapa işgärleriň berilmegi, eger bu işgärler iberilen edara görnüşli tarapyna tabyn bolsalar we onuň adyndan hereket edýän bolsalar, hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirýän ýagdaý hökmünde seredilip bilinmez.

Türkmenistanyň dahylsyzy edara görnüşli tarap Türkmenistanda gaýtadan işlemegiň netijesinde alnan, özüne degişli harytlary Türkmenistanyň gümrük çäklerinde ýa-da gümrük gözegçiligi astynda iberilmegini amala aşyrýan halatynda, bu tarapa hemişelik wekilhanasy bar tarap hökmünde seredilýär.

Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň dahylsyzy edara görnüşli tarap bilen özara baglylygy, eger rezident onuň ygtyýarly wekili bolmasa, Türkmenistanyň dahylsyzy edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasynyň döredilmegine getirmeýär.

Türkmenistanyň dahylsyzy edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinde bir ýa-da birnäçe hemişelik wekilhanasy bolup biler. Hemişelik wekilhana onuň döredilen, degişli wekilçilik ygtyýarlyklary berlen ýa-da telekeçilik işini amala aşyryp başlan gününden hemişelik wekilhana diýlip ykrar edilýär.

## § 2.4. Salgyt töleýjiniň adyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplar

Türkmenistanyň „Salgytlar hakyndaky“ Bitewi Kanunyna laýyklykda salgyt töleýjiniň adyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşmaga ygtyýar berlen taraplar kesgitlenilendir, olara şu aşakdakylar degişlidirler *(2.3-nji şekil)*.

2.3-nji şekil

**Salgyt töleýjiniň adyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplar**




**a) salgyt ýumuşçysy**

***Salgyt ýumuşçysy diýlyp*** salgydy hasaplamak, tutup almak we ony salgyt töleýjiniň ýerine Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek boýunça borçlar ýüklenýän taraplara aýdylýar.

Salgyt ýumuşçysynyň borçlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- degişli salgydy dogry hasaplamaga, ony salgyt töleýjiden tutup almaga we öz wagtynda Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmäge;
- salgyt töleýji tarapyndan tölenen pul serişdeleriniň we olar bilen geçirilen beýleki hasaplaşyklaryň, her bir salgyt töleýji boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetine hasaplanan, tutulyp alnan we geçirilen salgytlaryň hasabyny ýöretmäge;
- salgyt töleýjiden salgyt tutulmadyk ýagdaýlary we salgyt töleýjiniň bergisiniň möçberi barada salgyt edarasyna bir aýyň dowamynda ýazmaça habar bermäge;
- salgydyň hasaplanylyşynyň, tutulyp alnyşynyň we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilişiniň dogrulygyna gözegçilik etmek üçin zerur bolan resminamalary salgyt gullugyna bermäge;

- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda bellenen beýleki borçlary ýerine ýetirmäge.

Salgyt ýumuşçylary hukuk we borçlar babatynda, eger “Salgytlar hakyndaky” Bitewi Kanunda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, salgyt töleýjilere deňleşdirilýär.

**b) kanuny wekil**

Eger salgyt töleýjä Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şahsy tarapyň adyndan iş alyp barmaga ygtyýar berlen bolsa, onda salgyt töleýji şahsy tarapyň kanuny wekili diýlip ykrar edilýär,.

Edara görnüşli tarapyň esaslandyryjy resminamalarynyň ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda onuň bähbidine wekilçilik edýän tarap salgyt töleýjiniň kanuny wekili (salgyt ýumuşçysy) diýlip ykrar edilýär.

Salgyt töleýji edara görnüşli tarapyň kanuny wekiliniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt hukuk gatnaşyklaryndaky hereketi (hereketsizligi) bu edara görnüşli tarapyň hereketi (hereketsizligi) hökmünde ykrar edilýär.

**ç) ygtyýarly wekil**

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan, salgyt gullugy, salgyt hukuk gatnaşyklaryna beýleki gatnaşyjylar bilen gatnaşyklarda onuň bähbitlerini aramaga hukuk berlen tarap salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ***ygtyýarly wekili*** diýip ykrar edilýär.

***Ygtyýarly wekil*** öz ygtyýarlyklaryny tabşyryk ylalaşygy ýa-da ynanç haty esasynda we özüne berlen hukuklaryň çäklerinde ýerine ýetirýär.

Şu aşakdakylar salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili bolup bilmezler:

- salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipeli işgärleri;
- kazylar;
- sülçüler;
- anyklaýjylar;
- prokurorlar.

**«Salgyt hukuk gatnaşyklary we olara gatnaşyjylar» diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Salgyt hukuk gatnaşyklaryny düşündiriň.
2. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylary kesgitläň we olara düşündiriş beriň.
3. Salgyt töleýjini näçe salgydy töleýji diýip ykrar edip bolar?
4. Kimler şahsy taraplar diýip ykrar edilýär?
5. Haýsy ýagdaýda şahsy tarap Türkmenistana dahylly diýip ykrar edilýär?
6. Edara görnüşli zztaraplaryň dahylly we dahylsyzlygyny kesgitlemegiň tertibini düşündiriň.
7. Hemişelik wekilhanany ykrar etmegiň tertibini kesgitläň.
8. Hemişelik wekilhana degişli edilýän düzüm bölekleri sanap beriň.
9. Salgyt töleýjiniň adyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplary kesgitläň.
10. Salgyt ýumuşçysy diýip kim ykrar edilýär.
11. Salgyt ýumuşçysynyň borçlaryny kesgitläň we düşündiriň.
12. Kanuny wekil diýip ykrar etmegiň tertibini düşündiriň.
13. Ygtyýarly wekil diýip iş alyp barmagyň hukuk esaslaryny düşündiriň.
14. Kimler salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili bolup bilmez.

# III BAP. SALGYT TÖLEÝJINIŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

## § 3.1. Salgyt töleýjiniň hukuklary

Salgyt töleýj diýip ykrar edilen taraplaryň şeýle hukuklary bardyr:

a) salgyt gullugyndan we salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan beýleki ygtyýarly edaralardan Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny ulanmak meseleleri boýunça düşündiriş almaga;

b) salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralarda öz bähbitlerine özüniň kanuny ýa-da ygtyýarly wekilleriniň üsti bilen wekilçilik etmäge;

ç) degişli esaslary bolanda, salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmaga ýa-da olary peýdalanmakdan ýüz öwürmäge;

d) salgyt boýunça Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň öňündäki borçlarynyň ýerine ýetirilişi barada salgyt gullugyndan maglumat almaga;

e) Bitewi Kanunda göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgyt we beýleki tölegleri tölemek boýunça möhleti yza süýşürmäge ýa-da möhletlere bölmäge ygtyýar almaga;

ä) özünde geçirilen salgyt barlaglarynyň we ýerinde seretmegiň netijeleri boýunça ykrar hatlary bilen tanyşmaga we olar boýunça düşündiriş bermäge;

f) salgytlary hasaplamak we tölemek boýunça salgyt gullugyna we olaryň wezipeli adamlaryna düşündiriş bermäge;

g) salgyt gullugyny ýazmaça habarly edip, beýleki taraplaryň salgyt boýunça bergileriniň hasabyna salgyt tölemäge;

h) artyk tölenen (tutulyp alnan) salgytlaryň möçberini öz wagtynda başga salgytlar boýunça tölegleriň hasabyna geçirmäge ýa-da yzyna almaga;

4. Sargyt № 2130

i) salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň wezipeli adamlaryndan, olaryň salgyt töleýji babatynda hereketlerinde (hereketsizlikleri) Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilmegini talap etmäge;

j) salgyt we ýa-da gümrük gulluklarynyň salgyt tölemek babatyndaky talaplaryndan, şeýle hem beýleki çözgütlerinden, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň we olaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hereketlerinden we hereketsizliklerinden bellenen tertipde şikaýat etmäge;

ž) salgyt syryny berjaý etmegi talap etmäge;

k) salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň, bu edaralaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň bikanun çözgütleri, hereketleri we hereketsizlikleri netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy bellenen tertipde talap etmäge;

l) salgyt salynýan binýatlary hasaba almakda, salgydy hasaplamakda we tölemekde goýberilen ýalňyşlyklary özbaşdak düzetmäge.

## § 3.2. Salgyt töleýjiniň borçlary

1. Salgyt töleýji aşakdakylara borçludyr:

a) "Salgytlar hakynda" Bitewi Kanunda bellenen salgytlary tölemäge;

b) Bitewi Kanunda bellenen tertipde salgyt gullugynda hasapda durmaga;

ç) salgytlary hasaplamak we tölemek üçin zerur bolan öz girdejileriniň, aýyrmalarynyň (harajatlarynyň, çykdajylarynyň) we salgyt salynýan binýatlarynyň hasabyny bellenen tertipde ýöretmäge;

d) salgyt töleýji bolup durýan salgytlary boýunça hasapda durýan salgyt gullugyna bellenen tertipde salgyt beýannamalaryny we maliýe hasabatyny tabşyrmaga;

e) salgyt barlaglary geçirilende we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki ýagdaýlarda salgytlary hasaplamak we tölemek üçin resminamalary (maglumatlary) salgyt gullugyna hem-de olaryň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna bermäge;

ä) salgyt gullugynyň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek baradaky talaplaryny ýerine ýetirmäge;

f) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, buhgalterlik we salgyt hasaby ýöredilýän resminamalaryň goralyp saklanylmagyny üpjün etmäge;

g) salgyt ýeňillikleriniň ulanylýandygy ýa-da salgyt tölemekden boşadylandygy barada mälim etmäge we hasaba alnan ýeri boýunça salgyt gullugyna (bellenen halatlarda bolsa salgyt ýumuşçysyna) şunuň ýaly ýeňilliklere we boşatmalara bolan hukugy tassyklaýan resminamalary bermäge;

h) "Salgytlar hakynda" Bitewi Kanunda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalarynda göz öňünde tutulan gaýry borçlary berjaý etmäge.

Salgyt töleýjiler – edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler ýokarda göz öňünde tutulan borçlaryndan başga-da salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna aşakdakylary ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyrlar:

a) Türkmenistanyň çäklerinden daşardaky bank edaralarynda hasaplaşyk we gaýry hasaplaryň açylandygy ýa-da ýapylandygy, şol sanda Türkmenistanyň dahylsyzlary üçin – Türkmenistanda peýda (girdeji) almaga gönükdirilen diňe telekeçilik we gaýry işi amala aşyrmak üçin peýdalanylýan hasaplar barada şeýle hasaplaryň açylan (ýapylan) gününden soň üç gün möhletde habar bermäge;

b) beýleki edara görnüşli taraplara ýa-da şereketlere paýçy hökmünde gatnaşygy barada – paýçy bolup gatnaşyp başlan gününden on günden gijä galman habar bermäge. Türkmenistanyň dahylsyzlary bolan edara görnüşli taraplar, eger bu Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy tarapyndan düzgünleşdirilýän gatnaşyklar bilen baglanyşykly bolsa, şeýle gatnaşyklar barada habar bermäge;

ç) Türkmenistanyň çäklerinde döredilen, Türkmenistanyň dahyllylary üçin bolsa onuň çäklerinden daşarda döredilen aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň ählisi barada – olar döredilen, üýtgedilip guralan we ýatyrylan gününden on günden gijä galman habar bermäge;

d) öz işini bes edýändigi, ýatyrýandygy ýa-da üýtgedip guraýandygy, gurbunyň ýokdugy (batandygy) barada – şeýle çözgüt kabul edilen gününden on günden gijä galman habar bermäge;

e) hususy telekeçiniň ýerleşýän ýeriniň, iş dolandyrýan ýeriniň we ýaşaýan ýeriniň üýtgändigi barada – şeýle çözgüdiň kabul edilen gününden ýa-da ýaşaýan ýerini çalşan gününden on günden gijä galman habar bermäge.

**«Salgyt töleýjiniň hukuklary we borçlary» diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin ýumuşlar**

1. Salgyt töleýji diýip ykrar etmegiň tertibini beýan ediň.
2. Salgyt töleýjiniň hukuklaryny kesgitläň we düşündiriň.
3. Salgyt töleýjiniň borçlaryny düşündiriň.
4. Salgyt töleýjiler diýip ykrar edilen taraplaryň salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gulluklaryna ýazmaça görnüşde habar bermeli borçlaryny kesgitläň we düşündiriň.

# IV BAP. SALGYT TÖLEÝJILERI HASABA ALMAK

## § 4.1. Salgyt töleýjiler hökmünde hasaba goýmaga degişli taraplar

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň salgyt töleýjileri hasaba goýmak meselelerine degişli 24–28-nji we 144-nji maddalarynyň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryna laýyklykda şular salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişlidirler:

a) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hasaba alnan şahsy taraplar – hususy telekeçiler;

b) Türkmenistanyň dahyllylary bolan edara görnüşli taraplar (şol sanda býujetdäki guramalar, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary);

ç) Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplar, haçan-da:

- olar Türkmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçalaryň we wekilhanalaryň üsti bilen amala aşyranlarynda;
- olaryň işi Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirende;
- olaryň işi hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirmese, ýöne olaryň Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistanda salgyt salynmagyň binýady bolup duran gozgalmaýan emläkleriniň bolan ýagdaýynda.

Hasaba goýmak boýunça talaplar daşary ýurtlaryň Türkmenis-

tandaky diplomatik wekilhanalaryna we konsullyk edaralaryna, halkara guramalarynyň wekilhanalaryna hem degişlidir. Hasaba goýmak maksady bilen olar Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplar hökmünde garalýarlar.

Göterimler, düşewüntler we beýleki şeýle girdejiler görnüşinde Türkmenistanyň çeşmelerinden girdejiler babatynda edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgydy, şeýle hem Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunyna laýyklykda salgyt ýumuşçylary tarapyndan salgytlary hasaplamak we tölemek amallary boýunça goşulan baha üçin salgydy töleýjiler diýlip ykrar edilýän Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplar salgyt hasabyna goýulmaga degişli däldirler. Eger-de salgyt ýumuşçysy tarapyndan goşulan baha üçin salgydy hasaplamak we tutup galmak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, şeýle daşary ýurtly edara görnüşli tarap degişli salgyt gullugynda salgyt hasabyna durmaga borçludyr.

Zähmet ylalaşygy ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnama boýunça işleýän şahsy taraplar, şol sanda daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplar, salgyt ýumuşçysy bolup durýan iş berijiniň üsti bilen salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna goýmaga degişlidirler.

Şeýle şahsy taraplary salgyt hasabyna goýmak haçan-da:

- Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli taraplar;
- Tükmenistanyň çäklerinde öz işini şahamçanyň, wekilhananyň ýa-da hemişelik wekilhananyň üsti bilen amala aşyrýan Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli taraplar (zähmet ylalaşyklary ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnamalary şahamçanyň ýa-da wekilhananyň üsti bilen baglaşan şahsy taraplar babatynda);
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hasaba alnan hususy telekeçiler iş beriji bolup çykyş edenlerinde iş beriji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan amala aşyrylýar.

Hususy telekeçilere degişli bolmadyk, şeýle hem zähmet ylalaşygy ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnama boýunça işlemeýän gaýry şahsy taraplar (şol sanda daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplar) salgyt tölemek üçin Türkmenistanyň «Salgytlar

hakynda» Bitewi Kanunynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar bolan halatynda, salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişlidirler. Şeýle taraplary salgyt hasabyna goýmaklyk olar tarapyndan özbaşdak amala aşyrylýar.

Salgyt tölemek üçin Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar şeýle taraplaryň salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilmegi bolup durýar.

Diňe döwlet we gümrük paçlaryny tölemek babatynda salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýän şahsy taraplar salgyt hasabyna goýulmaga degişli däldirler.

Şeýle-de salgytlary hasaplamak we tölemek salgyt ýumuşçylary tarapyndan amala aşyrylýan göterimler, düşewüntler, awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan, şeýle hem beýleki şoňa meňzeş girdejiler görnüşinde Türkmenistandaky çeşmelerden girdejiler boýunça salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilýän şahsy taraplar – daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplar salgyt hasabyna goýulmaga degişli däldirler.

Salgyt ýumuşçysy tarapyndan goşulan baha üçin salgydy hasaplamak we tutup almak mümkin bolmadyk halatynda, daşary ýurt şahsy tarapy – hususy telekeçi degişli salgyt gullugynda salgyt hasabyna durmaga borçludyr.

Şereketiň düzüminde bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplar salgyt hasabyna goýulmaga degişlidirler. «Şereket» adalgasy Türkmenistanyň Raýat Bitewi Kanunynda bellenilen aňlatmada ulanylýar.

## § 4.2. Salgyt töleýjiler hökmünde hasaba goýmagy amala aşyrýan salgyt gullugy edaralary

Şahsy tarap – hususy telekeçi ýaşaýan ýeri ýa-da Türkmenistanyň çäklerinde harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek ýa-da hyzmatlary etmek amala aşyrylýan hemişelik iş ýeri boýunça salgyt gullugy edarasynda salgyt hasabyna goýulmaga degişlidir.

Hususy telekeçiniň öz işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan iş ýeri Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik iş ýeri diýlip

hasaplanylýar hem-de Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi Kanunynyň 18-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň hemişelik wekilhanasyny kesgitlemek boýunça düzgünler ulanylyp kesgitlenilýär.

Daşary ýurt raýatlary hem-de raýatlygy bolmadyk taraplar Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan ýeri ýa-da iş amala aşyrylýan ýeri boýunça salgyt gullugy edarasynda hasaba goýulmaga degişlidirler.

Salgyt ýumuşçysy özünde zähmet ylalaşygy ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnama boýunça işleýän, salgyt hasabynda durmaýan şahsy taraplary salgyt hasabyna goýmaga hem-de olar baradaky maglumaty, ýagny zähmet ylalaşyklary (şertnamalary) ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnamalary baglaşan şahsy taraplary salgyt töleýjileri hökmünde hasaba goýmak barada arzany *(4.1-nji goşundy)* salgyt töleýji hakynda maglumaty (Türkmenistanyň raýatlary üçin) *(4-2 nji goşundy)* salgyt töleýji hakynda maglumat (daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlar üçin) *(4.3-nji goşundy),* ýaşaýan ýeri boýunça – Türkmenistanyň raýatlary babatynda; salgyt babatda hasaba goýlan ýeri boýunça – daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplar babatynda salgyt gullugy edaralaryna iki nusgada bermäge borçludyr.

*4.1-nji goşundy*

______________________________boýunça Döwlet salgyt gullugyna

*(arza berilýän Döwlet salgyt gullugy edarasynyň ady)*

**Zähmet ylalaşyklary (şertnamalary) ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnamalary baglaşan şahsy taraplary salgyt töleýjiler hökmünde hasaba goýmak barada**

**Arza**

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Iş berijiniň HSB | | | | | | | | | | | | |
| Iş berijiniň – edara görnüşli tarapyň ady (hususy telekeçiniň ady, atasynyň ady, familiýasy) | | | | | | | | | | | | |

Zähmet ylalaşyklary (şertnamalary) ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnamalary baglaşan hem-de ozal Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň edaralarynda hasaba alynmadyk şahsy taraplaryň salgyt töleýjileri hökmünde bellige goýmagyňyzy haýyş edýärin.

| № | Familiýasy, ady atasynyň ady | Zähmet ylalaşygy (raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar) boýunça tarapyň işe kabul edilendigi hakyndaky buýrugyň senesi we belgisi |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |

Goşundylar: usuly görkezmelere №2 we № 3goşundylara laýyk maglumat _________sahypada.

Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy:________ ______________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Işgärler bölüminiň müdiri: ________ ________________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Hususy telekeçi: ________ ________________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Düzülen senesi: 200__ýylyň____________aýynyň "____"_

*Döwlet salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan doldurylýar*

Resminamalary kabul etdi: __________________ ________

*(Salgyt gullugynyň işgäriniň a.a.a.f.)* *(goly)*

Alnan senesi: 200__ýylyň____________aýynyň "____"_

*4.2-nji goşundy*

____________________________boýunça Döwlet salgyt gullugyna
*(maglumat berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

## Salgyt töleýji hakynda maglumat
## (Türkmenistanyň raýatlary üçin)

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. Familiýasy | | 2. Ady | | | | | |
| 3. Atasynyň ady | | 4. Jynsy | Erkek | | Aýal | | |
| 5. Doglan wagtyndaky familiýasy | | | 6. Doglan senesi | _____ /_____ /_____ | | | |
| 7. Dogluş şahadatnamasy | | 7.1Seriýasy. | 7.2. Belgisi | | | | |
| 7.3. Kim tarapyndan berildi | | | 7.4. Berlen senesi | _____ /_____ /_____ | | | |
| 8. Şahsyýetine güwä geçýän resminamanyň görnüşi | | | | | | | |
| 8.1. Seriýasy | | 8.2. Belgisi | | | | | |
| 8.3. Kim tarapyndan berildi | | | 8.4. Berlen senesi | _____ /_____ /_____ | | | |
| 9. Salgysy: | 9.1. Poçta indeksi | | 9.2. Welaýat | | | | |
| 9.3. Etrap | | 9.4. Şäher | | | | | |
| 9.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | 9.6. Etrapça | | | | | |
| 9.7. Şaýoly, köçe, geçelge | | 9.8.Jaý | | 9.9. Toplum | | | |
| 9.10. Öý | | 9.11.Telefon | | 9.12. Faks | | 9.13. E-mail | |
| 10. Iki raýatlygy barmy: | | 10.1. Ýurt | | | | | |

Şunuň bilen beýan edilen maglumatlaryň ygtybarlygyna, ozal Türkmenistanyň döwlet salgyt belgisiniň berilmändigine güwä geçýärin hem-de salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmagyňyzy soraýaryn.

Düzülen senesi 200__ýylyň_____aýynyň “___”

Şu maglumatda görkezilen şahsy tarapyň goly______________________
*(goly)*

---

***Bellik:***
*1. Şu görnüş salgyt töleýji tarapyndan doldurylýar we iş beriji – salgyt ýumuşçysy edara görnüşli tarap ýa-da hususy telekeçi tarapyndan № 1 i goşundysyna laýyk görnüş bilen bilelikde döwlet salgyt gullugynyň edarasyna tabşyrylýar.*
*2. Görnüşdäki seneler «GG/AA/ÝÝÝ» ölçegde doldurylýar, bu ýerde GG – aýyň güni, AA – aýyň belgisi, ÝÝÝÝ – ýyl.*
*3. 9.5-nji we 9.7-nji salgylar doldurylanda gereginiň aşagyny çyzmaly.*
*4. 4-nji bölümde geregini X belgi bilen belgilemeli.*

*4.3-nji goşundy*

_______________________________boýunça Döwlet salgyt gullugyna

*(maglumat berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

## Salgyt töleýji hakynda maglumat
## (daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlar üçin)

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. Familiýasy | | 2. Ady | | | |
| 3. Atasynyň ady | | 4.Jynsy | Erkek | Aýal | |
| 5. Doglan wagtyndaky familiýasy | | 6. Doglan senesi | ___/___/___ | | |
| 7. Dogluş şahadatnamasy | 7.1. Seriýasy | | 7.2. Belgisi | | |
| 7.3. Kim tarpyndan berildi | | 7.4. Berlen senesi | ___/__/__ | | |
| 8. Şahsyýetine güwä geçýän resminamanyň görnüşi | | | | | |
| 8.1. Seriýasy | | 8.2. Belgisi | | | |
| 8.3. Kim tarapyndan berildi | | 8.4. Berlen senesi | ___/__/__ | | |
| Raýatlygy | | | | | |
| 9. Türkmenistanda ýaşaýan ýeriniň salgysy: | | 9.1. Poçta indeksi | | | |
| 9.2. Welaýat | | 9.3. Etrap | | | |
| 9.4. Şäher | | 9.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | |
| 9.6. Etrapça | | 9.7. Şaýoly, köçe, geçelge | | | |
| 9.8. Jaý | | 9.9. Toplum | | 9.10. Öý | |
| 9.11. Telefon | | | | | |
| 9.12. Faks | | 9.13. E-mail | | | |
| 10. Türkmenistanda ýaşaýan ýeri boýunça bellige alnandygyny tassyklaýan resminama hakynda maglumat | | | | | |
| 10.1Resminamanyň görnüşi | | 10.2. Seriýasy | | 10.3. Belgisi | |
| 10.4 Kim tarapyndan berildi | | 10.5. Berlen senesi | ___/___/___ | | |
| 11. Görkezilen ýaşaýan ýeri boýunça bellige alnan senesi | ___/____/____ | | | | |
| 12. Türkmenistana gelmezinden ozal hemişelik ýaşaýan ýurdy | | | | | |
| 13. Türkmenistanyň çäklerinden daşary ýaşaýan ýeriniň salgysy: | 13.1. Poçta | | | | |
| 13.2. Welaýat | | 13.3. Etrap | | | |
| 13.4. Şäher | | 13.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | |
| 13.6. Etrapça | | 13.7. Şaýoly, köçe, geçelge | | | |
| 13.8.Jaý | | 13.9.Toplum | | 13.10.Öý | |
| 13.11. Telefon | | | | | |

Şunuň bilen beýan edilen maglumatlaryň ygtybarlygyna, ozal Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň hiç bir edarasynda maňa hususy salgyt belgisiniň berilmändigine güwä geçýärin hem-de salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmagyňyzy soraýaryn.

Düzülen senesi 200___ýylyň___________aýynyň “___ ”

Şu maglumatda görkezilen şahsy tarapyň goly________________

*(goly)*

---

***Bellik:***
*1. Sene «GG/AA/ÝÝÝÝ» ölçegde doldurylýar, bu ýerde GG – aýyň güni, AA – aýyň belgisi, ÝÝÝÝ – ýyl*
*2. 9,5-nji we 9,7-nji bölümde salgylar doldurylanda geregiň çyzmaly.*
*3. 4-nji bölümde geregini X belgi bilen belgilemeli.*

Ýokarda görkezilen goşundylardaky ähli sütünler basma harplar bilen dolduryýar. Arza şarikli ruçka ýa-da gök ýa-da gara syýa bilen doldurylýar. Sözler, sanlar ýa-da belgiler bilen girizilýän ähli ýazgylary arassa, düşnükli, berk bellenilen zolaklarda ýa-da şol bölümi doldurmak üçin niýetlenilen degişli çyzyklarda ýazmak zerurdyr. Arza doldurylanda düzedişlere ýol berilmeýär.

Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli tarap öz edarasynyň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugy edarasynda salgyt hasabyna goýulmaga degişlidir.

Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap şu aşakda görkezilen ýerler boýunça salgyt gullugy edarasynda salgyt hasabyna goýulmaga degişlidir:

a) onuň şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýerleşýän ýeri boýunça;

b) edara görnüşli tarapyň işi Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň döredilmegine getirende, şeýle iş ýeri boýunça;

ç) Türkmenistanda salgyt salmagyň binýady bolup durýan gozgalmaýan emlägiň Türkmenistanyň çäginde ýerleşen ýeri boýunça, haçanda edara görnüşli tarapyň işi Türkmenistanyň çäginde hemişelik wekilhanany döretmäge getirmedik halatynda.

Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap şu bölümiň “a”, “b” we “ç” kiçi bölümlerinde görkezilen esaslar boýunça dürli-dürli salgyt edaralarynda salgyt hasabyna goýulmaga degişli bolan halatynda, ol öz islän ýeri boýunça salgyt gullugynyň diňe birinde salgyt

hasabyna durmaly. Şonuň ýaly Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arzasynda ýokarda görkezilen esaslaryň barlygyny görkezmelidir. Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap salgyt hasabyna goýlandan soň, görkezilen esaslar boýunça salgyt hasabyna goýulmaga degişli bolan salgyt gullugynyň ähli beýleki edaralaryna bu barada salgyt hasabyna goýlandygy hakynda habarnamany düzüp, hat, üsti bilen habar etmeli *(4.4-nji goşundy)*.

Şereket degişlilikde ýerleşýän ýeri, iş alyp barýan ýeri ýa-da şerekete gatnaşyjylaryň biriniň Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan ýeri boýunça salgyt gullugynda hasaba goýulmalydyr. Şunda şeýle gatnaşyjyny saýlap almak hukugy şerekete gatnaşyjylara degişlidir.

Salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmaga degişli tarapda hasaba goýulýan ýeri kesgitlemek bilen kynçylyklar ýüze çykan halatynda, onuň beren maglumatlarynyň esasynda çözgüt salgyt gullugy tarapyndan kabul edilýär.

*4.4-nji goşundy*

________________________________ boýunça Döwlet salgyt gullugyna
*(maglumat berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

**Salgyt hasabyna goýlandygy hakynda**
**HABARNAMA**

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| HSB | | | | | | | | |
| Ady | | | | | | | | |
| Türkmenistanyň çäklerinde hukuk salgysy: | | | | | | | | |
| 1. Poçta | | | | | | | 2. Welaýat | |
| 3. Etrap | | | | | | | 4. Şäher | |
| 5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | 6. Kiçi etrapça | | | |
| 7. Şaýoly, köçe,geçelge | | 8. Jaý | | 9. Toplum | | 10. Öý | | |

________________________________ boýunça Döwlet salgyt
*(Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

gullugynda aşakda görkezilen ýer boýunça (esaslandyrmalaryň) garşysyndaky inedördülde *X* belgini goýmaly) hasaba goýlandygyňyz

| | |
|---|---|
| | Türkmenistanyň çäklerindäki şahamçalaryň we wekilhanalaryň üsti bilen işiň amala aşyrylýan ýeri |
| | Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanany döretmeklige getirýän iş amala aşyrylanda |
| | Türkmenistanda salgyt salmagyň binýady bolup durýan gozgalmaýan emlägiň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen hem-de alnyp barylýan iş hemişelik wekilhanasyny döretmeklige getirmedik halatynda |

hem-de aşakda görkezilen ýer boýunça Siziň Döwlet salgyt gullugy edarasyn da salgyt hasabyna goýmak üçin bar bolan esaslar barada Sizi habarly edýärin:

| | |
|---|---|
| | Türkmenistanyň çäklerindäki şahamçalaryň we wekilhanalaryň üsti bilen işiň amala aşyrylýan ýeri |
| | Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhanany döretmeklige getirýän iş amala aşyrylanda |
| | Türkmenistanda salgyt salmagyň binýady bolup durýan gozgalmaýan emlägiň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen hem-de alnyp barylýan iş hemişelik wekilhanany döretmeklige getirmedik halatynda |

Ýolbaşçy: ________ ________________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Düzülen senesi: 200___ýylyň______________aýynyň “___”

*Döwlet salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan doldurylýar*

Resminamalary aldy_______ _________________________________
(goly) (Salgyt gullugynyň işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Alnan senesi: 200__ýylyň_______________aýynyň “____”

***Bellik:*** *5-nji we 7-nji bölümlerdäki salgylar doldurylanda gereklisiniň aşagyny çyzmaly.*

## § 4.3. Salgyt töleýjiler hökmünde hasaba goýmagyň tertibi we möhleti

Hususy telekeçi hökmünde telekeçilik işi bilen meşgullanmaga isleg bildiren we ozal salgyt töleýji hökmünde salgyt gullugy edarasynda hasaba alynmadyk şahsy tarapy hasaba goýmak, şahsy taraplary salgyt töleýjisi hökmünde hasaba goýmak hakynda (salgyt hasaby üçin zerur maglumatlaryň üýtgemegi hakynda) onuň salgyt edarasyna iki nusgada berýän arzasynyň esasynda amala aşyrylýar *(4.5-nji goşundy).*

Şeýle tarap arza bilen bir wagtda öz şahsyýetine güwä geçýän we ýaşaýan ýeri boýunça bellige alnandygy baradaky bellikli resminamanyň göçürmesini berýär.

Salgyt hasabyna goýmak şeýle tarap hususy telekeçi hökmünde döwlet tarapyndan bellige alnandan soň amala aşyrylýar.

Salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza şahsy taraphususy telekeçi döwlet tarapyndan bellige alnandan soň, 10 günüň dowamynda berilýär.

Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplar salgyt ýylynda Türkmenistanyň çäginde jemi 183 günden ybarat döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda bolan halatlarynda, görkezilen möhlet tamamlanan gününden başlap, 10 günden gijä galman, salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza bilen ýüz tutmaga borçludyrlar.

Şeýle taraplar salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza we 4.5-nji goşundy bilen bir wagtda şahsyýetine güwä geçýän resminamalaryň göçürmesini berýärler.

Zähmet ylalaşygy ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleýän (ozal salgyt töleýji hökmünde salgyt gullugynda bellige alynmadyk) şahsy taraplar babatynda iş berijiler şeýle taraplar bilen degişli şertnamalar baglaşylan gününden başlap, 10 günden gijä galman, olar salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza bilen ýüz tutmaga borçludyrlar.

| HSB | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

_________________________ boýunça Döwlet salgyt gullugyna

*(arzanyň berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

**Şahsy taraplary salgyt töleýjesi hökmünde hasaba goýmak hakynda (salgyt hasaby üçin zerur maglumatlaryň üýtgemegi hakynda)**

**Arza**

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. Familiýasy | | 2. Ady | | | | | |
| 3. Atasynyň ady | | 4.Jynsy | Erkek | Aýal | | | |
| 5. Doglan wagtyndaky familiýasy | | 6. Doglan senesi | ___/___/___ | | | | |
| 7. Dogluş şahadatnamasy | 7.1. Seriýasy | | 7.2. Belgisi | | | | |
| 7.3. Kim tarpyndan berildi | | 7.4. Berlen senesi | ___/__/__ | | | | |
| 8. Şahsyýetine güwä geçýän resminamanyň görnüşi | | | | | | | |
| 8.1. Seriýasy | | 8.2. Belgisi | | | | | |
| 8.3. Kim tarapyndan berildi | | 8.4. Berlen senesi | ___/__/__ | | | | |
| 9. Türkmenistanda ýaşaýan ýeriniň salgysy: | 9.1. Poçta indeksi | | | | | | |
| 9.2. Welaýat | 9.3. Etrap | | | | | | |
| 9.4. Şäher | | 9.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | |
| 9.6. Etrapça | | 9.7. Şaýoly, köçe, geçelge | | | | | |
| 9.8. Jaý | | 9.9. Toplum | | 9.10. Öý | 9.11. Telefon | | |
| 9.12. Faks | | 9.13. E-mail | | | | | |
| 10. Iki raýatlygy barmy | Hawwa | Ýok | 10.1. Ikinji raýatlygynyň ýurdy | | | | |
| 11. Türkmenistanda ýaşaýan ýeri boýunça bellige alnandygyny tassyklaýan resminamanyň görnüşi (daşary ýurt raýatlygy bolmadyk adamlar üçin) | | | | | | | |
| 11.1 Seriýasy | | 11.2. Belgesi | | 11.3. Berlen senesi | __/__/__ | | |
| 11.4. Kim tarapyndan berildi | | | | | | | |
| 12. Görkezilen ýaşaýan ýeri boýunça bellige alnan senesi | _____/_____/_____ | | | | | | |
| 13. Türkmenistana gelmezinden ozal hemişelik ýurdy | | | | | | | |

Şunuň bilen beýan edilen maglumatlaryň ygtybarlygyna, ozal Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullygynyň hiç bir edarasynda maňa hususy salgyt belligisiniň berilmändigine güwä geçýärin hem-de salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmagyňyzy soraýaryn.

Arzaçynyň – şahsy tarapyň goly ___________________

*(goly)*

Düzülen senesi 200__ýylyň_____aýynyň "___"

*Döwlet salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan doldurylýar*

Resminamalary kabul etdi: ____________________ ________

*(Salgyt gullugynyň işgäriniň a.a.a.f.)* *(goly)*

Alnan senesi: 200__ýylyň_____________aýynyň "____"_

__________________

***Bellik:***

*1. Hususy salgyt belgisi ozal berlen halatynda görkezilýär.*

*2. Görnüşdäki seneler «GG/AA/ÝÝÝ» ölçegde doldurylýar, bu ýerde GG – aýyň güni, AA – aýyň belgisi, ÝÝÝÝ – ýyl.*

*3. 9.5-nji we 9.7-nji bölümlerde salgylar doldurylanda gereginiň aşygyny çyzmaly, 4-nji bölümde bolsa X belgini goýmaly.*

*4. 10-njy bölümde laýyk bolmadyk jogaby çyzmaly.*

*5.11-nji, 12-nji we 13-nji bölümler Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan doldurylmaýar*

*6. Arza berlende zerur adyň aşagyny çyzmak gerek. "Maglumatlaryň üýtgemegi hakynda" arzanyň berlen halatynda diňe üýtgän maglumatly bölümler doldurylýar.*

Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplar salgyt hasabyna goýulmak maksady bilen şeýle şahsy taraplaryň Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan ýeri boýunça hasaba alnandygyna güwä geçýän resminamanyň göçürmesini hem bermelidirler.

Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli taraplary salgyt hasabyna goýmak olaryň döwlet tarapyndan bellige alnan gününden 10 günden gijä galman, salgyt gullugynyň edarasyna edara görnüşli taraplary salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna goýmak (salgyt hasaby üçin zerur maglumatlaryň üýtgemegi) hakynda iki nusgada berlen arzasynyň esasynda amala aşyrylýar*(4.6-njy goşundy)*.

*4.6-njy goşundy*

| HSB | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

______________________________ boýunça Döwlet salgyt gullugyna

*(arzanyň berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. Doly ady | | | | | | | | |
| 2. Gysgaldylan ady | | | | | | | | |
| 3. Türkmenistanyň çäklerinde hukuk salgysy | 3.1. Poçta indeksi | | | | | | | |
| 3.2. Welaýat | | 3.3. Etrap | | | | | | |
| 3.4. Şäher | | 3.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | | |
| 3.6. Kiçi etrapça | | 3.7. Şaýoly, köçe,geçelge | | | | | | |
| 3.8. Jaý | | 3.9. Toplum | | 3.10. Öý | | | | |
| 4. Türkmenistanyň çäklerinde hakyky salgysy | 4.1. Poçta indeksi | | | | | | | |
| 4.2. Welaýat | | 4.3. Etrap | | | | | | |
| 4.4. Şäher | | 4.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | | |
| 4.6. Etrapça | | 4.7. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | | |
| 4.8. Jaý | 4.9. Toplum | | 4.10. Öý | | | | | |
| 5. Türkmenistanda poçta salgysy | 5.1. Poçta indeksi | | | | | | | |
| 5.2. Welaýat | | 5.3. Etrap | | | | | | |
| 5.4. Şäher | | 5.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | | |
| 5.6. Etrapça | | 5.7. Şaýoly, köçe, geçelge | | | | | | |
| 5.8. Jaý | | 5.9. Toplum | | 5.10. Öý | | | | |
| 6. Türkmenistandaky telefon belgileri | | 7. Faks | | | | | | |
| 8. Elektron poçtasy | | 9. Internetdäki salgysy | | | | | | |
| 10. Dahylly bolup durýan ýurdundaky hukuk salgysy (daşary ýurt edara görnüşli taraplar üçin) | | | | | | | | |
| 10.1. Poçta indeksi | | | | | | | 10.2. Ýurdy | |
| 10.3. Etrap | | 10.4. Welaýaty | | | | | | |
| 10.5. Şäher | | 10.6. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | | |
| 10.7. Etrapça | | 10.8. Şaýoly, köçe, geçelge | | | | | | |
| 10.9. Jaý | | 10.10. Toplum | | 10.11. Öý | | | | |

| 11. OKPO kody | | | | | | | | | | 12. GHG-yň kody | | | | 13 EG-nyň kody | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| 14. Dahylly | | Howa | | Ýok | 15. Ministrligiň ýa-da pudakla ýyn dolandyryş edarasynyň kody | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| 16. Esasy iş görnüşi | 16. Iş görnüşiniň kody | |
|---|---|---|
| 16.2. Iş görnüşiniň ady | | |
| 17. Döredijiler | | |

| 17 a. Edara görnüşli taraplar: | | | |
|---|---|---|---|
| HSB | Ady | Dahylly ýurdy | Döredjiş gaznasyndaky paýy (%) |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

| 17b. Şahsy taraplar: | | | | |
|---|---|---|---|---|
| HSB | Familiýasy | Ady | Atasynyň ady | Döredjiş gaznasyndaky paýy (%) |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

| 18. Türkmenistandaky kärhananyň ýolbaşçysy hakynda maglumatlar | | | |
|---|---|---|---|
| HSB | Familiýasy | Ady | Atasynyň ady |
| | | | |

| 19. Türkmenistandaky kärhananyň baş hasapçysy (hasapçysy) hakynda maglumatlar | | | |
|---|---|---|---|
| HSB | Familiýasy | Ady | Atasynyň ady |
| | | | |

| 20. EGTÝDS-de döwlet tarapyndan bellige alnyşy hakynda maglumatlar |
|---|

| 20.1. Bellige alnan senesi | ______/_____/______ | 20.2. Sanaw belgisi | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 21. Bank belgileri (Türkmenistanyň rezidentleri bolup durmaýan taraplar üçin – Türkmenistandaky banklaryň belgileri doldurylýar) | | | | | | | | | | | |
| Hasap belgisi | Hasabyň görnüşi | Bank bölüminiň atlandyrylyşy | Bankyň MFO | | | | | | | | |
| | Hasaplyşyk | | | | | | | | | | |
| | Daşary ýurt pulunda | | | | | | | | | | |
| | Daşary ýurt pulunda | | | | | | | | | | |
| | Toplaýyş | | | | | | | | | | |
| | Toplaýyş | | | | | | | | | | |
| | Depozit | | | | | | | | | | |
| | Depozit | | | | | | | | | | |
| | Gündelik | | | | | | | | | | |
| | Gündelik | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |

Şunuň bilen beýan edilen maglumatlaryň ygtybarlygyna, ozal Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň hiç bir edarasynda maňa hususy salgyt belgisiniň berilmändigine güwä geçýärin hem-de salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmagyňyzy soraýaryn.

Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy: ______ ____________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Düzülen senesi: 200___ýylyň_______________aýynyň “___

*Döwlet salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan doldurylýar*

Resminamalary kabul etdi: ________________ _______
*(Salgyt gullugynyň işgäriniň a.a.a.f.)* *(goly)*

Alnan senesi: 200__ýylyň___________aýynyň “____”_

**Bellik:**

*1. Görnüşdäki seneler «GG/AA/ÝÝÝ» ölçegde doldurylýar, bu ýerde GG-aýyň güni, AA – aýyň belgisi, ÝÝÝÝ-ýyl.*
*2. 4.5-nji we 4.7-nji bölümlerde salgylar doldurylanda, şeýle hem 10.6 we 10.8-nji bölümlerde rezidensiýasynyň ýurdundaky salgylar doldurylanda gereginiň aşagyny çyzmaly.*
*3. 15-nji, 17-nji bölümler Türkmenistanyň rezidenti bolmadyk taraplar tarapyndan doldurylýar.*
*4. 11-nji , 12-nji we 13-nji, 15-nji we 16 -njy bölümler Edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan wagtlaýyn göçürmeden doldurylýar.*
*6. Arza berlende zerur adyň aşagyny çyzmak gerek. “Maglumatlaryň üýtgemegi hakynda” arzanyň berlen halatynda diňe üýtgän maglumatly bölümler doldurylýar.*

Salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza bilen bir wagtda şu aşakdakylar berilýär:

- bellenilen tertipde tassyklanylan dörediş resminamalarynyň göçürmeleri. Döwlet edaralary salgyt hasabyna goýulmak üçin zerur bolan resminama hökmünde ygtyýarly adam tarapyndan tassyklanylan olar hakyndaky Düzgünnamasy;
- edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamanyň göçürmesi;
- statistik hasaba alyş kartoçkasynyň göçürmesi;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary yurt maýa goýumlary baradaky döwlet gullugynyň Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba alyş gullugy tarapyndan berilýän Edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan wagtlaýyn göçürmesiniň asyl nusgasy we göçürmesi.

Salgyt gullugynyň edarasy wagtlaýyn göçürmäniň asyl nusgasynda edara görnüşli tarapy salgyt hasabyna goýmak hakyndaky degişli ýazgyny edýär we ony bu edara görnüşli tarapyň wekiline gaýtaryp berýär.

Edara görnüşli tarap döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamany we edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäni alandan soň, olaryň nusgalary hem berlen pursadyndan başlap 10 gün möhletde salgyt gullugynyň edarasyna berilýär.

Edara görnüşli tarapyň şahamçalary we wekilhanalary hem edil şu tertipde salgyt hasabyna goýulýar.

Şahamçalary we wekilhanalary salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza bilen bir wagtda şu aşakdakylar berilýär:

- şahamça, wekilhana hakynda bellenilen tertipde tassyklanylan Düzgünnamalaryň göçürmesi;
- şahamçany ýa-da wekilhanany döreden edara görnüşli tarapy salgyt hasabyna goýmak hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi;
- edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamanyň göçürmesi;
- statistik hasaba alyş kartoçkasynyň göçürmesi;

- Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa goýumlary baradaky döwlet gullugynyň Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba alyş gullugy tarapyndan berilýän Edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan wagtlaýyn göçürmesiniň asyl nusgasy we göçürmesi, ol şahamçanyň ýa-da wekilhananyň döwlet tarapyndan bellige alnandygyna şaýatlyk edýär.

Edara görnüşli tarap gaýtadan guralanda:

- birnäçe edara görnüşli taraplar birleşen görnüşinde- täze dörän edara görnüşli tarap salgyt hasabyna goýulmaga degişli bolýar, gaýtadan guralan edara görnüşli taraplar bolsa, Edara görnüşli taraplaryň döwlet salgyt sanawyndan çykarylýar;
- edara görnüşli taraplaryň biriniň ýa-da birnäçesiniň edara görnüşli tarapyň düzüminden bölünip çykmagy görnüşinde- täze dörän edara görnüşli tarap salgyt hasabyna goýulmaga degişli bolýar, gaýtadan guralan edara görnüşli taraplar bolsa, Edara görnüşli taraplaryň döwlet salgyt sanawyndan çykarylmaýar hem-de olarda ozalky hususy salgyt belgisi galdyrylýar;
- edara görnüşli tarap bölünen görnüşinde – täze dörän edara görnüşli taraplar salgyt hasabyna goýulmaga degişli bolýar, gaýtadan guralan edara görnüşli tarap bolsa Edara görnüşli taraplaryň döwlet salgyt sanawyndan çykarylýar;
- bir edara görnüşli tarap beýleki edara görnüşli tarapa goşulan görnüşinde – beýleki edara görnüşli tarapda ozalky hususy salgyt belgisi galdyrylýar, goşulan edara görnüşli tarap bolsa Edara görnüşli taraplaryň döwlet salgyt sanawyndan çykarylýar;
- guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgände edara görnüşli tarap özgerdilen görnüşinde onuň ozalky hususy salgyt belgisi galdyrylýar.

Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap salgyt hasabyna goýulmak hakyndaky arza *(4.6-njy goşundy)* bilen:

- aýrybaşgalandyrylan birligiň (şahamçanyň, wekilhananyň)

Türkmenistanyň çäginde bellige alnan gününden, ýa-da

- haçan-da tarapyň alyp barýan işi Türkmenistanyň çäginde hemişelik wekilhanany döretmäge getiren gününden; ýa-da
- haçan-da şeýle tarapyň gozgalmaýan emlägi Türkmenistanda salgyt salmagyň binýady bolup duran gününden 10 günden gijä galman ýüz tutmaga borçludyr.

Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap salgyt hasabyna goýulmak hakyndaky arza bilen bir wagtda şu resminamalary berýär:

a) söwda sanawyndan göçürme ýa-da onuň ýerleşýän ýeriniň ýurdunyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutlan, şeýle edara görnüşli tarapyň derejesini tassyklaýan, Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapy bellige alan edara bellige alyş belgisi, bellige alnan ýeri we senesi baradaky maglumaty öz içinde saklaýan gaýry resminama, salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmak üçin resminamanyň berlen gününe çenli üç aýdan gijä galman berilmeli (resmi taýdan tassyklanylan terjimeli);

b) Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň salgyt töleýji hökmünde inkorparasiýa edilen (döredilen) ýurdunda bellige alnandygy hakynda daşary ýurduň salgyt edarasynyň kepilnamasy, onda salgyt töleýjiniň salgyt belgisi (kody) ýa-da onuň kybapdaşy (resmi taýdan tassyklanylan terjimeli) görkezilmeli;

ç) Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň ygtyýarly edarasynyň Türkmenistanyň çäklerinde şahamçanyň ýa-da wekilhananyň döredilendigi hakyndaky çözgüdi (resmi taýdan tassyklanylan terjimesi bilen) – şahamçanyň we wekilhananyň Türkmenistanyň çäklerinde bellige alnan ýagdaýynda;

d) şahamçanyň ýa-da wekilhananyň Türkmenistanyň çäklerinde bellige alnan halatynda, Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň şahamçanyň, wekilhananyň ýolbaşçysyna beren ynanç haty (resmi taýdan tassyklanylan terjimesi bilen);

e) şahamçanyň ýa-da wekilhananyň Türkmenistanyň çäklerinde bellige alnan halatynda, şahamçalar we wekilhanalar hakyndaky düzgünnamalar, şeýle hem şahamçanyň we wekilhananyň ýolbaşçylaryna ynanç hatlar (resmi taýdan tasyklanylan terjimesi bilen);

ä) Türkmenistanda salgyt salmagyň binýady bolup duran gozgalmaýan emlägiň Türkmenistanyň çäginde ýerleşmegi esasynda salgyt hasabyna goýmak boýunça talabyň ýerine ýetirilen halatynda – Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugyna (bellenilen ýagdaýlarda bolsa – lizing şertnamasy) güwä geçýän bellenilen tertipde tassyklanylan resminamalaryň göçürmesi;

f) şahamçanyň ýa-da wekilhananyň Türkmenistanyň çäklerinde bellige alnan halatynda, statistik hasaba alyş kartoçkasynyň göçürmesi;

g) şahamçanyň ýa-da wekilhananyň Türkmenistanyň çäklerinde bellige alnan halatynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary yurt maýa goýumlary baradaky döwlet gullugynyň Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba alyş gullugy tarapyndan berilýän Edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan wagtlaýyn göçürmesi. Göçürme bilen bir wagtda göçürmäniň asyl nusgasy hem berilýär.

Salgyt gullugy edarasy berlen wagtlaýyn göçürmäniň asyl nusgasynda edara görnüşli tarapyň salgyt hasabyna goýlandygy hakynda degişli ýazgyny girizýär, soňra ol edara görnüşli tarapyň ygtyýarly wekiline gaýtarylyp berilýär.

Edara görnüşli tarap döwlet tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamany we Edara görnüşli taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäni alandan soň, olaryň göçürmeleri berlen senesinden başlap 10 gün möhletiň içinde salgyt gullugy edarasyna berýär.

Haçan-da Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň telekeçilik işi ygtyýarly tarapyň (şahsy ýa-da edara görnüşli tarap) üsti bilen amala aşyrylanda hem-de hemişelik wekilhananyň döremegine getirende şu bölüminiň “a” we “b” kiçi bölümlerinde görkezilen resminamalar bilen bilelikde şeýle tarapa wekilçilik etmäge hukuk berlendigine güwa geçýän bellenilen tertipde tassyklanylan resminamalaryň göçürmesi berilýär.

Söwda sanawyndan göçürme ýa-da onuň ýerleşýän ýeriniň ýurdunyň kanunçylygy bilen göz öňünde tutulan, şeýle hem Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň derejesine güwä geçýän gaýry resminama diplomatik wekilhanalarda hem-de

Türkmenistanyň konsullyk edaralarynda kanunylaşdyrylmalydyr. Eger şeýle ýagdaý edara görnüşli tarapyň dahyllysy bolup duran ýurdy bilen baglaşylan Türkmenistanyň halkara şertnamalaryndan we ylalaşyklaryndan gelip çykýan bolsa, şeýle kanunylaşdyrylma talap edilmeýär.

Eger Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap eýýäm salgyt gullugy edarasynda salgyt hasabynda duran bolsa, onda şol tarap beýleki salgyt gullugy edarasynyň gözegçilik edýän çäginde täze şahamça ýa-da wekilhana açylan halatynda, salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza bilen bir wagtda ol şu resminamalary bermelidir:

- Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň ygtyýarly edarasynyň Türkmenistanyň çäklerinde täze şahamçany ýa-da wekilhanany açmak hakyndaky çözgüdi (resmi taýdan tassyklanylan terjime bilen);
- Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň, wekilhanasynyň ýolbaşçysyna berlen ynanç haty (resmi taýdan tassyklanylan terjime bilen);
- Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň ozal bellige alan ýeri boýunça salgyt gullugy edarasy tarapyndan berlen bellenilen tertipde tassyklanylan şahadatnamanyň göçürmesi.

Daşary ýurtly diplomatik wekilhanalar we konsullyk edaralar, Türkmenistandaky halkara guramalaryň wekilhanalary salgyt hasabyna goýulmak üçin arza bilen bir wagtda olaryň Türkmenistandaky hukuk derejesine güwä geçýän we kesgitleýän resminamalary berýärler.

Şereketiň düzüminde bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplaryň adyndan salgyt hasabyna goýmak hakyndaky bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplaryň (şereketiň) adyndan salgyt hasabyna goýlandygy hakynda (salgyt hasaby üçin zerur maglumatlaryň üýtgemegi hakynda) arza *(4.7-nji goşundy)* Türkmenistanyň çäginde işi alyp barýan we bilelikdäki işiň beýleki gatnaşyjylary tarapyndan şol maksat üçin saýlanylan şereketiň gatnaşyjysy tarapyndan salgyt gullugy edarasyna iki nusgada berilýär.

*4.7-nji goşundy*

| HSB | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

______________________________boýunça Döwlet salgyt gullugyna

*(arzanyň berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

## Bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplaryň (şereketiň) adyndan salgyt hasabyna goýlandygy (salgyt hasaby üçin zerur maglumatlaryň üýtgemegi hakynda) hakynda

## Arza

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. Doly ady ýa-da salgyt hasabyna goýlan wagtly şereketiň adyndan çykyş edýän tarapyň familiýasy, ady, atasynyň ady | | | | | | | |
| 2. Gysgaldylan ady | | | | | | | |
| 3. Türkmenistanyň çäklerinde hukuk salgysy | 3.1. Poçta indeksi | | | | | | |
| 3.2. Welaýat | | 3.3. Etrap | | | | | |
| 3.4. Şäher | | 3.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | |
| 3.6. Kiçi etrapça | | 3.7. Şaýoly, köçe,geçelge | | | | | |
| 3.8. Jaý | | 3.9. Toplum | | 3.10. Öý | | | |
| 4. Türkmenistanyň çäklerinde hakyky salgysy | 4.1. Poçta indeksi | | | | | | |
| 4.2. Welaýat | | 4.3. Etrap | | | | | |
| 4.4. Şäher | | 4.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | |
| 4.6. Etrapça | | 4.7. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | |
| 4.8. Jaý | 4.9. Toplum | | 4.10. Öý | | | | |
| 5. Türkmenistanda poçta salgysy | 5.1. Poçta indeksi | | | | | | |
| 5.2. Welaýat | | 5.3. Etrap | | | | | |
| 5.4. Şäher | | 5.5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | | |
| 5.6. Kiçi etrapça | | 5.7. Şaýoly, köçe, geçelge | | | | | |
| 5.8. Jaý | | 5.9. Toplum | | 5.10. Öý | | | |
| 6. Türkmenistandaky telefon belgileri | | 7. Faks | | | | | |
| 8. Elektron poçtasy | | 9. Internetdäki salgysy | | | | | |
| 10. Bilelikdäki işiň (esasy) görnüşi | 10.1. Iş görnüşiniň kody | | | | | | |
| 10.2. Iş görnüşiniň ady | | | | | | | |
| 10.3. Işiň dowamlylygy | ____/___/___ ___/____ ____ aralykda | | | | | | |
| 11. Şerekete gatnaşyjylar | | | | | | | |

| 11a. Edara görnüşli taraplar: | | | |
|---|---|---|---|
| HSB | Ady | Dahylly bolan ýurt | Şerekete gatnaşmagyň paýy (%) |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

| 11b. Şahsy taraplar: | | | | |
|---|---|---|---|---|
| HSB gatnaşmagyň paýy (%) | Familiýasy | Ady | Atasynyň ady | Şerekete gatnaşmagyň paýy (%) |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

| 12. Şertnama laýyklykda şereketiň adyndan işleri alyp barmak ýüklenilen şerekete gatnaşyjysynyň (gatnaşyjylarynyň) (ýa-da eger şereketiň şol gatnaşyjysy edara görnüşli tarap bolsa, wezipeleri tarapyň) maglumatlary | | | | |
|---|---|---|---|---|
| HSB | Edara görnüşli | Familiýasy | Ady | Atasynyň ady tarapyň ady |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

| 13. Şereketiň baş hasapçysy (hasapçysy) hakynda maglumatlar | | | |
|---|---|---|---|
| HSB | Familiýasy | Ady | Atasynyň ady |
| | | | |

| 14. Bank belgileri | | | |
|---|---|---|---|
| Hasabyň № | Hasabyň № | Bank bölüminň atlandyrylyşy | Bankyň MFO-sy |
| | | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

Şunuň bilen beýan edilen maglumatlaryň ygtybarlygyna, ozal Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň hiç bir edarasynda şu şerekete hususy salgyt belgisiniň berilmändigine güwä geçýärin hem-de salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmagyňyzy soraýaryn.

Şereketiň jogapkär tarapy ______ _________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Dzülen senesi: 200___ýylyň_______________aýynyň “___

*Döwlet salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan doldurylýar*

Resminamalary aldy __________________ ________
*(Salgyt gullugynyň işgäriniň a.a.a.f.)* *(goly)*

Alnan senesi: 200__ýylyň____________aýynyň “____”_

**_Bellik:_**
*1. Görnüşdäki seneler «GG/AA/ÝÝÝ» ölçegde doldurylýar, bu ýerde GG – aýyň güni, AA – aýyň belgisi, ÝÝÝ – ýyl.*
*2. 4.5-nji we 4.7-nji bölümlerde salgylar doldurylanda gereginiň aşagyny çyzmaly.*
*3. Eger 11-nji bölüm doldurylanda şereketiň gatnaşyjylarynyň sany setir sandan köp bolsa, onda gatnaşyjylaryň sanawy bellenilen görnüşdäki aýratyn kagyzda goşulýar..*
*4. Arza berlende zerur adyň aşagyny çyzmak gerek. “Maglumatlaryň üýtgemegi hakynda” arzanyň berlen halatynda diňe üýtgän maglumatly bölümler doldurylýar.*

Arza bilelikdäki iş baradaky şertnama baglaşylan gününden başlap 10 günden gijä galman berilýär. Şereketiň gatnaşyjylary tarapyndan salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza bilen bir wagtda aşakdaky resminamalaryň asyl nusgasy hem-de bellenilen tertipde güwä geçilen göçürmeleri berilýär:

- bilelikdäki iş baradaky şertnama;

- eger şeýle ygtyýarlyklar şertnama bilen berilmedik halatynda, üstüne şeýle şereketiň işini amala aşyrmak ýüklenilen şereketiň gatnaşyjysyna berlen ynanç haty;
- bilelikdäki iş baradaky şertnama gatnaşyjy taraplary (salgyt hasabyna goýulmaga degişli bolan taraplar) salgyt hasabyna goýmak hakynda şahadatnamalar.

Salgyt töleýjiniň ygtyýarly wekili salgyt töleýjini salgyt hasabyna goýmak üçin zerur resminamalar berlende şahsyýetine hem-de salgyt hasabyna goýmak meseleleri boýunça salgyt töleýjä wekilçilik etmek ygtyýarlygyna güwä geçýän resminamalary hem berýär.

Salgyt hasabyna goýmak hakyndaky arza gol çekmek hukugyna:

- edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy;
- edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň ýolbaşçysy (edara görnüşli tarapdan oňa berlen ynanç hatynda görkezilen ygtyýarlyklaryň çäginde);
- Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarapyň adyndan hereketleri amala aşyrmaga ygtyýarly tarap;
- şertnama ýa-da ynanç haty bilen muňa ygtyýarly edilen, bilelikdäki iş (şereket) hakyndaky şertnamanyň gatnaşyjysynyň biri eýedir.

*4.8-nji goşundy*

______________________________boýunça Döwlet salgyt gullugyna
*(arzanyň berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

**Salgyt töleýjileriň arzalaryny we salgyt hasabyna goýlandygy hakynda berlen şahadatnamalary hasaba alyş Kitaby**

| № | Arzanyň gysgaça mazmuny | Arzanyň kabul edilýän senesi | Işiň belgisi | HSB | Salgyt hasabyna goýlandygy hakynda şahadatnama | | Şahadatnamany alan adamyň goly | Şahadatnama berlen adamyň ady, atasynyň ady, familiýasy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | Belgisi | Berlen senesi | | |
| | | ____/____ /_______ | | | | ____/____ /_______ | | |
| | | ____/____ /_______ | | | | ____/____ /_______ | | |
| | | ____/____ /_______ | | | | ____/____ /_______ | | |
| | | ____/____ /_______ | | | | ____/____ /_______ | | |
| | | ____/____ /_______ | | | | ____/____ /_______ | | |
| | | ____/____ /_______ | | | | ____/____ /_______ | | |
| | | ____/____ /_______ | | | | ____/____ /_______ | | |

***Bellik:*** *1. Görnüşdäki seneler «GG/AA/ÝÝÝÝ» ölçegde doldurylýar, bu ýerde GG – aýyň güni, AA – aýyň belgisi, ÝÝÝÝ – ýyl. *
*2.«Arzanyň gysgaça mazmuny» atly sütünde: “hasaba goýmak”, – “maglumatlaryň üýtgemegi”, – “hasapdan çykarmak”, “ýiteniň ýerine göçürme” diýlip ýazylýar.*

Salgyt gullugy edarasy berlen arzalary salgyt hasabyna goýlandygy hakynda berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitabynda olaryň berlen gününi hasaba almaga borçludyr *(4.8-nji goşundy).*

Salgyt töleýjini salgyt hasabyna goýmak, şeýle hem degişli şahadatnamany *(4.9, 4.10 we 4.11-nji goşundylary)* bermek görkezilen taraplar tarapyndan zerur resminamalaryň berlen gününden başlap, üç günüň dowamynda amala aşyrylýar.

Salgyt hasabyna goýmak hem Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa goýumlary baradaky döwlet gullugynyň Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba alyş gullugy tarapyndan berilýän wagtlaýyn göçürmede (edara görnüşli taraplar üçin) salgyt gullugy edarasynyň belligi bilen görkezilen taraplar tarapyndan ähli zerur resminamalaryň berlen gününden başlap, üç günüň dowamynda tassyklanylýar.Salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy edarasynyň işgäri ähli berlen resminamalary barlandan soň, salgyt töleýjileriň arzalaryny we salgyt hasabyna goýlandygy hakynda berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitabyna we salgyt töleýjileriň sanawyna tarapyň hasaba alnandygy hem-de oňa şahsy salgyt belgisiniň berlendigi barada Döwlet salgyt sanawyna ýazgy edýär.

Salgyt hasabyna goýlandygy we şahsy salgyt belgisiniň berlendigi hakynda şahadatnama salgyt töleýjileriň arzalaryny we salgyt hasabyna goýlandygy hakynda berlen şahadatnamalary hasaba alyş kitabyna gol çekmek bilen salgyt töleýjä (onuň wekiline) berilýär.

**Şahsy tarapyň salgyt hasabyna goýlandygy hakynda**
**№________________**

## ŞAHADATNAMA

___________________________________________________________

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 24-26-njy maddalarynyň esasynda hem-de Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 200_-nji/njy ýylyň _______aýynyň «___» №___buýrugy bilen tassyklanylan Salgyt töleýjiler hökmünde şahsy taraplary we edara görnüşli taraplary hasaba goýmak boýunça Usuly görkezmelere laýyklykda

familiýasy____________________ady____________atasynyň ady____________
şahsy taraplaryň salgyt hasabyna goýuldy we oňa şu hususy salgyt belgisi berildi:

___________________________________________________________ ___

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | |

Şu şahadatnama________________________________________________
*(salgyt edarasynyň ady)*

______________________boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan berildi

______________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň başlygy

______________ *Möhür*______________________________________________

*(goly)* *ýeri* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Şahadatnamanyň berlen senesi: 200_ýylyň___________aýynyň “____”

**Edara görnüşli tarapyň salgyt hasabyna goýlandygy hakynda**
**№_______________**

## ŞAHADATNAMA

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 24-26-njy maddalarynyň esasynda hem-de Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 200-nji/njy ýylyň _______aýynyň «___» №___buýrugy bilen tassyklanylan Salgyt töleýjiler hökmünde şahsy taraplary we edara görnüşli taraplary hasaba goýmak boýunça Usuly görkezmelere laýyklykda

Edara görnüşli tarap_________________________________
*(doly ady)*

_____________________________________________________________

edara görnüşli taraplaryň salgyt hasabyna goýuldy we oňa şu hususy salgyt belgisi berildi:

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

Şu şahadatnama_______________________________________________
*(salgyt edarasynyň ady)*

___________________boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan berildi

__________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň başlygy

____________ *Möhür*_______________________________________________

*(goly)* *ýeri* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Şahadatnamanyň berlen senesi: 200_ýylyň__________aýynyň “____”

*4.11-nji goşundy*

**Wagtlaýyn salgyt hasabyna goýlandygy hakynda**
**№________________**

## ŞAHADATNAMA

______________________________________________________________

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 24-26-njy maddalarynyň esasynda hem-de Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 200_-nji/njy ýylyň _______aýynyň «___» №___buýrugy bilen tassyklanylan Salgyt töleýjiler hökmünde şahsy taraplary we edara görnüşli taraplary hasaba goýmak boýunça Usuly görkezmelere laýyklykda

**şahsy tarap:** familiýasy_______ady______________atasynyň ady____________

ýa-da

**edara görnüşli tarap:**____________________________________

*(doly ady)*

ýa-da

__________________________________________________________

*(edara görnüşli taraplaryň ady ýa-da bilelikdäki işe gatnaşyjy şahy taraplaryň ady, atasynyň ady we familiýasy)*

__________________________________

arasynda baglaşylan bilelikdäki iş hakynda__________şertnama laýyklykda döredilen

*(senesi we belgisi)*

**bilelikdäki işi – şereketi amala aşyrýan**

**taraplar**_________________________________________________

wagtlaýyn salgyt hasabyna goýuldy we olara şu hususy salgyt belgisi berildi:

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

Şu şahadatnama______________________________________________________

*(salgyt edarasynyň ady)*

_____________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň başlygy

_____________ *Möhür*______________________________________________

*(goly)* *ýeri* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Şahadatnamanyň berlen senesi: 200_ýylyň___________aýynyň “____”

Arzaçy hasaba almak üçin talap edilýän resminamalaryň hemmesini bermedik ýa-da resminamalary göwnejaý taýýarlamadyk halatynda, ol resminamalaryň gowşan gününden başlap, üç günüň dowamynda salgyt gullugy edarasy tarapyndan bu barada habarly edilmelidir.

Salgyt edaralary tarapyndan hasaba goýmak üçin göz öňünde tutulmadyk goşmaça resminamalaryň talap edilmegine ýol berilmeýär.

Salgyt hasabyna goýlandygy hakyndaky şahadatnama ýiten (zaýalanan) halatynda, salgyt töleýjä onuň salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy edarasyna berilýän ýazmaça arzasynyň esasynda, täze şahadatnama berilýär, şeýle resminamanyň ýokarky sag burçunda **«Ýiteniň ýerine göçürme»** ýazgysy goýulýar. Şunda zaýalanan şahadatnama salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt edarasyna yzyna gaýtarylýar we salgyt töleýjiniň iş bukjasyna çatylýar.

Salgyt hasabyna goýlandygy hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi (öwezligi) hem salgyt töleýjä (onuň wekiline) salgyt töleýjiniň adynyň (adynyň, atasynyň adynyň, familiýasynyň), şeýle hem pasport maglumatlarynyň üýtgän ýagdaýynda ýa-da täze pasportyň berlen ýagdaýynda (şahsy taraplar üçin) berilýär. Täze şahadatnamada ***«Öňki berleniň ýerine göçürme»*** ýazgysy girizilýär.

Salgyt hasabyna goýlandygy hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi salgyt töleýjileriň arzalaryny hasaba alyş kitabyna gol çekmek bilen berilýär, şol kitapda göçürmäniň berlendigi hakynda degişli ýazgy edilýär.

Eger-de tarap bellenilen möhletde salgyt hasabyna durmasa, oňa salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabyna durmak borçlaryny ýerine ýetirmänligi hakyndaky salgyt habarnamasy iberilýär *(4.12-nji goşundy)*.

*4.12-nji goşundy*

| | |
|---|---|
| 1 | **Salgyt töleýji hökmünde hasaba goýulmak boýunça ýerine ýetirilmedik borç hakynda**<br>**HABARNAMA**<br>№__________от «_____»________200__г. |
| 2 | Şu habarnama _______boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan düzüldi |
| 3 | Habarnama iberilýän salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň doly ady:<br>____________________________________________________________<br>________________________ |
| 4 | Hukuk salgysy: Poçta indeksi ______________Welaýat<br>___________________________<br>Etrap ____________________________Şäher<br>___________________________________________<br>Şäherçe, ilatly oba ýerleri<br>_______________________________________________<br>Etrapça_____________________Şaýoly, köçe, geçelge<br>__________________________<br>Jaý_____Toplum______Öý__________HSB_________________ |
| 5 | Habarnama iberilýän salgyt töleýjiniň – şahsy tarapyň<br>Ady, __________________________________Atasynyň<br>ady_______________________________________________<br>Familiýasy____________________________________________ |
| 6 | Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi____________________Welaýat____________________<br>Etrap_______________________Şäher____________________________<br>Şäherçe, ilatly oba ýerleri______________________________<br>Kiçi etrapça_____________________Şaýoly, köçe, geçelge_________<br>Jaý____Toplum_______Öý___________________HSB______________ |
| 7 | Hakyky ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi____________________Welaýat____________________<br>Etrap_______________________Şäher____________________________<br>Şäherçe, ilatly oba ýerleri______________________________<br>Kiçi etrapça_____________________Şaýoly, köçe, geçelge_________<br>Jaý____Toplum_______Öý___________________ |

<table>
<tr><td>8</td><td colspan="2">Şunuň bilen Siz tarapyndan Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň salgyt töleýji hökmünde hasaba goýmak hakynda 24-nji we 25-nji maddalarynda bellenilen borjuň ýerine ýetirilmändigi barada habarly edýäris.<br>Siz _______möhlete çenli salgyt töleýji hökmünde bellige alyşdan geçmeli.<br>Salgyt hasabyna goýulmak baradaky talaplaryň ýerine ýetirilmedik halatynda, Türkmenistanda ulanylýan kanunçylykda göz öňünde tutulan jogapkärçilik çäreleri ulanylar.<br>Ähli ýüze çykýan meseleler boýunça____telefon arkaly ýüz tutup bilersiňiz</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="2">Salgyt gullugy<br>edarasynyň ýolbaşçysy _____________ Möhür___________________________<br>(goly) ýeri (familiýasy, ady, atasynyň ady)<br>Salgyt inspektory _____________ Möhür___________________________<br>(goly) ýeri (familiýasy, ady, atasynyň ady)</td></tr>
<tr><td>10</td><td>Gerek dälini çyzmaly</td><td>Şu habarnama:<br>_______________ _______________ _____________________________<br>(alnandygy barada bellik, giriş belgisi we senesi) (alnandygy barada goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)<br><br>200_-nji/njy__aýynyň «__» berlendigini habar etmek bilen poçta bilen iberildi</td></tr>
</table>

Salgyt töleýji salgyt hasabyna goýulmak üçin talap edilýän maglumatlaryň *(4.5,4.6 we 4.9-njy goşundylary)* üýtgänligi barada üýtgetmeler hasaba alnan gününden başlap, 10 gün möhletiň içinde salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt edarasyny habarly etmeli.

Edara görnüşli tarap ýapylan halatynda, şol sanda mümkinçiliksiz (batan) ýa-da gaýtadan guralan diýlip yglan edilende, şahamçany ýa-da wekilhanany ýapmak, hemişelik wekilhananyň üsti bilen iş alyp barmagy bes etmek barada çözgüt kabul edilende (daşary ýurtly edara görnüşli taraplar üçin), Türkmenistanda salgyt salynýan binýat bolup durýan gozgalmaýan emläk babatynda daşary ýurt edara görnüşli tarapy salgyt töleýji diýip ykrar etmek üçin esasyň ýiten halatynda, şeýle tarap degişli çözgüt kabul edilen gününden başlap, on günden gijä galman, salgyt hasabyndan çykarmak baradaky arzany iki nusgada hasapda duran ýeri boýunça salgyt gullugyna bermäge borçludyr *(4.13-nji goşundy)*.

*4.13-nji goşundy*

________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugyna
*(arza berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

**Edara görnüşli tarapy salgyt hasabyndan çykarylmak hakynda**
**Arza**

Aşakda görkezilen salgy boýunça ýerleşen şu edara görnüşli taraplary

________________________________________________________
*(edara görnüşli tarapyň doly ady)*

salgyt hasabyndan çykarmygyňyzy haýyş edýärin.

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. Poçta indeksi | | 2. Welaýat | | | | |
| 3. Etrap | | 4. Şäher | | | | |
| 5. Şäherçe ilatly oba ýerleri | | | 6. Etrapça | | | |
| 7. Şaýoly, köçe, geçelge | | 8. Jaý | 9. Toplum | | 10. Öý | |

Hususy salgyt belgisi

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | |

Şu esasda: *(bar bolan esaslaryň garşysyndaky inedördülde X belgisini goýmaly)*

1 ☐ Edara görnüşli tarapyň ýapylmagy ýa-da gaýtadan guralmagy

2 ☐ Şahamçany ýa-da wekilhanany ýapmak hakynda çözgüdiň kabul edilmegi

3 ☐ Daşary ýurt edara görnüşli tarapyň Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik wekilhananyň üsti bilen işini besetmegi.

4 ☐ Türkmenistanda salgyt salmagyň binýady bolup duran gozgalmaýan emläk babatynda daşary ýurt edara görnüşli tarapy salgyt töleýji diýip ykrar etmek üçin esasyň ýitmegi

5 ☐ ________________________________________________
*(gaýry esas görkezmeli)*

Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy ________ ________________________
*(goly)* *(familiýasy, ady atasynyň ady)*

Düzülen senesi: 200___ýylyň________________aýynyň “___

*Döwlet salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan boldurylýar*

Resminamalary kabul etdi ________ ____________________________
*(goly)* *(Salgyt gullugynyň işgäriniň a.a.a.f.)*

Alnan senesi: 200__ýylyň_____________aýynyň “____”_________

***Bellik:*** *5-nji we 7-nji bölümlerdäki salgylar doldurylanda gereklisiniň aşagyny çyzmaly.*

Bilelikdäki işi amala aşyrmak bes edilende şereketi salgyt hasabyndan çykarmak hakyndaky arza berilýär *(4.14-nji goşundy)*.

*4.14-nji goşundy*

________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugyna

*(arza berilýän Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

**Bilelikdäki işi (şereketi) amala aşyrýan taraplary salgyt hasabyndan çykarylmak hakynda**

**Arza**

Aşakda görkezilen taraplardan ybarat bolan şereketi salgyt hasabyndan çykarmagyňyzy haýyş edýärin

_______________________________________________________________

______________________________

_______________________________________________________________

______________________________

_______________________________________________________________

______________________________

(edara görnüşli taraplaryň doly ady, şahsy taraplaryň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Wagtlaýyn hususy salgyt belgisi

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | |

Salgyt hasabyndan çykarmak üçin esas:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | | Bilelikdäki işi alyp barmagy (şereketi) bes etmek. |
| 2 | | _____________________________________<br>_____________________<br>*(goly esas görkezmeli)* |

Şereketiň jogapkär tarapy ___________

_____________________________________

*(goly)* *(familiýasy, ady atasynyň ady)*

Düzülen senesi 200__ýylyň_____aýynyň “___”

*Döwlet salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan doldurylýar*

Arzany kabul etdi: ______________________ ________

*(Salgyt gullugynyň işgäriniň a.a.a.f.)* *(goly)*

Alnan senesi: 200__ýylyň____________aýynyň “____”

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa goýumlary baradaky döwlet gullugynyň Edara görnüşindäki taraplary döwlet tarapyndan hasaba alyş gullugynyň degişli resminamalary (ýapmak ýa-da işi bes etmek şol gulluk tarapyndan bellige alynmaly bolan ýagdaýynda) arza goşulýar, jemgyýetçilik guramalary boýunça Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň degişli resminamalary arza goşulýar.

Şunda Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap hem Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugynyň ýa-da şol tarap salgyt töleýji diýlip ykrar edilen gaýry hukuklaryň bes edilmegi bilen baglylykda, salgyt hasabyndan çykarmak baradaky arza şeýle hukuk bes edilen gününden başlap, 10 günüň dowamynda berilýär.

Salgyt töleýji ýokarda görkezilen ýagdaýlarda berlen arzanyň esasynda hem-de Türkmenistanyň döwlet býujetine salgytlar we beýleki hökmany tölegler boýunça berginiň bolmadyk ýagdaýynda salgyt hasabyndan çykarylmaga degişlidir.

Salgyt hasabyndan çykarmak salgyt töleýji tarapyndan degişli arzanyň berlen gününden başlap, üç gün möhletiň içinde amala aşyrylýar. Şol möhletiň içinde salgyt töleýjä salgyt gullugy edaralary onuň salgyt hasabyndan çykarylandygy hakynda habarnamany iberýär *(4.15-nji goşundy).*

*4.15-nji goşundy*

**Edara görnüşli tarapyň salgyt hasabyndan çykarylandygy hakynda**

**HABARNAMA**

____________________________________boýunça Döwlet salgyt

*(salgyt edarasynyň ady)*

gullugy aşakda görkezilen salgyda ýerleşen

_______________________________________

*(edara görnüşli tarapyň doly ady)*

____________________________________________________________________

_______________salgyt hasabyndan çykarlandygy barada habar berýär:

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. Poçta indeksi | | 2. Welaýat | | | |
| 3. Etrap | | 4. Şäher | | | |
| 5. Şäherçe, ilatly oba ýerleri | | | | 6. Etrapça | |
| 7. Şaýoly, köçe, geçelge | | 8. Jaý | | 9. Şäher | 10. Öý |

Hususy salgyt belgisi

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | |

Salgyt hasabyndan çykarmak üçin esaslar

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

_______________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň başlygy

__________ *Möhür* ______________________ *(familiyasy, ady, atasynyň ady)*

*(goly)* *ýeri*

Habarnamanyň berlen senesi: 200__ýylyň_________aýynyň “____”

_______________

***Bellik:** 5-nji we 7-nji bölümlerdäki salgylar doldurylanda gereklisiniň aşagyny çyzmaly .*

Salgyt töleýjiniň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän ýeriniň ýa-da ýaşaýan ýeriniň üýtgedilen ýagdaýynda hem-de Türkmenistanyň çäklerinde täze ýerleşýän ýeri ýa-da ýaşaýan ýeri boýunça salgyt gullugynyň edarasyna ondan degişli arzanyň gowuşmagyndan soň, şol döwlet salgyt gullugynyň edarasy onuň ozalky salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça Döwlet salgyt gullugynyň edarasyna

resmi sowal bilen ýüz tutýar. Şol sowalnamanyň esasynda salgyt töleýjiniň salgyt hasabyna goýlan ozalky ýeri boýunça döwlet salgyt gullugynyň edarasy soragnamanyň gowşan gününden başlap 10 gün möhletiň içinde Türkmenistanyň çäklerinde täze ýerleşýän ýeri ýa-da ýaşaýan ýeri boýunça salgyt gullugynyň edarasyna şol salgyt töleýjiniň işini elektron görnüşdäki ýazgylar bilen bilelikde berýär.

## § 4.4. Döwlet salgyt sanawy we salgyt töleýjiniň hususy salgyt belgisi

Salgyt gullugy edaralarynda salgyt töleýjileri hasaba almagyň maglumatlarynyň esasynda şulardan ybarat Döwlet salgyt sanawy ýöredilýär:

- şahsy taraplaryň sanawy;
- edara görnüşli taraplaryň sanawy.

Döwlet salgyt sanawy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan ýöredilýär.

Döwlet salgyt sanawyndaky ýazgylar welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gulluklary tarapyndan berilýän maglumatyň esasynda girizilýär.

Döwlet salgyt sanawynyň görnüşlerindäki ýazgylar görkezilen döwlet salgyt gulluklaryndan maglumatlaryň alnan gününden soňky günden gijä galman girizilýär.

Döwlet salgyt sanawyna wagtlaýyn şahsy salgyt belgisi bolan salgyt töleýjileriň maglumatlary hem girizilýär.

Salgyt töleýjileriň her birine (eger-de ol salgyt töleýji hökmünde salgyt hasabynda durmadyk bolsa salgyt ýumuşçysyna) salgyt hasabyna goýmak haýsy ýerde amala aşyrylandygyna garamazdan, salgyt hukuk gatnaşyklarynda ony tanamaga mümkinçilik berýän, salgytlaryň ähli görnüşleri boýunça hem-de Türkmenistanyň tutuş çäklerinde ýeke-täk bolan salgyt töleýjiniň hemişelik hususy salgyt belgisi berilýär.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) hasaplaşyk-töleg resminamalarynda, beýannamalarda, arzalarda we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmek üçin ulanylýan gaýry resminamalarda özüniň hususy salgyt belgisini görkezmelidir.

Salgyt töleýji salgyt ýumuşçysyna öz hususy salgyt belgisini habar etmäge borçludyr.

Salgyt gullugy salgyt töleýjä iberýän ähli habarnamalarynda, hatlarynda we beýleki habarlarynda onuň hususy salgyt belgisini görkezýär.

Wagtlaýyn hususy salgyt belgisi şerekete, şeýle hem gaýry zerur ýagdaýlarda berilýär.

## § 4.5. Salgyt hasaby üçin maglumatlary bermek we salgyt hasabyna goýulmakdan boýun gaçyrylmagy üçin jogapkärçilik

Edara görnüşli taraplary (olaryň aýrybaşgalandyrylan düzüm birliklerini) döwlet belligine alýan edaralar bellige alnan (gaýtadan bellige alnan) ýa-da ýatyrylan (üýtgedilip gurlan) edara görnüşli taraplaryň (olaryň aýrybaşgalandyrylan düzüm birlikleriniň) bellige alnan (gaýtadan bellige alnan) ýa-da ýatyrylan (üýtgedilip gurlan) gününden başlap on günden gijä galman ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gulluklaryna habar bermäge borçludyrlar.

Howandarlyk we hossarlyk, terbiýeçilik, bejeriş edaralary, ilaty durmuş taýdan goramak edaralary we Türkmenistanyň kanunçy-lygyna laýyklykda howandarlyk, hossarlyk belleýän we edýän ýa--da hossarlyk edilýäniň emlägini dolandyrýan şonuň ýaly beýleki edaralar kazyýet tarapyndan işe ýarawsyz diýlip ykrar edilen şahsy taraplara howandarlyk etmegiň, işe ýarawsyzlaryň, beýleki kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy taraplaryň, kazyýet tarapyndan işe ukyplylygy çäklendirilen şahsy taraplaryň, öýde guramaçylykly lukmançylyk gözegçiligi görnüşinde hossarlyk ýola goýlan şahsy taraplaryň, kazyýet tarapyndan dereksiz ýiten diýlip ykrar edilen

şahsy taraplaryň emläklerini dolandyrmagyň ýola goýlandygy, şeýle hem görkezilen howandarlyk, hossarlyk etmek ýa-da emlägi dolandyrmak bilen baglanyşykly soňky üýtgemeler barada özüniň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugyna şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap bäş günden gijä galman habar bermäge borçludyrlar.

Şahsy taraplary ýaşaýan ýeri boýunça ýazgy edýän, şol sanda daşary döwletleriň raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk adamlary bellige alýan, şahsy taraplaryň dogulandygyny we dünýäden ötendigini bellige alýan edaralar şahsy taraplaryň ýaşaýan ýerleri boýunça ýazgy edilende we bellige alnandygy ýa-da merhum bolandygynyň bellige alnandygy barada bellige alnan aýyndan soňky aýyň 5-inden gijä galman, öz ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gulluklaryna habar bermäge borçludyrlar.

Şahadatnama, ygtyýarnama ýa-da ygtyýar beriji we bellige alyş häsiýetli resminamalary bermäge ygtyýarly edaralar şahadatnama, ygtyýarnama ýa-da ygtyýar beriji we bellige alyş häsiýetli beýleki resminama berlen (yzyna alnan ýa-da bes edilen) salgyt töleýjiler barada olaryň berlen (yzyna alnan ýa-da bes edilen) gününden başlap, on günüň dowamynda öz ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gullugynyň edaralaryna maglumat bermäge borçludyrlar.

Kepillendiriş hereketlerini amala aşyrmaga ygtyýarly edaralar (guramalar) miras alma hukugyň kepillendiriş taýdan tassyklanandygy hakynda öz ýerleşýän ýerleri boýunça salgyt gullugynyň edaralaryna, eger Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanu-nynda başga ýagdaýlar göz öňünde tutulmadyk bolsa, kepillendiriş taýdan tassyklanan gününden başlap bäş günden gijä galman habar bermäge borçludyrlar.

Salgyt hasabyna wagtynda goýulmak üçin jogapkärçilik salgyt töleýjileriň (wezipeli adamlaryň), şeýle hem bellenilen ýagdaýlarda salgyt ýumuşçysy diýlip hasaplanylýan adamlaryň (wezipeli adamlaryň) üstüne ýüklenilýär.

Salgyt hasabyna goýulmakdan boýun gaçyrýan adamlar babatynda Türkmenistanyň edara ediş hukuk tertibiniň bozulmagy hakyndaky Bitewi Kanunynda hem-de Türkmenistanda beýleki ulanylýan kanunçylyk namalarynda bellenilen jogapkärçilik çäreleri ulanylýar.

**«Salgyt töleýjileri hasaba» almak diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Kimler salgyt töleýjiler diýip hasaba goýmaga degişli?
2. Türkmenistanyň dahyllysy bolan edara görnüşli taraplar haýsy ýagdaýlarda hasaba goýmaga degişli?
3. Daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralaryz, halkara guramalaryň wekilhanalary hasaba goýmaga degişlimi, degişli bolsa subut ediň.
4. Zähmet ylalaşygy ýa-da raýat-hukuk häsiýetli şertnama boýunça işleýän şahsy taraplar, şol sanda daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk taraplary salgyt töleýji diýip hasaba goýmagyň tertibini düşündiriň.
5. Salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilen taraplar haýsy ýerde salgyt hasabyna goýulmaga degişli?
6. Salgyt ýumuşçysy özünde işleýän salgyt töleýjileri hasaba goýmak üçin haýsy resminamalary bermäge borçly?
7. Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap haýsy ýerde salgyt gullugy edarasynda hasaba goýulmaga degişli?
8. Salgyt töleýjiler hökmünde hasaba goýmagyň tertibini we möhletlerini düşündiriň.
9. Salgyt töleýjiler hökmünde hasaba alnanda haýsy maglumatlar talap edilýär?
10. Edara görnüşli tarap gaýtadan gurnalanda nähili resminamalar tabşyrylmaly?
11. Türkmenistana dahylsyz edara görnüşli tarap salgyt hasabyna goýlanda haýsy resminamalar berilýär?
12. Eger Türkmenistanyň dahylsyzy bolan edara görnüşli tarap salgyt gullugy edarasynda salgyt hasabynda durup, beýleki salgyt gullugy edarasynyň gözegçilik edýän çäginde täze şahamça ýa-da wekilhana açan halatynda salgyt hasabyna goýmak üçin nähili resminamalar talap edilýär?
13. Şerekete gatnaşyjylary salgyt hasabyna goýmak üçin nähili resminamalar talap edilýär?
14. Döwlet salgyt sanawy nämäni aňladýar we ony kim ýöredýär?
15. Salgyt hasaby üçin maglumatlary bermegiň möhletini düşündiriň.
16. Salgyt hasabyna goýulmakdan boýun gaçyrylmagy üçin nähili jogapkärçilik çekilýär?

# V BAP. SALGYDY TÖLEMEK BORJY WE ONY ÝERINE ÝETIRMEK

## § 5.1. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň döremegi we bes edilmegi

Salgyt tölemek boýunça borçlar salgyt töleýjide Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda salgydyň tölenmegi göz öňünde tutulýan ýagdaýlar ýüze çykan pursadyndan döreýär.

Salgyt tölemek boýunça borçlar aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:

- tölenmeli salgyt tölenende;
- salgyt töleýji merhum bolanda ýa-da Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi Kanuny tarapyndan bellenen tertipde onuň merhum bolandygy ykrar edilende;
- kazyýetiň çözgüdi boýunça;
- salgyt töleýjiniň gurpsuzdygy (batandygy) sebäpli edara görnüşli tarap ýatyrylanda;
- Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanuny tarapyndan salgyt tölemek boýunça borçlaryň bes edilmegi bilen baglanyşdyrylýan gaýry ýagdaýlar peýda bolanda *(5.1-nji şekil)*.

*5.1-nji şekil*

**Salgyt tölemek boýunça borçlar aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär**




## § 5.2. Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň nobatlylygy

Salgyt töleýjiniň bank edarasyndaky hasabynda özüniň ähli borçnamalaryny ýerine ýetirmäge pul serişdeleriniň ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, onuň salgytlary, maliýe jerimelerini we puşman pullaryny töletmek, şu aşakdaky borçnamalardan soň ýerine ýetirilýär:

- ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak; alimentleri tölemek boýunça tölegler;
- zähmet ylalaşygy (şertnamasy) esasynda, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen bagly raýat-hukuk häsiýetli beýleki ylalaşyklar boýunça işleýän, şeýle hem işgärlere awtorlyk ylalaşygy boýunça tölegleri we öwezini doluş pullaryny töle-

7. Sargyt № 2130

mek;
- döwlet pensiýalaryny we kömek pullaryny tölemek, ylalaşyk boýunça hökmany döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyny, pensiýa we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça geçirmeler;
- salgyt töleýjä degişli emlägi girew goýmak bilen üpjün edilen, karzdarlaryň talaplarynyň öwezini dolmak.

## § 5.3. Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmek

Salgyt nagt pul serişdeleri, şol sanda pul ibermek tertibinde we tölemegiň nagt däl görnüşinde tölenip bilner *(5.2-nji şekil )*.

*5.2-nji şekil*

**Salgydy tölemegiň görnüşleri**




Nagt pul serişdesi bilen tölenende salgydyň bellenen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip şol pul serişdeleriniň banka geçirilen güni hasap edilýär.

Nagt däl pul serişdeleri bilen tölenende salgydyň bellenen pul möçberiniň we onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip şol pul serişdelerini bankyň salgyt töleýjiniň hasabyndan öçüren güni hasap edilýär.

Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt tutulyp alnanda salgydyň bellenen pul möçberini salgyt töleýjiniň tölän güni diýlip salgydyň tutulyp alnan güni hasap edilýär.

Salgydyň bellenen pul möçberiniň we onuň bir böleginiň tölenen

güni diýlip salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň) ýa-da kazyýetiň artyk tölenen ýa-da artyk tutulyp alnan salgydy hasaplaşmak barada çözgüt çykaran güni hasap edilýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägine jerime salnanda ýa-da üçünji tarapa jerime salnanda salgydyň bellenen pul möçberiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenen güni diýlip hasap edilýär.

Tutulyp alynmadyk salgyt salgyt töleýjilerden aşakdaky ýagdaýlarda tutulyp ýa-da talap edilip bilner:

- salgydyň tutulyp alynmandygy ýüze çykarylan aýyndan öňki üç aýyň içinde şahsy tarapyň geçiren tölegleriden;
- salgydyň tutulyp alynmandygy ýüze çykarylan ýylyndan öňki bäş ýylda edara görnüşli tarapyň geçiren töleglerinden.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmezligi ýa-da doly ýerine ýetirmezligi salgyt gullugy tarapyndan salgyt we degişli maliýe jerimelerini tölemek barada talap bildirmäge, salgyt tölemek borçlaryny ýerine ýetirmegi üpjün edýän çäreleri görmäge esas bolup biler.

### a) salgyt gullygynyň (gümrük gullugynyň) çözgüdinden şikaýat edilende salgydy tölemek

Salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan salgydyň bellenen pul möçberi babatynda şikaýat edilende onuň jedelleşilmeýän pul möçberini tölemek boýunça borçlar salgyt töleýji tarapyndan ýerine ýetirilmelidir. Salgydyň jedelleşilmeýän pul möçberi arza salgyt gullugynda we kazyýetde seredilýän döwrüniň dowamynda tölenmeýär, emma bu onuň bellenen gününden başlap alty aýdan köp bolmaly däldir. Ýokarda görkezilen edaralaryň arza seredýän döwri muňa girmeýär, bellenen salgydyň ählisiniň ýa-da onuň bir böleginiň tölenmezligi salgyt töleýjini şol salgydy wagtynda tölemändigi üçin puşman tölegini tölemekden boşatmaýar.

Salgydy tölemek boýunça borçlar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda şeýle borçlary ýerine ýetirmegi üpjün edýän çäreler salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan salgydyň jedelleşilýän pul möçberi babatynda kepil geçmekligi talap etmäge hukugy bardyr. Salgydy töleýji

tarapyndan görkezilen talaplary ýerine ýetirmegiň mümkin bolmadyk halatynda, onuň salgydy tölemek boýunça borjy jedelleşilýän möçber babatynda ýerine ýetirilmelidir.

Salgydyň jedelleşilýän pul möçberini doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak barada çözgüt kabul edilende, salgyt töleýjiniň ýatyrylan salgydy tölemändigi üçin tölän puşman tölegini yzyna gaýtarmaklygyň tertibini 6-njy soragmyzda seredip geçeris.

## b) salgyt töleýjiniň tabşyryklaryny we salgyt gullugynyň edarasynyň talaplaryny ýerine ýetirmek boýunça bank edaralarynyň borçlary

Bank edarasy salgyt töleýjiniň (sagyt ýumuşçysynyň) bank edarasyndaky islendik hasaplarynda bar bolan pul serişdeleriniň möçberinde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgydy geçirmek baradaky töleg tabşyrygyny kabul etmäge borçludyr.

Salgyt gullugynyň salgytlaryň pul möçberlerini geçirmek baradaky töleg talaplanamasy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplarynda pul serişdesiniň bardygyna, ýokdugyna garamazdan bank edarasy tarapyndan kabul edilýär.

Salgytlaryň pul möçberini geçirmek boýunça töleg talapnamasy IV babyň 2-nji soragyndaky seredilen düzgünleri göz öňünde tutulyp, bank edarasy tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Bank edarasy tarapyndan salgydy geçirmek üçin töleg talapnamasy (tabşyrygy) alnan gününde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplarynda pul serişdeleri ýetmezçilik eden halatynda ýa-da ýok bolanda, töleg talapnamasy (tabşyrygy) şol hasap lara pul serişdeleriniň gelip gowşuşyna görä, puluň gelip gowşan gününden soňky günden gijä galman ýerine ýetirilýär.

Bu düzgünler salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidarlary bolup durýan üçünji tarapyň tölenmedik salgydynyň möçberi töletdirilende-de ulanylýar.

Bank edarasy tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet býujetine alynýan salgytlary (ýygymlary we paçlary) geçirmek boýunça amal lar hiç bir töleg almazdan geçirilýär.

### ç) artyk tölenen salgydy hasaplaşmak we yzyna gaýtarmak

Eger salgyt töleýji tarapyndan tölenen salgydyň pul möçberi kesgitlenen möçberden artyk bolanda, salgyt töleýji hökmünde hasaba goýlan ýeri boýunça salgyt gullugy, degişli ýagdaýlarda bolsa gümrük gullugy şu aşakdaky işleri geçirýärler:

a) salgyt töleýjini ýazmaça habarly etmek bilen, beýleki islendik salgyt, şeýle hem maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça berginiň hasabyna artykmaç tölenen salgytdan hasaplaşyk geçirýär. Hasaplaşyk bergiler bar bolanda (ýa-da artykmaç tölenen salgyt bar bolanda dörän bergilerde) artykmaç salgydyň dörän gününiň ertesi gijä galman geçirilýär;

b) beýleki salgytlar, şeýle hem maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergiler bolmadyk ýagdaýynda, salgyt töleýjiniň ýazmaça arza beren pursadyndan başlap on gün möhletde tölenen salgydyň artygyny salgyt töleýjä gaýtaryp bermek barada maliýe edarasyna netijenama berilýär.

Salgyt gullugy (gümrük gullugy) artyk tölenen salgyt boýunça hasaplaşyk geçirilendigi barada salgyt töleýjä şeýle hasaplaşygyň geçirilen gününden soňky günden gijä galman habar bermäge borçludyr.

Artyk tölenen salgydyň möçberini yzyna gaýtarmak salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň) netijenamasynyň esasynda degişli maliýe edarasy tarapyndan şeýle netijenama alnan gününden başlap ýigrimi günüň dowamynda geçirilýär.

Salgydyň artyk tölenen ýa-da tutulyp alnan pul möçberi öz wagtynda gaýtarylmasa, her bir duşdan geçirilen gün üçin görkezilen pul möçberiniň 0,03 göterimini hasaplap ýazmak bilen geçirilýär.

Salgyt töleýjiniň salgydyň artyk tölenen (tutulyp alnan) degişli salgyt ýylyndan soňky bäş ýylyň dowamynda artyk tölenen salgydyň yzyna gaýtarylmagyny talap etmäge hukugy bardyr. Salgyt gullugynyň kabul eden çözgütlerinden şikaýat edilen halatynda, görkezilen möhlet şikaýata garalýan döwre görä togtadylýar.

**d) salgyt töleýji – edara görnüşli tarap ýatyrylanda salgyt tölemek**

Salgyt töleýji edara görnüşli tarap ýatyrylanda salgyt tölemek borçlary onuň pul serişdesiniň, şol sanda oňa degişli emlägi satmakdan alnan serişdeleriň hasabyna ýatyryjy topar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Eger ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň pul serişdeleri salgytlary tölemek üçin ýeterlik bolmasa, eger kanuna ýa-da esaslandyryjy resminamalara laýyklykda onuň borçnamalary boýunça esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) jogapkärçilik çekýän bolsalar, galan bergileri şolar tarapyndan üzülmelidir.

Esaslandyryjylar (gatnaşyjylar) tarapyndan ýatyrylýan edara görnüşli tarap babatynda borçnamalary ýerine ýetirilenden soň galýan bergiler üzülmegine umyt bolmadyk bergi hasap edilýär we bellenen tertipde hasapdan öçürilýär.

Ýatyrylýan edara görnüşli tarapyň salgytlary tölemek boýunça borçlary ýatyrmak işi başlanandan soň iki aýdan gijä galman ýerine ýetirilýär. Salgyt gullugynyň ýeterlik esas bolanda, görkezilen möhleti uzaltmaga, emma bir aýdan köp bolmadyk möhlete uzaltmaga hukugy bardyr.

**e) salgyt töleýji – edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda salgyt tölemek**

Salgyt töleýji edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda salgyt tölemek borjy şu aşakdaky ýagdaýlarda ýerine ýetirilýär:

- ***Üýtgedilip guralmaga degişli salgyt töleýjiden*** – edara görnüşli tarapdan alynmaly salgytlary tölemek onuň hukuk mirasdüşeriniň üstüne ýüklenýär. Şunda üýtgedilip guralýan şunuň ýaly edara görnüşli tarapyň salgyt tölemek borçlary hukuk mirasdüşerine üýtgedilip guralan edara görnüşli tarapyň salgyt tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmändiginiň ýa-da doly ýerine ýetirilmändiginiň üýtgedip gurmak tamamlanýança mälim bolandygyna ýa-da bolmandygyna garamazdan döreýär.

- ***Birnäçe hukuk mirasdüşerleri bolan halatynda,*** salgyt tölemek boýunça borçlary şeýle edara görnüşli tarap üçin her bir mirasdüşeriň paýy bölüniş balansyna ýa-da bölüniş baradaky başga bir ykrarhatyna laýyklykda kesgitlenýär.
- ***Edara görnüşli tarapyň üýtgedilip guralmagy*** şu edara görnüşli tarapyň hukuk mirasdüşeriniň sagyt tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmeli möhletini üýtgetmeýär.
- ***Edara görnüşli tarapyň guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgedilende*** (hususylaşdyrmakdan başga halatlarda) onuň salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri diýlip döredilýän edara görnüşli tarap ykrar edilýär.
- ***Birnäçe edara görnüşli taraplar goşulanda*** olaryň salgytlary tölemek boýunça mirasdüşeri diýlip şeýle goşulma geçirilende döreýän edara görnüşli tarap ykrar edilýär.
- ***Edara görnüşli tarapyň biriniň beýleki bir edara görnüşli tarapa goşulan halatynda*** salgyt tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri diýip olaryň birikdirilen edara görnüşli tarapy ykrar edilýär.
- ***Edara görnüşli tarap bölünende*** salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşeri diýlip döredilýän edara görnüşli tarap- lar ykrar edilýär.
- ***Edara görnüşli tarapyň birinden*** bir ýa-da birnäçe edara görnüşli taraplar üçin salgytlary tölemek boýunça hukuk mirasdüşerligi döremeýär. Düzüminden bölünip aýrylmak bolup geçen edara görnüşli tarapa hem ýeňillikler degişli bolmaýar.

Şeýle üýtgedip guramagyň salgyt tölemek borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga gönükdirilendigi barada ýeterlik esaslar bolanda, salgyt gullugy bölünip aýrylan edara görnüşli tarapdan üýtgedilip guralan edaranyň salgytlaryny tölemegini talap etmäge haklydyr.

## d) şahsy tarap merhum bolanda salgyt boýunça bergileri tölemek

Şahsy tarap merhum bolan ýagdaýynda onuň salgyt boýunça bergileri emläginiň mirasdary bolan hukuk mirasdüşeriniň (mirasdüşerleriniň) üstüne ýüklenýär. Tölenmedik salgydyň pul möçberi hukuk mirasdüşeri (hukuk mirasdüşerleri) tarapyndan miras paýlaryna görä, Türkmenistanyň Saparmyrat Türkmenbaşynyň Raýat Bitewi kanunyna laýyklykda, miras kabul edilen gününden başlap alty aýdan gijä galman tölenmäge degişlidir.

Şunda hukuk mirasdüşerinde (hukuk mirasdüşerlerinde) merhum bolan şahsy tarapyň tölemedik jerimelerini we puşman töleglerini tölemek boýunça borçlary döremeýär. Bu bergi ygtybarsyz diýlip hasap edilýär we „Salgytlar hakynda“ Bitewi Kanunyň „Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürmek” hakynda 57-nji maddasynda bellenilen tertipde hasapdan öçürilmäge degişlidir.

Merhum bolan şahsy tarapyň ýaşan we onuň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça salgyt gullugy onuň merhum bolandygy barada habar alandan soň bäş günüň içinde merhum bolan şahsy tarapyň salgyt boýunça bergisiniň, mirasynyň bardygy barada iş açan kepillendiriş edarasyna habar bermäge borçludyr. Miras barada iş açan kepillendiriş edarasy görkezilen maglumaty, mirasdaryň (mirasdarlaryň) dykgatyna ýetirmelidir we miras kabul edilen ýagdaýynda, merhum bolan şahsy tarapyň salgydynyň tölenmän galan pul möçberini onuň ýerine tölemek borçlaryny oňa (olara) habar bermelidir.

Mirasdar (mirasdarlar) bolmadyk ýagdaýynda ýa-da mirasdar (mirasdarlar) mirasy kabul etmekden boýun gaçyran halatynda, şahsy tarap merhum bolan ýagdaýynda salgydyň tölenmedik pul möçberi üzüljegine umyt bolmadyk bergi diýlip ykrar edilýär hem-de Bitewi Kanunynda bellenen tertipde hasapdan öçürilýär.

### f) dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk şahsy tarapyň ýerine salgyt tölemek

Kazyýet tarapyndan dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen şahsy tarapyň ýerine, onuň şeýledigi ykrar edilen günündäki ýagdaýa görä, salgytlary, şeýle hem maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek borçlaryny, şol emlägiň hasabyna, dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen tarapyň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarap ýerine ýetirýär. Salgydyň tölenmedik pul möçberi, şeýle hem görkezilen maliýe jerimeleri we puşman tölegleri, dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen tarapyň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarapyň bellenen gününden başlap üç aýdan gijä galman tölenmelidir.

Degişli salgyt gullugy şahsy tarapyň dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen gününden başlap bäş gün möhletde onuň emlägini dolandyrmaga ygtyýar berlen tarapa şol tarapyň salgyt boýunça bergileriniň, tölenmedik maliýe jerimeleriniň we puşman töleglериniň bardygy hakynda habar bermäge borçludyr.

Şahsy tarap dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen pursadyndan onuň emlägine eýeçilik etmäge ygtyýarly tarapyň bellenen gününe çenli hasaplanan maliýe jerimeler we puşman tölegleri Bitewi Kanunyň 57-nji maddasynda bellenen tertipde hasapdan öçürilýär.

Bellenen tertipde dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlip ykrar edilen şahsy tarapyň salgyt boýunça bergilerini, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini üzmäge şol şahsy tarapyň emläginiň ýeterlik (ýok) bolmadyk halatynda, onuň salgyt borçlarynyň, tölenmeli maliýe jerimeleriniň we puşman töleglериniň görkezilen emläginiň bahasyndan artyk bölegi üzüljegine umyt bolmadyk bergi hasap edilýär we Bitewi Kanunyň 57-nji maddasynda bellenen tertipde hasapdan öçürilýär.

Şahsy tarapy dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýlen çözgüdi ýatyrmak barada çözgüt bellenilen tertipde kabul edi-

lende, eger hak isleginiň wagt möhleti geçmedik bolsa, şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça öň hasapdan öçürilen bergiler gaýtadan dikeldilýär.

**«Salgydy tölemek» borjy we ony ýerine ýetirmek" diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Haýsy ýagdaýlarda salgyt tölemek borjy ýüze çykýar?
2. Salgyt tölemek borçlarynyň bes edilmeginiň tertibini düşündiriň.
3. Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň nobatlylygyny beýan ediň.
4. Salgyt nähili tertipde tölenilip bilner.
5. Tutulyp alynmadyk salgyt salgyt töleýjilerden nähili tertipde tutulyp ýa-da talap edilip bilner.
6. Salgyt töleýjiler salgyt gulluklarynyň çözgüdini şikaýat edenlerinde salgydy tölemegiň tertibini düşündiriň.
7. Salgyt töleýjileriň tabşyryklaryny we salgyt gullugy edaralarynyň talaplaryny ýerine ýetirmek babatynda bank edaralarynyň borçlaryny beýan ediň.
8. Salgyt töleýjileriň artyk tölän salgydyny hasaplamagyň we yzyna gaýtarmagyň tertibini düşündiriň.
9. Salgyt töleýji-edara görnüşli tarap ýatyrylanda salgyt tölemek borçlarynyň kanuny binýadyny beýan ediň.
10. Salgyt töleýji- edara görnüşli tarap üýtgedilip guralanda salgyt tölemek borjy kimiň üstüne ýüklenýär?
11. Şahsy tarap merhum bolanda salgyt boýunça bergini tölemek borjunyň hukuk esaslaryny düşündiriň.
12. Dereksiz ýok bolan ýa-da kämillik ukyby bolmadyk şahsy tarapyň ýerine salgyt tölemegiň tertibini beýan ediň.

# VI BAP. SALGYTLARY, MALIÝE JERIMELERINI WE PUŞMAN TÖLEGLERINI TÖLEMEGIŇ, HASAPDAN ÖÇÜRMEGIŇ MÖHLETLERINI ÜÝTGETMEK

## § 6.1. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň möhletlerini üýtgetmek

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň bellenen möhletiniň has giç möhlete geçirilmegi, olaryň tölenmeli möhletleriniň üýtgedilmegi diýlip hasap edilýär.

Salgydy, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy üçin maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň möhletlerini üýtgetmek salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşman tölegleriniň tölemäge degişli pul möçberleriniň ählisini ýa-da olaryň bir bölegini tölemegiň möhletlerini yza süýşürmek, ýa-da tölegleri möhletlere bölüp üzmek görnüşinde, berginiň pul möçberini, degişlilikde, birwagtda ýa-da tapgyrlara bölüp tölemek bilen amala aşyrylýar.

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň möhletini üýtgetmek hakyndaky çözgütler kabul etmekligiň tertibi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bir ýyla çenli möhleti yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek görnüşinde;
- Türkmenistanyň Gümrük gullugy we onuň ýerlerdäki edaralary tarapyndan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda 30 günden köp bolmadyk wagta möhleti yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek görnüşinde kabul edilýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti salgytlary, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek bilen baglanyşykly möhletleri yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek barada has uzak döwürleri göz öňünde tutýan çözgüdi kabul etmeklige hukugy bardyr *(6.1-nji şekil ).*

*6.1-nji şekil*

**Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň möhletini üýtgetmek hakyndaky çözgütleri kabul etmekligiň tertibi**

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň möhletini üýtgetmek hakyndaky çözgütleri kabul etmekligiň tertibi

↓

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bir ýyla çenli möhleti yza süýsürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek görnüşinde

↓

Türkmenistanynyň Gümrük gullugy we onuň ýerlerdäki edaralary tarapyndan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda 30 günden köp bolmadyk wagta möhleti yza süýsürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek görnüşinde

↓

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça möhletleri yza süýşürmek ýa-da böleklere bölüp tölemek barada has uzak döwürleri göz öňünde tutýan çözgüdi kabul etmäge

## § 6.2. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek boýunça möhleti yza süýşürmegiň ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň tertibi

Salgyt töleýjä salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşman tölegleriniň tölenmeli möhletini yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge şu aşakdaky ýagdaýlar esas bolup biler:

a) tebigy hadysalaryň, tehnogen betbagtçylyklaryň ýa-da gaýry ýeňip geçip bolmajak güýçleriň netijesinde zyýan ýetirilmegi;

b) Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirmegiň bökdelmegi;

ç) salgyt tölegini bir wagtlaýyn töleýän halatynda salgyt töleýjä batmak howpy abananda, önümçilik işi togtadylanda ýa-da bozulanda;

d) şahsy tarapyň emläk ýagdaýy bir wagtlaýyn salgydy tölemäge mümkinçilik bermese;

e) harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki esaslar bolanda *(6.2-nji şekil )*.

*6.2-nji şekil*

**Salgyt töleýjä salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşman tölegleriniň tölenmeli möhletini yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge esaslar**



Aşakdaky ýagdaýlarda salgyt töleýjiniň sagydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemeli möhleti yza süýşürilip ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlip bilinmez:

**1)** Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmagy bilen baglanyşykly jenaýat alamtlary bolup, onuň garşysyna jenaýat işi gozgalanda;

**2)** Salgyt töleýji pul serişdesini ýa-da salgyt salynmaga degişli gaýry emlägini gizlemek üçin şol üýtgetmelerden peýdalanmakçy ýa-da bu tarapyň hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäklerinden çykyp gitmekçi bolýandygy barada pikir etmäge ýeterlik esaslar bolanda *(6.3-nji şekil )*.

*6.3-nji şekil*

**Salgyt töleýjiniň sagydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemeli möhleti yza süýşürilip ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berilmeýän ýagdaýlar**




Tölenmeli möhleti yza süýşürilen ýa-da onuň möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlen salgydyň pul möçberine möhletiň yza süýşürilmeginiň ýa-da böleklere bölüp tölemek mümkinçiligi döwründe puşman tölegi hasaplanyp ýazylmaýar.

Salgyt töleýjiniň salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere böüp tölemek mümkinçiligini bermek baradaky esaslar görkezilen we zerur resminamalar goşulan arzasy şeýle çözgüdi kabul etmäge ygtyýarly edara berilýär.

Soragyň „b“, „ç“, „d“, we „e“ bölümlerinde görkezilen esaslar boýunça salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek, salgyt töleýjiniň emlägi girewine goýmak ýa-da tölemäge ukyply tarapyň kepil geçmegi bilen berlip bilner. Şunda tölegleriň möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek baradaky arzanyň ýanyna girew goýuljak emläkler ýa-da kepil geçilýändigi baradaky resminamalar goşulmalydyr.

Salgydy, maliýe jerimesini we puşman töleglerini tölemek möhletlerini yza süýşürmek ýa-da ondan boýun gaçyrmak baradaky çözgüt salgyt töleýjiniň arzasy alnan gününden başlap bäş günüň dowamynda ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilýär. Şu soragyň „a“ bendinde görkezilen esaslar boýunça ygtyýarly edaranyň salgyt töleýjä ýetirilen zyýanyň möçberinden artyk bolmadyk pul möçberde oňa salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermekden boýun gaçyrmaga haky ýokdur.

Möhleti yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek hakyndaky çözgütde tölenmeli möhleti yza süýşürilen ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlen salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşman tölegleriniň görnüşleri we olaryň pul möçberi, olary tölemegiň möhleti we tertibi, şeýle hem degişli ýagdaýlarda, girew goýlan emläk ýa-da kepil geçmek baradaky maglumatlar beýan edilmelidir. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere böüp tölemek mümkinçiligini bermezlik baradaky çözgütde onuň sebäpleri we esaslary beýan edilmelidir. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek ýa-da bermezlik hakyndaky çözgüt

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjä we onuň hasapda duran ýeri boýunça salgyt gullugyna şeýle çözgüt kabul edilen gününden başlap üç günüň dowamynda iberilýär.

*Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmek* degişli çözgüdiň hereket edýän möhletiniň tamamlanmandygy ýa-da şeýle möhletiň tamamlanmagyna çenli möhletinden öň bes edilip bilner.

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi salgyt töleýji tarapyndan ähli bergiler bellenen möhlet tamamlanýança üzülen ýagdaýynda möhletinden öň bes edilýär.

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermek baradaky çözgüt salgyt töleýjide şu temanyň 1 we 2 - nji bentlerindäki görkezilen ýagdaýlar ýüze çykarylanda ýatyrylmaga degişlidir.

Salgyt töleýji tarapyndan salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmegiň ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bermegiň şertleri bozulanda, degişli ygtyýarly edaranyň çözgüdi bilen, onuň güýji möhletinden öň bes edilmäge degişlidir.

Şeýle ýagdaýlarda salgyt töleýji degişli çözgüdi alan gününden soň bäs günüň dowamynda, çözgüdiň kabul edilen gününe çenli salgydyň maliýe jerimeleriniň we puşman tölegleriniň tölenmedik pul möçberini tölemäge borçludyr.

Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligini bes etmek hakyndaky çözgüt ygtyýarly edara tarapyndan salgyt töleýjä, onuň salgyt hasabyna goýlan ýeri boýunça salgyt gullugyna şeýle çözgüdiň kabul edilen gününden başlap üç günüň dowamynda ýazmaça görnüşde ýetirilmelidir.

## § 6.3. Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürmek

Eger salgyt, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergiler üzüljegine umyt ýok diýlip ykrar edilse, ol Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi boýunça hasapdan öçürilýär.

Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergiler şu aşakdaky ýagdaýlarda üzüljegine umyt ýok diýlip hasap edilýär:

- salgydy töletmek boýunça hak islegiň ýüze çykan pursadyndan başlap bäş ýylyň geçmegi;
- maliýe jerimeleriniň ulanylan wagtyndan bäri bäş ýylyň geçmegi;
- puşman tölegi ulanylan salgydyň bellenen ýa-da salgydyň möçberi goşmaça hasaplanyp ýazylan salgyt döwri tamamlanandan soň bäş ýylyň geçmegi;
- edara görnüşli tarap ýatyrylanda, şahsy tarap merhum bolsa, dereksiz ýok bolsa ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýip ykrar edilende;
- hususylaşdyrylýan kärhananyň salgyt, maliýe jerimeler we puşman tölegler boýunça bergileri, hususylaşdyrmak baradaky degişli çözgüt alnandan soň salgyt gullugy tarapyndan hasapdan öçürilýär.

Salgyt, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergiler, aýry-aýry halatlarda Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi boýunça hasapdan öçürilip bilner *(6.4-nji şekil).*

*6.4-nji şekil*

**Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergileriň üzüljegine umyt ýok diýlip hasap edilmeginiň tertibi**

Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergileriň üzüljegine umyt ýok diýlip hasap edilmeginiň tertibi

↓

salgydy tölemek boýunça hak islegiň ýüze çykan pursadyndan başlap bäş ýylyň geçmegi

↓

maliýe jerimeleriniň ulanylan wagtyndan bäri bäş ýylyň geçmegi

↓

puşman tölegi ulanylan salgydyň bellenen ýa-da salgydyň möçberi goşmaça hasaplanyp ýazylan salgyt döwri tamamlanandan soň

↓

edara görnüşli tarap ýatyrylanda, şahsy tarap mehrum bolsa, dereksiz ýok bolsa ýa-da kämillik ukyby bolmadyk diýip ykrar edilen bolsa bäş ýylyň geçmegi

↓

hususylaşdyrylýan kärhananyň salgyt maliýe jerimeler we puşman tölegler boýunça bergileri, hususylaşdyrmak baradaky degişli çözgüt alnandan soň

↓

Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi boýunça

**« Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň, hasapdan öçürmegiň möhletlerini üýtgetmek » diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini töleme-giň möhletini üýtgetmegiň tertibini düşündiriň.
2. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň möhletini üýtgetmek hakyndaky çözgütleri kabul edýän taraplaryň hukuklaryny beýan ediň.
3. Haýsy ýagdaýlar salgyt töleýjä salgydy, maliýe jerimelerini we puşman tölegleriniň tölenmeli möhletini yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemäge esas bolup biler?
4. Salgyt töleýjä salgydy, maliýe jerimelerini we puşman
5. tölegleriniň tölemäge haýsy ýagdaýlar esas bolup bilýär.
6. Tölenmeli möhleti yza süýşürilen ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiligi berlen salgydyň pul möçberine puşman tölegleri hasaplanylýarmy?
7. Haýsy ýagdaýlar - salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman töleg leri boýunça üzüljegine umyt ýok diýip hasap edilýär?

# VII BAP. SALGYDY TÖLEMEK BOÝUNÇA BORÇLARYŇ ÝERINE ÝETIRILMEGINI ÜPJÜN ETMEK ÇÄRELERI

## § 7.1. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek

Salgyt töleýji salgyt kanunçylygynda görkezilen döwürlerde salgytlaryny tölemese, ýagny salgyt tölemek boýunça borçlaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýlarynda salgyt gulluklarynyň şu aşakdaky çäreleri amala aşyrmaga hukugy bardyr:

- bank edarasyna akseptsiz töleg talapnamasyny bermäge;
- emlägi girew goýmaga;
- kepil geçmäge;
- bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmaga;
- salgyt tölemegiň hasabyna üçünji tarapdan salgyt töleýjä (salgyt yumuşçysyna) degişli pul möçberini tutup almaga;
- emlägine jerime salmak bilen, şeýle emlägi dolandyrmak we peýdalanmak hukugyny gadagan etmäge;
- puşman tölegini salmaga *(7.1-nji şekil ).*

Görkezilen çäreler (puşman töleglerinden başga) salnan maliýe jerimelerini we hasaplanyp ýazylan puşman töleglerini tölemegi üpjün etmekde hem ulanylyp bilner.

## § 7.2. Bank edarasyna akseptsiz töleg talapnamasyny bermek

Bank edarasyna akseptsiz töleg talapnamasyny bermek arkaly salgydy tutup almak, salgydyň pul möçberiniň bellenen möhletinde salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan tölenmedik ýagdaýynda salgyt gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

Töleg talapnamasy salgyt tölemek boýunça ýerine ýetirmegiň bellenen möhleti tamamlanandan soň, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplary açylan bank edarasyna berilýär.

Töleg talapnamasy salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) karz pul we býujet hasaplaryndan başga, milli we daşary ýurt pulundaky islendik hasabyna berlip bilner.

*7.1-nji şekil*

**Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreler**



## § 7.3. Emlägi girewe goýmagyň we kepil geçmegiň ulanylmagy

Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi Kanunynyň 47, 55, 60-njy we 61-nji maddalaryna laýyklykda emlägi girewe goýmak we kepil geçmek salgytlary, maliýe jerimelerini hem-de puşmana töleglerini tölemegi üpjün etmegiň usullarynyň biri bolup durýar:

- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgydyň (maliýe jerimesiniň, puşmana töleginiň) möçberi barada şikaýat edilen mahaly;
- salgyt töleýjä salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini (şol sanda öňde tölenilmeli tölegler) tölemek boýunça möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiliginiň berlen mahaly.

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 47-nji maddasyna laýyklykda, salgyt gullugy tarapyndan salgydyň bellenen pul möçberi babatynda şikaýat edilende tölegleri tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreler görülmeýär. Şunda salgyt gullugynyň bellenilen salgydyň we maliýe jerimeleriniň tölenilmäge degişli möçberi babatda salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) emlägiň (pul serişdeleriniň) girewe goýulmagyny ýa-da kepil geçmekligi talap etmäge haky bardyr.

Görkezilen hukuk salgyt gullugy tarapyndan şu halatlarda:

- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt salynmagyndan boýun gaçyrmak meýillerine şaýatlyk edýän maglumatlar bolanda, ýa-da
- salgydyň tölenilmeli diýlip bellenilen möçberi şahsy adamlar üçin 3 müň manatdan, eýeçiligiň döwlete dahylsyz görnüşlerindäki edara görnüşindäki taraplar üçin 7,5 müň manatdan geçende ulanylyp bilner.

Salgyt gullugy salgydyň ýa-da maliýe jerimeleriniň tölenilmeli diýlip bellenilen möçberi babatda emlägi (pul serişdelerini) girewine goýulmagy hakyndaky talaby şikaýat alnandan soň üç günden giç

bolmadyk möhletde salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) iberýär. Şu halatda, emlägi girewe goýmak ýa-da kepil geçmeklik, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan, şeýle talaby alandan soň, bäş günden gijä galman resmileşdirilmelidir. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) görkezilen talaby ýerine ýetirmegi mümkin bolmadyk mahaly salgydy we maliýe jerimelerini tölemek boýunça borç tölenilmeli diýlip bellenilen möçberde ýerine ýetirilmelidir. Şeýle borçlar ýerine ýetirilmedik mahaly salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) salgydy (maliýe jerimelerini we puşman tölegini) tölemegi üpjün etmek boýunça bellenilen çäreler ulanylmalydyr.

VI babyň 2-nji soragynyň *«b», «ç», «d» we «e»* bölümlerinde görkezilen esaslar boýunça salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek baradaky möhleti yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek salgyt töleýjä onuň emlägi girewine goýlanda ýa bolmasa tölege ukyply tarapyň kepil geçmegi bar mahaly berlip bilner.

Esaslaryny görkezmek we zerur resminamalary goşmak bilen, salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek boýunça salgyt töleýjiniň möhleti yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek hakyndaky arzasy 3 gün möhletde, welaýat ýa-da Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugyny habardar etmek bilen, degişli çözgüdi kabul etmek üçin, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna iberilýär. Möhleti yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek hakyndaky mesele oňyn çözlen halatynda, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy emlägi girewine goýmak hakyndaky şertnamany baglaşmak üçin salgyt töleýjiniň salgyt babatda hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna bu barada dil üsti bilen habar berýär.

Şu halatda etrap (şäher) salgyt gullugy bilen salgyt töleýjiniň arasynda emlägi girewe goýmak hakyndaky şertnamasy baglaşylýar. Onuň göçürme nusgasy bolsa, bu barada welaýat we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugyny habardar etmek bilen, haýal edilmän Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna iberilýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy bäş iş günüň dowamynda bar bolan resminamalaryň we emlägi girewe goýmak

hakyndaky şertnamanyň esasynda ýörite bellenilen görnüş boýunça salgyt töleýjä möhleti yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek hakynda çözgüt çykarýar we ony salgyt gullugynyň degişli edarasyna iberýär.

Kepil geçmek şertnamasy hem şeýle tertipde we möhletlerde baglaşylýar.

Salgyt töleýjiniň emlägini girewe goýmagyny ýa-da kepil geçmegini resmileşdirmek boýunça görkezilen talaplary ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmadyk halatynda, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy salgydy (maliýe jerimelerini we puşmana töleglerini) tölemek boýunça möhleti yza süýşürmäge ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegi bermekden boýun gaçyrmaga haklydyr. Bu düzgünleri salgyt ýumuşçysy babatda ulanylmaýar.

***a) emlägi girewe goýmak***

Emlägi girewe goýmak babatda Türkmenistanyň Raýat Bitewi Kanunynyň 267-299-njy maddalarynyň düzgünleri we «Girew hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň, şeýle hem Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 47, 55-nji we 60-njy maddalarynyň düzgünleri ulanylýar.

Emlägi girewe goýmak çäresi salgyt borçlaryny ýerine ýetirmegi üpjün etmek, hökmünde harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhetlerinden geçirilmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli salgytlar babatynda, olary tölemegi üpjün etmegiň çäresi hökmünde Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen ulanylýar.

«Girew hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda raýat dolanyşygyndan alynmadyk islendik emläk (ýerler, kärhana, bina, desga, beýleki önümçilik gaznalary, daşary ýurt pulundaky we milli walýutadaky serişdeler, şol sanda Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň daşary ýurt pulundaky gymmatlyklary, ulag serişdeleri we başgalar), şolar barada tutup almak çäresini ulanmak we girew goýmak Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly gadagan edilmedik emläkler girewe goýulýan zatlar bolup biljekdigi göz öňünde tutulandyr. Olar salgyt töleglerini tölemegi üpjün etmek üçin hem degişli edilip bilner.

Salgyt gullugy tarapyndan bellenilen salgydyň (maliýe jerimeleriniň, puşman tölegleriniň) möçberi salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan şikaýat edilen mahaly, şeýle hem salgyt töleýjä salgydy, maliýe jerimelerini we puşmana tölegleri tölemek boýunça möhleti yza süýşürmek ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemek berlen mahaly, salgyt gullugy diňe geçginli aktiw bolup durýan emlägi girew hökmünde kabul etmelidir. Sunda girewiň möçberi salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) bilen ylalaşylyp, şeýle emlägi ýerlemek boýunça öňde mümkin boljak çykdajylaryň üstüni dolmak maksady bilen, salgydy, maliýe jerimelerini we puşman tölegleri tölemek boýunça berilýän möhleti yza süýşürmegiň ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň möçberinden 120 göterim möçberde kabul edilip bilner.

Emläk girewe goýlan mahaly girewe goýulýan zat özüne eýeçilik hukugynda ýa-da hojalygy ýöretmäge degişli bolan tarap girew goýujy bolup biler.

Haçan-da döwlet eýeçiligindäki edara görnüşindäki tarapa degişli esasy serişdeler girewe goýulýan zat bolan halatynda, salgyt gulluklary Maliýe ministrliginiň degişli rugsatnamasyny talap etmäge borçludyrlar. Şunda esasy serişdeler bolup durmaýan emläk girewe goýlan mahaly şol emlägiň eýesiniň rugsatnamasy ýeterlikdir. Salgyt borçnamasy ýerine ýetirilmedik mahaly girewe goýlan döwlet emlägine umumy esaslarda tutup almak bellenilýär.

Edara görnüşindäki tarapa emläk derhal dolandyrmak hukugynda berkidilen bolsa, onda şol emläk girewe goýlup bilinmez.

Edara görnüşindäki tarapa emläk hojalygy ýöretmek hukugynda berkidilen bolsa, onda şol edara görnüşindäki tarap emlägiň eýesiniň razylygy bilen, toplum hökmünde tutuş kärhanany, onuň düzüm birliklerini we bölümlerini, şeýle hem aýry-aýry binalary we desgalary girewe goýup biler.

Edara görnüşindäki tarapa emläk derhal dolandyrmak hukugynda berkidilen bolsa, onda şol tarapa rugsat berlen hojalyk işinden alan girdejileriň hasabyna satyn alnan emlägi ýa-da hukugy girew goýup biler.

Umumy eýeçiligi düzýän emläk diňe ähli eýeleriň razylygy bolan şertlerinde girewe goýulýan zat bolup biler.

Eýäniň umumy eýeçilik paýyndaky öz paýyny girew goýmagy, eger eýeçiligiň häsiýeti (onuň bölünmesi) muňa ýol berýän bolsa, beýleki eýeleriň razylygy talap edilmeýär.

Öýüň eýesi önuň bilen bile ýaşaýan maşgalanyň kämillik ýaşyna ýeten agzalarynyň razylygy bilen ony girewe goýup biler. Maşgala agzalarynyň öýi girewe goýmaga razylygy kepillendiriş taýdan resmileşdirilýär.

Özleriniň taryhy, medeni ýa-da başga hili gymmatlygy sebäpli, ýa-da döwlet howpsuzlygy nukdaýnazaryndan girewe goýlup bilinmejek desgalaryň sanawyny Türkmenistanyň Ministrler Kabineti belleýär.

Girewe goýlan emläge nyrh kesmek zerur halatlarda taraplaryň razylygy bilen garaşsyz bilermeni çekip, dahylly taraplar (salgyt gullugy we girew goýujy) tarapyndan geçirilýär.

Girew resmileşdirilen mahaly, salgyt gullugy girew goýulýan zadyň geljekde ýerleniljek mümkinçiligini göz öňünde tutup, onuň moral we fiziki taýdan könelmegini nazara almak bilen, girew goýulýan zadyň ýagdaýyna üns berilmelidir. Girew goýlan emläk, ätiýaçlandyrmak üçin çykdajylary girew goýuja degişli etmek bilen, ätiýaçlandyrylyp bilner.

Eger-de girewe goýlan zat girewe goýujynyň özünde galýan bolsa, onda girew goýujy girew goýlan zada onuň bitirýän hyzmatyna laýyklykda eýeleik edýär we ondan peýdalanýar.

Girewiň şu görnüşinde salgyt gullugynyň haky bardyr:

- resminamalar boýunça we hakyky ýagdaýda bar bolan girewe goýlan emlägi, onuň sanyny, ýagdaýyny we saklamak şertini barlamaga;
- girew goýujydan girew goýlan zady saklamak üçin zerur çäreleriň görülmegini talap etmäge;
- girew goýlan zada onuň ýitirilmegine ýa-da oňa zeper ýetmegine wehim salýan islendik hyýanat edilmeginiň bes edilmegini talap etmäge;
- girew goýlan zat ýitirilen ýa-da oňa zeper ýeten ýagdaýyn-

da, onuň dikeldilmegini ýa-da çalşylmagyny, ýa-da bolmasa tölegiň möhletiniň gelip ýetendigine garamazdan, salgytlar boýunça berginiň üzülmegini talap etmäge.

Girew goýujy salgyt gullugynyň öňünde şu aşakdakylara borçludyr:

a) emlägi girewe goýmak hakyndaky şertnamada göz öňünde tutulan ýa-da girew goýlan zadyň abat saklanylmagy üçin zerur ähli çäreleri görmäge;

b) özünde galdyrylan girew goýlan zady öz hasabyna doly möçberde ätiýaçlandyrmaga;

ç) salgyt gullugynyň günäsi bolan halatdan başga, girew goýlan emläk ýitirilen ýa-da oňa zeper ýeten mahaly bahasy girewe goýlan emlägiň bahasyndan pes bolmadyk emläk bilen girew goýlan emlägi çalyşmaga ýa-da dikeltmäge, ýa-da bolmasa tölegiň möhletiniň gelip ýetmegine garamazdan, salgyt babatdaky borçnamany (salgyt babatdaky berginiň degişli bölegini) ýerine ýetirmäge.

Girewe goýlan zady çalyşmaga diňe salgyt gullugynyň razylygy bilen ýol berilýär.

Girewe goýulýan zat bilen haýsydyr bir geleşikler, şol sanda berginiň möçberini üzmek maksady bilen girew goýujy tarapyndan amala aşyrylýan geleşikler diňe girewi saklaýjy (salgyt gullugy) bilen ylalaşylyp amala aşyrylyp bilner.

Eger girewe goýulýan zat, salgyt gullugynyň günäsi bolmazdan, ýitirilen bolsa we girew goýujy ony dikeltmedik we salgyt edarasynyň razylygy bilen bahasy boýunça deň başga bir emläk bilen çalyşmadyk bolsa, salgyt gullugynyň girew bilen üpjün edilen borçnamany möhletinden öň ýerine ýetirmegi talap etmäge haky bardyr.

Girew goýujy *«a»-«ç»* kiçi bölümleri bilen göz öňünde tutulan borçlary bozan halatynda, salgyt gullugy girew bilen üpjün edilen talabyň möhleti gelip ýetýänçä girewe goýlan emlägiň bahasyndan talaby kanagatlandyrmaga bolan hukugy edinýär.

Girew goýujy girew bilen üpjün edilen borçnamany bellenilen möhletlerde ýerine ýetirmedik mahaly salgyt gullugy girew goýlan emlägiň bahasyndan girew bilen üpjün edilen talaplary kanagatlandyrmak hukugyny alýar.

Girewine goýlan emläge tutup almak çäresini bellemek kazyýetiň çözgüdi boýunça ýa-da kepillendirijiniň ýerine ýetiriş ýazgysy esasynda jedelsiz tertipde geçirilýär.

Tutup almak çäresi esasynda girewine goýlan emlägi ýerlemek Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

Eger girewine goýlan zady ýerlemekden alnan pul möçberi girew bilen üpjün edilen talaplaryň möçberinden geçýän bolsa, onda şol aratapawut girewi berijä gaýtarylyp berilýär.

Girew goýujynyň islendik wagtda tutup almak çäresi esasynda girewe goýlan zat ýerlenýänçä girew bilen üpjün edilen borçnamany ýerine ýetirmek bilen tutup almak çäresini duruzmaga haky bardyr.

***b) kepil geçmek***

Kepil geçmeklik babatda Türkmenistanyň Raýat Bitewi Kanunynyň 931-945-nji maddalarynyň, şeýle hem «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 47, 55-nji we 61-nji maddalarynyň düzgünleri ulanylýar.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 47, 55 -nji we 61-nji maddalarynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger salgyt töleýji salgydy (maliýe jerimelerini we puşman töleglerini) tölemek boýunça borjuny ýerine ýetirmese ýa-da göwnejaý ýerine ýetirmese, şonda kepil geçmäge görä, salgydyň (maliýe jerimeleriniň we puşman tölegleriniň) hasaplanylan möçberini tölemek boýunça borjuny salgyt töleýjä derek kepil geçiji ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgyt gullugynyň öňünde kepil geçiji bolup şu aşakdakylar çykyş edip bilerler:

- hususy telekeçi hökmünde bellige alnan Türkmenistanyň dahyllylary;
- edara görnüşindäki taraplar;
- şahsy adamlar.

Kepil geçmek şertnamasyny resmileşdirmek üçin salgyt töleýji we kepil geçiji bir wagtyň özünde ygtyýarly edilen salgyt gullugyna ýazmaça arza bilen ýüz tutmalydyrlar.

Salgyt gullugy kepil geçmeklik şertnamasyny baglaşmagyň mümkinçiligine garan mahaly, kepil geçijiniň maliýe ýagdaýyny seljermelidir, onuň Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň öňünde bergisiniň ýokdugyna, tölege ukyplydygyna we zerur bolan geçginli aktiwleriniň bardygyna göz ýetirmelidir.

Kepil geçmeklik şertnamasy boýunça raýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan umumy talaplar bilen bilelikde, salgyt kepil geçmekliginiň özboluşlylygyndan ugur alyp bellenilýär.

Salgyt kepil geçmekliginiň şertnamasy şu halatlarda güýje girýär:

- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt gullugynyň kesgitlän salgydynyň (maliýe jerimeleriniň we puşmana tölegleriniň) möçberini şikaýat etmegi babatda – şertnamanyň salgyt töleýjiniň (salgyt ýmuşçysynyň) bolýan ýerindäki (salgyt hasabynda goýlan ýerindäki) salgyt gullugynda bellige alnandan soň;

- salgyt töleýjä salgydy (maliýe jerimelerini we puşman töleg lerini) tölemek boýunça möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiliginiň berilmegi babatda – salgyt töleýjä salgydy (maliýe jerimelerini we puşman töleglerini) tölemek boýunça möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiliginiň berilmegi hakynda Baş döwlet salgyt gullugy çözgüt çykarandan soň, salgytlar (maliýe jerimeleri we puşman tölegleri) boýunça bergi doly üzülýänçä kepil geçiji kepil geçmek şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyryp bilmez;

- kepil geçijiniň şeýle şertnama boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmegi üçünji tarapa gaýtadan tabşyrmaga hukugy ýokdur.

Eger salgyt gullugynda salgyt töleýjiniň kepil geçiji bilen şertleşmegi netijesinde salgydy (maliýe jerimelerini we puşman töleg lerini) tölemekden boýun gaçyrmak boýunça çäreler görüp biljekdi-

gi baradaky maglumatlar we esaslar bar bolsa, şeýle hem salgyt töleýjiniň ýa-da kepil geçijiniň ak ýürekli däldigi ýüze çykarylan halatynda, salgyt edarasy tarapyndan şertnama baglaşmakdan boýun gaçyrylyp bilner.

Şu aşakdakylar möhleti yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek mümkinçiliginiň berilmegi hakyndaky meselä garalan mahaly kepil geçmekligi kabul etmekden (şertnamany baglaşmakdan) boýun gaçyrmak üçin esas bolup hyzmat edip biler:

- salgyt töleýjiniň balansynda salgyt (maliýe jerimeleri we puşman tölegleri) boýunça berginiň möçberiniň azyndan 20 göterimini üzmek üçin ýeterlik gozgalýan emläginiň bolmagy;
- eger salgyt töleýji Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bir çärýekden gowrak wagtyň dowamynda balansynda bar bolan debitor bergini tutup almak üçin çäreler görmese;
- salgyt gullugynyň hukuk goraýjy edaralardan we beýleki resmi çeşmelerden salgyt töleýjiniň emlägini gizleýändigine ýa-da salgyt töleýjiniň – şahsy adamyň ýa-da edara görnüşindäki tarapyň ýolbaşçysynyň gizlenmek meýline şaýatlyk edýän maglumatlary almagy;
- salgyt töleýjiniň serişdeleriniň beýleki edara görnüşindäki taraplaryň hasaplarynda jemlenilmegi;
- beýleki ýagdaýlar we maglumatlar.

Kepil geçmek, ony üpjün etmegiň borçnamasynyň bes edilmegi bilen, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki halatlarda tamamlanýar

***ç) emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakyndaky şertnamalaryň görnüşi we taraplaryň jogapkärçiligi***

Emlägi girew goýmak we kepil geçmek hakyndaky şertnamalar *7.1-nji we 7.2-nji goşundylara* laýyklykda ýazmaça görnüşde baglaşylýar.

*7.1-nji goşundy*

**EMLÄGI GIREWE GOÝMAK HAKYNDAKY ŞERTNAMA**

______________________ 200__ ýylyň ___ aýynyň «___»
*(şertnamanyň baglaşylan ýeri)*

Mundan beýläk girew goýujy diýlip atlandyrylýan, ŞSB____________________bolan____________________________

_______________________________________________________________
*(Düzgünnamasyny ýa-da döredîş resminamasyny görkezmeli)*

esasynda hereket edýän,_______________________________________
*(wezipesi, wezipeli adamyň f., a., a.a.)*

_______________________________________________________________

üsti bilen_______________________________________________________
*(girewe goýlan emlägi berýän tarapyň doly ady ýa-da F., A., A.a.)*

we mundan beýläk girewi saklaýjy diýlip atlandyrylýan Düzgünnama esasynda hereket edýän__________________________________________
*(salgyt gullugynyň ady)*

boýunça Döwlet salgyt gullugynyň

_______________________________________________________________
*(wezipeli adamyň wezipesi, f., a., a.a.)*

şular barada şu Şertnamany baglaşdylar:

**1. Umumy düzgünler**

1.1. Girew goýujy girewi saklaýja Sanawnama laýyklykda emlägi girewe goýulýan emläk hökmünde berýär, Sanawnama bolsa şu Şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

1.2. Girew goýulýan emläk bilen Girewi berijiniň salgytlary, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek boýunça(girew bilen üpjün edilen talabyň möçberini san bilen we ýazmaça görkezmeli) möçberdäki borçnamasy üpjün edilýär.

1.3. Girew goýulýan emläk girewi goýujynyň eýeçiligi bolup durýar (doly hojalygy ýöretmeginde bolýar) we taraplar oňa

_______________________________________________________________
*(girew goýulýan emlägiň bahasyny san bilen we ýazmaça görkezmeli)*

nyrh kesýärler.

1.4. Girew goýulýan emläk

______________________________________________________________

______________________________________________________________

*(girew goýulýan emlägiň ýerleşýän ýerini görkezmeli)*

durýar.

1.5. Girew bilen üpjün edilen borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti 200___ ýylyň _____ aýynyň «___» tamamlanýar.

1.6. Şu Şertnama baglaşylýança girewe goýlan emläk hiç kime satylmady, sowgat berilmedi, girewe goýulmady, jedelde we tussag astynda 9gadagan eilmekde) durmaýar.

1.7. «Girew hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda girew goýulýan emlägiň girewe goýulmagynyň hukuga laýyklylygy üçin jogapkärçiligi Girew goýujy çekýär.

**2. Taraplaryň hukuklary we borçlary**

2.1. Girew goýujy şulara borçludyr:

2.1.1. Girew goýulýan emlägi öz hasabyna onuň doly bahasyna heläkçilikli ýagdaý ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri, döwlet edaralary tarapyndan beýleki hereketleriň edilmegi we olar tarapyndan girewe berijiniň hojalyk işini bes edýän, ýa-da bolmasa oňa päsgel berýän, ýa-da oňa amatsyz täsir edýän namalaryň kabul edilmegi (girewe goýulýan emläginiň bahasyny tölemän elden almak, rekwizisiýa etmek), şeýle hem ýapylmagy ýa-da batan diýlip ykrar edilmegi, ýa-da bolmasa özüniň batandygy hakynda yglan edilmegi netijesinde girewe goýlan emläk ýitirilen, kem çykan ýa-da oňa zeper ýeten halaty üçin ätiýaçlandyrmaga;

2.1.2. Şu Şertnamanyň baglaşylan gününden başlap üç gün möhletden gijä galynman öz hasabyna, girew hakyndaky şertnamanyň döwlet kepillendiriş edaralarynda bellige alynmagyny üpjün etmäge hem-de Girewi saklaýja bellige alnandygy hakyndaky resminamany bermäge, şeýle hem zerurlyk ýüze çykan halatynda Girewe berijiniň tabşyrygy boýunça öz hasabyna girew goýlan emlägiň sanawyndan göçürmäni bermäge;

2.1.3. Girewi saklaýjynyň razylygy bolmazdan girewe goýlan emläge ygtyýar etmezlige;

2.1.4. Girewe goýlan emlägi aýrybaşgalamazlyga we üçünji tarapa eýeçilige we peýdalanmaga, şol sanda kärendä hem bermezlige;

2.1.5. Girewe goýlan emlägiň soňra girew goýulmagyna ýol bermezlige;

2.1.6. Girew goýlan emlägiň abat saklanylmagy üçin zerur çärleri görmäge;

2.1.7. Girewi saklaýjynyň (eger-de ol salgyt gullugy bolsa) günäsi bilen bolup geçenden başga halatda girewe goýlan emläk ýitirilen ýa-da oňa zeper ýeten halatynda girewe goýlan emlägi dikeltmäge ýa-da Girewi saklaýjynyň razylygy bilen ony, bahasy zeper ýetirlen emlägiň bahasyndan pes bolmadyk, başga emläk bilen çalşyrmaga, ýa-da bolmasa töleg möhletiniň gelip ýetendigine garamazdan, býujetiň öňündäki bergini üzmäge;

2.1.8. Şu şertnamanyň 1.5-nji bölüminde bellenilen töleg möhletiniň gelip ýeten pursadyndan başlap soňraky iş gününde Girewi saklaýjynyň öňündäki öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge.

2.2. Girew goýujynyň şulara haky bardyr.

2.2.1. Girew goýlan emläk bilen üpjün edilen borçnamany möhletinden öň ýerine ýetirmäge;

2.2.2. Kazyýetiň çözgüdi boýunça ýa-da kepillendirijiniň ýerine ýetiriş ýazgysy esasynda girewe goýlan emläk, girew bilen üpjün edilen borçnamany ýerine ýetirmek maksady bilen ýerlenilýänçä, islendik wagtda borçnamany ýerine ýetirmek bilen, mejbury tutup almagy bes etmäge.

2.3. Girewi saklaýjy şulara borçludyr:

2.3.1. Girewe goýlan emlägi tükellemegi geçirmäge;

2.3.2. Girew goýujydan şu Şertnamanyň 2.1-nji bölümi bilen göz öňünde tutulan borçlaryň ýerine ýetirilmegini talap etmäge;

2.33. Girew goýujy şu Şertnama bilen bellenilen möhletlerde öz ähli borçnamalaryny ýerine ýetiren halatynda oňa girewe goýlan emlägi gaýtaryp bermäge;

2.3.4. Şu Şertnama gol çekilýänçä Girew goýujydan girewe goýulýan emläk üçin ätiýaçlandyryş polisini talap etmäge;

2.3.5. Eger Girew goýujy öz borçnamalaryny ýerine ýetirmedik

halatynda kepillendirijiniň ýerine ýetiriş ýazgysy esasynda salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri boýunça bergini tölemegiň hasabyna girewe goýlan harydy ýerlemäge (Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda, ýöriteleşdirilen dükanlarda).

2.4. Girewi saklaýjynyň şulara haky bardyr:

2.4.1. Girewe goýlan emlägiň bardygyny, möçberini, ýagdaýyny we saklamak şertlerini resminamalar boýunça hem-de hakykatda barlamaga;

2.4.2. Girew goýujydan girewe goýlan emlägi abat saklamak üçin zerur bolan çäreleri görmegi talap etmäge;

2.4.3. Islendik tarapdan girewe goýlan emläge onuň ýitirilmegine ýa-da oňa zeper ýetmegine wehim salýan hyýanatçylygyň bes edilmegini talap etmäge;

2.4.4. Girewi saklaýjynyň günäsi bolmazdan girewe goýlan zat ýitirilen ýa-da oňa zeper ýeten halatynda, ony dikeltmegi ýa-da çalyşmagy ýa bolmasa töleg möhletiniň gelip ýetendigine garamazdan, bergini üzmegi talap etmäge;

2.4.5. Eger girew bilen üpjün edilen borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti gelip ýeten pursadynda ol ýerine ýetirilmedik bolsa, girewe goýlan emlägi tutup almak çärelerini bellemäge. Girew goýlan emlägi tutup almak çäreleri kazyýetiň çözgüdi boýunça ýa-da jedelsiz tertipde kepillendirijiniň ýerine ýetiriş ýazgysy esasynda bellenilýär;

2.4.6. Eger Girew goýujy şu Şertnamanyň 2.1.-nji bölüminiň 2.1.1.-nji, 2.4.6.-njy we 2.1.7.-nji kiçi bölümlerinde göz öňünde tutulan borçlaryny ýerine ýetirmedik halatlarynda girewe goýlan emlägi tutup almak çäresi möhletinden öň bellenilip bilner.

2.4.7. Öz talaplaryny girewe goýlan emlägiň hasabyna doly möçberde kanagatlandyrmaga. Möhletini yza süýşürmek (möhletlere bölüp tölemek) ýa-da şikaýata garamak möhleti tamamlanýança berginiň möçberi girewe goýlan emlägiň bahasyndan artyk bolan halatynda Girew goýujynyň berginiň girew bilen üpjün edilmedik möçberini üpjün etmäge.

**3. Taraplaryň jogapkärçiligi**

3.1. Eger Girew goýujy 2.1.8.-nji bölüme laýyklykda öz borçnamalaryny şu Şertnama arkaly bellenilen möhletlerde ýerine ýetirmedik halatynda ol Girewi saklaýja tölenilen gününi hem goşmak bilen, möhleti geçirilen her bir senenama güni üçin, şeýle hem býujetiň öňündäki bergi boýunça möhleti yza süýşürmegiň (tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň) berilýän ähli döwürde salgydyň bellenilen möhletlerde tölenilmedik möçberiniň 0,03 göterimine barabar möçberde puşmana tölegini töleýär.

**4. Goşmaça şertler**

4.1. Şertnama döwlet kepillendiriş edarasynda bellige alnan pursadyndan başlap güýje girýär we taraplar borçnamalary göwnejaý ýagdaýda ýerine ýetirýänçä hereket edýär.

4.2. Şu Şertnama türkmen (rus) dilinde 4 nusgada gol çekildi, olaryň birmeňzeş hukuk güýji bolup, olaryň biri Girewi saklaýjyda, ikinjisi – Girew goýujyda, üçünjisi – döwlet kepillendiriş edarasynda saklanylýar, şertnamanyň dördünji nusgasy girewe goýlan emlägiň bellige alnan ýerinde (Ýol hereketiniň howpsuzlygy gullugynda, Döwlet tehniki trükelleýiş býurosynda) saklanylýar.

4.3. Şu Şertnama girizilen ähli üýtgetmeler, eger olar ýazmaça görnüşde amala aşyrylan we taraplar tarapyndan gol çekilen şertlerde hakykydyr.

4.4. Şu Şertnama bilen düzgünleşdirilmedik bölegi babatda «Girew hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň we Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat Birewi Kanunynyň kadalary ulanylýar.

**5. Jedelleri çözmegiň tertibi**

5.1. Şu Şertnama degişli ähli agzalalyklar taraplar tarapyndan gepleşikleri geçirmek arkaly çözülýär.

5.2. Eger gepleşikler arkaly agzalalyklar düzedilmese, onda şol agzalalyklary düzgünleşdirmek üçin resminamalar Türkmenistanyň Araçy kazyýetine iberilýär, onuň çözgüdi bolsa taraplaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolup durýar.

**6. Taraplaryň hukuk salgylary we maglumatlary**

| **Girewi saklaýjy** | **Girew goýujy** |
| --- | --- |
| ______________________________ | ______________________________ |
| *(salgyt edarasynyň ady)* | *(Girew goýujynyň doly ady ýa-da F., A., A.a)* |
| Salgysy____________________ | Salgysy______________________ |
| ______________________________ | ______________________________ |
| Bankyň hasaplaşyk hasaby we ady | Bankyň hasaplaşyk hasaby we ady |
| ______________________________ | ______________________________ |
| ______________________________ | ______________________________ |
| ______________________________ | ______________________________ |
| Başyk______________________ | INN________________________ |
| ______________________________ | ____________________________ |
| ______________________________ | Ýolbaşçy ýa-da beýleki ygtyýarl y adam______________________ |
| *(goly)* | ______________________________ |
| | *(goly)* |
| Möhür üçin ýer | Möhür üçin ýer |
| 200_ ýylyň_____aýynyň «___» | 200_ ýylyň_____aýynyň «___» |

*7.2.-nji goşundy*

**Kepil geçmeklik hakyndaky şertnama**

___________________________ 200__ýylyň_____aýynyň «__»

*(şertnamanyň baglaşylan ýeri)*

Mundan beýläk Kepil geçiji diýlip atlandyrylýan, ŞSB____________________bolan______________________________

______________________________________________

*(Düzgünnamasyny ýa-da döredeliş resmi namasyny görkezmeli)*

esasynda hereket edýän, ____________________________________

*(wezipesi, wezipeli adamyň F., A., A.,a)*

üsti bilen

______________________________________________________

*(kepil geçýän tarapyň doly ady ýa-da F., A., A.,a.)*

we mundan beýläk Karzdar diýlip atlandyrylýan hem-de Düzgünnama esasynda hereket edýän __________________________ boýunça
(*salgyt gullugynyň ady*)
Döwlet salgyt gullugynyň

_______________________________________________________
(*wezipeli adamyň wezipesi, F.,A.,A.a.*)
şular barada şu Şertnamany baglaşdylar:

**1. Şertnamanyň meselesi**

1.1. Şular şertnamanyň meselesi bolup durýar: _____________________________________________
(*salgyt jarnamalary, hasabatlar, resminamalaýyn barlaglar arkaly we başgalar*)
esasynda hasaplanylan

_______________________________________________________
(*kepil geçmeklik bilen üpjün edilen berginiň möçberini san bilen we ýazmaça görkezmeli*)
möçberde býujete tölegler boýunça öz borçnamalaryny

_______________________________________________________
(*salgyt töleýjiniň ýa-da salgyt ýumuşçysynyň-bergidaryň ady*)
INN ______________ mundan beýläk – Bergidar tarapyndan ýerine ýetirilmegi üçin Kepil geçijiniň Karzdaryň öňündäki jogapkärçiligi.

1.2. Bergidaryň şu Şertnamanyň 1.1.-nji bölümi bilen göz öňünde tutulan borçnamasyny ýerine etirmezligi Kepil geçijiniň Karzdaryň öňündäki jogapkärçiligiň ýüze çykmagy üçin esas bolup durýar.

**2. Taraplaryň hukuklary we borçlary**

2.1. Karzdaryň şulara hukuklary bar:

2.1.1. Kepil geçijiden onuň tölege ukyplydygyny tassyklaýan resminamalary (öz hasabynda zerur pul serişdeleriniň bardygy hakynda bankdan delilhatyny: býujetiň öňünde bergisiniň ýokdugy barada hasapda duran salgyt gullugynyň delilhatyny we başgalary) talap etmäge;

2.1.2. Kepil geçiji bellenilen möhletde öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmedik halatynda bank edarasyna akseptsiz töleg tabşyrygyny bermek arkaly Kepil geçijiden salgytlar (maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri) boýunça bergini tutup almaga.

2.2. Kepil geçijiniň şulara hukuklary bar:

2.2.1. Bergidara onuň ýerine ýetirmedik borçnamalarynyň möç-

berinde gaýtadan talap bildirmäge. Karzdaryň Bergidardan berginiň aýrylandygy hakyndaky ýazmaça tassyklamasy Kepil geçijiniň Karzdaryň öňündäki borçnamalarynyň göwnejaý ýerine ýetirilmeginiň ýeterlik tassyklamasy bolup durýar.

2.3. Karzdar şulara borçludyr:

2.3.1. Şu Şertnamanyň 1.2-nji bölüminde görkezilen ýagdaýlar ýüze çykan halatynda şu Şertnamanyň 1.1-nji bölüminde görkezilen möçberde Kepil geçijä talap bildirmäge;

2.3.2. Şu Şertnama boýunça bergini üzmegiň hasabyna Kepil geçijiniň hasaplaşyk we beýleki hasaplaryndan pul serişdelerini hasapdan öçürmäge.

2.4. Kepil geçiji şulara borçludyr:

2.4.1. Karzdaryň öňünde şu Şertnamanyň 1.1-nji bölüminde görkezilen Bergidaryň borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin Bergidaryňky ýaly möçberde jogap bermäge.

2.4.2. Şu Şertnamanyň 3.1-nji bölüminde göz öňünde tutulan töleg möhletleri gelip ýeten pursatyndan başlap soňraky iş gününde Bergidaryň Karzdara tölemedik pul möçberini tölemäge.

2.5. Şu Şertnamanyň 3.1-nji bölüminde göz öňünde tutulan töleg möhletleriniň bozulmagy üçin Kepil geçiji tölegiň möhleti geçirilen her bir güni üçin «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanuny bilen bellenilen möçberde puşmana tölegini töleýär.

2.6. Eger Kepil geçiji şu Şertnama bilen bellenilen möhletleri berjaý etmek bilen tölegi tölän bolsa, puşmana tölegi tölenilmeýär.

2.7. Bergidaryň şu Şertnamada görkezilen salgyt babatdaky bergisi doly üzülýänçä şu şertnama Kepil geçiji tarapyndan yzyna alnyp bilinmez.

**3. Şertnamanyň hereket edýän möhleti**

3.1. Şu Şertnamanyň hereket edýän möhleti oňa gol çekilen pursadyndan başlap 200__ ýylyň ______aýynyň «___» çenli bellenilýär.

**4. Taraplaryň jogapkärçiligi**

4.1. Eger Kepil geçiji şu Şertnamanyň 2.4.2-nji bölümine

laýyklykda öz borçnamalaryny şu Şertnamada bellenilen möhletlerde ýerine ýetirmedik halatynda Kepil geçiji Karzdara tölenilen gününi hem goşmak bilen, möhleti geçirilen her bir senenama güni üçin, şeýle hem býujetiň öňündäki bergi boýunça töleglериň möhletini yza süýşürmegiň, (tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň) ähli döwründe, salgydyň bellenilen möhletlerde tölenilmedik möçberiniň 0.03 göterimine barabar möçberde puşmana tölegini goşmaça töleýär.

### 5. Fors-mažor ýagdaýy

5.1. Şertnama boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi adatdan daşary wakalaryň (ýangynlar, suw joşmalary, ýer titremesi, harby hereketler, raýat bidüzgünçilikleri, döwlet edaralarynyň çözgütleri we başgalar) netijeleri bolsa, taraplar şu borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi üçin jogapkärçilikden boşadylýar.

### 6. Jedelleri çözmegiň tertibi

6.1. Şu Şertnama degişli ähli agzlalyklar taraplar tarapyndan gepleşikleri geçirmek arkaly çözülýär.

6.2. Eger gepleşikler arkaly agzlalyklar düzedilmese, onda şol agzalalyklary düzgünleşdirmek üçin resminamalar Türkmenistanyň Araçy kazyýetine iberilýär, onuň çözgüdi bolsa taraplaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolup durýar.

### 7. Goşmaça şertler

7.1. Şu Şertnama türkmen (rus) dilinde 2 nusgada gol çekildi, olaryň birmeňzeş hukuk güýji bar we şu Şertnama boýunça kabul edilen borçnamalar doly ýerine ýetirilýänçä hereket edýär.

7.2. Şu Şertnama girizilen ähli üýtgetmeler, eger olar ýazmaça görnüşde amala aşyrylan we taraplar tarapyndan gol çekilen şertlerde hakykydyr.

7.3. Şu Şertnama bilen düzgünleşdirilmedik bölegi babatynda Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat bitewi kanunynyň kadalary ulanylýar.

## 7. Taraplaryň hukuk salgylary we maglumatlary

| **Karzdar** | **Kepil geçiji** |
|---|---|
| ______________________ | ______________________ |
| *(salgyt edarasynyň ady)* | *(Kepil geçijiniň doly ady ýa-da F., A., A.a)* |
| Salgysy__________________ | Salgysy__________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| Bankyň hasaplaşyk hasaby we ady | Bankyň hasaplaşyk hasaby we ady |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| Başlyk__________________ | INN__________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | Ýolbaşy ýa-da beýleki ygtyýarly adam__________________ |
| *(goly)* | *(goly)* |
| Möhür üçin ýer | Möhür üçin ýer |
| 200__ ýylyň _____aýynyň «__» | 200__ ýylyň______aýynyň «___» |

Emlägi girewe goýmak hakyndaky şertnamada taraplaryň ady, ýerleşýän ýeri (ýaşaýan ýeri), girewiň görnüşi, girew bilen üpjün edilen talabyň düýp mazmuny, onuň möçberi, borçnamalary ýerine ýetirmegiň möhletleri, girewe goýlan emlägiň düzümi, bahasy, ýerleşýän ýeri, şeýle hem özi barasynda taraplaryň biriniň arzasy boýunça şu şertnamada ylalaşyk gazanylyp bilinjek islendik beýleki şertler görkezilýär.

Döwlet kepillendiriş edaralary Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen möçberde girew şertnamasyna güwä geçilendigi üçin döwlet pajyny tutup almak hem-de çykdajylary girew goýuja degişli etmek bilen, girew goýujynyň we salgyt gullugynyň arasyndaky emlägi girewe goýmak hakyndaky şertnamasyny bellige alýarlar.

Gozgalmaýan emlägiň girewi ýa-da oňa bolan hukuk döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir. Girewe goýulýan emläk degişli edaralar (häkimlikleriň bölümleri, döwlet tehniki tükelleýiş býurosy) tarapyndan bellige alnyp, bellige alnan gününden başlap 10 günüň geçmegi bilen, şol edaralar tarapyndan, girew goýujynyň kitabyndaky ýazgylaryň doludygyny barlamaga haky bardyr. Şeýle hem sal-

gyt gullugynyň islegine görä, girewe goýulýan emläk ulag serişdeleri Döwlet ýol gözegçiligi gullugynyň edaralarynda döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişli bolup biler. Salgyt gullugy, girewe goýlan emlägi bellige alan edaradan, girewe goýlan emlägiň sanawyndan göçürmäni sorap biler.

Girew goýujy öz hasabyna we doly bahasyna girew saklaýjy bolup durýan salgyt edarasynyň peýdasyna girewe goýlan emlägi ýitirmek töwekgelçiliginden, ýok bolmagyndan we zeper ýetmeginden, şol sanda döwlet edaralary tarapyndan onuň hojalyk işini bes edýän ýa-da oňa päsgel berýän, ýa-da bolmasa oňa zyýanly täsir edýän (girewe goýlan emlägi bahasyny tölemän elden almak, tussag etmek) degişli namalary kabul eden halatynda, girew goýujynyň işiniň bes edilmegi halatynda girewe goýlan emlägiň girew goýujyda galýandygyna ýa-da salgyt edarasyna berilýändigine garamazdan, ätiýaçlandyrmaga borçludyr.

Salgyt gullugynyň öňündäki borçnamalary ýerine ýetirmek üçin girewe goýlan harytlary we ulag serişdelerini soňra girewe goý-maga, aýrybaşgalamaga we kärendä bermäge, şeýle hem üçünji tarapa eýelik etmäge ýa-da peýdalanmaga bermegiň beýleki görnüş-lerine ýol berilmeýär.

Eger girew goýujy şahsy adam bolan halatynda şertnamada girew goýujynyň derejesinden gelip çykýan aýratynlyklar (hasaplaşyk hasabynyň, möhüriniň bolmazlygy we başgalar) beýan edilýär.

Emlägi girewe goýmak hakyndaky şertnama, ol Döwlet kepillendiriş edarasynda bellige alnan pursadyndan başlap baglaşylan diýip hasaplanylýar. Girew goýujy salgyt gullugyna girew hakyndaky şertnamanyň bellige alnandygy hakyndaky resminamany berýär.

Kepil geçmek hakyndaky şertnamada taraplaryň ady, ýerleşýän ýeri (ýaşaýan ýeri), kepil geçmek bilen üpjün edilen talabyň düýp mazmuny, onuň möçberi, borçnamalary ýerine ýetirmegiň möhletleri, şeýle hem özi barasynda taraplaryň biriniň arzasy boýunça şu şertnamada ylalaşyk gazanylyp bilinjek islendik beýleki şertler görkezilýär.

Eger kepil geçiji şahsy adam bolan halatynda şertnamada kepil geçijiniň derejesinden gelip çykýan aýratynlyklar (hasaplaşyk hasabynyň, möhüriniň bolmazlygy we başgalar) beýan edilýär.

Salgyt gullugy *7.3-nji goşunda* laýyklykda emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakynda baglaşylan şertnamalaryň Sanawyny ýöredýär.

*7.3-nji goşundy*

________________________________

*(salgyt edarasynyň ady)*

Emlägi girewe goýmak we kepil geçmeklik hakynda baglaşylan şertnamalaryň

**Sanawy**

| t/b № | Şertnamanyň baglaşylan senesi | Girew berijiniň kepil geçijiniň ady ýa-da F.,A.,Aa. | ŞSB | Girew ýa-da kepil geçimlik bilen üpjün edilen talabyň düýp mazmuny | Girew ýa-da kepil geçimlik bilen üpjün edilen talabyň möçberi | Girew hökmünde kabul edilen emlä-giň ady, sany we bahasy | Şertnama boýunça girew ýa-da kepil geçmeklik bilen üpjün edilen borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti | Girew hakynda şertnamanyň kepillendiriş edarasynda bellige alnan senesi | Borçnamanyň hakykatda ýerine ýetirilen möhleti | Maglumatlaryň kazyýeti berilendigi hakyndaky bellik | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |

________________________ ________________

*(Inspektoryň F.,A.,A.a).* *(Goly)*

Emlägi girewe goýmak we kepil geçmek şertnamalary olar baglaşylan gününde Sanawda bellige alynýar. Emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakynda baglaşylan şertnamalaryň Sanawyny ýöretmek boýunça görkezmeler *7.4-nji goşundyda* getirilýär.

*7.4-nji goşundy*

***d) emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakynda baglaşylan şertnamalaryň Sanawyny ýöretmek boýunça görkezmeler***

1. Emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakynda baglaşylan şertnamalaryň Sanawy 7.4-nji goşunda laýyklykda etraplar we şäherler boýunça ýerli salgyt gulluklary tarapyndan ýöredilýär. Sanawyň ýöredilmegi üçin jogapkärçilik salgyt gullugynyň başlygynyň buýrugyna laýyklykda, salgyt gullugynyň işgäriniň üstüne ýüklenilýär.

2. Sanawda emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakyndaky şertnamalaryň bellige alynmagy olaryň baglaşylan güni geçirilýär.

Emlägi girewe goýmak hakyndaky şertnamanyň kepillendiriş edarasynda bellige alnandygy hakyndaky maglumatlar Sanawa salgyt gullugy tarapyndan şeýle maglumatlaryň alnan gününde girizilýär.

Kepil geçmek hakyndaky şertnama Sanawda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bergileri tölemegiň möhletini yza süýşürmegiň (möhletlere bölüp tölemegiň) berilmegi hakynda çözgüdiň çykarylandygyna ýa-da çykarylmandygyna garamazdan, oňa taraplar gol çeken gününde bellige alynýar. Haçan-da, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan möhletini yza süýşürmegiň ýa-da möhletlere bölüp tölemegiň berilmeginden boýun gaçyrylan halatynda Sanawyň 12-nji sütüninde «Şertnama Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň 200__ ýylyň ____ aýynyň «____» № ___ çözgüdi esasynda ýatyryldy» diýen bellik edilýär.

2. Emlägi girewe goýmak hakyndaky şertnama ol kepillendiriş edarasynda bellige alnandan soň, kepil geçmek hakyndaky şertnama bolsa, ol Sanawda bellige alnan gününden başlap güýje girýär.

*3. Sanawyň degişli sütünlerine düşündirişler:*

***1-nji sütünde*** girew we kepil geçmek hakyndaky şertnamalaryň bellige alyş tertip belgisi görkezilýär.

***2-nji sütünde*** girew we kepil geçmek hakyndaky şertnamanyň baglaşylan senesi görkezilýär. Şertnama taraplaryň gol çeken we onuň Sanawda bellige alnan güni şertnama baglaşmagyň senesi bolup durýar.

***3-nji sütünde*** girew beriji ýa-da kepil geçiji bolup durýan edara görnüşindäki tarapyň doly ady (maglumatlary), şeýle hem hususy telekeçiniň ýa-da şahsy adamyň familiýasy, ady we atasynyň ady görkezilýär.

***4-nji sütünde*** girew goýujy ýa-da kepil geçiji hökmünde çykyş edýän edara görnüşindäki tarapyň ýa-da hususy telekeçiniň hususy salgyt belgisi görkezilýär. Haçan-da, hususy telekeçi hökmünde bellige alynmadyk şahsy adam girewe beriji ýa-da kepil geçiji bolup çykyş edýän halatlarynda şu sütünde bu barada bellik edilýär.

***5-nji sütünde*** haýsy talabyň girew ýa-da kepil geçmek bilen üpjün edilendigi görkezilýär, ýagny şikaýat, möhletini yza süýşürmek ýa-da möhletlere bölüp tölemek.

***6-njy sütünde*** girew ýa-da kepil geçmek bilen üpjün edilen talabyň möçberini görkezmek zerurdyr. Talabyň möçberini san bilen müň manatlarda, degişli bellenilen halatlarda bolsa – ABŞ-nyň dollarynda görkezmek zerurdyr.

***7-nji sütünde*** girewe goýulýan emlägiň teswiri göz öňünde tutulýar:

- girewe goýulýan emlägiň ady;
- ölçeg birligi;
- her bir aýratyn görnüşi boýunça möçberi;
- bahasy.

***8-nji sütünde*** girew ýa-da kepil geçmek şertnamasy arkaly göz öňünde tutulan borçnamany ýerine ýetirmegiň möhleti görkezilýär.

***9-njy sütünde*** girew hakyndaky şertnamanyň kepillendiriş edarasynda bellige alnan senesi görkezilýär.

***10-njy sütünde*** girew ýa-da kepil geçmeklik şertnamalaryň talaplarynyň hakykatda ýerine ýetirilen möhleti görkezilýär.

***11-nji sütünde***, şu borçnamalar, şertnama arkaly göz öňünde tutulan möhletlerde ýerine etirilmedik halatynda girew berijiniň ýa-da kepil geçijiniň borçnamalaryny mejbury ýerine ýetirmegi üçin maglumatlary kazyýete bermek hakyndaky maglumatlary göz öňünde tutýar.

***12-nji sütünde*** Sanawda göz öňünde tutulmadyk beýleki ýagdaýlar, şol sanda möhletini yza süýşürmegiň ýa-da möhletlere bölüp tölemegiň berilmeginden boýun gaçyrmak hakynda Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi kabul eden şertnamalary hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

Emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakynda baglaşylan şertnamalaryň Sanawdaky ýazgylary kagyz göterijilerde, şeýle hem maglumatlary kompýuter arkaly işläp geçmegi ulanmak bilen ýöredilýär.

Eger girew goýujy ýa-da kepil geçiji emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakyndaky şertnamada bellenilen möhletlerde öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, ol töleg gününi hem goşmak bilen, möhleti geçirilen her bir senenama güni üçin, şeýle hem býujetiň öňündäki bergi boýunça möhletini yza süýşürmegiň (möhletlere bölüp tölemegiň) mümkinçiligi berlen tutuş döwür üçin salgydyň bellenilen möhletlerde tölenilmedik möçberinden 0,03 göterim möçberde puşmana tölegini töleýär.

Girewe goýlan zady tutup almak çäresiniň bellenilmegi adamyny salgyt kanunçylygy babatda hukuk düzgünleriniň bozulmagyna ýol berendigi hem-de jenaýat edendigi üçin edara ediş we jenaýat jogapkärçiliginden boşatmaýar.

Kepil geçijiden salgydyň we hasaplanylýan puşmana töleginiň mejbury tutulyp alynmagy salgyt gullugy tarapyndan kazyýet tertibinde geçirilýär. Kepil geçiji öz üstüne alan borçnamalaryny bellenilen möhletde ýerine ýetirmedik halatynda bank edarasyna aksept-siz töleg tabşyrygyny bermek arkaly salgytlar (maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri) boýunça bergini kepil geçijiden tutup almak hukugy Şertnamada göz öňünde tutulyp bilner.

Haçan-da salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt gullugy tarapyndan bellenilen salgydyň (maliýe jerimeleriniň we puşmana

tölegleriniň) möçberi barada şikaýat eden mahaly emlägi girewe goýmak ýa-da kepil geçmek hakyndaky şertnama baglaşylýan bolsa, onda girew hakyndaky şertnama döwlet kepillenidiriş edarasynda bellige alnandan we kepil geçmek hakyndaky şertnama salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) hökmünde adamynyň hasapda duran salgyt gullugynda hasaba alnandan soňky iş gününde salgyt gullugy tarapyndan şu has az möhletlerde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bank hasaplaryndan akseptsiz töleg tabşyryklary yzyna alynýar:

- emlägi girewe goýmak ýa-da kepil geçmek hakyndaky şertnamada göz öňünde tutulan möhletde, ýa-da
- şikaýata hakykatda garalan möhletde.

## § 7.4. Bank edarasynda hasaplar boýunça amallary togtatmak

Bank edarasynda hasaplar boýunça amallary togtatmak salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bank edarasyndaky hasaplarynda duran ýa-da şol hasaplara gelip gowuşýan pul serişdelerinden peýdalanmak hukugyny, şeýle hem şol ýa-da beýleki bank edarasynda täze hasap açmak hukugyny çäklendirýän çäre bolup durýar.

Görkezilen çäklendirme Türkmenistanyň Döwlet býujetinde salgytlaryň, maliye jerimeleriniň we puşman töleglериniň tölenmegine,§5.2 soragynda görkezilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine degişli däldir.

Bank edarasyndaky hasaplar boýunça işleri togtatmak baradaky çözgüt, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan şu aşakdaky ýagdaýlarda kabul edilýär:

- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan maliýe hasabatynyň we salgyt beýannamalarynyň berilmegi möhleti tamamlanandan başlap on günüň dowamynda olaryň berilmedik ýagdaýynda, şeýle hem olary bermekden boýun gaçyrylan halatynda;
- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan resminamalar esasynda barlag geçirmekde salgyt gullugynyň işgälerine garşylyk görkezilende, şeýle hem resminamalar esasynda barlag geçirmek üçin zerur bolan resminamalaryň berilmedik halatynda.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bank edarasyndaky hasaplary boýunça işleri geçirmegi togtatmak salgyt gullugynyň çözgüdi alnan pursadyndan bank edarasy tarapyndan gürrüňsiz ýerine ýetirilmäge degişlidir we şol çözgüt ýatyrylýança ýa-da çözgütde görkezilen talaplar doly möçberde ýerine ýetirilýänçä onuň güýji bardyr.

## § 7.5. Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini üçünji tarapdan tutup almak

Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary, edara görnüşli taraplar ýa-da hususy telekeçiler bolup durýan üçünji taraplara salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirmäge hukugy bardyr.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarapa salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirilende salgyt gullugynyň edarasy olara salgyt habarnamasyny iberýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarap görkezilen resminamalary alan gününiň ertesi günden gijä galman, bank edarasyna salgyt habarnamasynda görkezilen pul möçberiniň çäklerinde, salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek barada töleg tabşyrygyny bermelidir.

Eger-de üçünji tarap salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) bergisiniň ýokdugy barada bäş günüň dowamynda salgyt gullugynyň edarasyna esaslandyrylan ýazmaça tassyknama getiren ýagdaýynda onuň töleg geçirmezlige hukugy bardyr.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bergidary bolan üçünji tarapyň öz bankyna töleg tabşyrygyny bermedik halatynda, salgyt gullugy üçünji tarapyň hasap açan bank edarasyna şu bergidaryň salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) bergisinden geçmeýän möçberde akseptsiz töleg talapnamasyny berýär.

## § 7.6. Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek

Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek olar tarapyndan salgyt tölemek boýunça borjy bellenen möhletde ýerine ýetirilmedik halatynda, şol sanda salgyt gullugynyň şu bolümiň 2,4,5-nji soraglarda göz öňünde tutulan çäreler ulanandan soň, pul serişdeleri ýetmedik halatynda geçirilýär.

Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek üçin salgyt gullugy:

- şol döwürde onuň emläginiň kimde saklanýandygyna garamazdan, salgyt töleýjiniň emlägini dolandyrmak we ulanmak hukugyny gadagan edýän karar kabul edýär;
- salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirmek üçin niýetlenen emlägiň sanaw ýazgysyny geçirýär;
- salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek hakynda talap arzasyny resmileşdirýär.

Bu çäre býujet guramalarynyň emläginiň hasabyna salgyt töletdirmekde ulanylmaýar.

### *a) salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek*

Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek üçin salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň), şol wagtda emlägiň kimde saklanýandygyna garamazdan, salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmäge hukugy bardyr.

Salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek salgyt gullugynyň karary bilen resmileşdirilýär.

Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek baradaky karary salgyt tölemek üçin bellenen günden başlap bir aýyň dowamynda çykarylýar we ol aşakdakylary öz içine almalydyr:

- wezipeli adamynyň ady, atasynyň ady, familiýasy we karar çykaran salgyt gullugynyň edarasynyň ady;
- kararyň kabul edilen senesi we belgisi;
- emlägiň hasabyna salgydy töletmek çäresi görlen salgyt töleýjiniň ady we salgysy;

- şu bapda §7.2 – de bellenen tertipde töletdirilen pul möçberini hasaba almak bilen, salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna tölemäge degişli salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşman tölegleriniň pul möçberi;
- emlägiň sanaw ýazgysyny geçirmek hakynda çözgüt;
- kararyň güýje girýän senesi.

Karara salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan gol çekilýär we möhür bilen tassyklanýar.

Emläge ygtyýar etmegi gadagan etmek şu yzygiderlilikde geçirilýär:

a) nagt pul serişdeleri;

b) önümçilik dal maksatly emläk;

c) taýýar önümler (harytlar), şeýle hem önümçilige göni gatnaşmaýan we (ýa-da) önümçilik üçin niýetlenilmedik beýleki maddy gymmatlyklar;

d) önümçilige göni gatnaşdyrmak üçin niýetlenen çig mal we materiallar, şeýle hem stanoklar, enjamlar, jaýlar, desgalar we beýleki esasy serişdeler;

e) emläge eýeçilik hukugy beýleki taraplara geçmezlik şerti bilen, eýeçilik etmek, ulanmak ýa-da ygtyýar etmek üçin olara berlen emläk;

ä) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda töletdirmek çäresini görüp bolmaýan emläklerden başga emläkler.

Ylalaşyk boýunça lizinge berlen emlägi, şol ylalaşygyň möhleti tamamlanýança, ygtyýar etmek gadagan edilmeýär.

Kabul edilen çözgüt barada salgyt töleýjä salgyt habarnamasy arkaly habar berilýär.

Salgyt gullugy kazyýete talap arzasyny berýänçä salgyt töleýji tarapyndan salgyt tölemek boýunça borçlar ýerine ýetirilende, salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan edýän karary kabul eden salgyt gullugynyň wezipeli adamy tarapyndan ýatyrylýar.

### *b) emlägiň sanaw ýazgysy*

Salgyt gullugy salgyt töleýji tarapyndan salgyt habarnamasy alnan gününden başlap üç güňüň dowamynda, salgyt töleýjiniň salgyt töletdirilýän emläginiň sanaw ýazgysyny taýýarlamaga girişmäge borçludyr.

Emlägiň sanaw ýazgysy salgydy tölemek, zerur bolsa emlägi saklamak we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylary ýapmak üçin gerek bolan mukdardaky emlägiň ýazgysy geçirilýär. Emlägiň sanaw ýazgysy salgyt gullugynyň ygtyýarly işgäri tarapyndan geçirilýär.

Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň emläginiň sanaw ýazgysyny geçirmezden öň, salgyt gullugynyň emläge ygtyýar etmäge salgyt töleýjiniň hukugyny gadagan edýän kararynyň bir nusgasyny we özüniň ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamany (talaplnamany) salgyt töleýjä ýa-da onuň wekiline gowşurmaga borçludyr. Salgyt töleýjiniň emläginiň sanaw ýazgysy olaryň gatnaşmagynda, salgyt töleýji edara görnüşli tarap bolanda bolsa, salgyt beýannamasyny dogry düzmäge jogapkär, şeýle hem maddy jogapkär adamlaryň gatnaşmagynda geçirilýär.

Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilýärkä salgydyň hasabyna alynýan emlägiň deslapky nyrhy kesilýär. Nyrh kesmek, emlägiň könelmegi nazarda tutulyp, hakyky bazar bahasy boýunça geçirilýär.

Sanaw ýazgysy geçirilýän emläge nyrh kesmek üçin salgyt gullugynyň bilermenleri (hünärmenleri) çekmäge hukugy bardyr.

Emlägiň sanaw ýazgysy geçirilýärkä salgyt töleýji salgyt gullugynyň işgärine, birinji nobatda haýsy emläge töleg salynmalydygyny aýtmaga hukuklydyr. Salgyt gullugynyň işgäri, eger ol aýdylan salgydyň tölenmedik pul möçberini töletdirmäge päsgelçilik döretmeýän bolsa, ony kanagatlandyrmaga borçludyr.

Salgyt gullugynyň işgäri sanaw ýazgysy geçirilen emlägi möhürläp biler.

### *d) emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi baradaky ykrarhatynyň mazmuny*

Salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi baradaky ykrarhatynda aşakdakylar görkezilýär:

- ykrarhatynyň ýazylan wagty we ýeri;

- salgyt gullugynyň işgäriniň, şeýle hem ykrarhaty taýýarlanda gatnaşanlaryň atlary we familiýalary;
- salgyt töleýji bolup durýan edara görnüşli tarapyň salgyt beýannamasynyň dogry ýazylyşyna jogap berýän, şeýle hem maddy jogapkär işgärleriň atlary we familiýalary;
- her bir ýazgy edilýän emlägiň ady, tapawutly alamatlary (agramy, ölçegi, könelme derejesi we beýlekileri), salgydyň hasabyna alynýan her bir zadyň kesilen bahasy we ähli emlägiň gymmaty;
- möhürlemek geçirilýän bolsa möhürlenen emlägiň sanawy;
- eger emlägi saklamak salgyt töleýjiniň özüne ýüklenmeýän bolsa, başga bir tarapa saklamaga bermek üçin alynýan emlägiň sanaw ýazgysy;
- emlägi saklamaga berlen tarap we onuň salgysy;
- salgyt töleýjiniň habardar edilendigi we onuň beýleki adamlara degişli emlägi saklamak boýunça borçlarynyň we jogapkärçilikleriniň düşündirilendigi barada ýazgy;
- salgyt töleýjiniň we emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende gatnaşanlaryň bellikleri we arzlary.

Salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi hakyndaky ykrarhaty salgyt gullugynyň işgäri, salgyt töleýji we emlägiň sanaw ýazgysy geçirilende gatnaşýan adamlar tarapyndan gol çekilýär.Ykrarhatynyň nusgalyklary gyzyklanýan taraplaryň ählisine iberilýär.

### *e) sanaw ýazgysy geçirilen emlägi saklamak*

Salgyt töleýjiniň salgyt tölegi alynýan sanaw ýazgysy geçirilen emlägi salgyt gullugynyň wezipeli adamy salgyt töleýjä ýa-da beýleki bir tarapa gol çekdirip, emlägi saklamaga berýär. Olara salgydyň hasabyna alynýan emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi hakyndaky ykrarhatynyň nusgasy berilýär.

Salgydyň hasabyna alynýan salgyt töleýjä degişli bolan nagt pul serişdeleri, şol sanda daşary ýurt pullary, gymmatly kagyzlar, gymmat bahaly metallaryň guýmasy, çägeli çökündiler , tebigy tokgasy,

olaryň ýarym taýýarlananlary hem-de önümçilik we tejribe maksatly önümler, almazlar, şeýle hem altyndan, kümüşden we platinadan we platina toparyna degişli metallardan, gymmatlyk babatda artyklyk edip bilmez.

Salgyt töleýjiniň özünden başga emlägi saklamaga berlen tarap saklamak üçin emläk berlen islendik tarapa, emlägi saklamak üçin çykaran hakyky çykdajylarynyň üstüni ýapmak we girdeji almak üçin hak tölenýär. Şu pul möçberiniň öwezi salgyt töleýjiniň satylan emläginden alnan serişdeleriň hasabyna dolunýar.

Saklamaga berlen emlägiň ýitirilendigi, ýitmändigi ýa-da zyýan ýetirilenligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda emläk saklaýjy jogapkärçilik çekýär.

Salgyt töleýji emlägi ýa-da emläge girew hukugy eýeçiliginde bolan tarap salgyt gullugynyň ygtyýarly işgäriniň talap etmegi boýunça salgyt gullugyna emlägi ýa-da emläge girew hukugyny salgyt gullugyna bermäge borçludyr. Görkezilen talap ýerine ýetirilende (ýerine ýetirilen pursadyndan) salgyt töleýji saklamaga berlen emlägiň ýa-da girew hukugynyň bahalarynyň möçberinde borçlaryndan boşadylýar.

### *f) emlägiň hasabyna salgyt töleginiň alnandygy baradaky talap arzasy bilen kazyýete ýüz tutmak*

Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt tölegini almak baradaky talap arzasy salgyt gullugy tarapyndan kazyýete berilýär. Talap arzany bermegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek baradaky talap arzasy salgyt töleýjiniň emlägi dolandyrmak hukugyny gadagan edýän karar kabul edilenden soň alty aýyň dowamynda degişli kazyýete berlip bilner.

Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt töleginiň alnandygy baradaky talap arzanyň ýanyna salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan edýän karary, töletdirilýän emlägiň sanaw ýazgysynyň geçirilendigi baradaky ykrarhaty we talap arzasyna seretmek üçin talap edilýän beýleki resminamalar goşulýar.

### «Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek çäreleri» diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Salgyt gullugy edaralarynyň salgyt töleýjilere salgyt kanunçylygynda görkezilen döwürde salgytlaryny tölemese haýsy çäreleri amala aşyrmaga hukugy bardyr?
2. Bank edarasyna akseptsiz töleg talapnamasyny bermegiň tertibini düşündiriň.
3. Töleg talapnamasy salgyt töleýjiniň haýsy hasaplaryna goýlup bilner?
4. Emlägi girewe goýmagyň tertibini beýan ediň.
5. Emlägi girew goýmak babatynda haýsy kanunlaryň düzgünleri ulanylýar?
6. Salgyt töleýji haýsy emlägini girewe goýup biler?
7. Girew goýujynyň salgyt gullugynyň öňündäki borçlaryny beýan ediň.
8. Kepil geçmek babatynda haýsy kanunlaryň düzgünleri ulanylýar?
9. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kimler salgyt gullugynyň öňünde kepil geçiji bolup biler?
10. Emlägi girewe goýmak hakyndaky şertnamada görkezilýän maglumatlary beýan ediň.
11. Kepil geçmek hakyndaky şertnamada haýsy maglumatlar görkezilýär?
12. Emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakynda baglaşylan şertnamalaryň sanawyny kim ýöredýär?
13. Emlägi girewe goýmak we kepil geçmek hakynda baglaşylan şertnamalar haýsy ýagdaýda güýje girýär?
14. Salgyt töleýjiniň bank edaralaryndaky hasaplary boýunça amallary togtatmagyň tertibini düşündiriň.
15. Bank edaralaryndaky hasaplar boýunça amallary togtatmak baradaky çözgüt kim tarapyndan haýsy ýagdaýlarda kabul edilýär?
16. Salgyt töleýjä degişli pul möçberini üçünji tarapdan tutup almagyň tertibini beýan ediň?
17. Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek üçin salgyt gullugynyň hukuklaryny düşündiriň?
18. Salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň emläge ygtyýar etmek hukugyny gadagan etmek baradaky karary näçe günüň dowamynda çykarylýar?
19. Emläge ygtyýar etmegi gadagan etmek hukugy nähili yzygiderlikde geçirilýär?
20. Emlägiň sanaw ýazgysyny kim geçirýär?
21. Salgydyň hasabyna alnan emlägiň sanaw ýazgysy geçirilen ykrarhatynda görkezilýän maglumatlary beýan ediň?
22. Sanaw ýazgysy geçirilen emlägi saklamagyň tertibini düşündiriň.
23. Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgydy töletdirmek baradaky talap arzany kazyýete bermegiň tertibini düşündiriň?

# VIII BAP. SALGYTLARYŇ GURAMAÇYLYK – – HUKUK ESASLARY

## § 8.1. Türkmenistanyň salgyt gullugy edaralary. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy ýerine ýetiriji häkimiýetiň döwletiň salgyt syýasatyny durmuşa geçirýän, salgyt salmak işini düzgünleşdirýän we dolandyrýan edaradyr.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy we onuň ýerli edaralary – welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň, etraplaryň, şäherlerdäki etraplaryň, şäherleriň döwlet salgyt gulluklary Türkmenistanyň Salgyt gullugy edaralarynyň bir bitewi ulgamyny emele getirýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy we onuň ýerli edaralary öz işini döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiň we ýerli öz-özüňi dolandyryşyň beýleki edaralary bilen özara arkalaşykly amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna, kanunlara, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerine, şeýle hem özi hakyndaky Düzgünnama esaslanýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň Içerki tertipnamasy bar, ol gullugyň başlygy tarapyndan tassyklanylýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tabyndyr *(8.1-nji şekil )*.

*8.1-nji şekil*

**Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugy edaralarynyň düzümi**




## § 8.2.Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň wezipeleri

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň wezipeleri şulardan ybarat:

- salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) doly hem-de wagtynda hasabyny ýöretmegi üpjün etmekden, Döwlet salgyt sanawyny ýöretmekden;
- salgyt salynmaga degişlileriň salgyt babatda hasabynyň ýöredilmeginiň tertibini bellemekden;
- salgytlaryň hem-de Türkmenistanyň Döwlet býujetine we döwlet gaznalaryna beýleki hökmany tölegleriň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dogry hasaplanylmagyny, doly hem-de wagtynda tölenilmegini guramakdan we bu işe gözegçilik etmekden;

- salgyt barlaglarynyň geçirilmegini guramakdan;
- gowşan salgytlaryň we Türkmenistanyň Döwlet býujetine beýleki hökmany tölegleriň hasabynyň ýöredilmegini guramakdan we üpjün etmekden;
- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň ýerine ýetirilmegi boýunça maglumatlary toplamakdan we seljermekden, ony kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamakdan;
- gullugyň ygtyýarlyklaryna degişli edilen meseleler boýunça usulyýet görkezmelerini we gollanmalaryny neşir etmekden, salgytlary hasaplamak we ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly salgyt beýannamalarynyň, hasabatlarynyň we beýleki resminamalaryň nusgalaryny bellemekden;
- salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman pullary boýunça töletdirilmegi barada umyt ýok diýlip ykrar edilen bergileri bellenilen tertipde hasapdan öçürmekden;
- salgyt gullugynyň edaralarynyň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça şahsy adamlaryň we edara görnüşindäki taraplaryň arzalaryna we ýüztutmalaryna bellenilen tertipde garamakdan;
- gullugyň ýerli edaralarynyň işini barlamakdan, kemçilikleri we tertip bozulmalary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmekden;
- gullugyň ýerli edaralarynyň çözgütlerini ýatyrmakdan ýa-da olaryň hereketini wagtlaýyn duruzmakdan;
- degişli ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamalaryny işläp taýýarlamaga gatnaşmakdan;
- salgyt salmagyň meseleleri boýunça döwletara şertnamalarynyň taslamalaryny taýýarlamaga gatnaşmakdan;
- beýleki döwletleriň salgyt edaralary bilen arkalaşykly hyzmatdaşlygy guramakdan;
- gullugyň ýerli edaralarynyň işini kompýuterleşdirilmegi guramakdan;
- salgyt gullugynyň edaralarynda iş ýöredijiligiň tertibini bellemekden;
- gullugyň ýerli edaralaryny bellenilen tertipde döretmekden, üýtgedip guramakdan we ýapmakdan;

- şahsy adamlary hususy telekeçiler hökmünde döwlet tarapyndan hasaba almagy guramakdan;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki wezipeleri amala aşyrmakdan.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy özüniň welaýatlardaky, şäherlerdäki we etraplardaky ýerli edaralarynyň işini guraýar we oňa ýolbaşçylyk edýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň ýerli edaralary öz üstlerine ýüklenilen wezipelere laýyklykda şu işleri ýerine ýetirýärler:

- bellenilen salgytlaryň we beýleki hökmany tölegleriň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenilmegini üpjün etmek boýunça işi, şeýle hem gowşan salgytlaryň we tölegleriň hasabyny ýörite amala aşyrýar;
- salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) hasabyny ýöretmegi bellenilen tertipde alyp barýar;
- salgytlary, puşman pullaryny we maliýe jerimelerini, bellenilen halatlarda bolsa olary döwlet gaznalaryna hem tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek çärelerini görýär;
- salgyt barlaglaryny geçirýär;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine, salgytlaryň we beýleki hökmany tölegleriň Türkmenistanyň Döwlet býujetine we döwlet gaznalaryna, raýatlaryň pensiýa ätiýaçlandyrma gatançlarynyň dogry hasaplanylmagyna, doly hem-de wagtynda tölenilmegine gözegçilik edýär;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt salynmaga degişlileriň buhgalteriýa hasaba alnyşyny we salgyt taýdan hasabyny ýöretmegi alyp barşynyň dogrulygyna gözegçilik edýär;
- salgyt kanunçylygyny, şeýle hem oňa laýyklykda kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulanmagy düşündirmek boýunça iş geçirýär, salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) alynýan salgytlar hakynda habar berýär, salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) bellenilen hasabatlylygyň nus-

galary hakynda maglumat berýär, hasabatlylyk nusgalaryny doldurmagyň tertibini, salgytlary hasaplamagyň we tölemegiň tertibini düşündirýär, beýleki zerur maglumatlary salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) dykgatyna ýetirýär;

- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) salgyt habarnamasyny berýär;
- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy bozulan halatda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen maliýe jerimelerini ulanýar;
- edara ediş hukuk bozulmalary hakyndaky işlere Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda garaýar we olar boýunça çözgütleri kabul edýär;
- salgytlaryň, şeýle hem puşman pullarynyň, maliýe jerimeleriniň we Türkmenistanyň Döwlet býujetine beýleki hökmany tölegleriň artykmaç hasaplanylan ýa-da artykmaç töletdirilen möçberleriniň bellenilen tertipde yzyna gaýtarylmagyny ýa-da hasaba alynmagyny, bellenilen halatlarda bolsa hasapdan öçürilmegini üpjün edýär;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny kämilleşdirmek, salgyt görnüşinde gowuşýan serişdeler barada meýilnamalary düzmek hem-de öz ygtyýarlyklaryna degişli beýleki meseleler boýunça teklipleri taýýarlaýar;
- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny ulanmagyň tejribesini umumylaşdyrýar, hasabat we döwlet hasabatynyň maglumatlaryny, salgyt barlaglarynyň netijelerini seljerýär;
- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik boýunça çäreleriň hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik edaralary bilen bileleikde geçirilmegini utgaşdyrýar;
- ilata alkogolly önümleriň satylyşyna hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik edaralary bilelikde gözegçilik çärelerini geçirýär;
- girdejilere we emläge iki gezek salgyt salynmagynyň öňüni

almak hakyndaky döwletara ylalaşyklarynyň talaplarynyň, şeýle hem gytaklaýyn salgytlar baradaky taraplaryň ýerine ýetirilmegini amala aşyrýar;

- degişli ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamalaryny taýýarlamaga gatnaşýar;
- gözegçilik-kassa abzallaryny hasaba almagy hem-de olaryň ulanylyşyna gözegçiligi bellenilen tertipde amala aşyrýar;
- işiň aýry-aýry görnüşlerine ygtyýarlandyrmak babatda kanunçylygyň berjaý edilişine öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gözegçilik edýär;
- Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalary hakynda maglumatlary degişli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryna, hukuk goraýjy we gözegçilik edaralaryna berýär;
- nyrhlar baradaky döwlet düzgün-nyzamynyň bozulmagy, işiň aýry-aýry görnüşlerine ygtyýarlandyrmak babatdaky bozulmalar üçin jerimeleriň, şeýle hem töletdirilmegine gözegçilik etmek salgyt gullugynyň edaralarynyň üstüne ýüklenilen jerime çäreleriniň beýleki görnüşleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;
- bahasy tölenilmän elden alnan, eýesiz hökmünde hem-de miras hukugy boýunça döwletiň haýryna geçirilen emlägiň, şeýle hem mirasdüşerleri ýok hökmünde gazna geçen emlägiň hem-de hazynalaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hasabyny ýöredýär, olara nyrh kesýär, olary saklaýar hem-de ýerleýär;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde kärhanalar, edaralar, guramalar we raýatlar barada kazyýetlere hak isleglerini bildirýär.

## § 8.3. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň şulara hukugy bardyr:

- salgytlary hasalamak we tölemek üçin esas bolup hyzmat

edýän resmi namalary we bellenilen tertipde tassyklanylan nusgalar boýunça beýleki maglumatlary, şeýle salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşman pullarynyň dogry hasaplanylandygyny hem-de wagtynda tölenilmegini tassyklaýan nusgalar boýunça beýleki maglumatlary, şeýle hem salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşman pullarynyň dogry hasaplanylandygyny hem-de wagtynda tölenilenmigini tassyklaýan düşündirişleri we resminamalary salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) we beýleki şahsy adamlardan hem-de edara görnüşindäki taraplardan, şol sanda bank edaralaryndan talap etmäge we almaga;

- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy bilen bellenilen tertipde salgyt barlaglaryny amala aşyrmaga;
- resminamalary barlamak çärelerine beýleki döwlet edaralary bilen bilelikde gatnaşmaga;
- Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny aradan aýyrmak hakynda barlanylýan kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň ýolbaşçylary hem-de beýleki wezipeli adamlary, şeýle hem raýatlar üçin hökmany bolan görkezmeleri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde bermäge hem-de olaryň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmäge;
- resmi namalar babatda salgyt barlaglary geçirilen mahaly edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň telekeçilik işini we peýdany (girdejini) almaga gönükdirilen beýleki işi amala aşyrmak üçin ulanylýan önümçilik, ammar, söwda we beýleki jaýlaryny, şeýle hem şonuň ýaly iş bilen baglanyşykly emlägi „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna hem-de Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda gözden geçirmäge;
- elektron gözegçilik-pulhana abzallaryny ulanmagyň kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge;
- salgytlar babatdaky hukuk bozulmalary hakyndaky işler boýunça teswirnamalary düzmäge;
- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgydy hasaplamak we tölemek hakyndaky resminamalary (maglumatlary) bermedik ýagdaýynda salgydyň tölenilmäge degişli möçberini bar

bolan maglumatlar esasynda özbaşdak kesgitlemäge we bel lemäge;

- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulandygy hakynda şaýatlyk edýän resminamalary salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) elinden almaga;
- salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylaryny), şeýle hem özlerinde salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) degişli resminamalar we maglumatlar bolan beýleki adamlary salgyt gullugy edaralaryna çagyrmaga;
- salgyt gullugy edaralarynyň ygtyýarlyklaryna girmeýän, ýöne salgyt salmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça netijenamalary almak üçin öz işine hünärmenleri we bilermenleri çekmäge;
- salgyt gullugy edaralarynyň üstüne ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin zerur maglumatlaryň berilmegini döwlet edaralaryndan bellenilen tertipde soramaga;
- Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanuny hem-de Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary bilen bellenilen beýleki hukuklary amala aşyrmaga.

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary degişli salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýan wezipe gollanmalarynda kesgitlenilýär.

## § 8.4. Sagyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary şulardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda hereket etmekden;
- salgyt syryny hem-de salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylar) hakyndaky maglumatlary saklamagyň çarelerini berjaý etmekden;
- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine

özygtyýarlyklarynyň çäklerinde gözegçilik etmekden, ýüze çykarylan bozulmalary aradan aýyrmagy salgyt tölejilerden (salgyt ýumuşçylaryndan) talap etmekden hem-de şol talaplaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmekden;

- ulanylýan salgytlar, olary tölemegiň tertibi we möhletleri, salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) hukuklary we borçlary hakynda, şeýle hem Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň degişli namalary hakynda salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) ýüztutmalary boýunça olara öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde habar bermekden;
- salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) we salgyt baradaky hukuk gatnaşyklaryna beýleki gatnaşyjylaryň abraýyna we mertebesine sarpa goýmakdan.

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlary we gullukçylary şu bölümde görkezilen borçlardan başga-da „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanuny, „Döwlet edaralarynyň apparatynda gulluk etmek hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanuny, „Türkmenistanda döwlet ýolbaşçylaryny we döwlet gullugyna wezipeli adamlary seçip almak hakynda“ Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary bilen bellenilen borçlary ýerine ýetirýär.

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary degişli salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýan wezipe gollanmalarynda bellenilýär.

## § 8.5. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň işindäki çäklendirmeler hem-de hukuk taýdan goralmagy

Salgyt gullugy edarasynyň wezipeli adamsynyň we gullukçysynyň işinde „Döwlet edaralarynyň apparatynda gulluk etmek hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanuny, „Türkmenistanyň döwlet ýolbaşçylaryny we döwlet gullugyna wezipeli adamlary seçip almak hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanuny bilen bellenilen çäklendirmeler hereket edýär.

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlaryna we gullukçy-

laryna şu halatlarda salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) boýunça öz gul luk borçlaryny amala aşyrmak gadagan edilýär:

- eger salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – şahsy adam ýa-da edara görnüşindäki tarapyň ýolbaşçysy, ýa-da bolmasa baş hasapçysy salgyt gullugy edarasynyň wezipeli adamsynyň ýa-da gullukçysynyň ýakyn garyndaşy bolsa;
- özleri ýa-da özleriniň ýakyn garyndaşlary şol salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) maliýe taýdan ýa-da garyndaşlyk, tanyşlyk taýdan bolsa.

Salgyt gullugy edaralaryndaky işi beýleki guramalardaky, edaralardaky we kärhanalardaky iş bilen, şeýle hem telekeçilik işi bilen utgaşdyrmaga ýol berilmeýär. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna ylmy we mugallymçylyk işi bilen meşgullanmaklaryna rugsat berilýär.

***Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlary we gullukçylary*** döwlet häkimiýetiniň wekilleri bolup durýar hem-de döwletiň goragyndadyr. Olaryň kanuny talaplary salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) we olaryň kanuny wekilleriniň ýerine ýetirmegi üçin hökmandyr.

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmegine päsgel bermek, öz gulluk işini amala aşyrmagy bilen baglanyşyky olaryň abraýyna ýa-da mertebesine şek ýetiren, olara haýbat atmak, garşylyk görkezmek bilen, olara zorluk eden ýa-da olaryň janyna, saglygyna we emlägine hyýanatçylykly hereketlere ýüz uran Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde jogapkärçilige çekilýär.

## § 8.6. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň işiniň guralyşy

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan başlyk baştutanlyk edýär.

Başlyk Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna ýolbaşçylygy bir başlyklyk esasynda amala aşyrýar, gullugyň üstüne ýüklenilen wezipeleriň we işleriň ýerine ýetirilmegi üçin şahsy jogapkärçilik çekýär.

Başlygyň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä belle-

nilýän we wezipeden boşadylýan orunbasarlary bar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy:

- öz orunbasarlarynyň arasynda borçlary paýlaýar;
- gullugyň ýerli edaralarynyň düzümini hem-de wezipe sanawyny bellenilen tertipde tassyklaýar;
- gullugyň merkezi edarasynyň düzüm birlikleri hakyndaky Düzgünnamalary tassyklaýar;
- gullugyň merkezi edarasynyň işgärlerini, onuň ýerli edaralarynyň başlyklaryny (olaryň orunbasarlaryny), şeýle hem welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň salgyt gulluklarynyň bölümleriniň başlyklaryny bellenilen tertipde wezipä bel leýär we wezipeden boşadýar;
- gullugyň ygtyýarlyklaryna girýän meseleler boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny, şeýle hem gullugyň üstüne ýüklenilen wezipeleri hem-de işleri ýerine ýetirmek boýunça onuň işi hakyndaky maglumatlary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bellenilen tertipde berýär;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gullugyň merkezi edarasynyň we onüň ýerli edaralarynyň işgärleriniň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolan buýruklary çykarýar, görkezmeleri berýär;
- gullugyň merkezi edarasynyň işgärleri tarapyndan geçirilýän barlaglaryň netijeleri boýunça salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) Türkmenistanyň salgyt kanunçylygyny bozandygy üçin jogapkärçilige çekmek hakynda karar çykarýar;
- gullugyň ýerli edaralarynyň işgärleriniň zähmet haky goruny, şeýle hem olary saklamak boýunça çykdajy sanawyny býujetde degişli döwür üçin göz öňünde tutulan pul serişdeleriniň çäklerinde bellenilen tertipde tassyklaýar;
- salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlaryny işde goýberen kemçilikleri üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekýär;
- býujete tölegleri gaýra goýmak ýa-da möhletler boýunça tölemek hakynda çözgütleri kabul edýär;
- gullugyň ýerli edaralarynyň çözgütleri Türkmenistanyň ka-

nunçylygyna laýyk gelmeýän halatda olaryň güýjüni ýatyrýar ýa-da wagtlaýyn duruzýar;

- Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde özbaşdak hem-de beýleki döwlet ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary bilen bilelikde pudaklaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy edara görnüşindäki tarap bolup durýar, onuň Türkmenistanyň Döwlet Tugrasy şekillendirilen we öz ady ýazylan möhüri, bank edaralarynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda açylýan hasaplary bar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň merkezi edarasyny we onuň ýerli edaralaryny saklamak üçin çykdajylar Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

## § 8.7. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň atlary

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlaryna we gul–lukçylaryna şu hünär atlary dakylyp bilner:

- Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň Baş geňeşçisi;
- Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň I,II we III derejeli Baş geňeşçisi;
- Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň uly geňeşçisi;
- Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň I,II we III derejeli uly geňeşçisi;
- Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň geňeşçisi;
- Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň I, II we III derejeli geňeşçisi *(8.2-nji şekil).*

*Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan* Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň Baş geňeşçisi we Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň I derejeli Baş geňeşçisi diýen atlar dakylýar.

*Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy* Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň Baş geňeşçisi we

Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň I derejeli Baş geňeşçisi diýen atlardan başga bellenilen ähli atlary gakmaga haklydyr.

*Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň döwlet salgyt gulluklarynyň başlyklarynyň* Türkmenistanyň Döwlet sagyt gullugynyň II we III derejeli uly geňeşçisi, Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň geňeşçisi, Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň I, II we III derejeli geňeşçisi diýen atlary dakmaga hukugy bardyr.

*8.2-nji şekil*

**Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlaryna we gullukçylaryna berilýän şahsy derejeler**




Hünär at üçin aýlyk wezipe iş hakyna goşulýan her aýlyk goşmaça salgyt gullugy edarasynyň işgärine hünär ady dakylan gününden başlap bellenilýär hem-de wezipe haýsy hünär adyna laýyk gelýän bosa, şol wezipe boýunça aýlyk wezipe iş hakynyň ýüzden 20 bölegine barabardyr.

Hünär atlary eýeleýän wezipesi boýunça hem-de işlän wagty we hünär boýunça iş tejribesi, şeýle hem şol atda bolan möhleti nazara alnyp dakylýar.

Hünär adynyň Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugyndaky we onuň ýerli edaralaryndaky wezipä laýyk gelmegini gullugyň başlygy belleýär.

Salgyt gullugy edaralarynyň gullukçylarynyň nobatdaky hünär ady hünär synagy esasynda dakylýar.

Salgyt gullugy edaralarynyň işgärlerini hünär adynda peseltmek Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň Içerki tertipnamasyna laýyklykda düzgün-nyzam temmisi hökmünde amala aşyrylýar. Hünär adyndan mahrum etmek kazyýetiň ýa-da Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi boýunça amala aşyrylýar.

Hünär atlarynda bolmagyň şu möhletleri bellenilýär:

- Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň geňeşçisi– ***azyndan bir ýyl;***
- Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň I,II we III derejeli geňeşçisi – ***azyndan iki ýyl;***
- Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň uly geneşçisi, Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň I,II we III derejeli uly geňeşçisi – ***azyndan üç ýýl;***
- beýleki hünär atlarynda bolmagyň möhletleri bellenilmeýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň işde aýratyn tapawutlanandygy üçin höweslendirmek tertibinde salgyt gullugy edaralarynyň gullukçylaryna nobatdaky hünär atlaryny bellenilen möhlet gelip ýetmänkä, ýöne eýeleýän wezipesinde azyndan alty aý işläninden soň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde dakmaga hukugy bardyr.

Işden bikanun çykarmak bilen baglanyşykly arakesmeden soň işinde dikeldilen salgyt gullugy edaralarynyň gullukçylarynyň işiniň arasynyň kesilen wagty bar bolan hünär adynda bolmagyň möhleti hasaplanylýar.

Salgyt gullugy edaralarynyň gullukçylaryna hünär atlaryny dakmak hakyndaky çözgüt degişlilikde Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň buýrugy, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň döwlet salgyt gulluklarynyň başlyklarynyň buýruklary arkaly resmileşdirilýär. Gullukçynyň zähmet depderçesine we şahsy iş resminamasyna degişli ýazgy ýazylýar.

## § 8.8. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň işgärleriniň iş hakyny maliýeleşdirmek

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň işgärleriniň iş hakyny maliýeleşdirmek şu möçberlerde amala aşyrylýar:

– ýüzden 50 bölegi býujet pul serişdeleriniň hasabyna;

– ýüzden 50 bölegi resminamalar arkaly salgyt barlaglarynyň netijeleri boýunça goşmaça hasaplanylan hem-de töletdirilen jerimeleriň we puşman pullarynyň möçberiniň ýüzden 50 böleginiň hasabyna.

Gullugyň we onuň ýerli edaralarynyň işgärleriniň iş hakyndan, şol sanda onuň goşmaça hasaplanylan we töletdirilen jerimeleriň we puşman pullarynyň hasabyna maliýeleşdirilýän böleginden döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin serişdeleri geçirmek býujet pul serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň işgärleriniň iş hakyny maliýeleşdirmäge gönükdirilýän pul serişdelerine şular degişlidir:

- salgyt gullugy edaralary tarapyndan resminamalar arkaly salgyt barlaglarynyň netijeleri boýunça „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna laýyklykda töletdirilýän maliýe jerimeleri we puşmana pullary;
- resminamalar arkaly salgyt barlaglarynyň netijeleri boýunça salgyt gullugy edaralary tarapyndan ýüze çykarylan hukuk bozulmalary boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy üçin beýleki ygtyýarly edaralar ýa-da kazyýet tarapyndan töletdirilýän jerimeler we puşman pullary;
- resminamalar arkaly salgyt barlaglary netijesinde ýüze çykarylan bozulmalar üçin töletdirilýän edara ediş jerimeleri.

Resminamalar arkaly salgyt barlaglarynyň netijeleri boýunça Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetine (şol sanda döwlet gaznalaryna) tölemäge degişli bolan, wagtynda tölenilmändigi üçin ulanylýan puşman pullaryny töletdirmek göz öňünde tutulan beýleki hökmany tölegler boýunça hasaplanylan puşman pullary hem hasap lanylýar.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň işgärleriniň iş hakyny maliýeleşdirmäge gönükdirilýän jerimeleriň we puşman pullarynyň ulanylan möçberleri Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky girdeji hasabynyň ýörite hasabyna geçirilýär.

Resminamalar arkaly salgyt barlaglarynyň netijeleri boýunça çözgütlerde we beýleki zerur resminamalarda jerimeleriň we puşman pullarynyň ýüzden 50 bölegini ýörite hasaba geçirmegiň zerurdygy, bankyň ady we hasabyň nomeri görkezilen bolmalydyr.

Ýörite hasaba gowuşýan serişdeler Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan şu aşakdaky bellenilen tertipde sarp edilýär:

- ýörite hasaba hakykatda gowşan serişdeleriň hasabat aýynda zähmet haky gorunyň ýüzden 50 böleginden geçýän möçberini soňraky aýlardaky iş hakyny tölemäge;
- beýleki çykdajylary (enjamlary we esbaplary, awtomaşynlary satyn almak, abatlamak işlerini geçirmek we beýlekiler) býujetden maliýeleşdirmegiň sanawynda görkezilen serişdelerden artyk maliýeleşdirmäge ulanylyp bilner.

Aýry-aýry etraplar, şäherler boýunça iş hakyny tölemek üçin serişdeler ýetmezçilik eden mahaly Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy gowşan serişdeleri hakyky zerurlykdan ugur alyp, täzeden paýlamaga hukugy bardyr.

Jerimeleriň we puşman pullarynyň iş hakyny maliýeleşdirmäge gönükdirilýän möçberiniň ulanylmadyk bölegi soňraky ýyla geçýär.

Ýörite hasapda Türkmenistanyň Baş döwlet sagyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň işgärleriniň iş hakynyň ýüzden 50 bölegini maliýeleşdrmek üçin zerur serişdeler ýetmezçilik eden mahaly Maliýe ministrligi bergini ýörite hasaba geljekde gowuşjak serişdeleriň hasabyna soňra üzmek şertinde, şol maksatlar üçin maliýeleşdirmegi açýar.

**«Salgytlaryň guramaçylyk-hukuk esaslary» diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy ýerine ýetiriji häkimiýetiň nähili edarasy?
2. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy öz işinde haýsy kanunlara esaslanýar?
3. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň wezipelerini kesgitläň we düşündiriň.
4. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklaryny beýan ediň.
5. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklaryny beýan ediň.
6. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlaryna we gul lukçylaryna haýsy ýagdaýlarda öz gulluk borçlaryny amala aşyrmak gadagan edilýär?
7. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň wezipelerini kesgitläp beriň.
8. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlaryna we gul lukçylaryna nähili hünär atlary dakylyp bilner?
9. Hünär atlarynda bolmagyň möhletlerini bellemegiň tertibini düşündiriň.
10. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň işgärleriniň iş hakyny maliýeleşdirmegiň tertibini beýan ediň.
11. Iş haklaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilýän pul serişdele-rini sanap beriň.

# IX BAP. SALGYT BARLAGLARY

## § 9.1. Salgyt barlaglary barada düşünje

Döwletiň salgyt edaralarynyň öňünde goýan wezipeleriniň çäginiň giňelýändigine garamazdan, olaryň içinde iň esasylarynyň biri bolup salgytlaryň hasaplanylyşynyň we tölenilişiniň dogrulygyna gözegçilik bolup durýar. Bu wezipäni ýerine ýetirmek Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda” Bitewi Kanunynda anyk beýan edilen salgyt gözegçiligini salgyt edaralarynyň geçirmeginiň barşynda amala aşyrylýar.

Salgyt gözegçiliginiň guralyşy Türkmenistanyň salgyt gullugynyň işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Salgyt edaralarynyň işine gözgeçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen işiň barşynda diňe bir býujete salgyt tölegleriniň gelip gowşuşynyň ösüşiniň ätiýaçlyklaryny açyk görkezmek bilen çäklenmän, eýsem, ýurtda salgyt düzgün-nyzamy pugtalanýar, salgyt töleýjilerde bolsa amala aşyrylan salgyt hukuk bozmalary üçin çäre görülmeginiň gutulgysyzdygy hakyndaky düşünje emele gelýär. Salgyt edaralarynyň özbaşdak, şeýle hem beýleki gözegçilik we hukuk goraýjy edaralary bilen özara hereketde geçiren barlag işleriniň netijesinde döwlet gaznasyna goşmaça salgytlar, maliýe jerimeleri we puşmana tölegleri gelip gowuşýar.

Salgyt barlagy salgyt gözegçiliginiň möhüm guraly bolup durýar, sebäbi ony geçirmekde ulanylýan usullar salgytlaryň tölenilişiniň we salgyt töleýjileriň salgyt kanunçylygy bilen üstlerine ýüklenilen borçlary ýerine ýetirişleriniň dogrulygyny has doly we esasly barlamaga mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda” bitewi Kanunynyň 80-nji maddasy salgyt barlaglaryny geçirmek hakyndaky umumy düzgünleri belleýär, oňa laýyklykda salgyt edaralary *kameral (deslapky)* we *resminamalaýyn* barlaglary geçirýär *(9.1-nji şekil)*.

*9.1-nji şekil*

**Salgyt barlaglarynyň görnüşleri**




Salgyt barlagy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlag geçiriliýän ýyldan öňki bäş salgyt ýylyndan gowrak wagtdaky işini öz içine alyp biler.

Kameral (deslapky) we resminamalaýyn barlaglar geçirilende salgyt gullugyna salgyt töleýjiniň beýleki taraplar bilen baglanyşykly işleri barada maglumat almak zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, salgyt gullugy bu taraplarda barlanýan salgyt töleýjiniň ýa-da salgyt ýumuşçysynyň işine degişli resminamalary talap edip biler (garşylyklaýyn barlag).

Salgyt gullugynyň işine gözegçilik tertibinde gaýtadan resminamalaýyn barlag ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan şu gullugyň kararynyň esasynda geçirilýär.

## § 9.2. Kameral salgyt barlagy

Salgyt kanunçylygynyň bozulan halatlaryny ýüze çykarmak işinde resminamalaýyn salgyt barlagynyň ähmiýeti örän uludyr. Soňky ýyllarda salgyt gözegçiliginiň barşynda kameral salgyt barlagynyň orny güýçlenýär. Bu birinjiden, kameral barlagy salgyt gözegçiliginiň zähmeti has az talap edýändigi, onuň resminamalaýyn salgyt barlagyna garanyňda zähmet harajatlarynyň örän pesdigi bilen häsiýetlendirip bolar.

Ikinjiden, barlagyň bu görnüşi ählumumy bolup durýar. Onuň bilen salgyt tölemäge teklip edilýän salgyt resminamalarynyň (beýannamalarynyň) 100 göterimini eýeleýär. Şol bir wagtda resminamalaýyn salgyt barlaglar bilen salgyt edaralary hasapda durýan ähli salgyt töleýjileriň bir ýylda diňe 25-30 göterimini gurşap alyp bilýär.

Üçünjiden, hut kameral salgyt barlaglary netijesinde salgyt töleýjiler salgyt edaralary tarapyndan özleriniň hemişe gözegçilikde durýandyklaryny duýýarlar.

Kameral barlagyň taglymatynyň esasyna onuň iki taraply ähmiýeti bardyr. **Birinjiden,** kameral barlag salgyt borçnamalaryny dog- ry hasaplanmagyna gözegçiligiň serişdesi bolup durýar. **Ikinjiden,** kameral barlag resminamalaýyn sagyt barlaglary geçirmek üçin salgyt töleýjini seçip almagyň esasy serişdesi bolup durýar. Şonuň bilen baglanyşyklykda salgyt edaralarynyň kameral salgyt barlaglaryny amala aşyran ýagdaýynda salgyt töleýjileriň öz hukuklaryny we borçlaryny bilmekleri üçin kameral salgyt barlaglary häzirki günde aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

***Kameral (deslapky) barlag,*** bu ilkinji buhgalter we beýleki hasabat resminamalarynyň barlagyny amala aşyrmazdan salgytlar (ýygymlar) boýunça tölegleriň möçberini bellemek maksady bilen döwlet salgyt gullugynyň edarasynda geçirýän işidir.

Kameral salgyt barlagy şu aşakdaky esaslar esasynda geçirilýär:

- döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ýerleşýän ýerinde;
- salgyt töleýjiniň salgytlary hasaplamaga we tölemäge esas bolýan salgyt beýannamalarynyň esasynda;
- maliýe hasabatlarynyň we başga resminamalaryň (hasabatlaryň we hasaplamalaryň), döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ygtyýarlygynda bar bolan özge resminamalaryň we maglumatlaryň esasynda.

Kameral barlag döwlet salgyt gullugynyň ygtyýarly işgärleri tarapyndan, olaryň wezipe borçlary boýunça salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň ýörite çözgüdi gerek bolman, salgyt töleýjiniň salgydy hasaplamaga we tölemäge esas bolan salgyt beýannamalaryny we resminamalary tabşyran gününden başlap, otuz günüň içinde geçirilýär. Görkezilenlere, salgyt ýumuşçysynyň tabşyrýan hasabatyna kameral barlaglaryny geçirmek hem degişlidir.

Görkezilen wagtyň geçmegi bilen etraplar we şäherler boýunça salgyt gulluklary tarapyndan kameral barlag geçirilip bilinmez, salgytlary hasaplamak we tölemek bilen bagly soraglaryň ählisini aýdyňlaşdyrmak üçin bolsa resminamalaýyn salgyt barlagy geçirmeklik bellenilmelidir.

Şunda salgyt gullugy görkezilen möhlet geçenden soň hem resminamalaýyn salgyt barlag geçirmezden hasabatlaryň görnüşlerinde durmaýan goşmaça maglumatlary talap etmek hukugyny ulanyp biler.

Görkezilen wagtyň geçmegi bilen kameral barlag Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy hem-de welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gulluklary tarapyndan aşakda durýan döwlet salgyt gulluklarynyň işi derňelýän we maksatlaýyn barlaglary geçirilýän mahalynda geçirilip bilner.

Eger-de kameral barlagda hasabat bermekligiň dolulygynda düzgün bozulmalar, hasabatyň resminamalarynyň düzülişiniň dogrulygynda resminamalaryň doldurylyşynda ýalňyşlyk ýa-da tabşyrylan resminamalaryň, maglumatlaryň arasynda gapma-garşylyk tapylsa, şol düzgün bozulmalar, ýalňyşlyklar we gapma-garşylyklar tapylandan soň 5 gün möhletde salgyt töleýjisi (salgyt ýumuşçysy) şol resminamalara degişli üýtgetmeler girizmeklik ýa-da degişli düşündiriş bermeklik barada talap edilip, ýazmaça duýdurylýar. Salgyt hasabatyna düzedişleri girizmek barada duýduryşnamanyň görnüşi 9.1-nji goşundyda getirilýär.

*9.1-nji goşundy*

**Hasabatlaryň tabşyrylmagy ýa-da olara düzediş girizilmegi hakynda**
***Habarnama***

Şu habarnama____________________boýunça Döwlet salgyt gullugy
*(döwlet salgyt gullugynyň ady)*
tarapyndan düzüldi.
Habar edýär,

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şahsy salgyt belgisi | | | | | | | | | | | | |

Edara görnüşli tarap

| | |
|---|---|
| Edara görnüşli tarapyň ady | |

Şahsy tarap

| | | | |
|---|---|---|---|
| Familiýasy | | Ady | |
| Atasynyň ady | | | |

Ýerleşýän ýeriniň (ýaşaýan ýeriniň) salgysy:

| | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Poçta indeksi | | | | | | | | Welaýat | |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Etrap | | | | | Şäher | | | |
| Ilatly ýer *(oba, şäherçe we ş.m.)* | | | | | Etrapça | | | |
| Şaýoly, köçe, geçelge | | | | | Jaý | | Korpus | |
| Öý | | Telefon | | Faks | | E-mail | | |

Siziň___________döwri üçin tabşyran hasabatyňyz boýunça geçirilen kameral
(hasabat döwri)
barlagyň netijesinde şu aşakdakylar anyklanyldy:

1. Siziň tabşyran hasabatyňyzyň içinde hasabaty tabşyrmak üçin bellenilen şu aşakdaky resminamalar ýok (ýetenok):____________________________

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

2. Bellenilen görnüşe laýyk gelmeýän resminamalar:

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

*(hasabatyň görnüşiniň ady we şu görnüşi tassyklaýan kadalaşdyryjy namanyň ady görkezilýär)*

3. Hasabat resminamalarynda şu görkezijiler we maglumatlar doly bellenilmedi

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

*(hasabatyň görnüşiniň doldurylmadyk görkezijileriň we maglumatlaryň ady, setiri, sütüni görkezilýär)*

4. Şu aşakdaky hasabatyň görnüşleriniň maglumatlary düşnüksiz doldurylan:

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

*(hasabatyň görnüşiniň düşnüksiz doldurylan görkezijileriň we maglumatlaryň ady, setiri, sütüni görkezilýär)*

5. Şu resminamalar doldurylanda goýberilen ýalňyşyklar:

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

*(hasabatyň görnüşiniň ýalňyş doldurylan görkezijileriň we maglumatlaryň ady, setiri, sütüni görkezilýär)*

6. Şu aşakdaky resminamalaryň arasyndaky çapraz gelmeler:

________________________________________________

________________________________________________

________________________________________________

*(resminamalaryň görnüşiniň arasynda çarpaz gelen görkezijileriň we maglumatlaryň ady, setiri, sütüni görkezilýär)*

Türkmenistanyň “Salgytlar hakynda” Bitewi Kanunynyň 74-nji maddasynyň 1-nji bölegine we 81-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda 200__-njy ýylyň ______aýynyň ______-ne çenli Siziň ýokarda görkezilen hasabatlary tabşyrmagyňyz/ ýokarda görkezilen hasabatlara degişli üýtgeşmeleri girizmegiňiz zerur, *(gerek dälini çyzmaly)*

______________________________

boýunça Döwlet salgyt gullugynyň başlygy_____*Möhür*________________

*(goly)* *ýeri* *(Familiýasy, ady, atasynyň ady)*

«____»_________200_____г.

Şu habarnama:

| | |
|---|---|
| Gerek dälini çyzmaly | berlen__________________________ ________<br>*(alanyň familiýasy, ady,atasynyň ady)* *(alanyň goly)*<br>_____________________________________________<br>200_ýylyň__aýynyň__ýokarda agzalan salgysy boýunça gowşurylandygy barada habarly etmek bilen poçta boýunça iberildi. |

Kesgitlenilen salgydyň möçberi hakyndaky habarnama salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) kameral salgyt barlagynyň ykrar haty tassyklanylandan soň 5 gün möhletde iberilýär.

Salgyt töleýjisine (salgyt ýumuşçysyna) salgyt habarnamasyny ýollamaklyk Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ Bitewi Kanunynyň 41-nji maddasynyň düzgünine laýyklykda amala aşyrylýar.

***Salgyt habarnamasy*** bu salgyt gullugynyň salgyt töleýjä bildirýän ýazmaça talabydyr.

Salgyt habarnamasy salgyt töleýjä aşakdaky ýagdaýlarda iberilýär:

- salgyt gullugy tarapyndan Bitewi kanuna laýyklykda salgyt hasaplananda;
- eger kameral barlagyň netijeleri boýunça salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjiniň özbaşdak hasaplan salgydynyň möçberinden tapawutlanýan salgydyň möçberi ýüze çykarylanda;
- resminamalar esasynda geçirilen barlaglaryň netijesinde salgyt gullugy (gümrük gullugy) salgydyň bellenen möçberini üýtgetmek barada çözgüt kabul edende;
- salgydy tölemegiň möhleti üýtgedilende;
- salgyt töleýjiniň salgyt tölemek boýunça ýerine ýetirilmedik borçlary bolanda;

- salgyt salmak bilen bagly beýleki ýagdaýlarda.

Salgyt gulluklarynyň edaralary kameral barlagyň dowamynda salgyt töleýji şahsy taraplary ýa-da edara görnüşli salgyt töleýji taraplaryň wezipeli işgärlerini düşündiriş bermek üçin ýazmaça habarnamalaryň üsti bilen salgyt edarasyna çagyrmaga haklydyrlar. Görkezilenler salgyt ýumuşçysyna hem degişlidir. Salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmaklyk baradaky habarnama *9.2 - nji goşunda* laýyklykda iberilýär.

*9.2 - nji goşundy*

***Ýüz tarapy***

**Salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmak barada**
**HABARNAMA**

**200__ý.______________«___» №________**

Kime______________________________________________________
*(çagarylýan adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Ýaşaýan ýeriniň (işleýän ýeriniň) salgysy: Welaýat _______________
Etrap____________________________________Şäher_______________
Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)________________________________
Etrapça______________________________Şaýoly, köçe, geçelge _____
Jaý_____Korpus___________Öý__________.

Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 74-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň talaplaryna laýyklykda, Siz 200__ ýylyň _________aýynyň «___» _______sagat___________minutda

_______________________________________________________________
*(salgyt gullugynyň ady)*

şu salgy boýunça: Welaýat_____________Etrap
__________________________Şäher_______Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)___________________________
Etrapça______Şaýoly, köçe, geçelge_______Jaý____Iş otag______

_______________________________________________________________
*(işgäriň wezipesi we familiýasy, ady atasynyň ady)*

ýanyna, telefon №__________________,_________________

___________________________________________________________
hökmünde
____________________________________________________sebäpli
gelmeli.

Ýanyňyzda pasportyňyz ýa-da şahsyýeti tassyklaýan beýleki

resminama bolmaly.

__________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň

*(salgyt gullugynyň ady)*

başlygy (başlygyň orunbasary)_________ ________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Habarnamany aldym: ___________________________ _____

*(çagyrylýan adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady)* *(goly)*

200___ýylyň ________aýynyň «____»

______________________________________________________

***Arka tarapy***

**Gelenligi hakynda bellik**

Raýat

______________________________________________________

*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

________________________________________________hökmü

de____________________________________________________

*(salgyt gullugynyň ady)*

200__ýylyň ___aýynyň «__» ___sagat____minutdan 200___ýylyň_ aýynyň «___»___sagat____minutyna çenli boldy

__________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň

*(salgyt gullugynyň ady)*

salgyt inspektory

____________________ __________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Salgyt gulluklarynyň edaralary kameral barlagyň dowamynda salgyt töleýji şahsy taraplary ýa-da edara görnüşli salgyt töleýji taraplaryň wezipeli işgärlerini düşündiriş bermek üçin ýazmaça habarnamalaryň üsti bilen salgyt edarasyna çagyrmaga haklydyrlar. Eger-de kameral barlagda tölenmeli salgydyň möçberini azaldýan ýalňyşlyk tapylan bolsa salgyt gullugynyň şol kameral barlagy geçiren işgäri *9.3-nji goşundyda* getirilen görnüşdäki ykrar hatyny düzýär.

*9.2 - nji goşundy*

Tassyklaýaryn

______________________________

*(Döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

boýunça Döwlet salgyt gullugynyň başlygy

______________________________

*(goly)*

200____ýylyň__________aýynyň___

**Kameral salgyt barlagynyň**
**Ykrar haty**

200___ýylyň __________aýynyň _______

________________________________

*(düzülen ýeri, şäher, şäherçe we ş.m.)*

Geçirilýän kameral barlagyň
dowamynda_______________________________________

_________________________________________________________________

*(barlagy geçirýän işgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

________________________boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan

*(döwlet salgyt gullugynyň ady)*

hasabaty
tabşyran__________________________________________________________

_________________________________________________________________

*(edara görnüşli tarapyň ady, familiýasy, ady, atasynyň ady)*

ŞSB_________________________________döwri üçin şular anyklanylan

*(belgisi)* *(hasabat döwri)*

1. Hasabat resminamalaryň öz wagtynda, doly we dogry tabşyrylmagynyň ýerine ýetirilişi

_________________________________________________________________
_________________________________________________________________
_________________________________________________________________
_________________________________________________________________

2. Býujete tölenmeli (ýa-da býujetden yzyna alynmaga degişli) salgydyň möçberiniň arifmetiki hasaplanylyşy

_________________________________________________________________
_________________________________________________________________

3. Salgyt möçberleriň we salgyt ýeňillikleriň ulanylyşyny hem-de olaryň kanunalaýyk gelşiniň esaslandyrmasy

4. Salgyt salynan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry anyklanylyşyny seljeriş barlagy

Mundan başga-da, kameral barlagyň dowamynda şular anyklanyldy.

Şeýlelikde, kameral barlgyň dowamynda umumy goşmaça hasaplanylan salgytlar ______________ müň manat, şol sanda

______________________ 200______ý.____________________

*(salgydyň ady)* *(tölenmeli möhleti)* *(möçberi)*

______________________ 200______ý.____________________

*(salgydyň ady)* *(tölenmeli möhleti)* *(möçberi)*

______________________ 200______ý.____________________

*(salgydyň ady)* *(tölenmeli möhleti)* *(möçberi)*

______________________ 200______ý.____________________

*(salgydyň ady)* *(tölenmeli möhleti)* *(möçberi)*

Geçirilen kameral salgyt barlagynyň netijesinde we ýüze çykarylan delliller boýunça teklip edilýär:

______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________
______________________________________________________________________

*(resmi barlagy geçirmeklik boýunça teklipler ýa-da salgyt gözegçilik çärelerini geçirmeklik boýunça beýleki teklipler, şeýle hem edara ediş çäreleri ulanmak)*

_____________________________________
boýunça Döwlet salgyt gullugynyň

______________________________ ___________ _________________________
*(işgäriniň wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

200______ý.______ ___

Ykrar hatyna salgyt gullugynyň barlagy geçiren işgäri gol çekýär we tabşyrylanyndan soň 5 günüň dowamynda salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan tassyklanylýar. Goşmaça hasaplanylan salgytlaryň möçberleri boýunça olaryň degişli salgytlar boýunça tölenmegi üçin kameral salgyt barlagynyň ykrar hatynda Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda“ Bitewi Kanunynda getirilen möhletler görkezilýär.

Kameral barlagynyň netijesinde kesgitlenilen salgyt, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasaplan salgydynyň möçberinden tapawutly, ýagny, az ýa-da köp möçberde bolsa, salgyt gullugynyň edarasy oňa salgydyň bellenilen möçberi hakyndaky habarnamany *9.4-nji goşunda* laýyklykdaky görnüş boýunça ugradýar.

| | |
|---|---|
| 1 | **Kameral (resminamalaýyn) salgyt barlagynyň netijeleri boýunça salgydyň möçberiniň bellenilendigi barada HABARNAMA 200___ý.__________«____» №** |
| 2 | **Şu habarnama ________________boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan düzüldi** |
| 3 | Habarnama iberilýän salgyt töleýjiniň - edara görnüşli tarapyň doly ady:______________ ____________________________________________________________ |
| 4 | Hukuk salgysy: Poçta indeksi____________Welaýat_______________ Etrap_______________Şäher____________________________________ Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_____________________________ Etrapça______________________Şaýoly, köçe, geçelge_____________ Jaý____________Korpus_____________Öý_________ŞSB__________ |
| 5 | Habarnama iberilýän salgyt töleýjiniň - şahsy adamyň familiýasy___ ady___________________________atasynyň ay____________________ |
| 6 | Ýaşaýan ýeriniň salgysy: Poçta indeksi____________Welaýat________________ Etrap_______________Şäher____________________________________ Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_____________________________ Etrapça________________________Şaýoly, köçe, geçelge__________ Jaý____________Korpus_____________Öý_________ŞSB__________ |
| 7 | Hakyky ýaşaýan ýeriniň salgysy: Poçta indeksi____________Welaýat________________ Etrap_______________Şäher____________________________________ Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_____________________________ Etrapça________________________Şaýoly, köçe, geçelge__________ Jaý____________Korpus_____________Öý_________ŞSB__________ |

| | |
|---|---|
| 8 | Şunuň bilen habardar edýäris, ýagny, kameral/resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijeleri ______________________ *(gerek dälini çyzmaly)* boýunça we ______________________ ______________________esasynda *(salgydyň möçberini bellemek üçin esas)* salgylar_____umumy möçberde bellenildi we goşmaça hasaplanyldy *(möçber)* ______________________ *(möçber ýazmaça)* we__________________, ______________________ *(möçber)* *(möçber ýazmaça)* barabar umumy möçbere azaldyldy, şol sanda: |
| | |

| 9 | Salgydyň görnüşi | Hasabat döwri | | Salgyt töleýjiniň hasaplan salgydynyň möçberi | Salgyt gullugynyň bellän salgydynyň möçberi | Goşmaça hasaplanan salgydyň möçberi | Salgydyň azadylan möçberi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | şundan | şu aralyga | | | | |
| 10. | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 10.1 | | | | | | | |
| 10.2 | | | | | | | |
| 10.3 | | | | | | | |
| 10.4 | | | | | | | |
| 10.5 | | | | | | | |
| 10.6 | | | | | | | |
| 10.7 | | | | | | | |
| 10.8 | | | | | | | |
| 10.9 | | | | | | | |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 11 | Şularyň:__________________________________________ *(salgyt beýannamalaryndaky we hasabatyň beýleki görnüşlerindäki ýalňyşlyklar we laýyk gelmezlikler görkezilýär, olary düzeltmegiň netijesinde salgyt goşmaça hasaplanyldy)* ________________netijesinde salgytlar goşmaça hasaplanyldy. | | | | | | |
| 12 | Salgytlaryň öz wagtynda tölenmändigi üçin puşman töleginiň hasaplanan möçberi________ *(möçberi)* __________________________düzýär, şol sanda: *(möçber ýazmaça)* | | | | | | |
| 13 | Salgydyň bergi bolan görnüşi | | Bergini möçberi | Puşman tölegi hasaplanan döwür | | Puşman tölegi möçberi | |
| | | | | şundan | şu aralyga | | |
| 14 | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 14.1 | | | | | | | |
| 14.2 | | | | | | | |
| 14.3 | | | | | | | |
| 14.4 | | | | | | | |
| 14.5 | | | | | | | |
| 14.6 | | | | | | | |
| 14.7 | | | | | | | |
| 14.8 | | | | | | | |
| 14.9 | | | | | | | |

15 Eger-de 200__ý_____aýynyň «___» möhlete çenli salgydyň görkezilen goşmaça hasaplanylan möçberi we puşmana tölegi Türkmenistanyň Döwlet býujetine doly tölenilmedik halatynda, Size salgydyň tölenilmegini üpjün etmek boýunça «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 58-70-nji maddalarynda, şol sanda kazyýet tertibinde göz öňünde tutulan çäreler ulanylar. Hasaplanylan salgydyň möçberi bilen razylaşmadyk mahaly şikaýat etmek «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 85-87-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertip amala aşyrylýar. Siz ýüze çykan ähli meseleler barada belgili telefon boýunça ýüz tutup bilersiňiz.

<table>
<tr><td>16</td><td colspan="2">Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy:_____Möhür________________<br>(goly) ýeri familiýasy, ady, atasynyň ady<br>Salgyt inspektory:___________ _____________________________<br>(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)</td></tr>
<tr><td>17</td><td>Gerek dälini çyzmaly</td><td>Şu habarnama:<br>_____________________________ _______________ _________<br>(alandygy hakynda bellik, giriş belgisi we senesi) (alandygy hakynda goly) (familiýasy, ady, atsynyň ady)<br>200___ý_____aýynyň «___» gowşurylandygy hakynda habarly etmek bilen poçta boýunça iberildi</td></tr>
</table>

Kesgitlenilen salgydyň möçberi hakyndaky habarnama salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) kameral salgyt barlagynyň ykrar haty tassyklanylandan soň 5 gün möhletde iberilýär. Salgyt habarnamasy edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysyna (onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekiline) ýa-da şahsy tarapa (onuň kanuny ýa-da ygtyýarly wekiline) gol çekdirilip eline ýa-da onuň alnandygyny we senesini tassyklaýan başga bir görnüşde gowşurylmalydyr. Görkezilen taraplar salgyt habarnamasyny almakdan ýüz öwüren halatlarynda, şol habarnama tabşyryk haty bilen poçta arkaly iberilýär. Salgyt habarnamasy tabşyryk haty bilen iberilenden alty gün geçenden soň alnan hasap edilýär.

Salgyt töleýji salgyt habarnamasyny alan gününden başlap 5 gün möhletinden gijikdirmän ýüze çykarylan ýalňyşlyklary düzetmäge borçly we düzedilen maliýe hasabatyny we salgyt beýannamalaryny (hasabatlaryny, hasaplamalaryny) tabşyrylýan senesini görkezmek bilen olaryň düzedilen görnüşini salgyt gullugynyň edarasyna tabşyrmalydyr hem-de olar salgyt töleýjiniň iş bukjasynda ozalky tabşyran görnüşleri bilen saklanylmalydyr. Salgyt beýannamasynyň (hasabatynyň, hasaplamasynyň) ýokary sagyndaky burçynda „Düzedilen“ diýlip ýazgy ýazylýar. Şeýle hem, salgyt töleýji „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 45-nji maddasynyň ikinji bölüminiň talaplaryna laýyklykda, öň bellenen salgyt üýtgedilende goşmaça hasaplanan salgydyň möçberi salgyt töleýji tarapyndan salgyt habarnamasy alnan gününden soň bäş günüň dowamynda tölenýär hem-de ýokarda görkezilen möhlete goşmaça hasaplanylan salgydy we puşmana tölegini tölemäge borçludyr.

Salgyt töleýjiler – şahsy taraplar ýa-da salgyt töleýjiniň – edara görnüşli taraplaryň wezipeli adamlary salgyt gullugynyň edarasynyň tapan ýalňyşlyklaryny düzetmek baradaky talaplaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda ýa-da düzedilen görnüşleriň tabşyrylmagynyň ýokarda görkezilen möhletlerini bozanlarynda olar Türkmenistanyň „Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky" Bitewi Kanunynyň 167/3-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertip boýunça edara ediş jogapkärçiligine çekilýär.

***a) kameral barlagy geçirmegiň umumy talaplary***

Salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçysynyň) tabşyran hasabatlaryny kameral barlamak salgyt gullugynyň edarasynyň wezipeli işgärleri tarapyndan şu aşakdaky bellenilen tertibi berk berjaý etmek bilen geçirilýär:

1) hasabatlaryň doly tabşyrylandygyny barlamak;

2) hasabatlardaky resminamalaryň dogry doldurylandygyny barlamak;

3) hasabatlaryň öz wagtynda tabşyrylandygyny barlamak;

4) býujete tölenmeli (býujetden yzyna gaýtarylmaly) salgydyň möçberiniň arifmetiki hasaplanylyşynyň dogrulygyny barlamak;

5) salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçysynyň) ulanan salgyt möçberiniň we ýeňilliginiň esaslylygyny, kanuny esaslydygyny barlamak;

6) salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry bellenilendigini seljermek.

***b) hasabatlary kabul etmegiň tertibi***

Salgyt töleýjileriň we salgyt ýumuşçylarynyň tabşyran hasabatlaryny kabul etmek we şu işi alyp barmak salgyt gullugy edarasynyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen bellenen işgär amala aşyrýar.

Hasabatlar kabul edilende olary kameral barlamak şu tapgyrlar boýunça amala aşyrylýar:

- hasabatlaryň doly tabşyrylandygyny barlamak;
- hasabatlardaky resminamalaryň dogry doldurylandygyny barlamak;
- hasabatlaryň öz wagtynda tabşyrylandygyny barlamak.

Hasabatlary kabul edýän salgyt gullugy edarasynyň işgäri onuň düzümine girýän ähli resminamalary şu aşakdaky talaplary ýerine ýetirmek bilen gözegçilikden geçirmelidir:

a) hasabatlaryň doly tabşyrylandygy. Salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt gullugynyň edarasyna hökmany tabşyrmaly hasabatdaky ähli resminamalaryň barlygyny anyklamaly. Hasabatyň düzüminde tabşyrylmaga degişli haýsy hem bolsa bir resminamalaryň ýetmeýänligi sebäpli hasabaty almakdan boýun gaçyrmak bolmaýar. Mundan başga-da, işgär tabşyrylan ähli resminamalaryň tassyklanylan görnüşlerine laýyk gelýändigine göz ýetirmelidir;

b) hasabatlardaky resminamalaryň ähli görkezmeleriniň we talap edýän maglumatlarynyň doly doldurylandygyny barlamalydyr. Görkezilenler, aýratynlykda şu aşakdakylaryň barlygyny barlamagy öz içine alýar:

- salgyt töleýjiniň – edara görnüşli tarapyň doly ady;
- salgyt töleýjiniň – şahsy tarapyň ady, familiýasy we atasynyň ady. Bular salgyt ýumuşçysyna hem degişlidir;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hususy salgyt belgisi;
- hasabatyň haýsy döwur üçin doldurylanlygy;
- salgyt töleýjiniň goly (edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysynyň we baş hasapçysynyň), gerekli bolan ýagdaýda salgyt ýumuşçysynyň gollary;
- hasabatyň görnüşindäki görkezilen özge talap edýän maglumatlarynyň doly doldurylandygy anyklanylýar. Salgyt hasabatynyň resmi kagyzynyň haýsy hem bolsa bir setiriniň (sütüniniň) talap edýän maglumatlaryny doldurmaga esas tapylmadyk ýagdaýynda çyzyk goýulmalydyr.
- hasabatlaryň talap edilýän maglumatlarynyň aýdyň doldurylmagy (sözleriň we sanlaryň düşnükliligi, düzedişiň, gysgaltmalaryň, galam bilen ýazgylaryň ýoklugy we ş.m.).

Hasabatyň düzüminde tabşyrylmaga degişli haýsy hem bolsa bir resminamanyň ýoklugy, tabşyrylan ähli resminamalaryň tassyklanylan görnüşlere laýyk gelmezligi, hasabatlardaky resminamalaryň ähli görkezmeleriniň talap edýän maglumatlarynyň hemmesiniň doldurylmanlygy, şeýle hem görnüş boýunça maglumatlar aýdyň doldurylmasa, olar barada salgyt töleýjä habar berilýär.

Salgyt töleýjiler tarapyndan tabşyrylan hasabatlar olary kabul edip alýan işgärler tarapyndan hasaba alynmaly we indiki günden gijä galman kameral barlaglary geçirmek üçin barlag bölümlerine geçirilýär. Hasabatlary hasaba almak we olary hasap bölümine bermek *9.5-nji goşunda* laýyklykdaky görnüşler boýunça kabul edilen hasabatlary hasaba alynýan žurnalda amala aşyrylýar.

*9.5 -nji goşundy*

________________________________________

*(döwlet salgyt gullugynyň edarasynyň ady)*

## Kabul edilen hasabaty hasaba alyş žurnaly

| T/t N | Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçynyň) edara görnüşli tarapyň ady, familiýasy, atasynyň ady) | ŞSB | Haýsy döwür üçin hasabat tabşyrylýar | Hasabaty tabşyrmak üçin bellenilen döwür | Hasabatyň hakykatda tabşyrylan senesi | Barlaglar bölümi tarapyndan hasabatyň kabul edilen wagty | Salgyt hasabaty boýunça habarnamanyň iberilen senesi | Ýetmedik ýa-da üýtgedilen (düzedilen) hasabatyň hakyky tabşyrylan wagty | Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçy nyň) görkezen möçberler esasynda salgydy hasaplamak üçin hasabatyň hasabat bölümine tabşyrylan senesi | Salgyt gullugy tarapyndan kameral barlagyň netijesi boýunça ýüze çykarylan möçberler esasynda salgydy hasaplamak üçin hasabatyň hasabat bölümine tabşyrylan senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | |

Hasabatlary salgyt gullugynyň edarasyna tabşyrmagyň bellenilen möhletiniň üçünji gününde edara görnüşli taraplary we şahsy taraplary barlaýan bölümler hasapda durýan, salgyt hasabatyny bellenilen möhletinde tabşyrmaly salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) sanawy bilen hakykatda tabşyranlaryň sanawyny barlamaga borçludyrlar.

Salgyt töleýji tarapyndan salgyt beýannamasy bellenen möhletinde tabşyrylmadyk ýagdaýda barlag bölüminiň işgärleri „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 39-njy maddasynyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda salgydyň çak edilýän möçberi salgyt gullugy tarapyndan öňki hasabat döwri üçin salgydyň bellenen möçberinden ugur alyp kesgitlenýär. Salgydyň şolar ýaly hasaplanylmagy hasabat bermegiň bellenen möhletiniň senesinden üç gün geçmegi bilen amala aşyrylýar. Salgyt töleýjisine salgydyň hasaplanylan möçberi hakynda *9.6-njy goşunda* laýyklykda habarnama ugradylýar.

*9.6-njy goşundy*

| |
|---|
| **Salgyt gullugy tarapyndan hasaplanan salgydyň möçberi barada**<br>**HABARNAMA**<br>**200____ý.__________________«____» №_________** |
| **Şu habarnama _______________boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan düzüldi.** |
| Habarnama iberilýän salgyt töleýjiniň - edara görnüşli tarapyň doly ady:______ |
| Hukuk salgysy: Poçta indeksi____________Welaýat_______________________<br>Etrap________________________Şäher_______________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_______________________________________<br>Etrapça________________________________Şaýoly, köçe, geçelge___________<br>Jaý_____Korpus__________Öý___________ŞSB_______Telefon___________ |
| Habarnama iberilýän salgyt töleýjiniň - şahsy adamyň familiýasy____________<br>ady______________________atasynyň ady____________________________ |
| Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi_________________________________Welaýat_______________<br>Etrap_______________________Şäher_______________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_______________________________________<br>Etrapça________________________________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus____________Öý______________________ŞSB__________ |

| |
|---|
| Hakyky ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi____________Welaýat______________________<br>Etrap________________________Şäher_______________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_____________________________________<br>Etrapça______________________________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý______Korpus____________Öý______________________ŞSB_________ |
| Şunuň bilen Sizi şu barada habardar edýäris, ýagny 200__ý.__aýynyň «__» 200__ý. __________aýynyň «__» aralygyndaky salgyt (hasabat) döwri üçin_________<br>__________________________________________________________esasynda<br>*(salgydyň möçberini bellemek üçin esas)*<br>__________________________________________________________möçberde<br>*(möçber ýazmaça)*<br>_________________________________hasaplanyldy, ol Türkmenistanyň Döwlet<br>*(salgydyň görnüşi)*<br>býujetine 200__ý.____________ýylyň «___» möhlete çenli__________________<br>*(bank edarasynyň ady)*<br>bank edarasyndaky_________________hasaba tölenmäge degişlidir. Öň iberilen 200___ý.______ýylynyň «___» №____habarnama ýatyrylmaga degişlidir. Eger şol möhlete çenli salgydyň görkezilen möçberini doly tölemeseňiz, Size salgydyň tölenilmegini üpjün etmek boýunça «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 58-70-nji maddalarynda, şol sanda kazyýet tertibinde göz öňünde tutulan çäreler ulanylar. Hasaplanylan salgydyň möçberi bilen razylaşmadyk mahaly şikaýat etmek «Salgyt hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 85-87-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar. Siz ýüze çykan ähli meseleler boýunça _______________belgili telefon boýunça ýüz tutup bilersiňiz.<br>Salgyt gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy:_____*Möhür*_________________<br>*(goly)* *ýeri* *familiýasy, ady, atasynyň ady*<br>Salgyt inspektory:___________ _______________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

| *Gerek dälini çyzmaly* | Şu habarnama:<br>___________________________ _______________ __________<br>*(alandygy hakynda bellik giriş belgisi we senesi)* *(alandygy hakynda goly)* *(familiýasy, ady atsynyň ady)*<br>200___ý_____aýynyň «___» gowşurylandygy hakynda habarly etmek bilen poçta boýunça iberildi |
|---|---|

Eger-de ýokarda görkezilen düzgün boýunça salgyt töleýji tarapyndan gelejekde salgyt beýannamasy tabşyrylanda salgyt gullugy tarapyndan salgydyň möçberine düzediş girizilýär.

Barlaglar bölümi (bölümleri) salgyt beýannamalary (hasabatlary, hasaplamalary) alnandan (salgyt edarasynda hasaba alnandan) ýa-da barlag bölüminiň işgärleri tarapyndan düzülen gününden

başlap bäş günden gijä galman, salgytlaryň möçberini hususy hasap sahypasynda hasaplamak üçin hasap bölümine geçirýärler. Hasaplamak, degişlilikde salgyt töleýjisi (salgyt ýumuşçysy) ýa-da barlaglar bölümi tarapyndan olarda görkezilen we hasaplanan möçberlerde amala aşyrylýar. Eger-de kameral salgyt barlagynyň netijesinde salgydyň möçberi başga möçberde hasaplanylsa (goşmaça töleg hasaplanylsa, azaldylsa), gaýtadan hasaplanylmak kameral salgyt barlagynyň ykrar haty boýunça we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) tabşyrýan anyklanan (üýtgedilen) salgyt beýannamalary (hasabatlary, hasaplamalary) boýunça amala aşyrylýar.

***ç) hasabatyň görkezijileriniň barlanyşy***

Hasabatyň görkezijileriniň barlanyşy aşakdaky tapgyrlarda amala aşyrylýar:

- býujete tölenmeli (býujetden yzyna gaýtarylmaly) salgydyň möçberiniň arifmetiki hasaplanylyşynyň dogrulygyny barlamak;
- salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçysynyň) ulanan salgyt möçberiniň we ýeňilliginiň kanunçylyk esaslaryny barlamak;
- salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry bellenilendigine seljerme geçirmek.

***Býujete tölenmeli (býujetden yzyna gaýtarylmaly) salgydyň möçberiniň arifmetiki hasaplanylyşynyň dogrulygyny barlamak*** „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-yndaky №71-Ö buýrugy bilen we Türkmenistanyň Maliýe ministriniň wezipesini ýerine ýetirijiniň 2004-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-yndaky №55 buýrugy bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2004-nji ýylyň dekabr aýynyň 9-ynda №330 bilen bellige alnan, „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň II bölegi bilen bellenilen salgyt beýannamalarynyň we beýleki resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Usuly görkezmeleriň hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryň talaplaryna we düzgünlerine laýyklykda salgyt beýannamalarynyň (hasabatlarynyň, hasaplamalarynyň) setirlerindäki we sütünlerindäki hasaplama görkezijileriniň ählisini hasaplap çykmaklygy öz içine alýar.

***Salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçysynyň) ulanan salgyt hakynyň esaslylygy barlanylanda*** salgyt gullugynyň kameral salgyt barlagyny geçirýän işgäri salgyt beýannamalarynda (hasabatlarynda, hasaplamalarynda) görkezilen salgyt hakynyň kanuna gabat gelýänligine göz ýetirmelidir. Kanunçylykda salgyt salynýan aýratyn amallar üçin, harytlaryň we girdejileriň görnüşleri we ş.m. üçin dürli salgyt möçberleri bellenilen ýagdaýlara aýratyn üns berilmelidir. Bular goşmaça tölege, edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyda, ýerasty baýlyklardan peýdalanylanmak üçin salgyda we başga birnäçe salgytlara degişlidir.

***Salgyt töleýjiniň ulanan salgyt ýeňilliginiň (ýa-da salgytlardan boşadylmagynyň) esaslylygyny we olaryň kanuna gabat gelýänligini barlamak üçin*** kameral salgyt barlagy geçirilende *9.7-nji goşunda* laýyklykda tabşyrylýan görnüş boýunça salgyt ýeňilliklerini ulanmaklyk baradaky arzada getirilen maglumatlar hökmany ulanylmalydyr.

*9.7-nji goşundy*

| |
|---|
| **Salgyt ýeňilliklerinden peýdalanmak barada**<br>**ARZA**<br>**200____ý.______________________«____»** |
| ________________________________**boýunça Döwlet salgyt gullugyna berilýär.** |
| Salgyt töleýjiniň - edara görnüşli tarapyň doly ady:________________________<br>______________________________________________________________ |
| Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi____________Welaýat____________________________________<br>Etrap______________Şäher____________________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_____________________________________<br>Etrapça________________________________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý_________________Korpus_______________Öý_______________________ |
| Hakyky ýerleşýän salgysy:<br>Poçta indeksi____________Welaýat____________________________________<br>Etrap______________Şäher____________________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_____________________________________<br>Etrapça________________________________Şaýoly, köçe, geçelge__________<br>Jaý_________________Korpus_______________Öý_______________________ |

<table>
<tr><td>EGTÝDS kody:</td><td>7</td><td>ŞSB</td><td>8</td><td>Telefony</td></tr>
<tr><td colspan="5">Salgyt töleýjiniň - hususy telekeçiniň familiýasy____________________<br>ady_____________________atasynyň ady</td></tr>
<tr><td colspan="5">Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi___________Welaýat__________________________________<br>Etrap_____________Şäher_________________________________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_____________________________________<br>Etrapça______________________________Şaýoly, köçe, geçelge_________<br>Jaý_______________Korpus______________Öý_____________________</td></tr>
<tr><td colspan="3">ŞSB</td><td>12</td><td>Telefon</td></tr>
<tr><td colspan="2">Iberilen senesi 200__ý. – aýynyň «____»</td><td>14</td><td colspan="2">Alnan senesi 200_ý. aýynyň «__»</td></tr>
<tr><td colspan="5">Şunuň bilen habar berýärin, ýagny 200__ý.______aýynyň «__» 200__ý.______ aýynyň «__» aralygyndaky salgyt döwründe_____________________________<br>(salgydyň görnüşi)<br>hasaplanylan mahaly, aşakda görkezilen hukuk esaslar boýunça salgyt ýeňillikleri we salgytdan boşatmalar ulanyldy, şeýle hem şol esaslara laýyklykda, salgydy hasaplamak maksady bilen salgyt özenine goşulmadyk we salgyt özenini azaldýan möçberler barada habar berýärin.</td></tr>
</table>

| **Hukuk esasy** | **Salgyt özenine goşulmadyk (salgyt özenini azaldýan) möçber** |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| Jemi | |

| |
|---|
| Ýokarda görkezilen salgyt ýeňilliklerini we salgytdan boşatmalary ulanmagyň netijesinde<br>________________________hasaplanylmadyk we tölenilmedik möçberiň hasaplanany<br>*(salgydyň görnüşi)*<br><br>________________________barabardyr. |
| Şu arzada görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygyny we dolulygyny tassyklaýaryn:<br>Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy______________ ____________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Baş buhgalter_____________ ____________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Hususy telekeçi___________ _____________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |
| Kameral barlagyň netijesinde__________________________________________<br>_____________________________________________________________<br>Kameral barlagyň tamamlanan senesi 200__ý.______________aýynyň «___» |
| Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy: ___________ _______________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Salgyt inspektory:___________ __________________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

Şu goşundynyň ,,Hukuk esasy" diýen sütüninde salgyt töleýjiniň getiren, salgyt ýeňilliklerini ýa-da salgytlardan boşadylmaklygy ulanylmaga esas bolup durýan, ähli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna hökman seretmek gerekdir.

Salgyt gullugynyň edarasynyň kameral salgyt barlagy geçirýän işgäri salgyt töleýjiniň hakykatdan hem salgyt ýeňilliklerini ulanýan ýa-da salgytlardan boşadylýan birlik bolup biljekdigine, şol ýeňillikler we boşadylmak hukugyny berýän kanunçylyga laýyklykda onuň işine, girdejisine, salgyt salynýan amallaryna geçirýän ýa-da başga salgyt salynmaly binýadyna, şeýle hem kanunçylykda bellenilen we salgyt hakynyň azaldylmagyny göz öňünde tutýan ýagdaýlary ulanylyp biljekdigine göz ýetirmelidir.

Şeýle hem, *9.8-nji goşunda* laýyklykda salgyt töleýji tarapyndan tabşyrylýan salgytlar boýunça ýeňilliklerden peýdalanmazlyk (olary peýdalanmagy ret etmek) baradaky arzanyň berlendigi barada hökmany barlag geçirmelidir.

<table>
<tr><td>1</td><td colspan="6">Salgytlar boýunça ýeňilliklerden peýdalanmazlyk (olary peýdalanmagy ret etmek) barada<br>ARZA</td></tr>
<tr><td>2</td><td colspan="6">______________________boýunça Döwlet salgyt gullugyna berilýär.</td></tr>
<tr><td>3</td><td colspan="6">Salgyt töleýjiniň - edara görnüşli tarapyň doly ady:____________<br>______________________________________</td></tr>
<tr><td>4</td><td colspan="6">Hukuk salgysy:<br>Poçta indeksi________Welaýat____________________<br>Etrap_________Şäher_______________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)______________________<br>Etrapça_________________Şaýoly, köçe, geçelge_______<br>Jaý__________Korpus_______Öý_______________</td></tr>
<tr><td>5</td><td colspan="6">Hakyky ýerleşýän salgysy:<br>Poçta indeksi________Welaýat____________________<br>Etrap_________Şäher_______________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)______________________<br>Etrapça________________Şaýoly, köçe, geçelge_______<br>Jaý__________Korpus__________Öý_____________</td></tr>
<tr><td>6</td><td>EGTÝDS kody:</td><td>7</td><td></td><td>8</td><td colspan="2">Telefony</td></tr>
<tr><td>9</td><td colspan="6">Salgyt töleýjiniň - hususy telekeçiniň familiýasy____________<br>ady______________atasynyň ady</td></tr>
<tr><td>10</td><td colspan="6">Ýaşaýan ýeriniň salgysy:<br>Poçta indeksi________Welaýat____________________<br>Etrap_________Şäher_______________________<br>Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)______________________<br>Etrapça_____________________Şaýoly, köçe, geçelge____<br>Jaý__________Korpus__________Öý_____________</td></tr>
<tr><td>11</td><td colspan="3">ŞSB</td><td>12</td><td colspan="2">Telefony</td></tr>
<tr><td>13</td><td colspan="2">Iberilen senesi 200__ý.– aýynyň «__»</td><td>14</td><td colspan="3">Alnan senesi 200_ý.– aýynyň «__»</td></tr>
<tr><td>15</td><td colspan="6">Şunuň bilen 200__ý.___aýynyň «__» 200__ý.___aýynyň «__» aralygynda salgyt döwründe__________________________<br>____________________________laýyklykda bellenilen<br>(«Salgytla hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň ýa-da başga kadalaşdyryjy hukuk namasynyň maddasy, bölegi, bölümi)<br>_________salgyt boýunça berlen ýeňillikleri peýdalanmagy ret edýändigimi yglan<br>(salgydyň görnüşi ) edýärin.</td></tr>
</table>

| | |
|---|---|
| 16 | Edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysy___________ _____________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Baş buhgalter_____________ _______________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Şahsy adam_______________ ________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |
| 17 | Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy: ___________ ____________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*<br>Salgyt inspektory:___________ ____________________________<br>*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)* |

Salgyt ýumuşçylary hökmünde çykyş edýän taraplaryň tabşyrýan maglumatlarynda salgydyň haýsy sebäp boýunça tutulmanlygyny görkezýän degişli sütüni boýunça salgyt ýumuşçy tarapyndan getirilen ähli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, bellenen ýagdaýlarda bolsa tölegleriň çeşmesinden salgydyň tutulmazlygyna esas bolan goşulýan resminamalar hem hökman seredilmelidir.

***Salgyt salynýan binýatlaryň we salgyt özeniniň dogry bellenilendigine seljerme*** işleri şu aşakdakylary öz içine alýar:

- salgyt özenini kesgitlemek üçin gerekli hasabatlaryň we hasaplaryň aýry-aýry görkezmeleriniň arasyndaky düşündirilip bolýan aragatnaşyklary barlamak bilen salgyt özeniniň hasaplanyşynyň dogrulygyny kesgitlemek;
- hasabatdaky görkezijileriň, geçen hasabat döwründäki meňzeş görkezijiler bilen deňeşdirip bolýandygynyň barlagyny;
- maliýe hasabatyndaky we salgyt beýannamasyndaky aýratyn görkezijileriniň özara baglanyşyklygyny;
- buhgalteriýa hasabatyna we salgyt görkezijilerine olaryň salgyt gullugynyň edarasynda bar bolan salgyt töleýjiniň maliýe-hojalyk işleri baradaky maglumatlara gabat gelýänligi nukdaýnazardan seredip baha bermek.

Salgyt töleýjiniň maliýe-hojalyk işleri baradaky maglumatlary bolup bank edaralarynyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň edaralarynyň, gümrük edaralarynyň, hukuk goraýjy edaralarynyň maglumatlary, raýatlaryň arzalary we ýüztutmalary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň bildirişleri we ş.m. bolup biler.

Salgyt gullugynyň edarasy kameral salgyt barlagyny geçirende gerek bolan ýagdaýlarda salgyt töleýjilerden (salgyt ýumuşçysyndan) salgytlaryň dogry hasaplanandygyny we wagtynda tölenendigini tassyklaýan goşmaça maglumatlary, düşündirişleri we resminamalary talap etmäge haklydyr.

Şol maglumatlary talap etmeklik tölenmäge degişli salgytlaryň möçberi salgyt hasabatynda nädogry görkezilendir diýip güman etmäge esas bolanda zerurdyr. Goşmaça talap edilýän resminamalaryň sanawy jikme-jik takyklaşdyrylan bolmalydyr.

Döwlet salgyt gullugynyň edarasy kameral salgyt barlagyny geçirende barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hojalyk işlerine degişli resminamalaryň ählisini talap etmäge hukukly däldir; ol diňe salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) tabşyran resminamalarynda salgyt gullugynyň edarasynyň tapan ýalňyşlyklaryna gönüden-göni degişli resminamalary talap edip biler.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) görkezilen resminamalary kameral barlagyny geçirýän salgyt gullugynyň edarasynyň bellän möhletinde resminamalaryň görnüşine we häsiýetine, şeýle hem olary görkezilen möhletlerde berilmeginiň mümkinçiligine görä 5 günden 10 güne çenli tabşyrmalydyr. Ondan başga-da, eger salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beýleki taraplar bilen bagly işi hakyndaky maglumatlary almak gerek bolanda, salgyt gullugynyň edarasy şol taraplardan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işine degişli resminamalary talap edip biler.

Eger-de goşmaça talap edilen we salgyt töleýjiniň (ýa-da başga taraplaryň) tabşyran resminamalary bar bolan salgyt salynýan binýatlaryň gizlenilmegine (azaldylmagyna) ýa-da salgytlaryň azaldylmagyna şaýatlyk edip biljek maglumatlary ýa-da hakykatlygy öz içine alýan bolsa, onda ol resminamalaýyn salgyt barlagyny bellemäge we soňra geçirmäge esas bolýar.

## § 9.3. Resminamalaýyn salgyt barlagy

***Resminamalaýyn salgyt barlagy*** – munuň özi Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň öňünde duran esasy wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Döwlet salgyt gullugynyň edarasy tarapyndan ilkinji buhgalteriýa we gaýry hasap resiminamalaryny barlamak arkaly geçirilýän amaldyr.

Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň guralýan we geçirilýän döwri Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň öňünde duran esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine, salgytlaryň we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýän beýleki tölegleriň dogry hasaplanylyşyna, doly hem-de wagtynda tölenilişine gözegçilik etmek;
- öz ygtyýarlyklarynyň we gullugyň üstüne ýüklenilen borçlaryň çäklerinde Türkmenistanyň beýleki kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek;
- öz ygtyýarlyklaryna degişli ugurlarda hukuk bozulmalaryny ýüze çykarmak, olaryň öňüni almak we soňuna çykmak hem-de salgyt kanunçylygynyň bozulmalarynda günäkär adamlary jogapkärçilige çekmek.

Resminamalaýyn salgyt barlaglary salgyt kanunçylygynyň öň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek boýunça salgyt gullugynyň görkezmelerini salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ýerine ýetirişini barlamak maksady bilen hem geçirilýär.

### *a) resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilýän döwri salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary hem-de borçlary*

Salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirýän döwründe şulara hukugy bardyr:

- Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy bilen bellenilen tertipde salgyt barlaglaryny amala aşyrmaga;

- beýleki döwlet edaralary bilen bilelikde barlaglara gatnaşmaga;
- salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) we beýleki taraplardan, bank edaralaryny goşmak bilen salgytlary hasaplamak we tölemek üçin esas bolup hyzmat edýän, bellenilen tertipde tassyklanylan görnüşler boýunça resminamalary hem-de gaýry maglumatlary, şeýle hem salgytlaryň, maliýe jerimeleriniň we puşman pullarynyň dogry hasaplanylandygyny hem-de wagtynda tölenilendigini tassyklaýan düşündirişleri we resminamalary talap etmäge hem-de almaga;
- zerur halatlarda salgyt töleýjiniň emläginiň tükelleýiş sanawynyň geçirilmegini guramaga;
- salgyt edaralarynyň ygtyýarlyklaryna girmeýän, ýöne salgyt salmak bilen baglanyşykly bolan soraglar boýunça hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmäge hem-de olardan netijenamalary almaga;
- «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna we Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna laýyklykda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän mahaly edara görnüşindäki taraplaryň we şahsy adamlaryň peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik hem-de gaýry işi amala aşyrmak üçin peýdalanylýan önümçilik, ammar, söwda we gaýry jaýlaryny, şeýle hem şonuň ýaly iş bilen baglanyşykly emlägi gözden geçirmäge;
- elektron gözegçilik-pulhana abzallaryny ulanmagyň kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt bozulmalary hakyndaky işler boýunça teswirnamalary düzmäge;
- salgyt töleýjileri (salgyt ýumuşçylaryny), şeýle hem salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) degişli resminamalary ýa-da maglumatlary bolan beýleki taraplary salgyt gullugynyň edaralaryna çagyrmaga;
- döwlet edaralaryndan salgyt gullugynyň edaralarynyň üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmek üçin zerur bolan habar-maglumatlary bellenilen tertipde soramaga;

- Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek üçin öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde barlanylýan kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň ýolbaşçylary we beýleki wezipeli adamlary, şeýle hem raýatlar üçin hökmany bolan görkezmeleri bermäge hem-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge;
- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgydy hasaplamak we tölemek baradaky resminamalar berilmedik ýagdaýynda, özbaşdak bar bolan maglumatlar esasynda tölenilmäge degişli salgydy kesgitlemäge we onuň möçberini bellemäge;
- salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň bozulmalaryna ýol berlendigi barada şaýatlyk edýän resminamalary almaga;
- «Salgytlar hakyndaky» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny we Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalary bilen bellenilen beýleki hukuklara.

Salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlary we gullukçylary resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilen mahaly şulara borçludyr:

- «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna we Türkmenistanyň kanunçylygynyň beýleki namalaryna berk laýyklykda hereket etmäge;
- salgyt syryny we salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) hakyndaky maglumatlary saklamagyň kadalaryny berjaý etmäge;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge, salgyt töleýjilerden (salgyt ýumuşçylaryndan) ýüze çykarylan bozulmalary düzetmegi talap etmäge hem-de görkezilen talaplaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge;
- salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) we salgyt hukuk gatnaşyklaryna beýleki gatnaşyjylaryň abraýyna we mertebesine sarpa goýmaga.

Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlary we gullukçylary «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny hem-de Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň beýleki namalary bilen bellenilen gaýry borçlary hem çekýär.

Salgyt gullugynyň edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň görkezilen borçlardan başga «Döwlet edaralarynyň diwanynda gulluk etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna we «Döwlet ýolbaşçylaryny we wezipeli adamlary Türkmenistanda döwlet gullugyna seçip almak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda bellenen borçlary hem bardyr.

***b) resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň görnüşleri***

Resminamalaýyn salgyt barlaglary olary bellemek üçin esaslara laýyklyda:

- meýilnama boýunça;
- meýilnamadan daşary.

Barlagy geçirmegiň görnüşleri we usullary boýunça:

- toplumlaýyn;
- maksatlaýyn;
- garşylyklaýyn barlaglara bölünýär.

***Meýilnama boýunça resminamalaýyn salgyt barlaglary*** nobatdaky çärýek üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy ýa-da ýerlerdäki salgyt gulluklarynyň başlyklary tarapyndan tassyklanylýan iş meýinamalaryna laýyklykda geçirilýär.

***Meýilnamadan daşary resminamalaýyn salgyt barlaglary*** aşakdaky ýagdaýlarda geçirilýär:

- hukuk goraýjy edaralardan, şeýle hem döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan gelip gowuşýan tabşyryklara laýyklykda;
- salgyt kanunçylygynyň bozulmalary hakynda şaýatlyk edýän maglumatlar we halatlar bar bolan mahaly;
- goşulan baha üçin salgydy gaýtaryp bermek hakyndaky meselä seredilende, artyk tölegiň, hasaplaşyga alyn maga degişli goşulan baha üçin salgydyň şol salgydyň salgyt salynýan dolanyşykdan ugur alnyp hasaplanylan möçberinden artmagy netijesinde ýüze çykan mahaly;
- edara görnüşindäki tarapyň gaýtadan guralan ýa-da ýatyrylan, hususy telekeçiniň işiniň bes edilen mahaly;

- salgyt gullugynyň çözgüdine, şeýle hem salgyt gullugynyň wezipeli adamsynyň hem-de gullukçysynyň hereketlerine salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şikaýatlaryna ýa-da şeýle salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) babatda gelip gowşan şikaýata seredilen mahaly zerurlyk dörän halatda;
- garşylyklaýyn barlaglary geçirmegiň zerurlygy dörän halatda;
- beýleki zerur halatlarda.

Resminamalaýyn salgyt barlaglary salgyt gullugynyň başlygy tarapyndan, barlaglar bölüminiň, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda bolsa Barlaglar dolandyryşynyň başlygynyň dykgatnamasy esasynda bellenilýär. Beýleki bölümleriň we dolandyryşlaryň başlangyçlarynda barlaglar bellenilen mahaly olaryň başlyklary barlaglary geçirmegiň dykgatnamasynda öz razylyk gollaryny goýmalydyrlar.

***Toplumlaýyn resminamalaýyn salgyt barlagy*** Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) üstüne ýüklenilen býujete tölenilmeli ähli salgytlara we beýleki hökmany töleglere degişli meseleleri gurşap alýar.

***Maksatlaýyn barlag*** bilen aýry-aýry salgytlary we býujete beýleki hökmany tölegleri tölemäge degişli, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda şolary tölemek barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) üstüne ýüklenilen meseleler, şeýle hem kanunçylyk arkaly salgyt edaralarynyň ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki meseleleri öz içine alyp biler.

Eger kameral (deslapky) we resminamalaýyn salgyt barlaglary geçirilen mahaly salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işi hakynda beýleki taraplar bilen baglanyşykly maglumatlary almak zerurlygy ýüze çyksa, salgyt gullugy barlamak üçin şol taraplardan barlanylýan salgyt töleýjiniň ý-da salgyt ýumuşçysynyň işine degişli resminamalary talap edip (garşylyklaýyn barlag) biler.

***Garşylyklaýyn barlag*** şol bir resminamanyň aýry-aýry nusgalaryny mazmuny boýunça, şeýle hem barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) bar bolan rezminamalardaky we hakykatda bar bolan maglumatlardaky degişli ýazgylary beýleki salgyt töleýjilerdäkilerde (salgyt ýumuşçylarynda) hem-de pul serişdeleri, maddy gymmatlyklar, resminamalar alnan ýa-da berlen beýleki taraplardakylarda bolanlary bilen deňeşdirmek arkaly amala aşyrylyp bilner.

### *ç) resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň meýilnamasyny düzmegiň tertibi*

***Meýilnama boýunça resminamalaýyn salgyt barlagy*** Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygy we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda goýlan ýeri boýunça ýerli salgyt gullugynyň başlyklary tarapyndan tassyklanylan çärýekleýin meýilnamalar esasynda geçirilýär. Salgyt gullugynyň edarasyna berlen salgyt beýannamalaryna (hasabatlara, hasaplamalara) we beýleki resminamalara geçirilen seljermeleriň netijesi, şeýle hem barlaglaryň döwürleýinliginiň berjaý edilmegi salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) barlaglaryň meýilnamasyna we iş tertibine goşmak üçin esas bolup durýar.

Meýilnama boýunça toplumlaýyn resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň döwürleýinligi şunuň ýaly bellenilýär:

- ýylda bir gezek – öňki ýylyň jemleri boýunça has uly möçberde tölenilen salgytlary bolan salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) boýunça, olaryň tölän salgytlary degişli salgyt gullugynda hasapda durýan ähli salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) tölänleriniň azyndan 20 göterimine barabar bolmalydyr;
- azyndan üç ýylda bir gezek – degişli salgyt gullugynda hasapda durýan beýleki salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) boýunça.

Meýilnama boýunça resminamalýyn salgyt barlagyny bellenen tertipdäki möhletde salgyt gullugy tarapyndan geçirmäge mümkinçiligi aradan aýyrýan sebäpler bar mahaly barlagy alyp barmak salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan has soňraky döwürlere geçirilip bilner.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşindäki tarapyň kanuny wekilleriniň ýa-da salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – şahsy adamyň özüniň wagtlaýynça bolmazlygy; resminamalary ýa-da maglumatlary daşary ýurtlardan almagyň zerurlygy we başgalar şeýle sebäpler bolup biler. Barlagy başga möhlete geçirmek we geçirilmeli möhletini uzaltmak barlaýan adamynyň we barlaglar bölüminiň başlygynyň dykgatnamasy esasynda salgyt

gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda barlagy başga möhlete geçirmek we geçirilmeli möhletini uzaltmak Barlaglar müdirliginiň dolandyryşynyň başlygynyň dykgatnamasy esasynda amala aşyrylýar. Beýleki bölümleriň we dolandyryşlaryň başlangyçlarynda barlaglar bellenilende olaryň başlyklary hem barlaglaryň möhletlerini başga döwre geçirmek ýa-da olary uzaltmak hakyndaky dykgatnama razylyk gollaryny goýmalydyr.

Resminamalaýyn *(9.9-njy goşundy)* we reýdleýin *(9.10-njy goşundy)* salgyt barlaglary salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçysynyň orunbasary) tarapyndan gol çekilýän görkezmesi esasynda geçirilýär.

*9.9-njy goşundy*

**Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek barada**
**GÖRKEZME**
**200___ý.______________«___» №_________**

___________________________boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan
*(salgyt gullugynyň ady)*

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 82-nji maddasynyň talabyna laýyklykda,_________________________________________
*(edara görnüşli tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

ŞSB_________________________, _________________________________
*(barlagyň görnüşi - resminamalaýyn, garşylyklaýyn)*

barlag geçirmek üçin şu görkezme berildi.

Barlagy geçirmek

_______________________________________________________
*(familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi)*

_____________________________________________________________

tabşyryldy.

Barlagyň geçirilmeli möhleti 200___ýylyň_______aýynyň «____» 200___ýylyň_______aýynyň «____» aralygy.

Barlagyň geçirilmeli möhleti 200___ýylyň_______aýynyň «____» 200___ýylyň_______aýynyň «____» aralygyna uzaldyldy.

Barlagyň geçirilmeli möhleti 200___ýylyň_______aýynyň «____» 200___ýylyň_______aýynyň «____» aralygyna uzaldyldy.

_____________________________________boýunça
*(salgydyň gullugynyň ady)*

Döwlet salgyt gullugynyň başlygy (başlygyň orunbasary)

________________ *Möhür* ___________________________

*(goly)* *ýeri* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Görkezilen bilen tanyşdym:

____________________________________________ __________

*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)* *(goly)*

200___ýylyň_______aýynyň «____»

Barlag 200___ýylyň_______aýynyň «____» durzuldy;
Barlag 200___ýylyň_______aýynyň «____» täzeden başlandy;
Barlagyň durzulandygy barada tanyşdym:

____________________________________________ __________

*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)* *(goly)*

200___ýylyň_______aýynyň «____».

*9.10-njy goşundy*

**Reýdli salgyt barlagyny geçirmek hakynda**
**GÖRKEZME**
**200___ý.______________«___» №_________**

__________________________boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan

*(salgyt gullugynyň ady)*

200__ýylyň____aýynyň «___» başlap, 200__ýylyň______aýynyň «____»
______________________________________________________boýunça

*(reýdli barlagyny geçirmegiň maksady)*

salgyt töleýjilere

_______________________________________________________________
_____________________________________________________ çäklerinde

*(bazaryň, köçäniň, etrabyň ady)*

reýdli barlagy geçirmek
üçin___________________________________________________________
_______________________________________________ iberilýär.

*(familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi)*

__________________________boýunça Döwlet salgyt gullugy tarapyndan

*(salgyt gullugynyň ady)*

başlygy (başlygyň orunbasary)

________________ *Möhür* ___________________________

*(goly)* *ýeri* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Salgyt gullugynyň edaralarynyň işgärlerine şu halatlarda salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) babatda gulluk borçlaryny amala aşyrmak, şol sanda resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek gadagan edilýär:

a) eger salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) bolup durýan şahsy adam ýa-da edara görnüşindäki tarapyň ýolbaşçysy ýa-da bolmasa baş hasapçysy salgyt gullugynyň edarasynyň barlag geçirmek üçin bellenilen gullukçysynyň ýakyn garyndaşy bolsa;

b) olar ýa-da olaryň ýakyn garyndaşylary şol gullukça maliýe taýdan göni ýa-da kem-käsleýin bagly bolsa.

Gullukçy şeýle ýagdaýlaryň bardygyny görkezme ýazylyp berilýänçä barlaglar bölüminiň başlygynyň dykgatyna ýetirmelidir. Görkezme ýazylyp berlenden soň şeýle ýagdaýlar bellenilen mahaly ol üýtgedilmelidir, barlagy geçirmek üçin bellenilen gullukçy bolsa çalşylmalydyr.

### *d) salgyt gullugy tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlaglaryny taýýarlamak we guramak*

Resminamalaýyn salgyt barlagy (garşylyklaýyn barlagdan başga) salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt töleýji höküminde hasapda goýlan salgyt gullugynyň işgärleri tarapyndan geçirilýär.

Welaýatlar we Aşgabat şäheri boýunça döwlet salgyt gullugynyň işgärleri tarapyndan (şeýle hem şol gulluklaryň tabşyrmagy boýunça olaryň ýerli salgyt gulluklarynyň işgärleri tarapyndan) resminamalaýyn salgyt barlagy welaýatlaryň (Aşgabat şäheri) ýerli salgyt gulluklarynda salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) babatda amala aşyrylyp bilner.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň işgärleri, şeýle hem onuň başlangyçlarynda ýa-da hukuk goraýjy edaralaryň, şonuň ýaly-da döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin ýerli salgyt gulluklarynyň Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan bu işe çekilen işgärleri tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlagy salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerine garamazdan, islendik salgyt töleýjiler (salgyt ýumuşçylary) babatda amala aşyrylyp bilner.

Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek başlanmazdan öň salgyt gullugynyň barlagy geçirýän işgäri deslapky we taýýarlyk çäreleri hökmünde şulary amala aşyrmalydyr:

- şahsy adamlary we edara görnüşindäki taraplary salgyt töleýjiler hökmünde hasapda goýmak boýunça bellenilen resminamalaryň ählisiniň şol tarapy salgyt töleýji hökmünde hasapda goýmak üçin salgyt gullugyna berlendigini barlamalydyr;
- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan berlen salgyt beýannamalaryny (hasabatlary, hasaplamalary) we buhgalteriýa deňleşmelerini (hasabatlary), şeýle hem beýleki maliýe hasabatlaryny seljermelidir;
- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan berlen salgyt beýannamalary (hasabatlary, hasaplamalary) we maliýe hasabatlary, şolarda ýüze çykarylan ýalňyşlyklar hem-de bozulmalar babatda geçirilýän kameral barlaglaryň maglumatlaryny öwrenmelidir;
- salgyt kanunçylygynyň öň bellenilen bozulmalarynyň häsiýeti bilen tanyşmak maksadyna eýerip, öň geçirilen reýdleýin barlaglaryň maglumatlaryny resminamalar arkaly salgyt barlaglarynyň we gözden geçirmeleriň öňki ykrar hatlaryny seljermelidir;
- Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy tarapyndan hödürlenýän maglumatlaryndan salgyt töleýjiniň daşary ýurtlara önüm ibermek-daşary ýurtlardan önüm getirmek amallary barada maglumatlaryny seçip almalydyr;
- Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň edaralaryndan hasaba alnan şertnamalar hakyndaky maglumatlary almalydyr;
- salgyt töleýjiniň bank hasaplary hakynda bank edaralaryndan gelip gowuşýan maglumatlary öwrenmelidir, zerurlyk ýüze çykan mahaly şol hasaplar boýunça serişdeleriň hereketi hakyndaky maglumatlary talap etmelidir we almalydyr;
- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň)

gönüden – göni hojalyk işiniň özboluşlylygyna, buhgalteriýa we salgyt babatda hasabyny ýöretmäge, hususy telekeçilerde – girdejileriň we çykdajylaryň hasabyny ýöretmäge (mundan beýläk buhgalteriýa we salgyt babatda hasabyny ýöretmek), salgyt salynýan desgalary we salgyt salmagyň binýadyny kesgitlemäge, salgytlary hasaplamaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary öwrenmelidir;

- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işiniň ugurlarynda salgyt gulluklary tarapyndan ýüze çykarylýan birmeňzeş ýalňyşlyklar babatdaky maglumatlar bilen tanyşmalydyr;
- salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) gelip gowuşýan resmi sowallar bilen baglanyşyklylykda onuň salgysyna salgyt gullugy tarapyndan iberilen jogaplary hem-de düşündirişleri öwrenmelidir;
- salgyt töleýjiniň beýleki edara görnüşindäki taraplara (ýa-da şereketlere) paýly gatnaşmagy hakyndaky maglumatlary hem-de bu barada salgyt gullugyna berlen habarnamalary öwrenmelidir.

Resminamalaýyn salgyt barlagyna başlamakdan öňürti zerur halatlarda salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) barlagyň geçirilmegi başlanýança bäş iş gününden gijä galynman resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçiriljekdigi hakynda habar edilýär *(9.11-nji goşundy)*.

*9.11-nji goşundy*

**Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek barada**
**HABARNAMA**
**200___ý.______________«___» №_________**

Kime_____________________________________________________________

*(edara görnüşli tarapyň doly, ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Hukuk salgysy: (ýaşaýan ýeriniň salgysy):Welaýat___________________________
Etrap____________________Şäher_____________________________________
Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)________________Etrapça____________________
Şaýoly, köçe, geçelge______Jaý_________________Korpus________Öý______.
«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 82-nji maddasynyň talap laryna laýyklykda,_____________________________________________________

*(salgyt gullugynyň ady)*

200____ýylyň________aýynyň «___» we 200___ýylyň________aýynyň «___» aralygy boýunça 200__ýylyň_______aýynyň «___» başlap resminamalaýyn salgyt barlagynyň bellenendigi barada habar berýäris.

Görkezilen möhlete çenli buhgalter hasabynyň we maliýe hasabatynyň hemme resminamalaryny we beýleki zerur resminamalary taýýarlamagyňyz Sizden haýyş edýäris.

_____________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň

*(salgyt gullugynyň ady)*

başlygy (başlygyň orunbasary)

_________________ *Möhür* _________________________

*(goly)* *ýeri* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

| | |
|---|---|
| *Gerek dälini çyzmaly* | Şu habarnama: ____________________________ ________________ *(alandygy hakynda bellik, giriş belgisi we senesi)* *(alandygy hakynda goly)* 200__ý.__aýynyň «__» gowşurylandygy hakynda habarly etmek bilen poçta boýunça iberildi. |

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýändigi hakyndaky habarnama resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezmeleriň, reýdleýin salgyt barlaglaryny geçirmek hakyndaky görkezmeleriň we resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky habarnamalaryň hasaba alynýan žurnalynda hasaba alynýar, şol žurnal bolsa salgyt gullugynda ýöredilýär *(9.12-nji goşundy).*
Resminamalaýyn salgyt barlagy haçan-da salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary tölemekden boýun gaçyrýandygyny görkezýän ýeterlik esaslar bar bolan halatlarynda deslapky habarnama bolmazdan hem amala aşyrylyp bilner.

*9.12-nji goşundy*

**Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek baradaky görkezmeleri, reýdli salgyt barlaglary geçirmek baradaky görkezmeleri we resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmek baradaky habarnamalary hasaba alyş ŽURNALY**

| T/b № | Edara görnüşli tarapyň ady, salgyt töleýji-şahsy adamyň (salgyt ýumuşçysynyň) familiýasy, ady, atasynyň ady | ŞSB | Reýdli barlagyň geçirilmeli ýeri | Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek barada görkezme | | Reýdli barlagy geçirmek barada görkezme | | Görkezmäniň hereket edýän möhleti | | Görkezme berlen tarapyň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady | Resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilendigi barada habarnama | | Möhletiň uzaldylandygy barada bellikler |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | № | Sene | № | Sene | seneden | seneş aralygy | | № | Sene | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | |

### *e) resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň tertibi*

Salgyt gullugynyň barlaglary geçirýän işgäri tarapyndan gul luk şahadatnamasy we resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky görkezmäni görkezen mahaly salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) çäklerine ýa-da jaýyna goýberilýär.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmäge salgyt gullugynyň işgärlerine bikanun päsgel berilmegi bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary duruzmagyň Tertibine laýyklykda salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegi üpjün etmek baradaky çäreleriň ulanylmagyna getirýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagy başlanýan günde barlagçy şulara özüni tanatmalydyr:

- edara görnüşindäki tarapyň (filialyň, wekilçiligiň) ýolbaşçysyna, baş hasapçysyna;
- hususy telekeçä ýa-da barlanylýan gaýry şahsy adama.

Atlandyrylyp geçilen adamlar bolmadyk mahaly barlaýan adam olaryň ygtyýarly edilen wekillerine özüni tanatmalydyr.

Barlagçy resminamalaýyn salgyt barlagynyň başlanýandygy hakyndaky görkezilen adamlara habar bermelidir. Şunda görkezmäniň asyl nusgasy görkezilýär we görkezmäni ýokardakylaryň tanşandygy barada görkezmede bellik edilýär. Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) ýa-da olaryň wekillerine resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin görkezmäniň görkezilen senesi barlagyň başlanýan senesi bolup durýar. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) görkezme bilen tanyşmakdan boýun gaçyrmagy resminamalaýyn salgyt barlagyny ýatyrmak üçin esas bolup durmaýar. Şol bir wagtyň özünde salgyt gullugynyň barlagy geçirmek tabşyrylan işgäri barlagy geçirmegiň tertibini we ýerini, iş düzgünini hem-de barlagy geçirmek üçin göwnejaý şertleri üpjün etmek bilen baglanyşykly beýleki meseleleri ylalaşýar.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) haýyş etmegi boýunça barlagçy oňa öz hukuklaryny we borçlaryny düşündirmelidir.

Barlagyň başlanýan tapgyrynda barlagçy şulary anyklamalydyr we öwrenmelidir:

- edara görnüşindäki tarapyň guramaçylyk düzümini;
- edara görnüşindäki tarapyň aýrybaşgalanan birlikleriniň bardygyny;
- iş şertlerini;
- amala aşyrylýan işiň görnüşlerini;
- önümçiligiň guralyşyny;
- önümçilik serişdeleriniň, ammarlaryň, söwda we beýleki jaýlaryň ýerleşýän ýerini;
- işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak üçin bar bolan ygtyýarnamalary;
- resminamalaryň dolanyşygynyň guralyşynyň ulgamyny;
- nyrhlary we tarifleri bellemegiň tertibini hem-de ulgamyny;
- buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň guralyşynyň ulgamyny;
- auditorçylyk barlaglarynyň netijelerini (eger şeýle barlaglar geçirilen bolsa);
- beýleki gözegçilik edýän edaralar tarapyndan geçirilen barlaglaryň netijelerini.

Barlagçynyň resminamalaýyn salgyt barlagyny amala aşyrmagyň dowamynda salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) bellenilen tertipde tassyklanylan görnüşler boýunça salgytlary hasaplamak we tölemek üçin esas bolup hyzmat edýän resminamalary hem-de beýleki maglumatlary, şeýle hem salgytlaryň dogry hasaplanylan-dygyny we wagtynda tölenilendigini tassykllaýan düşündirişleri hem-de resminamalary talap etmäge we almaga haklydyr. Şu görkezilenler ilkinji buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň resminamalaryna, maliýe hasabatlaryna, hojalyk şertnamalaryna, buýruklara we başgalara hem degişlidir.

Maglumatlaryň we resminamalaryň berilmegi hakyndaky resmi sowal öz adyna ýollanan adam olary barlagça bermäge ýa-da özünde talap edilýän maglumatlaryň ýa-da resminamalaryň ýokdugy hakynda habar bermäge borçludyr. Daşary ýurt dilinde düzülen resminamalardan olaryň degişli ýagdaýda güwä geçilen ýazmaça terjimesini talap etmäge barlagçynyň haky bardyr.

Salgyt töleýjiniň (muňa borçly başga tarapyň) barlag geçirilen mahaly talap edilýän maglumatlary we resminamalary bermekden boýun gaçyrmagy ýa bolmasa olary bellenilen möhletlerde bermezligi bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary duruzmagyň Tertibine laýyklykda salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegi üpjün etmek baradaky çäreleriň ulanylmagyna getirýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagy, adatça, iş günleri, iş wagtynda we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bolýan ýeri boýunça geçirilýär. Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) iş düzgüniniň salgyt gullugynyň iş düzgünine laýyk gelmedik ýa-da onda barlagçylary ýerleşdirmek üçin jaý we şertler bolmadyk halatynda barlag salgyt gullugynyň ýerleşýän ýerindäki jaýlarda geçirilip bilner.

Salgyt gullugynyň gulluk jaýynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen mahaly barlag üçin salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beren resminamalary barlagçylar tarapyndan diňe bir ülňä getirilen görnüşde sahypalary boýunça belgilenen bukjalarda kabul edilýär. Barlag üçin resminamalary kabul etmegiň ykrar haty *9.13--nji goşunda* laýyk görnüşde resminamalary kabul etmegiň güwänamasyny düzmek arkaly resmileşdirilýär.

*9.13-nji goşundy*

**Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek üçin resminamalary almagyň**

**YKRAR HATY**

200___ý.________________«____»

__________________________
*(düzülen ýeri)*

______________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň
*(salgyt gullugynyň ady)*

_________________________________________________________________
*(salgyt gullugynyň wezipeli işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

_________________________________________________________________
*(edara görnüşindäki tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

____________________________________________barlagyny geçirmek üçin
*(barlagyň görnüşi)*

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat_________________Etrap_____
Şäher________Ilatly ýer (oba, şäherçe we b.)_____________Kiçi etrap_________
Şaýol, köçe, geçelge_____________________Jaý___________________Korpus____
Öý__________________ŞSB___________________:aşakdaky resminamalar alyndy

| T № | Iş kagyzlarynyň ady | Resminamalara degişli döwürler | Sahypa sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

Barlag geçirmek üçin şu ykrar hatynda atlandyrylan resminamalary berdim

_______________ ___________ ________________________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Barlag geçirmek üçin şu ykrar hatynda atlandyrylan resminamalary aldym

_______________ ___________ ________________________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) resminamalar diňe olaryň abat saklanylmagy barlanylandan soň *9.14-nji goşunda* laýyk görnüşde resminamalary gaýtaryp bermegiň güwänamasyny düzmek bilen gaýtarylyp berilýär.

*9.14-nji goşundy*

**Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilenden soňra resminamalary yzyna gaýtarmagyň**

**YKRAR HATY**

200_____ý.____________________«____»

_________________________

*(düzülen ýeri)*

____________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň

*(salgyt gullugynyň ady)*

_______________________________________________________________

*(salgyt gullugynyň wezipeli işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

_______________________________________________________________

*(edara görnüşindäki tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

__________________________________________barlagy geçirilinden soňra

*(barlagyň görnüşi)*

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat________________Etrap_____
Şäher________Ilatly ýer (oba, şäherçe we b.)_____________Kiçi etrap_________
Şaýol, köçe, geçelge____________________Jaý_________________Korpus____
Öý_________________ŞSB__________________:aşakdaky resminamalar alyndy

| T № | Iş kagyzlarynyň ady | Resminamalara degişli döwürler | Sahypa sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

Barlag geçirmeklik üçin şu ykrar hatynda atlandyrylan resminamalar dolulygyna yzyna gaýtaryldy.
Resminamalary berdim

______________ ____________ _____________________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Resminamalary aldym

______________ ____________ _____________________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

____________________________________________________________

*(şu ykrar hatynda atlandyrylan resminamalaryň saklanyşy boýunça barlagça bolan närazylygy hakynda, salgyt töleýjinň (salgyt ýumuşçysynyň) wekiliniň ýazgysy*

____________________________________________________________

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) resminamalary gaýtaryp bermegiň güwänamasynyň birinji nusgasyna degişli ýazgy geçirmek bilen, barlag üçin berlen resminamalary abat saklamak boýunça nägileliginiň bardygyny (ýokdugyny) görkezýär.

Barlag üçin resminamalary kabul etmegiň we gaýtaryp bermegiň güwänamarlary barlagyň güwänamasyna goşundy hökmünde çatylýar.

Resminamalaýyn salgyt barlaglary amala aşyrylýan döwürde salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda resminamalara, maliýe hasabatlaryna, salgyt beýannamalaryna (hasabatlar, hasaplamalar) we barlanylýan döwrüň beýleki resminamalaryna üýtgetmeleriň hem-de goşmaçalaryň girizilmegine ýol berilmeýär. Şu görkezilenler salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi boýunça barlagy geçirmek wagtlaýyn durzulan halatlaryna hem degişlidir.

Kompýuter maksatnamalaryny peýdalanmak bilen buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmek döwründe barlagçynyň

kagyz göterijilerde hasabyny ýöretmegiň edara görnüşindäki tarapyň baş hasapçysynyň ýa-da hususy telekeçiniň goly bilen güwä geçilen göçürme nusgalaryny talap etmäge haky bardyr, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) bolsa olary barlagça bermäge borçludyr.

Barlagçy tarapyndan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa babatda ýazgylaryny barlamak ony awtomatlaşdyrylan maglumat beriş ulgamyny peýdalanmak boýunça gollanmalar bilen tanyşdyryp, kompýuter maglumatlar binýady boýunça hem geçirilip bilner.

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen döwründe kanunçylygyň salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işini amala aşyrmagyny düzgünleşdirýän ugurlaryna degişli şu umumy meseleleri barlamak zerurdyr:

1) barlanylýan tarapyň dörediş resminamalary kim tarapyndan we haçan resmileşdirildi (hususy telekeçiniň döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnamasy berildi);

2) dörediş resminamalaryna girizilýän üýtgetmeler hakynda salgyt gullugyna wagtynda habar berilmegi hakyndaky talaplaryň berjaý edilişi;

3) işiň amala aşyrylýan ýeriniň hasaba alnan hukuk salgysyna laýyk gelmegi;

4) dörediş gaznasynyň (edara görnüşindäki tarapyň) wagtynda we doly döredilmegi;

5) hojalyk işi dörediş resminamalarynda kesgitlenilen maksatlara we wezipelere laýyk gelýärmi;

6) salgyt töleýjide ulanylýan kanunçylyga laýyklykda işiň amala aşyrylýan görnüşleri boýunça degişli rugsatnamalaryň (ygtyýarnamalaryň) barlygy;

7) pulhana amallaryny ýöretmegiň, gözegçilik-pulhana abzallaryny ulanmagyň bellenilen tertibiniň berjaý edilmegi;

8) berk hasabatlylykdaky blanklaryň hasabyny ýöretmegiň we olary peýdalanmagyň tertibi;

9) pul arkaly düzgünleşdirmegiň tertibiniň berjaý edilişi;

10) daşary söwda amallaryny amala aşyrmagyň tertibiniň berjaý edilmegi;

11) salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan döwlet emlägini kärendä almagyň tertibiniň berjaý edilişi;

12) salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan ätiýaçlandyryş kanunçylygynyň tertibiniň berjaý edilişi;

13) salgyt gullugynyň ygtyýaryna degişli edilen gözegçilik etmek meseleleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan berjaý edilişi.

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen döwürde buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmek hem-de salgyt salmak ugurlaryna degişli şu umumy meseleleri barlamak zerurdyr:

1) barlanylýan edara görnüşindäki tarapda olary barlamak maksady bilen şahamçalar, wekilçilikler barmy;

2) gündelik (hasaplaşyk, daşary ýurt pulundaky we beýleki) hasaplar haýsy bankda açylypdyr. Zerurlyk ýüze çykan halatynda hyzmat edýän banka şu hasaplar boýunça pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky aýlyk göçürmeleri almak maksady bilen resmi ýüztutma iberilýär;

3) buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasaby ýöretmegiň sanawlarynyň maglumatlary maliýe hasabatynyň we oňa goşundylaryň, baş kitabyň, salgyt beýannamalarynyň (hasaplamalaryň, hasabatlaryň) maglumatlaryna laýyk gelýärmi;

4) maliýe hasabatynyň hasabat görkezijileriniň öňki hasabat döwrüniň şonuň ýaly görkezijileri bilen deňeşdirilip görülmegi;

5) maliýe hasabatynyň aýry-aýry görkezijileriniň özara baglanyşygy;

6) ilkinji buhgalteriýa resminamalary, olara girizilýän düzedişleriň sebäpleri göwnejaý ýagdaýda resmileşdirlýärmi;

7) buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasaby ýöretmegiň sanawlarynda ilkinji resminamalar bilen tassyklanylmadyk ýa-da ilkinji resminamalaryň sanawlary boýunça getirilmedik ýazgylaryň beýan edilen halatlary barmy;

8) öndürilen we ýerlenilen önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) düşýän bahasy dogry kesgitlenilipmi;

9) önümleri, harytlary ýerlemekden, işleri ýerine ýetirmekden, hyzmatlary guramakdan alnan peýda dogry kesgitlenilipmi;

10) ýerlemekden daşarky alnan girdejiler we çykdajylar boýunça amallaryň dogry beýan edilmegi;

11) önüm iberijiler, satyn alyjylar, beýleki bergidarlar we algydarlar bilen hasaplaşyklaryň ýagdaýy, bergidarlyk we algydarlyk bergileriniň bardygy we hasapdan çykarylmagy;

12) ulanylýan kanunçylyga laýyklykda esasy serişdeler, maddy däl aktiwler, maddy gymmatlyklar dogry girdeji edilýärmi, könelmek ýagdaýy hasaplanylýarmy we olara gaýtadan nyrh kesmek geçirilýärmi;

13) salgytlaryň her bir görnüşi babatda barlanylýan tarapyň salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) hökmünde ykrar edilmeginiň ýa-da ykrar edilmezliginiň dogrulygy;

14) barlaglar boýunça barlanylýan tarap salgyt töleýji hökmünde ykrar edilýän salgydyň her bir görnüşi babatda, şulary kesgitlemegiň dogrulygy:

- salgyt salynýan binýatlar; salgyt salynýan binýatlar bolmadyk amallar, girdejiler ýa-da emläk,
- salgyt aýyrmalaryň möçberi we olary ulanmagyň esaslandyrylmagy,
- salgyt salynýan aýry-aýry amallar, girdejileriň ýa-da emlägiň görnüşleri üçin ony kesgitlemegiň aýratynlyklaryny nazara almak bilen, salgyt özeniniň möçberi,
- salgytlaryň möçberleri,
- salgyt ýeňillikleriniň möçberleri (salgytlardan boşatmak) we olary ulanmagyň esaslandyrylmagy,
- býujete tölenilmäge degişli hasaplanylan salgytlaryň möçberleri,
- hasabat döwri üçin hasaplanylan salgydyň möçberi (şol döwür üçin öňki beýannamalar we başgalar boýunça),
- goşmaça hasaplanylmaga (azaltmaga) degişli salgytlaryň möçberleri,
- Döwlet býujetine hasaplanylan salgytlaryň doly hem-de wagtynda geçirilmegi,
- soňky hasabat senesi üçin artyk tölegleriň we bergileriň möçberi we onuň şahsy hasap ýazgylarynyň maglumatlaryna laýyk gelmegi,

- şolar boýunça tölenilmeli möhleti gaýra goýlan ýa-da başga döwre geçirilen salgytlaryň (maliýe jerimeleriniň, puşmana tölegleriň) möçberi, hödürlenilen resminamalarda ony bermek üçin esaslaryň dogry hem-de ygtybarly görkezilmegi;
- möhletini gaýra goýmagy (başga möhlete geçirmegi) aradan aýyrýan halatlaryň bolmagy;

15) salgyt ýumuşçysy hökmünde çykyş edýän barlanylýan tarap boýunça salgytlaryň ähli görnüşleri babatda (şu bölümiň 14-nji kiçi bölüminde görkezilen meseleleri almak bilen) – salgytlaryň dogry hasaplanylmagyna, tutulyp alynmagyna, Döwlet býujetine doly we wagtynda geçirilmegine;

16) býujete we býujetden daşary gaznalara tölegleriň dogry hasaplanylmagy, doly we wagtynda geçirilmegi, haçan-da ulanylýan kanunçylyga laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň edaralarynyň üstüne olaryň tölenilmegine (şu bölümiň 14-nji kiçi bölüminde görkezilenlere ulanarlykly meseleleri hasaba almak bilen), hususan-da şulara gözegçilik etmek ýüklenilende:

- döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň geçirilmegine,
- meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň geçirilmegine,
- meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň geçirilmegine,
- Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasyna peýdadan alynýan serişdeleriň geçirilmegine,
- Aşgabat şäherini ösdürmegiň döwlet gaznasyna serişdeleriň geçirilmegine.

### *Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň möhletleri*

Resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň möhletlerini, barlanylýan döwri, barlagçylaryň sanyny, barlagyň anyk wezipelerini we barlanylýn salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) aýratynlyklaryny nazara almak bilen, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy belleýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagy iki aýdan köp wagta dowam edip bilmez. Aýratyn halatlarda, ýokarda durýan salgyt gullugy onuň dowamlylygyny ony tamamlamak üçin zerur bolan, emma bir ýyldan köp bolmadyk möhlete çenli uzaldyp biler.

Barlagy geçirmek üçin bellenilen döwre barlagyň ykrar hatyny ýazmak üçin barlagça zerur bolan wagt goşulýar we barlagça taýýarlyk işlerini geçirmek üçin zerur bolan möhlet girmeýär.

Eger başlanylan barlag haýsydyr bir sebäp bilen dowam etdirilip bilinmese, barlag salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan togtadylýar we bu barada salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) gol çekdirip tanyşdyrmak bilen, öň berlen görkezmä degişli ýazgy ýazylýar. Barlagy togtatmak ya-da gaýtadan dikeltmek barlaglar bölüminiň başlygynyň dykgatnamasy esasynda, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda bolsa Barlaglar dolandyryşynyň dykgatnamasy esasynda salgyt gullugynyň başlygy togtadýar hem-de dikeldýär. Beýleki bölümleriň we dolandyryşlaryň başlangyçlarynda barlag bellenilen döwri olaryň başlyklary hem barlag geçirmek üçin dykgatnama öz razylyk gollaryny goýmalydyrlar. Barlagyň togtadylmagy bilen dikeldilmeginiň aralygyndaky döwür barlagy geçirmegiň umumy möhletine goşulmaýar.

Barlag geçiren aşakda durýan salgyt gullugynyň işine gözegçilik tertibinde ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagy edara görnüşindäki tarap gaýtadan guralan ýa-da ýapylan halatlarda, şeýle hem beýleki zerur halatlarda öňki barlaglaryň geçirilen wagtyna garamazdan dowam etdirilip bilner.

### *Garşylyklaýyn barlaglary geçirmegiň tertibi*

Garşylyklaýyn salgyt barlagy salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan gol çekilýän görkezmesi esasynda geçirilýär.

Garşylyklaýyn salgyt barlagy, adatça, özünde şeýle barlagy geçirmek zerur bolan tarapyň salgyt töleýji hökmünde hasapda durýan salgyt gullugy tarapyndan geçirilýär. Şu halatda barlag özi barasynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda durýan ýerindäki salgyt gullugynyň ýollan resmi ýüztutmasynyň esasynda geçirilýär.

Garşylyklaýyn salgyt barlagy özi barasynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt töleýji hökmünde hasapda durýan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan hem geçirilip bilner.

Garşylyklaýyn salgyt barlagynyň netijeleri buhgalteriýa we salgyt hasaplarynyň barlanylan hojalyk amallarynyň geçirilmegine degişli resminamalaryň göçürmelerini oňa goşmak bilen, erkin görnüşde düzülen ykrar haty arkaly resmileşdirilýär. Zerur halatlarda ykrar hata özleri barasynda garşylyklaýyn barlag geçirilýän taraplardan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) maglumatlary ýa-da resminamalary bilen ýüze çykarylan çaprazlyklaryň sebäpleri hakyndaky talap edilýän düşündirişler goşulmalydyr.

Görkezilen ykrar haty barlag tamamlanandan soň 5 gün möhletde özi barasynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär.

Garşylyklaýyn barlaglary geçirmek üçin beýleki döwletleriň salgyt edaralaryna resmi ýüztutmalary ýerli salgyt gulluklary tarapyndan, degişli döwletleriň ygtyýarly edilen edaralaryna ýüz tutmak üçin Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna (barlanylmaga degişli resminamalaryň göçürme nusgalaryny goşmak bilen), degişli haty ýollamak arkaly iberilýär. Resmi ýüztutma *9.15-nji goşunda* laýyklykdaky görnüş boýunça resmileşdirilýär.

Garşylyklaýyn barlagyň dowamynda özünde garşylyklaýyn barlag geçirilýän tarapyň salgyt kanunçylygyny bozmalaryna şaýatlyk edip biljek halatlar bellenilen halatynda bu barlagy geçirýän salgyt edarasy barlagyň tamamlanan senesinden başlap bäş günüň dowamynda ýüze çykarylan halatlar hakyndaky habary şol tarapyň hasapda durýan salgyt gullugyna ibermäge borçludyr.

*9.15-nji goşundy*

Daşary ýurtly salgyt töleýji (beýleki tarap) barada maglumat almak üçin

**Ýüzlenme**

1. Ýüzlenme üçin hukuk taýdan esas:

___________________________________________________________

*(hatyň haýsy halkara ylalaşygyna laýyklykda uradylýandygyny*

*görkezmeli*______________________________________________________

___________________________________________________________

2. Daşary ýurtly salgyt töleýji (beýleki tarap) barada maglumat:

______________________________________________________________
*(tarapyň doly we gysgaldylan ady, onuň salgysy we beýleki bar bolan maglumatlary görkezilýär)*

______________________________________________________________

______________________________________________________________

3. Barlanylýan salgyt töleýji hakynda Türkmenistandaky maglumatlar:

______________________________________________________________
*tarapyň doly we gysgaldylan ady, onuň salgysy we beýleki bar bolan maglumatlary görkezilýär)*______________________________________________

______________________________________________________________

4. Ýüzlenmäniň mazmuny we maksady:

______________________________________________________________
*(hatyň düýp mazmuny we seredilýän döwrüni we salgydyň takyk görnüşini görkezmek bilen onuň bilen bagly hukuk ýagdaýlary gysgaça ýazylýar)*

______________________________________________________________

______________________________________________________________

5. Ýüzlenmä degişli goşmaça maglumatlar:

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Goşmaça__________sahypa

Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy:___________ ___________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

## § 9.4. Aýry-aýry halatlar üçin resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň tertibi

### *a) edara görnüşindäki tarap gaýtadan guralan ýa-da ýapylan mahaly geçirilýän barlag*

Edara görnüşindäki tarap goşulmak we birleşmek görnüşinde gaýtadan guralan mahaly şeýle tarapyň resminamalaýyn salgyt barlagy onuň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan geçirilýär. Barlag şol tarap edara görnüşindäkii taraplaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan çykarylan pursadyna çenli geçirilýär, barlagyň ykrar haty boýunça kem hasaplanylan pul möçberleri bolsa geçiriş ykrar hatyna (paýlaýyş balansyna) goşulýar.

Edara görnüşindäki tarap bölmek, bölüp aýyrmak, özgertmek görnüşinde gaýtadan guralan halatynda resminamalaýyn salgyt barlagy meýilnamalaýyn tertipde gaýtadan guralýan edara görnüşindäki tarapyň hasapda duran ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan geçirilýär.

Edara görnüşdäki tarapy ýapmak hakyndaky çözgüt kanunçylyk arkaly bellenilen tertipde kabul edilen mahaly onuň barlagy şol tarap salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

Barlagyň ykrar hatynda öň emele gelen we barlag tamamlanan pursada çenli salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) bolan salgytlar we býujete hökmany tölegler boýunça berginiň möçberi hem-de goşmaça hasaplanylan salgytlaryň möçberi, görkezilýär. Barlag ykrar haty ýatyrylyş toparynyň başlygyna gowşurylýar.

Salgyt edarasy barlagyň ykrar haty boýunça karary we salgytlar, puşman tölegleri hem-de maliýe jerimeleri boýunça berginiň möçberini görkezmek bilen, habarnamany ýatyrylýan tarapa bergidarlyk talaplaryny yglan etmek üçin hereket edýän kanunçylyk arkaly bellenilen möhlet tamamlanýança ýatyrylyş toparynyň başlygyna gowşurmaga borçludyr.

### *b) Türkmenistanyň rezidenti bolup durýan edara görnüşindäki tarapyň aýrybaşgalanan birliginiň barlagy*

Türkmenistanyň dahyllysy – edara görnüşindäki tarapyň şahamçasyny, wekilçiligini barlamak edara görnüşindäki tarapyň özüniň salgyt töleýji hökmünde hasaba goýlan ýeri boýunça salgyt gullugynyň ýazmaça görkezmesi esasynda şeýle şahamçanyň, wekilçiligiň ýerleşýän ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan geçirilýär.

Barlagyň ykrar haty üç nusgada düzülýär, oňa barlagçy, şahamçanyň (wekilçiligiň) ýolbaşçysy we hasapçysy gol çekýär. Ykrar hatynyň bir nusgasy şahamçanyň (wekilçiligiň) ýolbaşçysyna gowşurylýar, ikinji nusgasy barlagy geçiren salgyt gullugynda galýar, üçünji nusgasy bolsa ol düzülenden soň bäş günden giç bolmadyk möhletde şol edara görnüşindäki tarapyň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär. Edara görnüşindäki tarapyň özüniň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýän barlagyň ykrar hatyna barlagyň dowamynda alnan ähli resminamalaryň nusgalary, şeýle hem, eger bar bolsa, şahamçanyň (wekilçiligiň) ýolbaşçysynyň nägileligi goşulýar.

Barlag ykrar haty boýunça karar edara görnüşindäki tarapyň özüniň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär.

Türkmenistanyň dahyllysy – edara görnüşindäki tarapyň şahamçasyny, wekilçiligini barlamak şeýle şahamça (wekilçilik) tarapyndan özbaşdak ýagdaýda hasaplanylýan hem-de tölenilýän salgytlar we býujete beýleki hökmany tölegler babatda, şahamçanyň (wekilçiligiň) ýerleşýän ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan şol salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi esasynda geçirilip bilner.

Barlagyň ykrar haty üç nusgada düzülýär, oňa barlagçy, şahamçanyň (wekilçiligiň) ýolbaşçysy we hasapçysy gol çekýär. Ykrar hatynyň bir nusgasy şahamçanyň (wekilçiligiň) ýolbaşçysyna gowşurylýar, ikinji nusgasy barlagy geçiren salgyt gullugynda galýar, üçünji nusgasy bolsa ol düzülenden soň bäş günden giç bolmadyk möhletde şol edara görnüşindäki tarapyň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär.

Barlagyň ykrar haty boýunça karar şahamçanyň (wekilçiligiň) salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär. Şunda kararyň bir nusgasy ol kabul edilen gününden soňky günden giç bolmadyk möhletde edara görnüşindäki tarapyň özüniň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär.

Salgytlaryň we ulanylan maliýe jerimeleriniň hem-de puşman tölegleriniň goşmaça hasaplanylan möçberlerini tutup almak barlagyň ykrar haty boýunça çözgüdi kabul eden salgyt gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

***ç) bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplaryň (şereket) barlagy***

Tutuşlygyna şereketiň işi boýunça hasaplanylýan salgytlar (meselem, goşulan baha üçin salgyt) babatda bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplar (şereket) şeýle şereketde bolan ähli taraplaryň ýerleşýän ýerindäki salgyt gulluklary tarapyndan barlanylýar. Barlag salgydyň hasaplanylmagy we salgyt beýannamasynyň berilmegi üçin jogapkär adamynyň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugynyň ýazmaça görkezmesi esasynda geçirilýär.

Barlagyň ykrar haty üç nusgada düzülýär, oňa barlagçy, şerekete girýän edara görnüşindäki tarapyň ýolbaşçysy we hasapçysy ýa-da şerekete gatnaşyjy hususy telekeçi gol çekýär. Ykrar hatynyň bir

nusgasy barlanylýan tarapa iberilýär, ikinjisi barlagy geçiren salgyt gullugynda galýar, üçünjisi bolsa ol düzülenden soň bäş günden giç bolmadyk möhletde salgydyň hasaplanylmagy hem-de salgyt beýannamasynyň berilmegi üçin jogapkär tarapyň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär. Salgydyň hasaplanylmagy hem-de salgyt beýannamasynyň berilmegi üçin jogapkär adamynyň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýän barlagyň ykrar hatyna barlagyň dowamynda alnan ähli resminamalar, eger bar bolsa, barlanylan tarapyň nägilelikleri goşulýar.

Barlagyň ykrar haty boýunça karar salgydyň hasaplanylmagy hem-de salgyt beýannamasynyň berilmegi üçin jogapkär adamynyň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär.

Bilelikdäki işi amala aşyrýan taraplary (şereket) olar tarapyndan özbaşdak ýagdaýda hasaplanylýan hem-de tölenilýän salgytlar we býujete beýleki hökmany tölegler babatda barlamak şol salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi esasynda şeýle taraplaryň ýerleşýän ýerindäki salgyt gullugy tarapyndan geçirilýär.

Şerekete gatnaşyjylar şolarda salgyt babatda hasapda durýan salgyt gulluklarynyň resmi ýüztutmasy boýunça şereketiň umumy işleriniň ýöredilmegi üçin jogapkär taraplaryň salgyt töleýji hökmünde hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugy barlaglary geçirmek üçin zerur maglumatlary, şol sanda şerekete gatnaşmakdan alynýan girdejiniň paýlanylýan möçberleri we başgalar hakyndaky maglumatlary berýär.

Salgytlaryň goşmaça hasaplanylan möçberleri we ulanylan maliýe jerimeleri we puşman pullary barlagyň ykrar haty boýunça çözgüdi kabul eden salgyt gullugy tarapyndan tutulyp alynýar.

### *d) daşary ýurtly edara görnüşindäki taraplaryň barlagy*

Resminamalaýyn salgyt barlagy daşary ýurtly edara görnüşindäki tarapyň (Türkmenistanyň dahylsyzy) salgyt gullugy edarasynda salgyt töleýji hokmünde hasapda goýulmaga degişli bolan esaslary öwrenmekden başlanýar. Birnäçe esaslar bar mahaly, şolar boýunça

salgyt töleýji hökmünde hasapda goýulmaga degişli beýleki salgyt gullugynyň edarasyna habar berlendigi kesgitlenilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen döwürde barlagçy şulary bellemelidir:

- daşary ýurtly edara görnüşindäki tarapyň işi hemişelik wekilçiligiň döredilmegine getiripmi ýa-da getirmänmi we şeýle netijeler nämä esaslanýar;
- girdejileriň (tölegleriň) haýsy görnüşleri hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrylýan işe degişlidir, haýsylary bolsa oňa degişli bolup durmaýar, şunlukda, olar tölegleriň çeşmesinden salgyt salynmaga degişli bolup biler;
- eger iş hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrylmaýan bolsa, salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiniň girdejilerinden (salgyt töleýjä tölenilýän töleglerden) salgyt tutulyp alyndymy.

Munuň üçin garşylyklaýyn barlag bellenilýär, onuň dowamynda bolsa şulary barlamak zerurdyr:

- haýsy taraplar we salgyt töleýjä tölenilýän tölegler babatda salgytlaryň haýsy görnüşleri boýunça salgyt ýumuşçylary diýlip ykrar edilýär;
- salgyt töleýjiniň girdejilerinden (salgyt töleýjä tölenilýän töleglerden) tölemek salgyt ýumuşçysynyň üstüne ýüklenilýän salgytlaryň hasaplanylmagynyň, tutulyp alynmagynyň doly hem-de wagtynda geçirilmeginiň dogrulygy;
- salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgydyň tutulyp alynmagy geçirilmedik ýagdaýynda esaslaryň resminamalaýyn tassyklanylmagy.
- salgyt ýumuşçysy tarapyndan halkara ylalaşyklarynyň kadalarynyň ulanylmagyna;
- salgyt töleýji tarapyndan bellenilen görnüşdäki arzany berilmegini;
- Türkmenistanyň salgyt gullugy tarapyndan doldurylmadyk arza boýunça; arza berilýänçä tölenilen ýa-da arzada görkezilmedik tölegler boýunça ýol berilmändigini anyklamak zerurdyr. Mundan başga hem salgyt töleýji ta-

rapyndan şertnama boýunça hyzmatlary etmegiň (işleri ýerine ýetirmegiň) hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrylýandygynyň we tölenilýän girdejiniň şeýle hemişelik wekilçilige degişlidigininiň ýazmaça tassyklamasy berilmedik mahaly salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgydyň tutulyp alynmagynyň geçirilendigini bellemek gerekdir;

- berilýän salgyt beýannamalarynda daşary ýurtly edara görnüşindäki tarapyň hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan işine degişli bolan ähli salgyt salynýan amallaryň, emlägiň, girdejileriň hem-de çykdajylaryň dogry hem-de doly beýan edilmegini;
- salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugy bilen bellenilen halatlarda hemişelik wekilçiligiň üstünden amala aşyrylýan işden alnan peýdanyň hasaplamasy ylalaşyldymy.

Daşary ýurtly edara görnüşindäki tarapyň şahamçanyň, wekilçiligiň ýa-da hemişelik wekilçiligiň üsti bilen alyp barýan işine degişli ähli amallary olaryň buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmeginde we salgyt beýannamalarynda (hasabatlarda, hasaplamalarda) beýan edilmelidir. Şeýle amallar bilen baglanyşykly ilkinji hasaby ýörediş resminamalary, daşary ýurtlarda geçirilen ammallar boýunça bolsa şeýle resminamalaryň göçürme nusgalary Türkmenistanda saklanylmalydyr.

Daşary ýurtlarda harçlanylan harajatlary tassyklamak üçin resminamalaýyn barlag geçirilen mahaly şeýle çykdajylary tassyklaýan ähli resminamalary barlagçy talap edip biler, daşary ýurtly edara görnüşindäki tarap bolsa şolary bermelidir. Daşary ýurtly edara görnüşindäki tarapdan şeýle çykdajylaryň hasaby ýöredilýän baş kompaniýanyň dolandyryş ýeriniň ýerleşýän ýeri boýunça auditorçylyk kompaniýasyndan auditorçylyk netijenamasy hem talap edilip bilner.

Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň ykrar hatlary, şeýle hem daşary ýurtly edara görnüşindäki tarapyň barlagynyň ykrar haty boýunça karar onuň Türkmenistanyň çäklerinde şol tarap tarapyndan zerur ygtyýarlyklar berlen wekiline gowşurylýar. Türkmenistanyň çäklerinde şeýle wekil bolmadyk halatynda barlagyň ykrar haty we karar daşary ýurtly edara görnüşindäki tarapyň salgyt gullugyndaky hukuk salgysyna ýollanylýar.

Edara görnüşindäki tarapyň ygtyýarly wekilinden resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatyna nägilelik diňe degişli ýagdaýda resmileşdirilen şertnama ýa-da ynanç haty bar bolan mahaly hem-de şeýle hereketler oňa berlen hukuklaryň we ygtyýarlyklaryň çäklerinde geçirilýän şertlerinde garamaga kabul edilýär.

## § 9.5. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň usullary

***a) barlaglaryň esasy usullary***

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilende şu usullar ulanylýar:

- barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) hojalygyň içerki hasabyny ýöretmegiň we gözegçiliginiň hereket edýän ulgamyny öwrenmek;
- geçirilen hojalyk we maliýe amallary boýunça kanunçylygyň talaplarynyň berjaý edilişini anyklamak maksady bilen, resminamalary barlamak;
- buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasaby ýöretmegiň ilkinji resminamalarynyň bellenilen talaplara laýyk gelýändigini kesgitlemek maksady bilen olary öwrenmek we barlamak;
- buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň maglumatlaryny maliýe hasabatlylygynyň hem-de salgyt beýannamalarynyň (hasabatlar, hasaplamalar) maglumatlary bilen deňeşdirip görmek;
- bir amal boýunça ýazgylary, resminamalary we hakykatda bar bolan maglumatlary barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şolar bilen baglanyşykly bolan beýleki amallary boýunça ýazgylar, resminamalar we hakykatda bar bolan maglumatlar we beýleki edara görnüşindäki taraplardan hem şahsy adamlardan alnan ýazgylar, resminamalar hem-de hakykatda bar bolan maglumatlar bilen deňeşdirip görmek;
- barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) gündelik (hasaplaşyk, daşary ýurt pulundaky we beýleki) hasaplar boýunça bankyň göçürmelerini bankdaky bu hasaplar boýunça asyl nusgadaky ýazgylar bilen, şeýle hem şol ýazgylary ýazmak üçin esas bolup hyzmat eden resminamalar bilen tanyşmak arkaly deňeşdirmek;

- garşylyklaýyn barlaglary geçirmek, ýagny barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) bar bolan ýazgylary, resminamalary beýleki taraplarda bar bolan resminamalaýyn maglumatlar bilen deňeşdirmek;
- Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda barlanylýan salgyt töleýjiniň peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik hem-de gaýry işi amala aşyrmak üçin peýdalanýan önümçilik, ammar, söwda we beýleki jaýlaryny, şeýle hem şeýle iş bilen baglanyşykly emlägi gözden geçirmek;
- gözegçilik üçin (özbaşdak ýagdaýda ýa-da hünärmenleri çekmek bilen) ýerine ýetirilen işleriň möçberlerini ölçäp görmek, çig maly, serişdeleri, ýarym taýýar we taýýar önümleri çekip we ölçäp görmek;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) emlägine tükelleýiş işlerini geçirmegi guramak;
- taýýar önümiň doly hasabynyň ýöredilişini, harytlar we maddy gymmatlyklar saklanylan, daşalan we ýerlenilen mahaly tebigy ýitgileriň ölçegleriniň berjaý edilişini barlamak.

Resminamalaýyn salgyt barlagy resminamalary ***tutuşlygyna*** ýa--da ***seçip*** almak arkaly barlamak usuly bilen amala aşyrylyp bilner.

***Tutuşlygyna barlag amala aşyrylýan mahaly*** barlagçy salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt salynýan möçberleriň hojalyk amallary hem-de barlanylýan döwürde resmileşdirilýän buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň resminamalary boýunça salgyt binýadynyň dogry kesgitlenilendigine göz ýetirmelidir.

***Seçip almak arkaly barlag geçirilen mahaly*** salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan geçirilen hojalyk amallaryny tassyklamak üçin resmileşdirilen, salgyt salmak maksady üçin ähmiýeti bolan buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň resminamalarynyň bir bölegi barlanylýar. Seçip almak usuly bilen barlagyň geçirilendigi hakynda barlagyň şeýle usulynyň seçilip alynmagyny esaslandyrmak bilen, barlagyň ykrar hatynda görkezilýär. Haýsy resminamalaryň we haýsy döwri seçip almak arkaly barlanylandygy hem görkezilýär.

Eger seçip almak arkaly barlag geçirilen mahaly salgyt kanunçylygynyň bozulmalary bellenilse, onda barlagçy tutuşlygyna barlag geçirmelidir.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda barlagçy amala aşyrylan hojalyk amallarynyň ygtybarlylygyna we ykdysady taýdan maksadalaýyklygyna göz ýetirmelidir. Ol şu maksatlar bilen hojalyk işiniň halatlarynyň buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasapda goýmakda adaty bolmadyk ýagdaýy we nädogry beýan edilendigini ýüze çykarýar, şeýle hem ýalňyşlyklaryň we ýoýulmalaryň sebäplerini anyklaýar.

Barlagçy barlag geçiren we önüm öndürmek üçin harçlanylan maddy harajatlary kesgitlän mahaly öndürilýän önüm üçin harçlanylan maddy harajatlaryň kalkulýasiýasyny barlamalydyr.

Barlagçylaryň önümiň bir görnüşi üçin çig maly, serişdeleri harçlamagyň ölçegleriniň artdyrylmagyna şaýatlyk edip biljek halatlar bellenilen mahaly, önümleriň anyk görnüşlerini taýýarlamaga hakykatda harç edilen çykdajylary anyklamak üçin bilermenleri bu işe çekmäge haky bardyr. Barlagçy çig malyň we serişdeleriň hakykatda harçlanany barada bilermeniň düzen netijenamasy esasynda barlagyň ähli döwründe önüm öndürmek bilen baglanyşykly harajatlar üçin çig malyň hem-de serişdeleriň dogry hasapdan çykarylandygy (salgyt salynýan girdejini kesgitlemek üçin kabul edilýän tutup almalar) barada netije çykarýar.

### *b) telekeçilik işini amala aşyrmak üçin peýdalanylýan jaýlary gözden geçirmek*

Barlagçy peýda (girdeji) almaga gönükdirilen telekeçilik we beýleki işleri amala aşyrmak üçin peýdalanylýan jaýlary, şeýle hem şunuň bilen baglanyşykly emlägi salgyt salynýan çeşmeler ýa-da işi amala aşyrmak üçin peýdalanylýan desgalar hakynda hakykatda bar bolan maglumatlaryň salgyt töleýjiniň buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasapda durmagynyň resminamalaýyn maglumatlaryna laýyk gelýändigini kesgitlemek üçin gözden geçirýär.

Önümleri öndürmek, harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary guramak, haryt-maddy gymmatlyklary saklamak üçin peýdalanylýan önümçilik, ammar, söwda, kömekçi jaýlar (şol sanda

kärendä alnanlar), wezipeli adamlaryň kabinetleri, iş orunlary hem-de salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beýleki jaýlary ýa-da olaryň peýdalanýan ýer bölekleri gözden geçirilýän desgalar bolup biler.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan kärhanalaryň we raýatlaryň telekeçilik işini amala aşyrmak, peýda (girdeji) almak üçin peýdalanylýan ýa-da salgyt salmagyň beýleki çeşmelerini saklamak bilen baglanyşykly bolan önümçilik, ammar, söwda we gaýry jaýlarynyň çäklerine barmakda hem-de barlaglary geçirmekde salgyt gullugynyň işgärine päsgel bermegi bank edaralarynda hasaplar boýunça amallary togtatmagyň Tertibine laýyklykda, salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegi üpjün etmek baradaky çäreleriň ulanylmagyna getirýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasapda durmagynda beýan edilmedik işi amala aşyran alamatlary ýüze çykarylan mahaly geçirilen barlagyň netijeleri aýratyn delilhaty bilen resmileşdirilýär. Salgyt töleýjiden ýa-da salgyt ýumuşçysyndan (olaryň wekillerinden), şeýle hem işleri ýerine ýetiren ýa-da hyzmatlary guran taraplardan ýazmaça düşündirişler talap edilmelidir, olar hem barlagyň delilhatyna goşulýar.

Şunuň ýaly ýagdaýda barlagçyynyň şeýle iş üçin peýdalanylýan jaýy möhürlemäge we tükelleme geçirmegi talap etmäge haky bardyr.

Salgyt töleýjiniň möhürlenilen jaýda bolan haryt-maddy gymmatlyklary ýa-da resminamalary gizläp biljekdigini görkezýän habar-maglumatlar bar mahaly salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan şol jaýy goramakda zerur derejede ýardam bermek meselesi boýunça Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň degişli edarasyna ýüz tutmak barada çözgüdi kabul edip biler. Şeýle hem salgyt gullugynyň ýolbaşçysy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) wekilleri tarapyndan barlagçylary resminamalaýyn salgyt barlagyny ýa-da gözegçilik geçirmek üçin goýbermekden boýun gaçyran mahaly Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň degişli edarasyna ýüz tutmak barada çözgüdi kabul edip biler. Eger «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 62-nji maddasyna laýyklykda görlen çäreler netije bermese, şeýle hem salgyt töleýjiniň salgyt salynmagyndan boýun gaçyrmaga meýilleri hakynda şaýatlyk edýän halatlar bar mahaly, görkezilen çözgüt kabul edilýär.

### *ç) pulhanada hakykatda bar bolan pul serişdelerini we gymmatlyklary barlamak*

Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň dowamynda pulhanada we hasabat berýän adamlarda hakykatda bar bolan pul serişdeleriniň hem-de gymmatlyklaryň barlagy geçirilip bilner. Munuň üçin pulhanadaky bolan nagt pullary kagyz pullar boýunça we beýleki gymmatlyklary dolulygyna gaýtadan hasaplamak geçirilýär.

Gaýtadan hasaplamak başlanýança maddy taýdan jogapkär we hasabat berýän adamdan pul serişdeleriniň we beýleki gymmatlyklaryň girdeji hem-de çykdajy edilmegine degişli ähli resminamalaryň hasabata goşulandygy we buhgalteriýa tabşyrylandygy hem-de onuň jogapkärçiligine tabşyrylan ähli pul serişdeleriniň we gymmatlyklaryň girdeji edilendigi, çykdajy edilen bolsa hasapdan çykarylandygy hakynda ýazmaça dilhaty talap edilip bilner.

Maddy taýdan jogapkär (hasabat berýän) adam barlagçylaryň we salgyt töleýjiniň wekilleriniň gatnaşmagynda pulhanada (pulhana jaýynda) we hasabat berýän adamda bolan nagt pullary gaýtadan hasaplaýar hem-de beýleki gymmatlyklary barlaýar.

Barlagyň netijeler *9.16-njy goşunda* laýyklykdaky görnüş boýunça pulhanada we hasabat berýän adamda bar bolan nagt pul serişdeleriniň hem-de beýleki gymmatlyklaryň barlagynyň ykrar haty bilen resmileşdirilýär, şol ykrar hatynda nagt ýagdaýda we barlagyň geçirilen günündäki hasabyny ýöretmegiň maglumatlary boýunça pul serişdeleriniň we gymmatlyklaryň galyndysy görkezilýär hem-de barlagyň netijeleri kesgitlenilýär. Şunda barlagçy maddy taýdan jogapkär (hasabat berýän) adamynyň ykrar hatynda sanalyp geçilen pul serişdeleriniň hem-de gaýry gymmatlyklaryň özüniň jogapkärçilik saklamagynda (hasabat bermeginde) durýandygynyň, olaryň barlagçynyň we bu işe çekilen beýleki adamlaryň gatnaşmagynda özi tarapyndan sanalyp görlendiginiň, jemlenilendiginiň hem-de ykrar hatynyň dogry girizilendiginiň, şeýle hem barlagça nägileliginiň ýokdugynyň ýazmaça tassyklamasyny almalydyr.

Barlagyň dowamynda pulhanada (hasabat berýän adamda) hakykatda bar bolan pul serişdeleriniň we gaýry gymmatlyklaryň buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasaby ýöretmegiň maglumatlaryndan çykylmagy ýüze çykarylan mahaly maddy taýdan jogapkär (hasabat berýän) adam barlagça artyk ýa-da kem çykmagynyň sebäpleriniň ýazmaça düşündirişini bermäge borçludyr.

*9.16-njy goşundy*

**Pulhanadaky we (ýa-da) hasabat berýän tarapdaky pul serişdelerine we beýleki gymmatlyklara geçirilen barlagyň**

**YKRAR HATY**

____________________
*düzülen ýeri*

Ýazgy

Pul serişdelerine we gymmatlyklara barlag geçirmeklige başlananda pul serişdeleri we gymmatlyklary üçin ähli çykdajy we girdeji resminamalary buhgalteriýa tabşyryldy hem-de meniň jogapkärçiligime gelip düşen ähli pul serişdeleri we gymmatlyklary girdeji edilen, gideni bolsa çykdajy edilip hasapdan öçürilen.

Madyy jogapkär (hasabat berýän) tarap:

____________________ ____________ ______________________
*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

______________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň
*(salgyt gullugynyň ady)*

____________________________________________________________
*(salgyt gullugynyň işgäriniň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)*

____________________________________________________________
*(edara görnüşindäki tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

______________________________________barlag geçirilende
*(barlagyň görnüşi)*

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat________________
Etrap____________________________Şäher______________________
Ilatly ýer (oba, şäherçe we b.)______________Kiçi etrap_____________
Şaýoly, köç,e geçelge________________Jaý________Korpus________
Öý______________ŞSB____________________, aşakdakylar anyklanyldy:

1. Nagt pul

________________________________________________

*(san we ýazgy bilen görkezilýär)*

2.______________________________________________________

3._____________________________________________________

Hakyky möçberiniň jemi

________________________________________________

*(san we ýazgy bilen görkezilýär)*

Hasap maglumatlary boýunça__________________________________

*(san we ýazgy bilen görkezilýär)*

Barlagyň netijesinde:

artykmaçlyk_________________________________________________

*(san we ýazgy bilen görkezilýär)*

kemçilik

____________________________________________________________

*(san we ýazgy bilen görkezilýär)*

Pulhana orderleriniň soňky belgisi: girdeji № ______çykdajy______ _____________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň işgäri:

____________________ ____________ ______________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Men tarapyndan hasaplanan pul serişdeleri we gymmatlyklary barlagçynyň gatnaşmagynda dogry hasaplanandygyny we ykrar hatyna ýazylandygyny tassyklaýaryn. Ykrar hatynda sanalan pul serişdeleri we gymmatlyklary saklamaklyk meniň jogapkärçiligimde (hasabatymda) we barlagça hiç hili närazylyk bildiremok.

Maddy jogapkär (hasabat berýän) tarap

____________________ ____________ ______________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Ykrar hatynyň nusgasyny aldym:

____________________________________________________ ______

*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)* *(goly)*

200___ý.______________«____»

*a) emlägi tükellemek*

Resminamalaýyn salgyt barlagyny amala aşyrmagyň dowa-myn-da tükellemegi bellemek barlag geçirýän adama barlanylýan salgyt tşöleýjide (salgyt ýumuşçysynda) bar bolan emläk we onuň buhgal-teriýa taýdan hem-de salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň maglu-matlaryna laýyk gelýändigi hakyndaky takyk maglumatlary almaga mümkinçilik berýär.

Maddy we maddy däl emläk, şeýle hem salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) maliýe borçnamalary tükellenilmäge degişlidir.

***Tükellemek*** – munuň özi buhgalteriýa taýdan we salgyt babat-da hasapda goýmakda bar bolan gymmatlyklary, olaryň abat we dog-ry saklanylmagyny, serişdeleri almak üçin borçnamalary hem-de hukuklary, şeýle hem ammar hojalygyny ýöretmegi we hasabyny ýöretmegiň maglumatlarynyň anyklygyny barlamakdyr. Tükellemek maddy gymmatlyklaryň abat saklanylmagyna gözegçilik etmäge, hasabyny ýöretmekde we maddy taýdan jogapkär adamynyň işinde mümkin bolan ýalňyşlyklary düzetmäge, tebigy ýitgileriň göwrümini kesgitlemäge hem-de maddy we beýleki gymmatlyklaryň galyndylary baradaky hasabyny ýörediş maglumatlaryny takyklamaga mümkinçi-lik berýär.

Esasy gaznalar (serişdeler), haryt-maddy gymmatlyklar, ta-mamlanylmadyk önümçilige harçlanýan harajatlar, pul serişdeleri, önüm iberijiler (potratçylar) bilen hasaplaşyklar we hasabyny ýöretmegiň beýleki maddalary tükellenilýär.

Tükellemek salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan tükel-lemegi bellemek hakynda oňa salgyt gullugy tarapyndan *9.17-nji goşunda* laýyklykda iberilýän talabyň esasynda geçirilýär.

Salgyt töleýji (salgyt ýuuşçysy) şol talabyň alnan gününde bel-lenilen tertipde tükelleýiş toparyny döredýär we ulanylýan kanun-çylyga laýyklykda tükellemegi geçirýär.

*9.17-nji goşundy*

**Haryt-material gymmatlyklaryna tükeleme geçirmek hakynda Talapnama**

**200___ý.____________«____»**

____________________

*düzülen ýeri*

________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň başlygy

*(salgyt gullugynyň ady)*

__________________________________________

*(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

____________________salgyt töleýjide

*(edara görnüşindäki tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

(salgyt ýumuşçysynda) geçirilýän resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda ŞSB__________________.

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat__________Etrap_________

Şäher________________Ilatly ýer (oba, şäherçe we b.)___________________

Kiçi etrap_______Şaýoly, köçe, geçelge_______Jaý______Korpus___Öý_______

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 74-nji maddasynyň 1-nji bölümi esasynda **karar edýärin:**

1.______________________________________________________

*(edara görnüşindäki tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

haryt-material gymmatlyklaryna tükelleme geçirmeli.

200___ý.____________«____»__________s.

2.______________________________________________________

*(edara görnüşindäki tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

resminamalaýyn salgyt barlagyny amala aşyrýan salgyt gullugynyň wezipeli tarapynyň gatnaşmagynda haryt-material gymmatlyklaryna tükellemäni geçirilmegi üpjün etmeli

Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy:___________ ________________________

*(goly)* *(familiýasy, ady atasynyň ady)*

Talapnamanyň nusgasyny aldym:

________________________________________ _____

*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)* *(goly)*

200___ý.____________«____»

Tükellenilýän mahaly hakykatda bar bolan emläk bilen buhgalteriýa taýdan hasabyny ýöretmegiň maglumatlarynyň arasynda ýüze çykarylan çaprazlyk buhgalteriýa taýdan hasabyny ýöretmegiň hasaplarynda şu tertipde beýan edilýär:

- artyk emläk girdeji edilýär we degişli pul möçberleri guramanyň maliýe netijelerine hasaplanylýar;
- ýetmeýän emläk we onuň zaýalanmagy tebigy ýitgileriň ölçegleriniň çäklerinden geçmegi – günäkär adamlaryň hasabyna degişli edilýär.

Salgyt salmagyň maksatlary üçin «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň şu düzgünleri hasaba alynmalydyr:

***a) goşulan baha üçin salgyt boýunça:***

- 97-nji maddanyň 7-nji böümi bilen şular bellenilendir: eger şol harytlaryň ogurlanandygynyň ýa-da zaýalanandygynyň resmi tassyklamasy bolmasa, harydyň tebigy ýitginiň ölçeginden artyk ýa-da kem çykmagy harydyň ýerlenilmegi diýlip ykrar edilýär;
- 101-nji maddanyň 13-nji bölümi bilen şular bellenilendir: eger şol harytlaryň ogurlanandygynyň ýa-da zaýalanandygynyň resmi tassyklamasy bolmasa, haryt tebigy ýitginiň ölçeginden artyk ýa-da kem çyksa, salgyt binýady şu maddanyň 2-nji bölümi bilen bellenilen tertipde kesgitlenilýär, ýagny salgyt özeni şeýle harytlar üçin salgyt töleýji tarapyndan olar adaty tölegli ýerlenilen mahaly şeýle harytlar üçin ulanylýan nyrhlardan ugur alnyp, esasy serişdeler boýunça bolsa galyndy bahasy boýunça kesgitlenilýär;
- 109-njy maddanyň 2-nji bölimi bilen şular bellenilendir, ýagny, eger harytlaryň ýerlenilmegi diýlip ykrar edilýän, harytlar tebigy ýitginiň ölçeginden artyk ýa-da kem çykan mahaly şol ýagdaýlar ýüze çykarylan, şol hasabat (salgyt) döwründe salgyt salynýan amal geçirilen hasap edilýär.

***b) goşmaça tölegler boýunça:***

- 117-nji maddanyň 6-njy bölümi bilen şular bellenilendir, ýagny, eger şol harytlaryň ogurlanandygynyň ýa-da zaýalanandygynyň resmi tassyklamasy bolmasa, haryt tebigy ýitginiň ölçeginden artyk ýa-da kem çyksa, salgyt binýady şu maddanyň 3-nji bölümi bilen bellenilen tertipde kesgitle-

nilýär, ýagny salgyt binýady şeýle harytlar üçin salgyt töleýji tarapyndan olar adaty tölegli ýerlenilen mahaly ulanylýan nyrhlardan ugur alnyp kesgitlenilýär.

***ç) ýerasty baýlyklardan peýdalanylandygy üçin salgyt boýunça:***

- 131-nji maddanyň 3-nji bölümi bilen şular bellenilendir, ýagny, eger şol harytlaryň ogurlanandygynyň ýa-da zaýalanandygynyň resmi tassyklamasy bolmasa, gazylyp alynýan peýdaly maddalar tebigy ýitginiň ölçeginden artyk ýa-da kem çyksa, salgyt binýady şu maddanyň 2-nji bölümi bilen bellenilen tertipde kesgitlenilýär, ýagny, salgyt binýady şeýle harytlar üçin salgyt töleýji tarapyndan olar adaty tölegli ýerlenilen mahaly ulanylýan nyrhlardan ugur alnyp kesgitlenilýär.

***d) edara görnüşindäki taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt boýunça:***

- 155-nji maddanyň 5-nji bölümi bilen şular bellenilendir, ýagny salgyt salmak maksady bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde tassyklanylan tebigy ýitgileriň ölçegleriniň çäklerinde haryt-maddy gymmatlyklaryň kem çykmagyndan we zaýalanmagyndan ýüze çykan ýitgiler hem maddy çykdajylara degişli edilýär;
- 158-nji madda bilen şular bellenilendir, ýagny harytlary öndürmek we ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek, hyzmatlary etmek bilen baglanyşykly beýleki çykdajylara we ýitgilere tebigy ýitgileriň ölçegleriniň çäklerinde gelip gowşan maddy serişdeleriň kem çykmagyndan ýüze çykýan ýitgiler goşulýar;
- 159-njy madda bilen şular bellenilendir, ýagny tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk haryt-maddy gymmatlyklaryň kem çykmagyndan we zaýalanmagyndan ýitgiler, şeýle hem ogurlanylmagyndan çekilen zyýanlar günäkär adamlar bolmadyk (anyklanmadyk) mahaly ýerlenilmekden daşary çykdajylaryň (zyýanlaryň) düzümine goşulýar;

- 169-njy maddanyň 8-nji bölümi bilen şular bellenilendir, ýagny kem çykmalardan, zaýa çykmakdan, boş durmalardan, tebigy heläkçiliklerden, ýangynlardan, bibatlyklardan we beýleki adatdan daşary ýagdaýlardan çekilen zeleller, şeýle hem gaplar bilen geçirilýän amallar boýunça çekilen zeleller olar ýüze çykarylan hasabat (salgyt) döwründe aýyrmalara goşulýar.

***e) barlaglaryň beýleki usullary***

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda:

- bilermenleri bu işe çekmek bilen taýýar önümiň bir birligini taýýarlamaga çig malyň hem-de serişdeleriň hakyky çykdajylaryny we bellenilen ölçegleriň esaslandyrylandygyny bellemek üçin çig malyň, serişdeleriň we taýýar önümiň seljerilmegi;
- degişli hünärmenleri bu işe çekmek bilen, işleriň hakyky göwrümleriniň buhgalteriýa we salgyt hasaplaryndaky resminamalarynda beýan edilen göwrümi bilen deňeşdirmek üçin ýerine ýetirilen işleriň göwrümini gözegçilik babatda ölçäp görmek;
- salgyt töleýjiler tarapyndan salgyt we beýleki kanunçylygyň, şol sanda nagt pul serişdelerini kabul etmegiň bellenilen tertibiniň berjaý edilişini barlamak üçin harytlary gözegçilik ýagdaýynda satyn almak hem-de işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary guramak boýunça gözegçilik ýagdaýynda buýurmalary resmileşdirmek;
- geçen döwürlerde gözegçilik etmegiň hakykatdaky maglumatlaryny buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň maglumatlary bilen deňeşdirip görmek maksadyna eýerlip, belli bir wagt aralygynda harytlary ýerlemegiň, işleri ýerine ýetirmegiň hem-de hyzmatlary guramagyň görnüşlerini we möçberini seçip almak arkaly hasaplap görmek üçin barlagçy tarapyndan salgyt töleýjiniň işine gözegçilik etmek geçirilip bilner.

## § 9.6. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen mahaly salgyt gullugyna çagyrmak

Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen mahaly salgyt gullugynyň edarasyna:

- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – şahsy tarap;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşindäki tarapyň wezipeli adamy ýa-da gullukçysy;
- salgyt töleýjilere (salgyt ýumuşçylaryna) degişli bolan resminamalary we maglumatlary bolan taraplar, şol sanda şaýatlar, bilermenler, hünärmenler, terjimeçiler hökmünde bu işe çekilýän adamlar çagyrylyp bilner.

Salgyt gullugynyň edaralaryna raýatlary çagyrmak hukugy diňe gullugyň başlyklaryna (başlygyň orunbasarlaryna) berlendir. Salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmak resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirýän ýa-da önümçiliginde salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalary baradaky işleriň üstüni açan gullukçylaryň maglumatlary esasynda geçirilýär.

Barlagçylaryň salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan), onuň wekillerinden, barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) beýleki wezipeli adamlaryndan ýa-da şahsy taraplardan resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň dowamynda ýüze çykýan meseleler boýunça ýazmaça düşündirişleri talap etmäge haky bardyr.

Şahsy taraplardan salgyt we beýleki bozulmalaryň amala aşyrylmagynyň mümkinliginiň halatlaryny barlamaga, barlanylýan salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan amala aşyrylan bozulmalaryň ýagdaýyny, tärlerini, görnüşlerini we usullaryny bellemäge mümkinçilik berýän düşündirişleriň alynmagy, şol adamlary çagyrmagyň maksady bolup durýar.

Şahsy tarapa salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmak hakyndaky habarnama wagtynda iberilýär.

Salgyt gullugynyň edarasyna çagyrmak hakyndaky habarnama çagyrylýan şahsy tarapa gol çekdirilip ýa-da ony çagyrylýan adamyň almagyny üpjün edýän beýleki usul bilen gowşurylýar.

Şahsy tarap çagyrylmagy boýunça gelmekden boýun gaçyrsa

ýa-da gelmekden gaça dursa, salgyt edarasynyň ýolbaşçysy şahsy tarapyň gelmegini üpjün etmekde, şol sanda ony mejbury ýagdaýda getirmekde zerur derejede ýardam etmek meselesi boýunça Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýerli edarasyna ýüz tutmak barada çözgüdi kabul edip biler.

Özi barasynda resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän, salgyt gullugyna çagyrylan şahsy tarapyň ygtyýarly wekiliniň ýa-da aklawçynyň gatnaşmagyny talap etmäge haky bardyr. Salgyt gullugynyň şu talaplardan boýun gaçyrmaga haky ýokdur. Şunda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ygtyýarly wekili ýa-da aklawçysy öz ygtyýarlygyny tassyklaýan resminamany (tabşyryk şertnamasyny ýa-da ynanç hatyny) görkezmelidir. Barlagçy ygtyýarly wekiliň ýa-da aklawçynyň özüne berlen hukuklaryň çäklerinde hereket edýändigine göz ýetirmelidir.

Soraşdyryp görmek geçirilenden soň barlagçy soraşdyryp görmegiň ykrar hatyny düzýär, onda berlen sowallar we şahsy tarapyň beren jogaplary hem-de delilleri beýan edilýär. Şahsy tarapyň soraşdyryp görülmeginiň ykrar hatyna sahypama-sahypa barlagçy we soraşdyryp görülýän şahsy tarap gol çekýär. Ykrar hatynyň ahyrynda şahsy tarap oňa gol çeken mahaly öz eli bilen öz beýan eden ähli halatlarynyň soraşdyryp görmegiň ykrar hatynda dogry beýan edilendigine şaýatlyk edýän ýazgyny ýazýar.

Barlagçy tarapyndan şahsy tarapdan barlanylýan salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gatnaşygy bolan gyzyklanylýan halatlar boýunça ýazmaça düşündirişini hem talap edip biler. Şeýle halatda şahsy tarap görkezmelerini öz eli bilen ýazyp beýan edip biler, şol görkezme bilen bolsa barlagçy tanyşmaga we olar doly bolmadyk halatynda düşündiriş almagy talap edilýän goşmaça sowallary bermäge borçludyr.

Soraşdyryp görmegiň ykrar haty (alnan düşündirişler) bir nusgada düzülýär we barlagyň salgyt gullugynda galýan ykrar hatyna çatylýar.

Haçan-da soraşdyryp görmegiň ykrar hatynda ýa-da alnan düşündirişlerde beýan edilen maglumatlaryň barlanylýan salgyt

töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmeginiň maglumatlaryna laýyk gelmeýän ýagdaýlary bolsa, barlagçy bu barada barlagyň ykrar hatynda beýan etmek bilen, şeýle laýyk gelmezligiň sebäplerini bellemäge borçludyr.

Barlagçy şu aşakdaky halatlar bellenilen mahaly edara görnüşindäki tarapyň ýolbaşçysyndan we baş hasapçysyndan, hususy telekeçiden, barlanylýan salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) işleýänler barada zerur maglumatlary toplamak üçin beýleki taraplardan ýazmaça düşündirişi talap etmäge borçludyr:

- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasapda goýlan maglumatlarynyň beýleki taraplardan alnan maglumatlara laýyk gelmezligi;
- resminamalaýyn resmileşdirmezden ýa-da buhgalteriýa we salgyt hasabyna harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemegiň ýa-da salgyt salynýan beýleki amallary geçirmegiň halatyny tassyklaýan resminamalaryny hödürlemezden amallary geçirmek;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) nagt pullary we beýleki gymmatlyklary pulhana (hasabat berýän adama) tabşyrmakdan ýaşyrmagy hem-de ýerlenilen harytlar (işler, hyzmatlar) üçin satyn alyjylardan alnan töleglerіň möçberleri hakynda ilkinji resminamalaryň düzülmezligi;
- ilkinji resminamalara hojalyk amallaryna laýyk gelmeýän maglumatlaryň girizilmegi;
- salgyt salynmagyndan boýun gaçyrmaga gönükdirilen beýleki hukuga ters hereketleriň amala aşyrylmagy.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda şahsy tarapdan alnan ýazmaça düşündirişleri, beýleki resminamalar, garşylyklaýyn barlaglaryň ykrar hatlary, derňewleriň delilhatlary we başgalar bilen bilelikde, barlagçy tarapyndan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary dogry hasaplamagy babatda çözgüdiň kabul edilmegi üçin esas bolup durýar we barlagçy tarapyndan barlagyň ykrar hatynda beýan edilýär.

### *a) resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen mahaly bilermenleri we hünärmenleri çekmegiň tertibi*

Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň dowamynda salgyt gullugy hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmäge hem-de olardan salgyt edaralarynyň ygtyýaryna girmeýän, ýöne salgyt salynmagy bilen baglanyşykly bolan meseleler boýunça netijenamalary almaga haky bardyr.

Hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmek resminamalaýyn salgyt barlagyny amala aşyrýan gullukçylaryň başlangyçlary bilen geçirilýär. Hünärmeni ýa-da bilermeni bu işe çekmek hakyndaky çözgüdi barlaglar bölüminiň başlygynyň ýazan dykgatnamasyna degişli görkezme ýazgylaryny ýazmak arkaly gullugyň başlygy tarapyndan (başlygyň orunbasary) kabul edilýär.

Hünärmenleri we bilermenleri bu işe çekmek üçin salgyt gullugy bilermeniň ýa-da hünärmeniň iberilmegi hakynda ygtyýarly edara ýazmaça ýüztutmany ýollaýar. Şeýle ýüztutmada seljermäni geçirmek üçin esasy, şeýle hem şolar boýunça bilermeniň ýa-da hünärmeniň netijenamasyny almak zerur bolan meseleleri görkezýär. Zerur halatlarda şol hata hünärmeniň ýa-da bilermeniň ygtyýaryna berilýän mag lumatlar goşulyp bilner.

Bilermen şu halatlarda netijenama berip bilmez we yzyna çagyrylmaga degişlidir:

- eger onuň hut özi göni ýa-da gytaklaýyn ýagdaýda barlagyň netijeleri bilen gyzyklanýan bolsa, ýa-da onuň bu meselede barlyşyksyzdygyna müňkürlik döredýän beýleki ýagdaýlar bar bolsa;
- eger barlagyň geçirilýän pursadynda we öň özleri barada barlag geçirilýän adamlara ýa-da olaryň wekillerine gulluk babatda ýa-da başga hili garaşlylyk bar bolsa.

Hünärmeniň ýa-da bilermeniň öňünde goýlan meseleler we onuň netijenamasy hünärmeniň ýa-da bilermeniň ýörite bilimleriniň çäklerinden çykyp bilmez.

Bilermeniň seljermäniň meselesine degişli bolan barlagyň mag lumatlary bilen tanyşmaga, özüne goşmaça maglumatlaryň berilmegi barada towakga etmäge haky bardyr.

Bilermen, eger oňa berlen maglumatlar ýeterlik bolmasa we onda seljermäni geçirmek üçin ýeterlik bilim bolmasa, netijenama bermekden boýun gaçyryp biler.

Sejermäni geçirmek bellenilen mahaly salgyt edaralary bilermeniň öňünde şu meseleleri goýup biler:

- buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasapda goýmagyň ilkinji hem-de beýleki resminamalaryň hakykydygyny anyklamak meselesini;
- önümçiligiň dowamynda maddy gymmatlyklary we işçi güýjüni peýdalanmagyň san görkezijileri (serişdeleriň sarp edilişi, zähmetiň sarp edilişi, zähmet öndürijiligi we başgalar) hakyndaky meseläni;
- harytlaryň san we hil görkezijileri, şeýle hem maddy goş-golam alamatlary (ady, hili, niýetlenilişi, öndürilen ýurdy we başgalar) hakyndaky meseläni;
- harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) anyk bazar nyrhlarynyň derejesi hakyndaky meseläni;
- gözegçilik taýdan ýerine ýetirilen işleri ölçäp görmek, çig malyň, serişdeleriň, ýarym taýýar we taýýar önümleri çekip we ölçäp görmek hakyndaky meseläni;
- hakykatda harçlanylan çig maly we serişdeleri anyklamak, şeýle hem olary harçlamagyň ölçeglerini anyklamak maksady bilen, taýýar önümleri gözegçilik babatda seljermek meselesini;
- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hojalyk işine degişli beýleki meseleleri.

Salgyt gullugy seljermäni geçirmek hakynda salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) ýazmaça habardar etmäge borçludyr.

Seljerme bellenilen we geçirilen mahaly salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şulara hukugy bardyr:

- bilermeni yzyna çagyrmak hakynda yglan etmäge;
- şolar boýunça bilermeniň netijenamasyny almak üçin goşmaça meseleleri orta atmaga;
- salgyt gullugynyň wezipeli adamsynyň rugsat bermegi bilen, seljerme geçirilen mahaly oňa gatnaşmaga we bilermene düşündiriş bermäge;
- bilermeniň netijenamasy bilen tanyş bolmaga.

Bilermen netijenamany ýazmaça görnüşde we öz adyndan berýär. Netijenamada bilermeniň geçiren barlaglary, şol barlaglar netijesinde gelnen netijeler we orta atylan meselä esaslandyrylan jogaplar beýan edilýär. Eger bilermen seljermäniň dowamynda iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýy ýüze çykarsa, şol ýagdaý bilen baglanyşykly öz öňünde mesele goýulmadyk bolsa, onuň öz netijenamasyna şu ýagdaýlar hakyndaky gelen netijesini goşmaga haky bardyr.

Bilermeniň netijenamasy ýa-da onuň netijenama bermegiň mümkin däldigi hakyndaky habary salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) berilýär, onuň bolsa öz düşündirişlerini bermäge we nägileligini bildirmäge, şeýle hem goşmaça meseleleri bilermeniň öňünde goýmak hakynda we goşmaça ýa-da gaýtadan seljerme bellemek hakynda haýyş etmäge hukugy bardyr.

Goşmaça seljerme netijenama ýeterlik derejede aýyl-saýyl we doly bolmadyk halatynda bellenilýär we ol bir ýa-da başga bilermene tabşyrylýar.

Gaýtadan geçirilýän seljerme bilrermeniň netijenamasy esaslandyrylmadyk ýa-da onuň dogrudygyna ikirjiňlenme bolan halatynda bellenilýär we ony geçirmek başga bilermene tabşyrylýar.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda hünärmenler, hususan-da, şu halatlarda salgyt gullugy tarapyndan bu işe çekilýärler:

- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa taýdan hasabyny ýöretmekde aýratynlyklar bolanda;
- salgyt gullugy tarapyndan tükellemegi geçirmek bellenilende;
- önümçiligiň barşynyň tilsimatyna degişli meseleler boýunça maslahatlaşmak geçirilende;
- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) ilkinji hasap resminamalaryny terjime etmeklik zerurlygy bolanda;
- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hojalyk işine degişli beýleki meseleler ýüze çykanda.

Netijenama hünärmen tarapyndan ýazmaça görnüşde we öz adyndan berilýär. Netijenama öz düşündirişini bermäge we nägileligini bildirmäge hukugy bolan salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) berilýär.

Netijenama ähli maglumatlar bilen bilelikde barlagyň ykrar hatyna goşulýar.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda salgyt gullugynyň bellenilen tertipde salgyt gullugynyň edaralarynyň üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmek üçin zerur maglumatlary döwlet edaralaryndan soramaga haky bardyr.

Hünärmenlerden we bilermenlerden resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda alnan ýazmaça netijenamalara beýleki ähli subutnamalar bilen bilelikde baha berilýär.

Hünärmeniň ýa-da bilermeniň netijenamasy barlagyň ykrar haty boýunça kabul edilýän kararda, üýtgetmegiň delillerini görkezmek bilen, salgyt gullugynyň başlygy tarapyndan dolulygyna ýa-da kem-käsleýin üýtgedilip bilner.

Hünärmenleriň we bilermenleriň netijenamalary, şeýle hem döwlet edaralarynyň maglumatlary barlagçy tarapyndan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary dogry hasap laýandygy babatda çözgüdi kabul etmegi üçin esas bolup durýar we barlagçy tarapyndan barlagyň ykrar hatynda beýan edilýär.

***b) resminamalary almagyň tertibi***

Eger resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda salgyt gullugynyň işgäri Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmalaryna ýol berilmegi barada şaýatlyk edip biljek halatlary bel lese, şonda salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň subutnamalary hökmünde hyzmat edýän resminamalaryň bellenilen tertipde güwä geçilen göçürme nusgalaryny talap edip biler ýa-da olar alynmaga degişlidir.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt gullugynyň işgäriniň talap etmegi boýunça üç gün möhletde şeýle resminamalaryň göçürme nusgalaryny bermäge borçludyr.

Resminamalary almak resminamalaýyn salgyt barlagyny geçiren salgyt gullugynyň işgäriniň *9.18-nji goşunda* laýyklykda ýazylan karary esasynda amala aşyrylýar.

*9.18-nji goşundy*

**Resminamalary almak barada**
**KARAR**
**200___ý.__________«____»№______**

______________________
*(ýazylan ýeri)*

________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň
*(salgyt gullugynyň ady)*

____________________________________________________________
*(salgyt gullugynyň işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi)*

____________________________________________________________
*(edara görnüşli tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat________________________
Etrap___________________Şäher_________________________________
Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.____________________Etrapça
___________Şaýoly, köçe, geçelge___________________Jaý____________
Korpus________Öý___________ŞSB_________,
____________________________________barlag geçiren mahaly,
*(barlagyň görnüşi - resminamalaýyn, garşylyklaýyn)*
resminamalary gözden geçirmek we barlamak arkaly Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmagyna ýol berlendigine şaýatlyk edip biljek ýagdaýlary ýüze çykardy. Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 82-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, **karar etdi:**

Şu resminamalary almaly:__________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________
____________________________________________________________
*(alynmaga degişli bolan resminamalary görkezmeli)*

Alnan resminamalar salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna we kazyýete eden şikaýatyna seredilenden soň ýa-da bu resminamalaryň alnan wagtyndan bir ýyl geçenden soň gaýtarylyp berilýär.
________________________boýunça salgyt gullugynyň işgäri

____________________ ____________ ______________________
*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Kararyň nusgasyny aldym:

_______________________________________________ ___________
*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)* *(goly)*
200___ý._____________«____»

Karar iki nusgada düzülýär, biri nusgasy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar, ikinjisi bolsa barlagyň maglumatlaryna çatylýar.

Resminamalary almak barlanylýan salgyt töleýjiniň – edara görnüşindäki tarapyň kanuny wekiliniň gatnaşmagynda, salgyt töleýji – şahsy tarap barlanylan mahaly bolsa şol tarapyň ýa-da onuň wekiliniň gatnaşmagynda geçirilýär. Resminamalaryň alynmagy hakynda şol resminamalary takyk görkezmek bilen, *9.19-njy goşunda* laýyklykda teswirnama düzülýär.

*9.19-njy goşundy*

**Resminamalary almagyň**
**TESWIRNAMASY**
**200___ý.__________«____»№______**

____________________
*(ýazylan ýeri)*

______________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň
*(salgyt gullugynyň ady)*

____________________________________________________
*(salgyt gullugynyň işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi)*

____________________________________________________
*(edara görnüşli tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat________________________
Etrap____________________Şäher______________________________
Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.____________________Etrapça
____________Şaýoly, köçe, geçelge____________________Jaý_____________
Korpus_________Öý____________ŞSB__________,
________________________________barlag geçiren mahaly,
*(barlagyň görnüşi - resminamalaýyn, garşylyklaýyn)*
200___ýylyň_____________aýynyň «____» resminamalary almak baradaky karary esasynda we Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 82-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda,

____________________________________________________
*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň, onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)*
_______________________________________________gatnaşmagynda resminamalar alyndy.

Görkezilen adamlara, olaryň resminamalaryny alýan Türkmenistanyň döwlet salgyt gullugynyň işgäriniň edýän ähli hereketlerine gatnaşmak, şeýle hem onuň edýän şol ýa-da beýleki hereketlerine arz etmek hukuklary düşündirildi.

Resminamalary almak ____sagat______minutda başlandy,_____sagat___minutda gutardy.

Resminamalary almak başlanmazdan öň Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň işgäri tarapyndan resminamalary almak baradaky 200___ýylyň _____ aýynyň «___» Karary görkezildi.

Şu resminamalar alyndy:

| T/b № | Resminamanyň ady | Belgisi, senesi ýa-da haýsy döwre degişliligi | Sahypa sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

Alynýan resminamalaryň ýazgysynyň goşmaça sahypalary___________

Alynýan resminamalaryň göçürme nusgalary ___sahypada salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda), onuň wekilinde galdyryldy.

Gatnaşanlaryň arzalary we bellikleri______________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy), onuň wekili:

1)______________________ ____________ ________________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

2)______________________ ____________ ________________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

3)______________________ ____________ ________________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Teswirnamanyň nusgasyny aldym:

______________________________________________________ ____________

*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)* *(goly)*

200__ýylyň_________aýynyň «____».

Teswirnama iki nusgada düzülýär, birinji nusgasy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar, ikinji nusgasy bolsa barlagyň maglumatlaryna çatylýar.

Teswirnamada alnan resminamalaryň ady, düzülen senesi, belgisi, kim tarapyndan berlendigi, sahypalaryň sany we alnan resminamany takyk hasap etmäge mümkinçilik berýän beýleki maglumatlar hem-de olaryň barlanylýan tarapyň amala aşyrýan maliýe-hojalyk işine degişlidigi görkezilýär. Şahsy kompýuterleri ulanmak bilen hasabyny ýöretmek alnyp barylýan mahaly barlagçy şahsy kompýuteriň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmalaryna ýol berilmegine şaýatlyk edip biljek maglumatlary özünde saklaýan ulgamyny alyp biler.

Resminamalar alnan mahaly salgyt gullugynyň işgäri salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) alynýan resminamalaryň göçürme nusgasyny almak üçin mümkinçiligi bermäge borçludyr, şol göçürme nusgalar bolsa iş bukjasynda alnan resminamalaryň asyl nusgalary bilen bilelikde ýerleşdirilmelidir, bu barada resminamalaryň alynmagynyň teswirnamasynda bellik edilýär.

Özünden resminamalar alnan tarap resminamalary almagyň teswirnamasyna gol çekmekden boýun gaçyran halatynda, onda degişli ýazgy ýazylýar.

Alnan resminamalar bellenilen möhlete çenli salgyt gullugynyň seýfinde saklanylýar.

Öň alnan resminamalar salgyt töleýjiniň salgyt gullugyna ýa-da kazyýete şikaýatlaryna garalandan soň, ýa-da olar alnan pursadyndan başlap bir ýylyň geçmegi bilen gaýtaryp berilýär. Zerur halatlarda görkezilen möhlet Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň çözgüdi boýunça uzaldylyp bilner.

Alnan resminamalar kararyň esasynda gaýtarylyp berilýär *(9.20-nji goşundy).*

*9.20-nji goşundy*

**Alnan resminamalary gaýtaryp bermek barada**
**KARAR**
**200___ý.__________«____»№______**

______________________

*(ýazylan ýeri)*

________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň

*(salgyt gullugynyň ady)*

__________________________________________________________________

*(salgyt gullugynyň işgäriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi)*

__________________________________________________________________

*(edara görnüşli tarapyň doly ady, salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Hukuk salgysy (ýaşaýan ýeriniň salgysy): Welaýat________________________Etrap ____________________Şäher_________________________Ilatly ýer (oba, şäherçe we ş.m.)_______________ Etrapça _________________________Şaýoly, köçe, geçelge _________Jaý________Korpus________Öý_________ŞSB_____, Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 82-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda, **karar etdi:** _________________________________barlag geçirlende, 200_ýylyň_______«___»

*(barlagyň görnüşi - resminamalaýyn, garşylyklaýyn)*

resminamalary almak baradaky karara laýyklykda, alnan resminamalary gaýtaryp bermeli.
Şu resminamalar gaýtaryp berilmäge degişlidir:___________________________________
________________________________________________________________________
________________________________________________________________________
________________________________________________________________________

*(gaýtaryp berilmäge degişli resminamalar görkezilýär)*

________________________boýunça salgyt gullugynyň işgäri

______________________ ______________ __________________________

*(wezipesi)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Kararyň nusgasyny, şeýle hem öňki alnan resminamalaryň ählisini_____sahypada aldym:____________________________________________________ ____________

*(salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň ýa-da onuň wekiliniň familiýasy, ady, atasynyň ady)* *(goly)*

200__ýylyň_________aýynyň «____».

Karar resminamalaýyn salgyt barlagyny geçiren we resminamalary alan salgyt edarasynyň işgäriniň bölüminiň başlygy tarapyndan çykarylýar. Karar iki nusgada düzülýär, onuň birinji nusgasy salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylýar, ikinji nusgasy bolsa barlagyň maglumatlaryna çatylýar.

### *ç) resminamalaýyn salgyt barlagynyň dowamynda buhgalteriýa taýdan hasabyny ýöretmegiň resmi däl ýazgylaryny anyklamak*

Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň dowamynda salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) satyn alynmagy ýa-da ýerlenilmegi, işgärlere aýlyk zähmet hakynyň tölenmegi, şeýle hem buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň resminamalarynda beýan edilmedik ýa-da özüniň mazmuny boýunça buhgalteriýa taýdan hem-de salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň resminamalaryny barlamak üçin berlen şonuň ýaly ýazgylardan tapawutlanýan beýleki hojalyk amallary hakyndaky ýazgylaryň ýüze çykarylmagy mümkindir.

Şu halatda barlagçy bu resmi däl ýazgylary ýazan adamlary anyklamak boýunça çäreleri görmelidir. Olardan resmi däl ýazgylarda haýsy amallaryň beýan edilendigi, şol amallaryň salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işine degişlidigi, olaryň haýsy maksatlar üçin amala aşyrylandygy barada düşündirişler talap etmelidir.

Hasabyny ýöretmegiň resmi däl ýazgylary bellenilen tertipde alynmaga degişlidir we alnan düşündirişler bilen bilelikde, barlagçy tarapyndan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlarynyň dogry hasaplanandygy babatda çözgüdi kabul etmek üçin peýdalanylyp bilner hem-de barlagçy tarapyndan barlagyň ykrar hatynda beýan edilýär.

### *d) resminamalaýyn salgyt barlagynyň barşynda salgydyň çak edilýän möçberini anyklamak*

Eger resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň barşynda salgyt salmagyň çeşmeleriniň hasabynyň ýöredilmeginiň ýokdugy ýüze çykarylsa ýa-da salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan şeýle maglumatlar berilmese, şonda salgyt gullugynyň özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda degişli halatlarda şulary ulanmak bilen, salgydyň çak edilýän möçberini hasaplamaga we bellemäge haky bardyr:

- harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemegiň nyrh kesiş bahasyny;
- emlägiň nyrh kesiş bahasyny;
- iş hakynyň ortaça derejesini;
- 25 göterim möçberde düşewüntliligi (haryt dolanyşygyndan 8 göterim – söwda işi üçin).

Söwda işinden başga şu halatda düşewüntlilik önümleri ýerlemekden alynýan peýdanyň ony öndürmek boýunça harçlanylýan harajatlara Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda” Bitewi Kanunynyň 154-nji maddasynyň 2-nji bölüminiň «a» we «d» bölümçelerinde bellenilen, şeýle önümlere degişli bolan tutup almalaryň möçberine azaldylan göterim gatnaşyklary hökmünde kesgitlenilýär.

Önümleri ýerlemekden alynýan peýda Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda” Bitewi Kanunynyň 149-njy we 150-nji maddalaryna laýyklykda hasaplanylýan, Türkmenistanyň „Salgytlar hakynda” Bitewi Kanunynyň 154-nji maddasynyň 2-nji bölüminiň «a» we «d» bölümçelerinde bellenilen, şeýle önümlere degişli bolan tutup almalaryň möçberine azaldylan önümleri ýerlemekden alnan jemi girdeji hökmünde kesgitlenilýär.

Salgydyň çak edilýän möçberi işiň şunuň ýaly görnüşlerini amala aşyrýan beýleki salgyt töleýjileriň işiniň ykdysady görkezijilerine barabar esasda hem hasaplanylyp we bellenilip bilner.

Haçan-da baha bermegiň ýokarda görkezilen usullary dürli netijeleri berýän halatynda, salgydyň çak edilýän möçberiniň ýokary göwrümi kabul edilýär.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) salgyt salmagyň çeşmeleriniň hasabyny ýöretmegiň degişli maglumatlaryny soňra beren mahaly salgyt gullugy tarapyndan şeýle resminamalaryň degişli barlagyndan soň salgydyň bellenilen möçberine düzediş girizilýär.

Salgydyň hasaplanylan we bellenilen çak edilýän möçberi barlagçy tarapyndan barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgytlary dogry hasaplamagy babatda çözgütleri kabul etmegi üçin peýdalanylýar hem-de barlagçy tarapyndan barlagyň ykrar hatynda beýan edilýär.

### *e) subutnama*

Maliýe hasabatlylygynyň we salgyt beýannamalarynyň ygtybarlylygy hakyndaky esaslandyrylan netijeleri almak üçin barlagçy amala aşyrylýan amallaryň we resminamalaýyn salgyt barlagynyň usullarynyň esasynda munuň üçin ýetirlik bolan tassyklamany almalydyr.

Resminamalaýyn salgyt barlagy üçin zerur bolan maglumatlaryň sany düzgünleşdirilmeýär. Barlagçy barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa taýdan we salgyt babatda hasabatlylygynyň ygtybarlylygy hakynda esaslandyrylan netijenamany düzmek üçin zerur bolan maglumatlaryň sany hakynda çözgüdi özbaşdak kabul etmäge borçludyr.

Geçirilýän barlagyň netijeleri boýunça dogruçyl we esaslandyrylyp gelnen netijeleri düzmek üçin, barlagçy öňat hilli ýeterlik subutnamalary toplamaga borçludyr.

Toplanylan subutnamalar barlagçy tarapyndan ýazgylar, tablisa görnüşinde düzülýän, barlaglaryň amallarynyň ýerine ýetirilmegini we netijelerini beýan edýän öz iş resminamalarynda görkezilýär.

Şular subutnamalary almagyň çeşmeleri bolup durýar:

- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) we üçünji taraplaryň ilkinji resminamalary;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) buhgalteriýa we salgyt hasabynyň bellenilen görnüşleri;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) maliýe-hojalyk işine seljeriş taýdan baha bermegiň netijeleri;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) işgärleriniň we üçünji taraplaryň ýazmaça düşündirişleri;
- bu işe çekilýän hünärmenleriň we bilermenleriň netijenamalary;
- resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň barşynda beýleki çeşmelerden alnan habar-maglumatlar.

Eger bir çeşmeden alnan subutnama beýleki çeşmeden alnan subutnama ters gelse, ýüze çykan gapma-garşylygy çözmek we toplanan subutnamalaryň ygtybarlylygyna hem-de alnan netijeleriň esaslandyrylandygyna ynamly bolmak üçin barlagçy tarapyndan barlagyň goşmaça amallaryny peýdalanmagy zerurdyr.

Bellenilen kanunçylyk tertibiniň esasynda salgyt gul lugy Türkmenistanyň kanunçylygynyň, şol sanda salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmagynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny belleýändigini hem-de çözgüdi dogry kabul etmek we karar çykarmak üçin ähmiýeti bolan şol bozulmany amala aşyran tarapyň günäkärdigini we beýleki ýagdaýdaky subutnamalara barlagçy aýratyn üns bermelidir.

## § 9.7. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatlaryny düzmegiň tertibi

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň netijeleri boýunça salgyt gullugynyň işgärleri tarapyndan salgyt barlagynyň ykrar haty düzülmelidir. Ykrar haty şol barlagy tamamlamak üçin bellenilen günden gijä galynman düzülýär.

Salgyt barlagynyň ykrar hatynda barlagyň dowamynda ýüze çykarylan salgyt hukuk düzgüniniň bozulmalarynyň halatynyň ýa-da şeýle bozulmalaryň ýokdugynyň resminamalaýyn tassyklanmasy, şeýle hem barlagçynyň ýüze çykaran bozulmalary düzetmek boýunça gelen netijeleri hem-de teklipleri we Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň salgyt hukuk düzgünini bozmagyň şu görnüşi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalaryna salgylanma görkezilmelidir.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatynda bolan maglumatlar (Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulmalary we şol bozulmalar üçin jogapkärçilik çäreleri hakyndaky maglumatlar muňa girmeýär) salgyt syry bolup durýar, jar edilmäge, şeýle hem beýleki adamlara berilmäge degişli däldir.

Ykrar hatynda bolan beýan etmeler iki hili düşündirmek mümkinçiligini aradan aýyrmalydyr; gysgaça, aýyl-saýyl, düşnükli we yzygiderli beýan edilmelidir.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatynda bolan maglumatlaryň we gelnen netijeleriň ygtybarlylygy hem-de dog rulygy üçin barlagçy jogapkärçilik çekýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatynyň giriş böleginde salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) we geçirilen barlag hakyndaky şu umumy maglumatlar görkezilýär:

- barlagyň ykrar hatynyň düzülen senesi we ýeri (munuň özi barlagyň tamamlanan senesine laýyk gelmelidir);
- barlagy geçirmek üçin esas bolup hyzmat edýän görkezmäniň, şeýle hem, eger ol iberilýän bolsa, resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmek hakyndaky habarnamanyň senesi we belgisi;

- barlagy geçiren adamynyň wezipesi, familiýasy we adynyň hem-de atasynyň adynyň baş harplary;
- barlag geçirilen salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşindäki tarapyň wezipeli adamlarynyň wezipesi, familiýasy we adynyň, atasynyň adynyň baş harplary, salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – şahsy tarapyň ýa-da olaryň wekilleriniň familiýasy, adynyň, atasynyň atlarynyň baş harplary. Eger barlanylýan döwrüň dowamynda birnäçe dürli wezipeli adamlar işlän bolsa, şeýle halatda şol adamlaryň sanawy şol adamlaryň degişli wezipeleri eýelän döwrüni görkezmek bilen (olaryň bellenilmegi baradaky resminamalara salgylanmak bilen) getirilýär;
- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşindäki tarapyň ady; barlanylýan hususy telekeçiniň (beýleki şahsy tarapyň) familiýasy, ady, atasynyň ady, döwlet eýeçiligindäki edara görnüşindäki taraplar boýunça olaryň haýsy pudaga degişlidigi görkezilýär;
- barlag geçirilen meseleler;
- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşindäki tarapyň ýerleşýän ýeriniň salgysy; barlanylýan hususy telekeçiniň (beýleki şahsy tarapyň) familiýasy, ady, atasynyň ady, salgysy;
- barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hususy salgyt belgisi;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt babatda hasapda duryan ýerindäki salgyt gullugynyň ady;
- barlagyň başlanan we tamamlanan senesi (arakesmeler bolan halatynda olaryň döwri görkezilýär);
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) bar bolan şahamçalary we wekilçilikleri, olaryň ýerleşýän ýeri;
- ähli bank hasaplarynyň maglumatlary we şeýle hasaplar açylan banklaryň ady.

***salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) hakyndaky şu aşakdaky beýleki maglumatlar:***

- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakyndaky resminamalar;

- edara görnüşindäki tarapyň döredijileri;
- edara görnüşindäki tarapyň eýeçilik görnüşi we guramaçylyk-hukuk görnüşi;
- salgyt töleýjiniň – edara görnüşindäki tarapyň maýalyk gorunyň emele getirilişi;
- ýörite rugsatnamalaryň (ygtyýarnamalaryň) barlygy–ygtyýarnamalaryň belgisi we berlen senesi, ygtyýarnamany beren edaranyň ady, ygtyýarnamalaryň hereketiniň başlanýan we tamamlanýan senesi;
- işiň hakykatda amala aşyrylýan görnüşleri hakyndaky, şol sanda işiň zerur ygtyýarnamalar bolmazdan amala aşyrylýan görnüşleri hakyndaky maglumatlar;
- öňki barlagyň geçirilmegi, salgyt kanunçylygynyň berjaý edilmegi hakyndaky maglumatlar;
- şol bir mesele boýunça öňki barlaglar kim tarapyndan we haçan geçirilendigi;
- salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan ýüze çykarylan bozulmalary düzetmek boýunça nähili çäreler görüldi;
- barlag haýsy maliýe-hojalyk amallaryna (resminamalara), haýsy usul bilen we haýsy döwür üçin geçirildi;
- beýleki zerur maglumatlar, şol sanda garşylyklaýyn barlaglaryň geçirilendigi, hünärmenleriň we bilermenleriň bu işe çekilendigi, resmi ýüztutmalar boýunça döwlet edaralaryndan alnan habar-maglumatlar, salgyt töleýjiniň emlägini tükellemek, onuň çäklerini hem-de jaýlaryny gözden geçirmek hem-de resminamalaýyn salgyt barlagy amala aşyrylan mahaly geçirilen beýleki hereketler hakyndaky maglumatlar.

Ykrar hatynyň esasy böleginde barlanylan salgyt töleýjiniň maliýe-hojalyk işiniň netijeleri we olaryň barlagyň maglumatlaryna laýyk gelýändigi hakyndaky şu maglumatlar beýan edilýär:

- maliýe hasabatyndaky görkezijileriň baş kitabyň, kitap-orderleriň we seljeriş taýdan hasabynyň maglumatlaryna laýyk gelmegi;
- salgyt babatda hasabyny ýöretmegiň dogrulygy;

***şularyň dogrudygy anyklanylmalydyr:***

- harytlary, işleri, hyzmatlary ýerlemekden alynýan girdeji;
- ýerlenilen önümiň özüne düşýän bahasyny (dolanyşygyň harajatlary);
- balans peýdany, şol sanda: harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan peýda (çekilen zelelleri), beýleki ýerlemelerden alnan peýda; ýerlenilmedik amallardan alnan peýda.

Salgyt barlagynyň ykrar hatynyň bu böleginde salgyt babatda hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň barlagyň dowamynda ýüze çykarylan halatlarynyň resminamalaýyn tassyklanmasynyň ýa-da şeýle bozulmalaryň ýokdugynyň görkezilmeginiň bir ülňä getirilen beýany berilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň barşynda salgyt babatda hukuk düzgünleriniň bozulmalaryna degişli bolmadyk, ulanylýan kanunçylygyň bozulmagynyň halatlary (ygtyýarnamasyz işi amala aşyrmak, döwlet nyrh düzgün-nyzamy, döwlet emlägini kärendä almak we başgalar) ýüze çykarylan halatynda, görkezilen halatlar hem barlagyň ykrar hatynyň esasy böleginde beýan edilmäge degişlidir. Şunda şol hukuk düzgünleriniň bozulmalary boýunça degişli edaralara bermek üçin aýratyn ykrar haty düzülýär. Şol ykrar haty üç nusgada düzülýär. Olaryň bir nusgasy ykrar haty düzülen günden başlap bäş günden giç bolmadyk möhletde bellenilen jerime çärelerini ulanmaga ýa-da maglumatlary kazyýete ibermäge ygtyýarly edilen edara iberilýär. Ikinjisi salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) berilýär. Üçünjisi bolsa salgyt barlagynyň ykrar hatyna goşundy hökmünde çatylýar.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan ýol berlen salgyt babatdaky hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň her bir halaty boýunça ykrar hatynyň esasy böleginde şular beýan edilmelidir:

- salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasynyň görnüşi, ony amala aşyrmagyň usuly we beýleki ýagdaýlar, şol hukuk düzgüniniň bozulmasy degişli bolan salgyt döwri;
- salgyt beýannamalarynda görkezilen salgytlary hasaplamak we tölemek bilen baglanyşykly bolan maglumatlar bilen barlagyň barşynda hakykatda bellenilen maglumatlaryň arasyndaky çaprazlyk (degişli hasaplamalar barlagyň ykrar hatyna goşulmalydyr);

- buhgalteriýa we salgyt hasabynyň ilkinji resminamalary (buhgalteriýa ýazgylaryny görkezmek bilen) we bozulmalaryň bardygyny tassyklaýan beýleki subutnamalar;
- hünärmenleriň we bilermenleriň netijenamalaryna salgylanmalar, alnan düşündirişler, şeýle hem salgyt gözegçiligini amala aşyrmak boýunça zerur hereketler geçirilen mahaly düzülen teswirnamalar;
- Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň maddalaryna we düzgünlerine salgylanmak bilen, amala aşyrylan hukuk düzgünleriniň bozulmalaryny toparlara bölmek.

Ykrar hatynyň esasy bölеginde ýüze çykarylan hukuk düzgünleriniň bozulmalaryna degişli ähli düýpli ýagdaýlar hem beýan edilmelidir, şol sanda salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) amala aşyran hukuk düzgünleriniň bozulmalary üçin jogapkärçilik çäreleriniň ulanylmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar barada aýratyn görkezilmelidir.

Barlagyň barşynda ýüze çykarylan bozulmalar bozulmalaryň häsiýetine we salgytlaryň görnüşlerine laýyklykda we degişli salgyt döwürlerine bölünip ykrar hatynda toparlanylmalydyr.

Köp sanly häsiýetde bolan bir kysymly bozulmalar ykrar hatyna goşulýan tablisada toparlanylyp bilner. Goşundyda şulary görkezmek bilen, şeýle salgyt hukuk düzgünleriniň doly sanawy bolmalydyr:

- degişli bolan döwri;
- degişli amallaryň geçirilendigine şaýatlyk edýän resminamanyň ady, senesi we belgisi;
- amalyň düýp mazmuny;
- görkezilen bozulmalaryň getiren zyýanly netijeleriniň jemi beýany.

Görkezilen goşundylaryň her birine barlagçy, şeýle hem barlanylýan edara görnüşindäki tarapyň ýolbaşçysy ýa-da hususy telekeçi ýa-da olaryň wekilleri gol çekmelidir.

Şu halatda ykrar hatynda şeýle bozulmalar, olaryň sany, şeýle hem görkezilen bozulmalaryň getiren zyýanly netijeleriniň umumy jemi beýany hakynda görkezilýär we ykrar hatynyň degişli goşundylaryna salgylanma berilýär.

***Ykrar hatynyň jemleýji böleginde barlagçylar şulary beýan etmelidir:***

- salgytlary görnüşlerine we salgyt (hasabat) döwürlerine bölmek bilen, barlaglar geçirilen mahaly ýüze çykarylan umumy möçberler;
- hukuga ters hereketler (hereketsizlik) netijesinde salgytlaryň azaldylan (tölenilmedik) möçberleri;
- uly möçberde hasaplanylan salgytlar baradaky maglumatlar;
- salgyt we beýleki hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň barlag arkaly bellenilen beýleki halatlary hakyndaky umumylaşdyrylan maglumatlar;
- salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan amala aşyrylan görnüşini görkezmek, Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň salgyt hukuk düzgünleriniň şu görnüşi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddalaryna salgylanmak bilen, salgyt töleýjiniň etmişlerinde salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň alamatlarynyň bardygy hakynda barlagçynyň çykaran netijeleri;
- barlagyň netijesinde ýüze çykarylan bozulmalaryň öňüni almaga we salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan şol bozulmalaryň amala aşyrylmagy netijesinde döwlete ýetirilen zeleliň doly öweziniň dolunmagyna gönükdirilen anyk çäreleri görkezmek bilen, ýüze çykarylan bozulmalary düzetmek boýunça barlagçynyň teklipleri.

Barlagyň ykrar hatynda puşman töleginiň möçberi barlagçy tarapyndan Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanuny bilen bellenilen salgydy tölemegiň möhletinden soň gelýän günden başlap barlagyň ykrar hatynyň düzülen güni aralygynda günleriň sanyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

***Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatyna şular goşulmalydyr:***

- barlagy geçirmek hakynda salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi (salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşurylan ykrar hatyna görkezilen çözgüt goşulmaýar);

- barlaglar üçin zerur bolan resminamalaryň berilmegi hakynda salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) bildirilýän talaplaryň nusgasy;
- salgytlaryň görnüşleri boýunça salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň ýüze çykarylmagy bilen baglanyşykly barlagçy tarapyndan düzülen hasaplamalar (görkezilen hasaplamalaryň ykrar hatynyň özünde getirilen halatlary muňa girmeýär). Hasaplamalara barlagçy we barlanylýan edara görnüşindäki tarapyň ýolbaşçysy ýa-da hususy telekeçi ýa-da olaryň wekilleri gol çekmelidir;
- emlägi tükellemegiň ykrar hatlary (eger barlag mahaly tükel lemek geçirilen bolsa);
- garşylyklaýyn barlaglaryň maglumatlary (şol barlaglar geçirilen halatynda);
- hünärmenleriň ýa-da bilermenleriň netijenamasy (olar bu işe çekilen halatynda);
- girdeji almak üçin ýa-da salgyt salynýan çeşmeleri saklamak üçin salgyt töleýjiniň peýdalanýan jaýlaryny derňemek hakynda delilhaty (olar geçirilen halatynda);
- salgyt gözegçiligini amala aşyrmak boýunça hereketler geçirilen mahaly düzülen teswirnamalar (seljermäni bellemek hakynda, resminamalary almak hakynda we başgalar);
- salgyt kanunçylygynyň bozulmalarynyň halatlarynyň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň nusgalary (ýa-da asyl nusgalary). Barlagyň ykrar hatynyň esasy böleginde degişli hukuk düzgüniniň bozulmasynyň amala aşyrylandygyny tassyklaýan asyl nusgadaky resminamalaryň ýa-da olaryň nusgalarynyň goşulýandygy hakynda görkezilmelidir;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) banklardaky hasaplaşyk, gündelik we beýleki hasaplarynyň bardygy we şol hasaplar boýunça pul serişeleriniň hereketi hakyndaky delilhatlary (olar talap edilen halatynda);
- işiň amala aşyrylýan görnüşleri üçin ygtyýarnamalaryň nusgalary;
- salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň halatlaryny tassyklamak we barlagyň netijeleri boýunça çözgüdi kabul etmek üçin ähmiýeti bolan beýleki resminamalar.

### *a) resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatlaryny gowşurmak we bellige almak*

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar haty bilen barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşindäki tarapyň kanuny wekili, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – şahsy tarap barlanylan halatynda bolsa şol tarap ýa-da onuň wekili tanyşdyrylmalydyr. Ykrar haty bilen tanyşmagyň möhleti üç iş gününden geçmeli däldir.

Tanyşmak üçin barlagyň ykrar hatyny gowşurmak barlagçy tarapyndan salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ýa-da olaryň wekilleri barlagyň ykrar haty bilen tanyşmakdan hem-de oňa gol çekmekden boýun gaçyrmaýan şertlerinde ykrar hatynyň düzülen gününde geçirilýär.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ýa-da olaryň wekilleri ykrar hatyna gol çekmekden boýun gaçyran ýa-da gaça duran mahaly, barlagçy ykrar hatynyň soňky sahypasynda öz goly bilen tassyklanylan degişli ýazgyny ýazýar.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) barlagyň ykrar haty bilen tanşanyndan soň oňa barlagçy we kanuny wekil – edara görnüşindäki tarapyň ýolbaşçysy, şeýle hem baş hasapçy ýa-da salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – şahsy tarapyň özi gol çekýär. Barlagyň ykrar hatyna barlag geçiren wezipeli tarapyndan barlag geçiren salgyt gullugynyň jaýynda gol çekilýär. Barlagçynyň iş saparynda bolmagy we salgyt gullugynyň ýerleşýän ýerinden daşda barlag geçirmegi kadadan çykma hökmünde muňa girmeýär.

Salgyt töleýjide (salgyt ýumuşçysynda) barlagyň ykrar haty boýunça nägilelik bar mahaly, onuň kanuny wekili ýa-da salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) özi barlagyň ykrar hatyna bu barada degişli ýazgy ýazýar we ykrar haty bilen tanyşmak üçin berlen möhletde öz nägileligini ýazmaça görnüşde barlagy geçiren salgyt gullugyna berýär.

Şol görkezilen möhlet geçeninden soň salgyt töleýjiden (salgyt ýumuşçysyndan) barlagyň ykrar haty boýunça nägilelik ka-

bul edilmeýär, salgyt gullugynyň çözgütlerinden, olaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hereketlerinden şikaýat etmek X babyň 10.1-nji soragynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

Barlagyň ykrar haty boýunça nägilelik ähli maglumatlar bilen bilelikde barlagyň ykrar hatyna goşulýar.

Barlaglarynyň ykrar hatlaryny bellige almak *9.21-nji goşunda* laýyklykdaky görnüş boýunça salgyt gullugynyň barlaglar bölüminde ýöredilýän resminamalaýyn barlaglaryň ykrar hatlary bellige alynýan žurnalda bellige alynmaga degişlidir.

Žurnal tikilmelidir, belgilenmelidir we salgyt gullugynyň möhüri bilen berkidilmelidir.

Salgyt barlaglarynyň ykrar hatlary oňa salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň), onuň wekiliniň gol çeken gününden soňky iş gününden gijä galynman hasaba alynmaga degişlidir. Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) ykrar hatyna gol çekmekden boýun gaçyran ýada gaça duran mahaly, ol düzülen gününden soňky üçünji iş gününden gijä galynman hasaba alynýar.

Barlagçy iş saparynda bolýan mahaly barlagyň ykrar hatyny düzen we salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) gowşuran halatynda barlagyň ykrar haty barlagçy iş saparyndan gelen gününden soňky iş gününden gijä galynman hasaba alynmaga degişlidir.

Hasaba alnandan soň, barlagyň ykrar hatynyň birinji sahypasynyň ýokary sag tarapyndaky burçuna žurnalyň maglumatlaryna laýyklykda belgisi we hasaba alnan senesi goýulýar.

Barlagyň ykrar hatyny salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) nägileligi, barlagyň ykrar haty boýunça karary, kazyýetiň çözgüdi, barlagy geçirmek boýunça alşylan hatlar we barlagyň beýleki maglumatlary hem-de ähli resminamalaryň sanawy goşulyp, aýratyn iş bukjasynda saklanylýar.

Barlaglaryň maglumatlary salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlaglar boýunça iş bukjasynda salgyt gullugy tarapyndan bellenilen möhletiň dowamynda saklanylýar.

*9.21-nji goşundy*

**Resmanamalaýyn barlaglaryň ykrar hatlarynyň bellige alynýan**

## ŽURNALY

| T/b | Hasaba alnan senesi | Barlag geçirilen edara görnüşli tarapyň ady, şahsy tarapyň familiýasy, ady, atasynyň ady we ŞSB | Barlagyň görnüşi | Barlaglary geçirýänleriň familiýasy, ady, atasynyň ady we wezipesi | Barlagyň öz içine alýan döwri | Çykarylan Kararyň senesi we belgisi | Býujete salgytlaryň we beýleki tölegleriň goşmaça hasaplanylany (+), azaldylany (-) (mln.manat) (Karar çykarylandan soň doldurylýar) | | | | | | | | Býujete we döwlet gorlaryna başga tölegler (mln.manat) | Kanunçylygyň beýleki bozulmalary üçin jerimeler (mln. manat) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | salgytlar (ýygymlar) we Döwlet durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri | | ulanylan maliýe jerimeleri | | puşman tölegleri | | Jemi | | | |
| | | | | | | | goşmaça hasap-lanylan | azaldylan | goşmaça hasap-lanylan | azaldylan | goşmaça hasap-lanylan | azaldylan | goşmaça hasap-lanylan | azaldylan | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | | |

Barlaglaryň iş bukjalary salgyt gullugynyň çäklerinden çykarylmaga degişli däldir, olaryň ýokarda durýan salgyt gullugy tarapyndan ýazmaça resmi taýdan soralmagy muňa girmeýär. Şeýle halatda barlagyň maglumatlary şol maglumatlary alýanyň ýokarda durýan salgyt gullugynyň wezipeli adamsynyň gol çekmegi bilen berilýär.

### *b) resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatlary boýunça çözgütleri çykarmak*

Barlaglaryň maglumatlaryna deslapdan, çözgütleri kabul etmek üçin salgyt gullugynyň ýolbaşçysyna berilýänçä salgyt gullugynyň barlaglar bölüminiň başlygy, Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda bolsa Barlaglar dolandyryşynyň başlygy hem garaýar. Barlagyň ykrar haty boýunça çykarylan netijeleriň esaslandyrylandygyna we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) nägileliklerinde beýan edilen delillere barlagy geçiren wezipeli adam bilen bilelikde garalýar.

Barlagyň ykrar haty boýunça çykarylan netijeleriň Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyk gelýändigini we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) nägileliklериniň esaslandyrylandygyny anyklamak maksady bilen, barlagyň maglumatlary anyk ýagdaýda orta atylan meseleler bilen bilelikde düşündiriş hem-de hukuk bölümlerine (hukukça) netijenama bermek üçin iberilip bilner.

Orta atylan meseleler boýunça netijenama ýazmaça görnüşde berilýär we barlagyň maglumatlaryna goşulýar. Netijenamada şol netijenama esaslanylýan degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanmalar görkezilmelidir.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar haty we barlagyň oňa goşulýan maglumatlary salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan garalýar.

Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan barlagyň maglumatlaryna garamagyň möhleti bäş günden geçip bilmez.

Salgyt töleýji nägilelik bildiren halatynda resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatyna barlanylýan salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) – edara görnüşindäki tarapyň kanuny wekiliniň gatnaşmagynda, salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) – şahsy tarap bar-

lanylan mahaly bolsa, şol tarapyň ýa-da bolmasa onuň wekilleriniň gatnaşmagynda garalýar.

Eger salgyt töleýji ýa-da bolmasa onuň wekilleri gelmese, şonda resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatyna hem-de salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan berlen nägilelige olaryň bolmazlygynda garalýar.

Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatyna garamagyň netijeleri boýunça salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) şular hakynda çözgüt çykarýar:

- şalgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysyny) Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 88–94-nji maddalaryna laýyklykda jogapkärçilige çekmek hakynda;
- salgyt gözegçiligi boýunça goşmaça çäreleri geçirmek hakynda.

Barlagyň maglumatlaryna garamagyň netijeleri boýunça çözgüdiň taslamasy salgyt gullugynyň ýolbaşçysyna berilýänçä şol taslama barlagy geçiren adam we barlaglar bölüminiň başlygy (Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda bolsa Barlaglar dolandyryşynyň başlygy) razylyk goluny çekýär.

Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalary bellenilmedik ykrar hatlary boýunça çözgüt çykarylmaýar, salgyt edarasynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan salgyt gözegçiliginiň goşmaça çäreleriniň geçirilmegi hakyndaky çözgüdi çykarýan halatlary muňa girmeýär.

Salgyt babatda hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjynyň günäkär hukuga ters hereketleri salgyt babatda hukuk düzgünleriniň bozulmasy bolup durýar, şol bozulma üçin Türkmenistanyň «Salgytlar hakyndaky» Bitewi Kanuny bilen bellenilen jogapkärçilik göz öňünde tutulandyr.

Salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalaryna ýol beren şahsy tarapa on alty ýaşdan başlap maliýe jerimeleri bellenilip bilner.

Öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edaralaryň hukuga ters hereketleri (hereketsizligi), ýazmaça görkezmeleri, çözgütleri we düşündirişleri netijesinde ýol berlen salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasy maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirmeýär.

Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ygtyýarly edara tarapyndan salgytlar nädogry hasaplanylan mahaly salgyt töleýji salgydy tölemedik halatlarynda maliýe jerimeler ulanylmaýar.

Şahsy taraplardan girdejilerinden alynýan salgydy býujetden maliýeleşdirmegiň çykdajy sanawlarynda göz öňünde tutulan salgytlar babatda salgyt ýumuşçylary – býujetdäki guramalar tölemedik halatlarynda maliýe jerimeler ulanylmaýar.

Ýüze çykarylan ýylyndan öňki bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwürde amala aşyrylan salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalary üçin maliýe jerimeleri bellenilip bilner.

Hukuk düzgüniniň bozulmagynyň halaty beýan edilen ykrar hatynyň barlagçy tarapyndan düzülen güni salgyt hukuk düzgüniniň bozulmagynyň ýüze çykarylan (üsti açylan) güni hasaplanylýar.

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasynyň amala aşyrylan hakyky güni salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasynyň amala aşyrylan güni hasap edilýär.

Salgyt hukuk düzgüniniň bozulmasy uzak dowam eden mahaly şol möhletler hukuga ters etmişler bes edilen ýa-da barlagçylar tarapyndan barlagyň ykrar hatynyň düzülen pursatdan başlap hasaplanylýar.

Kabul edilen çözgüt Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň başlygynyň hem-de Türkmenistanyň Maliýe ministriniň buýrugy bilen tassyklanylan görnüş boýunça iki nusgada düzülen karar bilen resmileşdirilýär.

Karar ony salgyt gullugynyň başlygy (başlygyň orunbasary) tassyklan pursadyndan başlap güýje girýär *(9.22-nji goşundy).*

*9.22-nji goşundy*

**Goýberilen salgyt hukuk bozulmalary üçin salgyt töleýjini (salgyt ýumuşçysynyň ýa-da beýleki günäkär adamy) jogapkärçilige çekmek barada**

**KARAR**

**200___ý.__________«____» №______**

________________________

*(ýazylan ýeri)*

______________________________________________________________boýunça

*(salgyt gullugynyň ady)*

Dowlet salgyt gullugynyň başlygy (başlygyň orunbasary)____________________________

*(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

______________________________________________________________________________
*(barlag geçirilýän salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň doly ady, şahsy adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*
ŞSB_______, 200__ýylyň____aýynyň «___»_________________________________________
*(resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar haty, teswirnama)*
şeýle hem ____________________________________________________________________
___________________________________________________________________seredip,
*(barlanan tarapyň beren resminamalary we materiallary görkezilýär)*
______________________________________________________________________________
______________________________________________________________________________
______________________________________________________________________________
___________________________________________________________________anyklady.
*(salgyt kanunçylygyň) bozulmalarynyň gysgaça mazmuny ýazylýar)*
Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň 88-nji maddasyny, şeýle hem ______________________________maddalaryny gollanmak bilen, **karar etdi:**
1._____________________________________________________________________________
*(barlanýan salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň doly ady, familiýasy, ady atasynyň ady)*
salgyt hukuk bozulmalary üçin jogapkärçilige çekmeli, ýagny
_____________________________________________________________________
üçin__________________________________________________________________________
*(hukuk bozulmalarynyň düzümi görkezilýär)*
Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň__maddasynda göz öňünde tutulan ____________________________________müň manat möçberdäki jerime görnüşinde;
______________________________________________________________________üçin
*(hukuk bozulmalarynyň düzümi görkezilýär)*
Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň__maddasynda göz öňünde tutulan ____________________________________müň manat möçberdäki jerime görnüşinde;
______________________________________________________________________
*(hukuk bozulmalarynyň düzümi görkezilýär)*
_____________________________________________________________üçin
Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi Kanunynyň__maddasynda göz öňünde tutulan ____________________________________müň manat möçberdäki jerime görnüşinde;
Jemi______________________müň manat.
2.__________________________________________________________ borçly etmeli, ýagny
*(barlag geçirilýän salgyt töleýjiniň, salgyt ýumuşçysynyň doly ady, şahsy familiýasy, ady atasynyň ady)*

2.1. 200__ýylyň_________aýynyň «____» çenli şu möçberleri tölemeli:
a) şu kararyň 1-nji bölüminde görkezilen maliýe jerimeleri________müň manat;
b) Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenilmedik (doly tölenilmedik) salgytlar we beýleki hökmany tölegler:

_______________________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi) (döwür) (möçber)*
_______________________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi) (döwür) (möçber)*
_______________________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi) (döwür) (möçber)*
_______________________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi) (döwür) (möçber)*
_______________________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi) (döwür) (möçber)*

Jemi______________________müň manat.

ç) Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmeli salgytlar we beýleki hökmany tölegler öz wagtynda tölenmändigi üçin resminamalaýyn salgyt barlagynyň tamamlanan gününden hasaplanan puşmana tölegleri:

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

Jemi______________________müň manat.

**2.2. Türkmenistanyň Döwlet býujetine salgytlaryň we beýleki hökmany tölegleriň artyk hasaplananyny azaltmaly:**

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

______________________________ __________üçin___________müň manat;
*(salgytlaryň we býujete beýleki hökmany tölegleriň görnüşi)* *(döwür)* *(möçber)*

Jemi______________________müň man

2.3. Hereket edýän tertibe laýyklykda, buhgalteriýa hasabynyň we salgytlary hasaplamak maksatlary üçin zerur düzedişleri girizmeli.

2.4.

____________________________________________________________

____________________________________________________________

____________________________________________boýunça Döwlet salgyt gullugynyň
*(salgyt gullugynyň ady)*

başlygy (başlygynyň orunbasary)

______________ ____________________________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Resminamalaýyn salgyt barlagy boýunça kararyň nusgasyny aldym:

____________________________________________________________
*(salgyt töleýjiniň familiýasy, ady, atasynyň, onuň wekiliniň, salgyt ýumuşçysynyň wezipesi)*

____________________________________________________________

______________________ 200____ý.___________«___»
*(goly)*

Kararyň bir nusgasy çözgüt çykarylandan soň üç günden gijä galman salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) ýa-da bolmasa onuň wekiline gol çekdirilip gowşurylýar ýa-da salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) kararyň gowşurylan senesini tassyklaýan başga bir usul bilen berilýär.

Karayň beýleki nusgasy salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) barlanylmagynyň maglumatlary bilen bilelikde salgyt gullugynda saklanylýar.

Karar žurnalda hasaba alynmaga degişlidir we çözgüt çykarylan güni hasaba alynýar.

Welaýatlar ýa-da Aşgabat şäheri boýunça salgyt gullugy, şeýle hem Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan barlaglar geçirilen we karar çykarylan mahaly, kararyň göçürme nusgasy ol kabul edilen günden soňky günden giç bolmadyk möhletde onuň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak üçin salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň ýa-da gaýry barlanylan tarapyň) hasapda goýlan ýerindäki salgyt gullugyna iberilýär.

Salgyt babatda hukuk düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky iş boýunça resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatyndaky hakykatda bar bolan maglumatlar, goş-golam, ýazmaça we beýleki subutnamalar, barlagyň beýleki maglumatlary, şeýle hem şonuň ýaly bozulmalar üçin jogapkärçilige çekilýän adamlar hakyndaky maglumatlar görkezilen işlere garalýança we şolar boýunça çözgüt çykarylýança aýan edilip bilinmez.

Salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalaryny derňemek we olaryň öňüni almak maksady bilen, özara kömek bermek hem-de maglumatlary alyşmak hakynda halkara şertnamalaryna (ylalaşyklaryna) laýyklykda berilýän maglumatlar muňa girmeýär.

Bellenilen tertibiň bozulmagy salgyt syrynyň aýan edilmegi bilen deňleşdirilýär.

Eger barlagyň ykrar haty boýunça karar çykarylanyndan soň salgyt gullugyna beýleki döwletleriň salgyt edaralaryndan, hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik ediji edaralardan barlanylan döwürde salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt kanunçylygynyň bozulmagyna ýol berendigini görkezýän, geçirilen barlag arkaly ýüze çykarylmadyk goşmaça maglumatlar gelip gowuşsa, gelip gowşan maglumatlaryň esasynda goşmaça barlag bellenilýär.

Resminamalaýyn salgyt barlagy bilen jenaýatyň alamatlarynyň bardygy hakynda şaýatlyk edýän salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň halatlary ýüze çykarylan mahaly, resminamalaýyn

salgyt barlagynyň ykrar haty we barlagyň maglumatlary olara salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçynyň orunbasary) tarapyndan garalanyndan soň on günden giç bolmadyk möhletde hukuk goraýjy edaralara berilýär.

Hukuk goraýjy edaralara (şäheriň, etrabyň polisiýa bölümlerine) jenaýat işini gozgamak hakyndaky meseläni çözmek üçin resmi namalaryň şu mysaly sanawy iberilýär:

- salgyt edarasy tarapyndan ýüze çykarylan hukuk düzgünleriniň bozulmalaryny gysgaça beýan etmek bilen, şäheriň, etrabyň polisiýa bölüminiň başlygynyň adyna ýazylan hat. Bu hatda bellenilen hukuk düzgüniniň bozulmasyna toplanylan maglumatlaryň «girdejiler we çykdajylar hakyndaky maglumatlaryň bilgeşleýin ýoýulmagyna», «salgyt salynýan beýleki çeşmeleriň gizlenilmegine» ýa-da salgydyň tölenilmezligi beýleki sebäpler bilen şertlenendigine (arifmetiki we logiki säwlikler, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň aýyl-saýyl däldigi we şuňa meňzeşler) şaýatlyk edýändigine öz berýän bahaňy görkezmek zerurdyr;
- salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan barlagyň ykrar haty boýunça kabul edilen çözgüdiň göçürme nusgasy;
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatynyň nusgasy;
- garşylyklaýyn barlaglaryň maglumatlary (şol barlaglar geçirilen halatynda);
- hünärmenleriň ýa-da bilermenleriň netijenamasy (olar bu işe çekilen halatynda);
- girdeji almak ýa bolmasa salgyt salynýan çeşmeleri saklamak salgyt töleýjiniň peýdalanýan jaýlaryny derňemek hakynda delilhaty (olar geçirilen halatynda);
- salgyt gözegçiligini amala aşyrmak boýunça hereketler geçirilen mahaly düzülen teswirnamalar (seljermäni bellemek hakynda, resminamalary almak hakynda we başgalar);
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) salgyt barlagynyň ykrar hatyna nägileligi we belligi;
- buhgalteriýa resminamalarynyň, hasabatlaryň, sagyt hasap-

lamalarynyň, beýannamalaryň, salgytlaryň (ýygymlaryň) tölenilmezliginiň halatlaryny tassyklaýan we salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) hukuga ters hereketleri amala aşyrmagynyň subutnamasy bolup biljek beýleki resminamalaryň asyl nusgalary ýa-da güwä geçilen nusgalary;

- barlanylýan döwürde edara görnüşindäki tarapyň maliýe-hojalyk işi üçin jogapkär adamlary wezipä bellemek hakyndaky buýruklaryň nusgalary we olaryň edara ediş jogapkärçiligine çekilendigi hakyndaky maglumatlar (eger şeýle jogapkärçilige çekilen bolsa);
- barlagyň dowamynda ýüze çykarylan salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň halatlary boýunça salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) – şahsy taraplaryň ýa-da edara görnüşindäki taraplaryň wezipeli adamlarynyň düşündirişleri (resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar haty boýunça ýazmaça nägilelikler bolmadyk mahaly);
- salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) banklardaky hasaplaşyk, gündelik we beýleki hasaplarynyň bardygy we şol hasaplar boýunça pul serişdeleriniň hereketi hakyndaky delilhatlary (olar talap edilen halatynda);
- salgyt hukuk düzgünleriniň bozulmalarynyň halatlaryny tassyklamak we barlagyň netijeleri boýunça çözgüdi kabul etmek üçin ähmiýeti bolan beýleki resminamalar.

### «Salgyt barlaglary» diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Salgyt edaralary nähili barlaglary geçirmäge hukuklary bardyr?
2. Kameral (deslapky) barlagyny düşündiriň.
3. Kameral (deslapky) salgyt barlagynyň esasy aýratynlyklaryny kesgitläň.
4. Salgyt habarnamasy haýsy ýagdaýlarda salgyt töleýjilere iberilýär?
5. Kameral (deslapky) barlagy geçirmegiň umumy talaplaryny beýan ediň.
6. Salgyt töleýjiniň tabşyran hasabaty kabul edilende olary ka-

meral barlamak haýsy tapgyrlar boýunça amala aşyrylýar?

7. Hasabatlaryň görkezijileri nähili yzygiderlikde barlanylýar?
8. Resminamalaýyn salgyt barlagyna düşündiriş beriň.
9. Resminamalaýyn salgyt barlaglarynyň guralýan we geçirilýän mahaly döwlet salgyt gullugynyň öňünde duran esasy wezipelerini kesgitläň.
10. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilýän döwri salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary we borçlaryny düşündiriň.
11. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň görnüşlerini beýan ediň.
12. Salgyt gulluklary tarapyndan resminamalaýyn salgyt barlaglaryny taýýarlamagyň we guramagyň tertibini düşündiriň.
13. Haýsy ýagdaýlarda barlagçy salgyt töleýjiniň çäklerine goýberilýär?
14. Barlagyň başlanýan tapgyrynda barlagçynyň anyklamaly we öwrenmeli zatlaryny kesgitläň.
15. Salgyt töleýji hökmünde ykrar edilýän salgydyň her bir görnüşi babatynda barlagçynyň kesgitlemeli görkezijilerini beýan ediň.
16. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň möhletlerini düşündiriň.
17. Garşylyklaýyn barlaglary geçirmegiň tertibi nämeden ybarat?
18. Resminamalaýyn barlag geçirilen mahaly kimler salgyt gullugyna çagyrylyp bilner.
19. Salgyt töleýjiniň resminamalaryny almagyň tertibini düşündiriň.
20. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty nähili düzülýär?
21. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrarhaty boýunça çözgütleri çykarmagyň tertibini beýan ediň.

# X BAP. SALGYT GULLUGYNYŇ ÇÖZGÜTLERINDEN, OLARYŇ WEZIPELI ADAMLARYNYŇ WE GULLUKÇYLARYNYŇ HEREKETLERINDEN ŞIKAÝAT ETMEK

## § 10.1. Şikaýat etmegiň tertibi

Haçan-da salgyt töleýji salgyt gullugynyň özüniň salgyt borçnamasyny ýalňyş kesgitländigini ýa-da salgyt salmak, salgyt gözegçiligi, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynyň bozulanlygy üçin jogapkärçilik çäresini ulanmak meseleleri boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelýän ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen ygtyýarlyklaryndan çykýan haýsydyr bir beýleki çözgüdi kabul edendigini, şeýle hem salgyt gullugynyň wezipeli adamlarynyň ýa-da gullukçylarynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelýän hereketleriniň amala aşyrylýandygyny çak eden halatynda, salgyt töleýjiniň şikaýat edip, salgyt gullugyna ýüz tutmaga hukugy bardyr.

Ýokarda agzalan şikaýat edilýän çözgütleri we hereketleri subut etmek wezipesi salgyt töleýjiniň üstüne ýüklenilýär.

***Salgyt töleýji tarapyndan şikaýat***

- salgyt gullugynyň çözgüdi we bu gullugyň wezipeli adamlarynyň hereketleri babatda ýokarda duran salgyt gullugyna;
- salgyt gullugynyň gullukçylarynyň hereketleri babatda bu gullugyň ýolbaşçysyna berilýär.

Salgyt gullugynyň çözgüdi we bu gullugyň wezipeli adamlarynyň ýa-da gullukçylarynyň hereketleri babatda şikaýat bermek haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirilmeýär, edara ediş hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça karar babatda şikaýat etmek muňa girmeýär.

Edara ediş hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça karar babatdaky şikaýaty bu kararyň çykarylan gününden başlap on günüň içinde bermek mümkindir.

Agzalan möhlet esasly sebäpler boýunça geçirilen halatynda özi babatda karar çykarylan tarapyň şikaýaty boýunça bu möhlet şikaýata garamaga ygtyýarly salgyt gullugy (wezipeli adam) tarapyndan dikeldilip bilner.

Şikaýat boýunça salgyt gullugynyň çözgüdi we bu gullugyň wezipeli adamlarynyň ýa-da gullukçylarynyň hereketleri salgyt töleýji tarapyndan bu şikaýatyň alnan gününden başlap diňe bir aý möhletde ýokarda duran salgyt gullugyna şikaýat (gaýtadan şikaýat) edilip bilner. Esasly sebäpler netijesinde bu möhlet berjaý edilmedik halatynda şikaýat eden adamyň arzasy boýunça ol ýokarda duran salgyt gullugy tarapyndan dikeldilip bilner.

Şikaýaty bermek möhletiniň uzaldylmagy (dikeldilmegi), eger şeýle salgyt töleýji – şahsy tarap görkezilen möhletleriň dowamynda:

- Türkmenistanyň çäklerinden daşarda bolan bolsa;
- kazyýetiň çözgüdi boýunça azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde bolan bolsa;
- resminama bilen tassyklanan, ýeňip bolmajak güýç bilen dörän ýagdaýlar sebäpli, şeýle hem ýarawsyzlygy we başga sebäplere görä bir ýerden başga ýere göçüp-gonmakda erkinligi çäkli bolan bolsa, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan salgyt töleýjiniň ýazmaça görnüşindäki arzasy esasynda amala aşyrylýar.

***Aşakdakylar babatda şikaýata garalmaýar:***

- salgyt töleýji tarapyndan onuň salgyt gullugyna beren salgyt beýannamasynda özbaşdak kesgitlenen salgyt borçnamalary babatda;
- salgyt töleýji tarapyndan onuň beren salgyt beýannamasynda

maglumatlaryň beýan edilmänligi ýa-da doly beýan edilmänligi, ýagny salgyt möçberiniň azaldylmagyna (ýokarlandyrylmagyna) getirýän ýalňyşlyklaryň barlygy ýüze çykarylan halatynda üýtgetmeler girizmek tertibi “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň 32-nji maddasy bilen bellenilen tertipde amala aşyrylýar;

- beýan edilýän talaplary şikaýat etmek we esaslandyrmak babatdaky görkezmeler bolmadyk halatynda;
- salgyt töleýjiniň adyndan çykyş etmäge ygtyýarlygy bolmadyk adam tarapyndan berlen şikaýaty;
- salgyt gullugynyň çözgüdi we bu gullugyň wezipeli adamlarynyň ýa-da gullukçylarynyň hereketleri babatdaky şikaýaty, gozgalan jenaýat işleri bolan halatynda ýa-da bu işler boýunça kazyýete talap arzasy berlen bolsa;
- salgyt gullugynyň çözgüdi we bu gullugyň wezipeli adamlarynyň ýa-da gullukçylarynyň hereketleri babatda şikaýaty, olar boýunça kazyýetiň çözgüdi bolan halatynda.

Täze subutnamalar getirilmezden ýa-da täze ýüze çykarylan ýagdaýlar görkezilmezden gaýtadan berlen şikaýat (salgyt töleýji tarapyndan salgyt gullugynyň şikaýat boýunça çözgüdine şikaýat edilen halatynda), şikaýata ozal garan salgyt gullugy tarapyndan garalmaga degişli däl bolup, bu barada bäş günüň içinde şikaýat eden tarapa habar berilýär.

Eger gaýtadan berlen şikaýatda birinji gezek şikaýat edilende şikaýat etmek we garamak meselesi bolmadyk ýagdaýlar görkezilýän bolsa ýa-da olara resminamalar goşulýan bolsa, onda şeýle meseleler we resminamalar garalmaga degişli däldir, arz eden tarapa bolsa bu meselelere ilkinji şikaýat boýunça şikaýat edilýän çözgüdi kabul eden salgyt gullugy tarapyndan garalmagyň zerurdygy barada habar berilýär.

Şikaýat ýazmaça görnüşinde berilýär we salgyt töleýji tarapyndan erkin görnüşde düzülýär, ýöne şunuň bilen birlikde ol aşakdaky maglumatlary öz içine almalydyr:

- salgyt töleýjiniň – şahsy tarapyň familiýasy, ady we atasynyň ady, edara görnüşli tarap üçin bolsa – onuň doly ady;

- salgyt töleýjiniň – şahsy tarapyň ýaşaýan ýeriniň salgysy, salgyt töleýji – edara görnüşli tarapyň hukuk salgysy;
- salgyt töleýjiniň şahsy salgyt belgisi (eger ol berlen bolsa);
- şikaýatyň ýazylan senesi;
- çözgütleri we hereketleri (hereketsizligi) şikaýat edilýän salgyt gullugynyň, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň ady;
- salgyt gullugynyň, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň şikaýat edilýän çözgütleri we hereketleri (hereketsizligi);
- salgyt töleýjiniň salgyt gullugynyň, gullugyň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň çözgüdi we hereketi (hereketsizligi) bilen ylalaşmazlygynyň esaslandyrmasy, salgyt töleýjiniň berilmegi zerur hasaplan ilkinji resminamalary, hasaplaşyklary we subutnamalary bilen bilelikde;
- şahsy tarapyň – salgyt töleýjiniň ýa-da onuň ygtyýarly wekiliniň goly, edara görnüşli tarap üçin bolsa edara görnüşli tarapyň – salgyt töleýjiniň ýolbaşçysynyň ýa-da ygtyýarly wekiliniň möhri bilen berkidilen goly;
- şikaýata goşulýan resminamalaryň we hasaplaşyklaryň sanawy, şikaýat poçta arkaly iberilen halatynda bolsa iberilen zatlaryň ýazgysy we gowşurylanlygy hakynda habarnama goşulýar.

Salgyt töleýji öz şikaýatynda salgyt gullugynyň çözgüdini güýçsüz hasaplamak hakynda kazyýete talap arzasyny bermek ýa-da bermezlik barada, kazyýetde edara ediş hukuk bozulmasy hakynda iş boýunça karara şikaýat etmek barada, jenaýat işini gozgamak hakynda kararyň barlygy barada habar bermelidir.

Gaýtadan şikaýat berlende (salgyt töleýji salgyt gullugynyň şikaýat boýunça çykaran çözgüdine şikaýat eden halatynda) bu şikaýata aşakdakylar goşulmalydyr:

- barlagyň ykrar haty we salgyt borçnamasyny kesgitlemäge esas bolup hyzmat eden beýleki resminamalar (hasaplaşyklar);
- barlagyň ykrar haty boýunça karar;
- salgyt töleýjiniň ilkinji şikaýatynyň nusgasy;

- salgyt töleýjiniň salgyt borçnamasynyň we jerime (maliýe) çäreleriniň kesgitlenen möçberi bilen ylalaşmazlygyny ýa-da salgyt gullugynyň, onuň wezipeli adamynyň we gullukçysynyň kabul edilen çözgüdiniň we hereketiniň (hereketsizliginiň) bikanunlygyny esaslandyrýan resminamalar.

Edara ediş hukuk bozulmasy hakynda iş boýunça karara gaýtadan şikaýat edilen ýagdaýynda şikaýat bilen birlikde aşakdakylaryň nusgalary berilýär:

- barlagyň ykrar hatynyň nusgasy;
- edara ediş hukuk bozulmasy hakynda teswirnamanyň nusgasy;
- edara ediş hukuk bozulmasy hakynda iş boýunça kararyň nusgasy;
- şeýle karara degişli şikaýata garalmagy boýunça kabul edilen çözgüdiň nusgasy;
- salgyt töleýjiniň kabul edilen çözgüt bilen ylalaşmazlygyny ýa-da salgyt gullugynyň kabul edilen çözgüdiniň bikanunlygyny esaslandyrýan resminamalaryň nusgalary.

Şikaýat poçtanyň üsti bilen gowşurylandygy hakyndaky habarnama bilen birlikde salgyt gullugyna iberilmelidir ýa-da gönüden-göni salgyt gullugynyň kätipligine ýa-da kanselýariýasyna berilmelidir.

Eger şikaýat salgyt töleýjiniň bähbitleri boýunça onuň ygtyýarly wekili tarapyndan berilýän bolsa, onda şikaýata Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda resmileşdirilen tabşyryk şertnamasynyň ýa-da ynanç hatynyň nusgasy goşulýar.

Eger-de resmileşdirilen şikaýat, şeýle hem, eger şikaýatyň beýan edilişi oňa hakyky görnüşde garamaga mümkinçilik bermeýän bolsa, onda ol şikaýatyň alnan gününden başlap bäş günüň içinde degişli düşündirişler berlip, şikaýat eden tarapa yzyna gaýtarylýar.

Salgyt gullugy tarapyndan alnan şikaýatda gozgalýan meseleler bu gullugyň ygtyýarlyklaryna girmeýän bolsa, onda şeýle şikaýat bäş günüň dowamynda degişliligi boýunça beýleki edara ýa-da wezipeli adama iberilýär we bu barada şikaýaty beren tarapa şu möhletde habar berilýär.

Şikaýatlar boýunça iş dolandyryjylygy Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy tarapyndan kesgitlenilen iş dolandyryjylygyň umumy düzgünine laýyklykda alnyp barylýar.

Salgyt gulluklaryna gelýän şikaýatlar boýunça iş dolandyryjylygynyň ýagdaýy üçin şahsy jogapkärçiligi bu gulluklaryň ýolbaşçylary çekýärler. Olar iş dolandyryjylygynyň alnyp barlyş tertibini yzygiderli barlaýarlar we bu işiň kämilleşdirilmegi boýunça çäreleri görýärler.

Salgyt gulluklaryna gelip gowuşýan şikaýatlaryň ählisi kabul edilmelidir, göz öňünde tutulmalydyr we iş dolandyryjylygyň bellenilen tertibine laýyklykda kätiplik ýa-da kanselýariýa tarapyndan hasaba alynmalydyr.

Şikaýat salgyt gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan degişli bölüme garamak üçin iberilenden soň, düzgün bolşy ýaly, şikaýatyň gelen güni gelip gowuşýan şikaýatlary hasaba alyş Kitabynda 10.1-nji goşunda laýyklykda bellige alynmalydyr.

Şikaýatlaryň bukjalary haçan-da ony iberen tarapyň salgysyny bukjalara görä kesgitlemek mümkin bolan halatynda ýa-da bukjanyň ýüzündäki poçta möhri şikaýatyň iberilen we alnan wagtyny tassyklamak üçin gerek bolan halatynda, şeýle hem zerur bolan beýleki ýagdaýlarda saklanýar.

Her bir şikaýat üçin iş bukjasy açylýar we oňa şikaýatyň çözülmegi we degişli çözgüdiň kabul edilmegi bilen baglanyşykly ähli alşylan hatlar çatylýar. Iş bukjasynyň sahabynda bellige alyş tertip belgisinden başga edara görnüşli tarapyň ady, şikaýaty bereniň ady, familiýasy, atasynyň ady we salgysy, şeýle hem şikaýata garamagyň başlanan we tamamlanan seneleri görkezilýär.

Şikaýata garalmagynyň netijeleri barada habar berilmegini talap edýän salgyt töleýji tarapyndan salgyt gulluklaryna iberilen şikaýatlar gözegçilige alynýar.

Aralyk jogaplary berilýän şikaýatlar gözegçilikden aýrylmaýar. Gözegçilik diňe çözgüt çykarylandan soň we şikaýata garamak boýunça gutarnykly çäreler kabul edilmegi bilen tamamlanýar. Şikaýatlaryň gözegçilikden aýrylmagy baradaky çözgüt salgyt

gullugynyň şikaýata öz wagtynda we dogry garalmagyna jogapkär ýolbaşçylary hem-de beýleki wezipeli adamlary tarapyndan kabul edilýär.

Şikaýatlar, eger olarda goýulan meseleleriň hemmesine garalan we olar boýunça hereket edýän kanunçylyga laýyk gelýän zerur çözgütler kabul edilen bolsa, çözülen diýlip hasap edilýär.

Salgyt gullugynyň ýolbaşçylary ýa-da beýleki wezipeli adamlary hukuklaryň we kanun tarapyndan goralýan bähbitleriň bozulmagyna ýol açýan sebäpleri aradan aýyrmak maksady bilen, şikaýatlary yzygiderli seljerip durmalydyrlar.

Şikaýat, ol boýunça kabul edilen çözgüt we oňa garalmagy bilen baglanyşykly resminamalar salgyt gullugynyň tassyklanan iş sanawyna laýyklykda iş bukjasynda toplanýar.

Bu iş bukjasyndaky resminamalar yzygiderli sene tertibinde ýerleşmelidir. Iş bukjasynyň tutulanda resminamanyň iş bukjasyna ugradylmagynyň dogrulygy, olaryň dolulygy (toplumlaýynlygy) barlanýar. Çözülmedik şikaýatlary, şeýle hem ýalňyş resmileşdirilen resminamalary iş bukjalaryna çatmak gadagan edilýär.

Salgyt gulluklary gelip gowşan we garalan şikaýatlaryň saklanmagyny we olaryň gollanma hökmünde we beýleki maksatlarda ulanylmagyny amala aşyrýarlar.

Şikaýatlar boýunça resminamalaryň goraglylygy üçin jogapkärçilik salgyt gulluklarynyň ýolbaşçylarynyň we resminamalaryň şeýle tapgyry bilen işleýän wezipeli adamlaryň üstüne ýüklenýär.

Şikaýatlar boýunça resminamalary saklamagyň möhleti, saklamak möhletini görkezmek bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň Türkmenistanyň guramalarynyň işinde emele gelýän belli nusgaly resminamalaryň Sanawy bilen kesgitlenýär.

Hemişelik, şeýle hem wagtlaýyn (10 ýyldan artyk) saklamaga degişli bolan işler olar boýunça iş dolandyryjylygy tamamlanandan iki ýyldan soň salgyt gullugynyň arhiwine berilýär. Wagtlaýyn saklamaga (10 ýyla çenli) degişli bolan işler salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň çözgüdi boýunça arhiwe berilýär.

*10.1-nji goşundy*

## Gelip gowuşýan şikaýatlary hasaba alyş kitaby

| T/b № | Hasaba alyş tertip belgisi | Şikaýatyň hasaba alnan senesi | Şikaýatçy baradaky maglumatlar | | | | Salgyt gullugynyň, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň şikaýat edilýän çözgüdiniň we hereketiniň (hereketsizliginiň) gysgaça mazmuny | Şikaýat boýunça çözgüdi kabul etmek üçin bellenen möhlet | Kabul edilen çözgüdiň senesi | Çözgüdiň (jogabyň) hasaba alnan tertip belgisi | Kabul edilen çözgüdiň gysgaça beýany |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Edara görnüşli tarapyň ady, şahsy tarapyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Hasapda durýan salgyt gullugynyň ady | Hukuk salgysy ýa-da ýaşaýan ýeriniň salgysy | Şahsy salgyt belgisi | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | |

## § 10.2. Şikaýata seretmegiň tertibi

Salgyt gulluklarynda şikaýatlara seretmek boýunça iş geçirmek aşakdakylaryň üstüne ýüklenýär:

- Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynda arza-şikaýatlara garaýan bölüminiň üstüne;
- salgyt gullugynyň ýerlerdäki edaralarynda – ýerlerdäki salgyt gulluklarynyň başlyklarynyň buýruklary bilen özlerine ýüklenen wezipelerine laýyklykda, şeýle hem bu salgyt gulluklarynyň bölümleri hakynda tassyklanan düzgünnamalara laýyklykda bölümleriň üstüne.

Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) şikaýat boýunça delillendirilen çözgüt kabul etmelidir, bu çözgüt bellenilen möhletiň içinde poçta arkaly gowşurylanlygy hakyndaky habarnama bilen birlikde salgyt töleýjiniň salgysyna iberilmelidir ýa-da dil haty almak bilen oňa berilmelidir. Salgyt gullugy şikaýata berlen gününden başlap bir aýdan köp bolmadyk möhletde garaýar we çözgüt çykarýar.

Zerur bolan halatlarda şikaýat (şikaýat boýunça ýazmaça görnüşinde haýyşnama) şulara iberilip bilner:

- aşakda duran salgyt gullugyna, şikaýat edilýän meseleler boýunça netijenama bermek üçin, şeýle hem wezipeli adamlaryň ýa-da gullukçylaryň şikaýat edilýän çözgütleri ýa-da hereketleri (hereketsizlikleri) boýunça düşündiriş almak üçin;
- usulyýet we maslahat beriş işlerini amala aşyrýan müdirliklere (bölümlere), şeýle hem öz ygtyýarlyklarynyň çäklerine şikaýata degişli meseleler girýän beýleki bölümlere ýa-da hünärmenlere, delillendirilen netijenamasyny almak üçin;
- hukuk bölümine (hukukça), wezipeli adamlaryň ýa-da gullukçylaryň çözgütleriniň ýa-da hereketleriniň (hereketsizlikleriniň) Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyk gelýänligi ýa-da gelmeýänligi barada netijenama çykarmak üçin.

Netijenamany (düşündirişi) bermek üçin berilýän möhlet netijenamany çykarmak üçin şikaýatyň alnan gününden başlap bäş günden artyk bolmaly däldir.

Salgyt gullugynyň başlygynyň çözgüdi bilen şikaýat boýunça meseleleri çözmek üçin resminamalaýyn salgyt barlagy bellenip bilner. Kararda barlagy geçirmek wezipesi tabşyrylan salgyt gullugy, haýsy meseleler boýunça resminamalaýyn salgyt barlagynyň geçirilýänligi, şeýle hem barlagyň maglumatlaryny bermegiň möhleti görkezilmelidir.

Salgyt gullugynyň başlygy (ýa-da onuň orunbasary) şikaýat boýunça çözgüdiň taslamasyny taýýarlamak üçin şikaýatda beýan edilýän meseleleri toparlaýyn tertipde garamaga tabşyryp biler (zerur bolan halatlarda bolsa şikaýat eden tarapy, hünärmenleri we bilermenleri çagyrmak arkaly), bu barada teswirnama düzülmelidir. Teswirnamada toparyň her bir agzasynyň, çagyrylan hünärmeniň (bilermeniň), salgyt töleýjiniň (edara görnüşli tarapyň wezipeli adamlarynyň) ýa-da olaryň wekilleriniň pikiri beýan edilýär. Teswirnama şikaýat boýunça meseleleriň garalmagyna gatnaşan taraplaryň ählisi tarapyndan gol çekilýär.

Şikaýat, jogabyň taslamasyny taýýarlamak üçin öz hereketleri babatda şikaýat edilýän wezipeli adama we gullukça iberilmeýär.

Salgyt gullugynyň çözgüdi, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň hereketi babatda şikaýat edilmegi şikaýat edilýän çözgüdiň ýa-da hereketiň ýerine ýetirilmegini duruzmaýar, Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" Bitewi Kanunynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa girmeýär.

Türkmenistanyň "Salgytlar hakynda" Bitewi Kanunynyň 47--nji we 88-nji maddalarynyň şunuň ýaly ýagdaýlaryna aşakdakylar degişlidir:

- salgyt töleýji tarapyndan onuň jedelleşýän möçberindäki salgyt borçnamalarynyň maliýe jerimelerini we puşman tölegini tölemek boýunça borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi. Salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşman töleginiň jedelleşilýän möçberi şikaýata salgyt gullugynda we kazyýetde garalýan döwründe tölenmeýär, ýöne onuň bellenilen gününden (ýa-da onuň düzedilen gününden) başlap alty aýdan köp bolmaly däldir;

- jedelleşilýän möçbere deň bolan salgydy, maliýe jerimelerini we puşman tölegini tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreleriň salgyt gullugy tarapyndan ulanylmazlygy.

Görkezilen düzgünler şikaýaty beren salgyt töleýji babatda onuň bu barada öz şikaýatynda görkezenligine ýa-da görkezmänligine garamazdan ulanylýar.

Şunuň bilen birlikde salgyt gullugy salgyt töleýjiden salgydyň we maliýe jerimesiniň jedelleşilýän möçberi babatda emläk (pul serişdesi) girewini ýa-da kepilligi talap etme hukugyna eýedir.

Görkezilen hukuk salgyt gullugy tarapyndan aşakdaky ýagdaýlarda ulanylmalydyr:

- haçan-da salgyt töleýjiniň salgyt salynmakdan boýun gaçyrmak niýetleri barada şaýatlyk edýän maglumatlar bolan halatynda ýa-da salgydyň jedelleşilýän möçberi şahsy taraplar üçin – *3 muň manatdan,* döwlet eýeçiliginde bolmadyk edara görnüşli taraplar üçin bolsa *7,5 muň manatdan* köp bolan halatynda.

Salgydyň we maliýe jerimesiniň jedelleşilýän möçberi babatda emläk (pul serişdesi) girewiniň ýa-da kepilligiň berilmegi baradaky talapnamany salgyt gullugy şikaýat alnan gününden soň üç günden gijä galman salgyt töleýjä iberýär. Bu ýagdaýda girew ýa-da kepillik salgyt töleýji tarapyndan onuň şeýle talapnamany alan gününden soň bäş günden gijä galman resmileşdirilmelidir. Salgyt töleýji tarapyndan agzalan talaplaryň ýerine ýetirilmegi mümkin bolmadyk halatynda salgydyň we maliýe jerimesiniň tölenmegi boýunça borç salgyt töleýji tarapyndan jedelleşilýän möçberde ýerine ýetirilmelidir.

Salgyt töleýjä berlen hukuklaryň goralmagyny üpjün etmek üçin gelip gowşan şikaýat we salgyt gullugynyň ýolbaşçysynyň degişli karary bilen wezipelerine býujete gelip gowuşýan tölegleri hasaba almak, şeýle hem salgytlaryň tölenmegini üpjün edýän çäreleri kabul etmek degişli bolan bölümleriň (dolandyryşlaryň) başlyklary tanyşmalydyr.

Ýokarda duran salgyt gullugyna şikaýat berlen halatynda, ýokarda görkezilen hukuklaryň goralmagyny üpjün etmek üçin bu barada salgyt töleýjiniň hasapda durýan ýeri bolan salgyt gullugyna habar berilmelidir.

Şikaýata garaýan salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçysynyň orunbasary) şikaýat edilýän çözgüdiň ýa-da hereketiň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýändigini çak etmäge ýeterlik esas bar halatynda, şikaýata garalýan döwürde şikaýat edilýän çözgüdi ýa-da hereketi doly ýa-da bölekleýin duruzmak hukugyna eýedir. Görkezilenler salgyt gullugy tarapyndan salgydyň, maliýe jerimeleriniň we puşman töleginiň jedelleşilýän möçberini tölemek boýunça borjuň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreleriň ulanylmagyndan başga çözgütlere we hereketlere degişlidir.

Salgyt gullugynyň çözgüdine, onuň wezipeli adamlarynyň hereketlerine şikaýat edilmegi şikaýatyň hakyky döwründe hak isleýiş wagtynyň möhletiniň geçmegini duruzýar.

Salgyt gullugy salgyt töleýjiniň şikaýata garalýan mahalynda şikaýat edilýän çözgüdiň kanuna laýyk gelýänligini we ýeterlik deliliniň barlygyny barlaýar we aşakdaky çözgütleriň birini kabul edýär:

- şikaýat edilýän çözgüdi üýtgewsiz galdyrýar, şikaýaty bolsa kanagatlandyrman goýýar;
- şikaýat edilýän çözgüdi bellibir möçberde ýatyrýar we salgyt töleýjiniň şikaýaty bellibir möçberde kanagatlandyrmaýar;
- şikaýat edilýän çözgüdi ýatyrýar we salgyt töleýjiniň şikaýatyny kanagatlandyrýar;
- salgyt borçnamasynyň (jerime tölegleriniň, puşman tölegleriniň) möçberini artdyrýar;
- şikaýata garamaýar.

Kanunyň ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kadasy salgyt töleýjiniň ýa-da salgyt gullugynyň edaralarynyň hukuklarynyň we borçlarynyň gapma-garşylykly düşündirilişine ýol berýän bolsa, onda şikaýat boýunça çözgüt diňe degişli ygtyýarly edara tarapyndan bu kadalaryň düşündirilişi (teswirlemesi) alnandan soň kabul edilip bilner. Şunuň ýaly düşündiriş bolmadyk halatynda salgyt gullugy salgyt töleýjä kazyýete ýüz tutmagy teklip edip biler.

Eger şikaýata garalmagynyň netijeleri boýunça ozal hasaplanyp çykarylan salgyt we ulanylan maliýe jerimeleri, şeýle hem puşman tölegleri üýtgedilmäge degişli bolsa, onda barlagyň ykrar haty boýunça ozal kabul edilen karar ýatyrylmaga degişli bolup, täze karar çykarylýar.

Salgyt borçnamasynyň (salgydyň we ulanylan maliýe jerimesiniň, şeýle hem puşman tölegleriniň) täze karar esasynda kesgitlenen möçberi salgyt töleýji tarapyndan tölenmelidir ýa-da kesgitlenen möhletlerde gaýtadan şikaýat edilip bilner.

Salgyt gullugynyň ozal kabul edilen çözgüdiniň ýatyrylanlygy hakyndaky kararyň salgyt töleýji tarapyndan alnan gününden başlap munuň üçin ozal berlen girewiň ýa-da kepilligiň hereketi bes edilýär. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň şikaýatyna garamak boýunça kabul edilen çözgüdi soňra edara ediş tertibinde gaýtadan şikaýat etmäge degişli däldir, ýöne şunuň bilen birlikde, salgyt töleýji tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner.

Salgyt töleýjiniň şikaýatyna garalmagynyň netijeleri boýunça salgyt gullugy tarapyndan kabul edilýän çözgüt şikaýata garan salgyt gullugynyň resmi kagyzynda resmileşdirilýär we aşakdakylary öz içine almalydyr:

- salgyt töleýjiniň familiýasy, ady we atasynyň ady, edara görnüşli tarap üçin bolsa onuň doly ady;
- salgyt töleýjiniň şahsy salgyt belgisi;
- şikaýatyň garalmagyna gatnaşan beýleki adamlar barada maglumatlar;
- salgyt gullugynyň, onuň wezipeli adamynyň ýa-da gullukçysynyň şikaýat edilýän çözgüdiniň we hereketiniň (hereketsizliginiň) meselesi hakyndaky maglumatlar;
- şikaýatyň garamak üçin kabul edilen senesi (sene we belgi girýän hatlary bellige alyş kitabynyň maglumatlary boýunça görkezilýär);
- şikaýata garalan mahalynda üns merkezine alnan resminamalaryň görkezilmegi;
- şikaýata degişli maglumatlary öwrenmegiň netijeleri;
- şikaýata garan salgyt gullugynyň gelen netijenamasynyň esaslanýan subutnamalary;
- şikaýata berilýän jogaby delillendirýän Türkmenistanyň kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna salgylanmalar;
- şikaýatyň kanagatlandyrylmagy ýa-da bölekleýin kanagatlandyrylmagy baradaky ýa-da şikaýatda bildirilýän talaplaryň kanagatlandyrylmagyndan ýüz öwrülmegi baradaky netije.

Şeýle hem çözgütde şikaýaty beren tarap kabul edilen çözgüt bilen ylalaşmadyk halatynda onuň kesgitlenen möhletlerde ýokarda durýan salgyt gullugyna ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilinjekdigi görkezilýär.

Şikaýat doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrylan halatynda çözgüdi doly ýa-da bellibir derejede ýatyrylmaga degişli bolan salgyt gullugyna degişli hereketleri amala aşyrmak barada çözgütde görkezmeler berilýär.

Salgyt töleýjiniň şikaýatyna garamak boýunça çözgüdi salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (ýolbaşçysynyň orunbasary) kabul edýär, çözgüdiň asyl nusgasy çykýan hatlaryň bellik ediliş belgisi görkezilenden soň salgyt töleýjä iberilýär (gowşurylýar).

*Çözgüt, eger ol:*

- şahsy tarapa ýa-da onuň ygtyýarly wekiline, edara görnüşli tarapyň ýolbaşçysyna ýa-da ygtyýarly wekiline elin gowşurylan bolsa ýa-da
- şikaýat ediji tarapyndan şikaýatda görkezilen salgy boýunça, gowşurylanlygy hakynda habarnama bilen poçta arkaly iberilen bolsa, gönüden-göni salgyt töleýjä iberilen (gowşurylan) hasap edilýär.

Çözgüt onuň kabul edilen gününiň yz ýanyndaky gününden gijä galman salgyt töleýjä iberilýär.

Salgyt gullugynyň işgäriniň hereketleri babatda, salgyt töleýjiniň eden şikaýaty boýunça kabul edilen çözgüt bilen, çözgüdiň kabul edilen gününiň yz ýanyndaky günden giç bolmadyk möhletde kanunçylykda bellenilen hereketleriň amala aşyrylmagy üçin, wezipe borçlaryna salgytlaryň dogry hasaplanmagyna we doly tölenmegine gözegçiligi amala aşyrmak, býujete gelip gowuşýan tölegleri hasaba almak, şeýle hem salgytlaryň tölenmegini üpjün ediş çärelerini kabul etmek degişli bolan bölümleriň (dolandyryşlaryň) başlyklary tanyşmalydyrlar. Çözgüdiň nusgasy salgyt töleýjiniň salgyt salmak boýunça iş bukjasyna çatylyp bilner.

Ýokarda duran salgyt gullugy tarapyndan salgyt töleýjiniň aşakda duran salgyt gullugynyň çözgüdi we gullugyň wezipeli adamlarynyň

hereketleri babatdaky şikaýat boýunça kabul edilen çözgüdiň nusgasy çözgüdiň kabul edilen gününiň yz ýanyndaky günden giç bolmadyk möhletde şol salgyt gullugyna iberilýär. Bu çözgüdiň nusgasy şu möhletlerde şikaýaty beren salgyt töleýjiniň hasaba alnan ýerindäki salgyt gullugyna hem iberilýär.

Wezipelerine salgytlaryň dogry hasaplanmagyna we doly tölenmegine gözegçiligi amala aşyrmak, býujete gelip gowuşýan tölegleri hasaba almak, şeýle hem salgytlaryň tölenmegini üpjün ediş çärelerini kabul etmek degişli bolan bölümleriň başlyklary alnan çözgüt bilen onuň alnan gününiň yz ýanyndaky günden giç bolmadyk möhletde kanunçylykda bellenilen hereketleriň amala aşyrylmagy üçin tanyşmalydyrlar. Çözgüdiň nusgasy salgyt töleýjiniň salgyt salmak boýunça iş bukjasyna çatylmalydyr.

Eger edara görnüşli tarapyň – salgyt töleýjiniň kanuny wekili ýa-da şahsy tarap – salgyt töleýji (degişli ýagdaýlarda onuň ygtyýarly wekili) şikaýat boýunça çykarylan çözgüdi kabul etmekden ýüz öwüren halatynda ýa-da şikaýatda çözgüdi ibermek üçin görkezilen salgyda adam tapylmadyk halatynda, çözgüdiň salgyt töleýjä gowşurylan senesi hökmünde poçta aragatnaşygynyň işgäriniň poçta arkaly iberilen çözgüdiň gowşurylanlygy hakynda habarnamada salgyt töleýjiniň çözgüdi almakdan ýüz öwürenligi barada eden belliginiň senesi ýa-da poçta aragatnaşygynyň işgäri tarapyndan şikaýata degişli çözgüdiň iberilmegi zerur bolan salgy hökmünde adamyň özi tarapyndan şikaýatda görkezilen salgyda çözgüdi alyjynyň ýoklugy barada ýazylan ýazgynyň senesi hasap edilýär.

Salgyt töleýjiniň edara ediş hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça karar babatda şikaýaty bermeginiň we oňa garamagyň tertibi Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozmalary hakynda Türkmenistanyň Bitewi Kanunynyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

Özi barada karar çykarylan adam edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmagy hakyndaky iş boýunça çykarylan karar barada şikaýat edip biler.

Edara ediş hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça karar ýokarda duran salgyt gullugyna şikaýat edilip bilner.

Bellenilen möhletde şikaýatyň berilmegi edara ediş temmisini bermek hakyndaky kararyň ýerine ýetirilmegini şikaýata garalýança togtadýar.

Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmasy hakyndaky iş boýunça karar babatda şikaýata, eger kanunçylykda başga ýagdaýlar bellenilmedik bolsa, şikaýatyň gelip gowşan gününden başlap on gün möhletde garalýar.

Salgyt gullugy (salgyt gullugynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary) edara ediş hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça karar babatda şikaýata garalan mahalynda çykarylan kararyň kanuna laýyklygyny we delillendirilenligini barlaýar.

Salgyt gullugynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmasy hakyndaky iş boýunça karar babatda şikaýata garalan mahalynda aşakdaky çözgütleriň birini kabul edýär:

- karary üýtgewsiz galdyrýar, şikaýaty bolsa kanagatlandyrman goýýar;
- karary ýatyrýar we işi täzeden garamaga iberýär;
- karary ýatyrýar we işi bes edýär;
- temmi beriş çärelerini edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky kadalaşdyryjy namalarda göz öňünde tutulan çäklerde üýtgedýär, ýöne şunda temmini güýçlendirmeýär.

Eger kararyň şol işi çözmäge hukugy bolmadyk salgyt gullugy (wezipeli adam) tarapyndan çykarylandygy anyklansa, onda şeýle karar ýatyrylýar hem-de iş ygtyýarly edaranyň (wezipeli adamyň) garamagyna iberilýär.

Edara ediş hukuk bozulmasy hakyndaky iş boýunça çykarylan karar baradaky şikaýat barasynda çykarylan çözgüdiň nusgasy özi barada şol çözgüt çykarylan adama üç günüň içinde iberilýär.

Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmasy hakyndaky kararyň we işiň ýatyrylmagy töletdirilip alnan puluň, düzgüni bozujynyň elinden öwezi tölenmeli edilip alnan hem-de konfiskasiýa edilen zatlaryň gaýtarylyp berilmegine, şeýle hem ozalky kabul edilen karar bilen baglanyşykly beýleki çäklendirmeleriň ýatyrylmagyna eltýär. Zatlary yzyna gaýtaryp bermek mümkin bolmadyk halatynda onuň bahasy tölenilýär.

Eger edara ediş temmisini bermek hakynda çykarylan bika-

nun karar özi barada karar çykarylan adamyň işleýän, okaýan ýa-da ýaşaýan ýeri boýunça edarasyna ýa-da jemgyýetçilik guramasynyň dykgatyna ýetirilen bolsa, onda şol karary çykaran edara (wezipeli adam) şonuň ýatyrylandygyny olara habar berýär.

Salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) şikaýatyny kanagatlandyrýan çözgüt bilen bir wagtda, salgyt gullugynyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary), salgyt töleýjiniň (salgyt ýumuşçysynyň) kanuny hukuklaryny bozup, bikanun hereketleri sebäpli şikaýat edilen wezipeli adamlary jogapkärçilige çekmek baradaky meselä hem garamalydyr.

**«Salgyt gullugynyň çözgütlerinden, olaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hereketlerinden şikaýat etmek» diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Şikaýat etmegiň tertibini düşündiriň.
2. Salgyt töleýji tarapyndan şikaýat etmegiň tertibini beýan ediň.
3. Şikaýat etmegiň tertibi bellibir möhlet bilen kesgitlenilýärmi?
4. Şikaýat nähili edilýär we haýsy maglumatlaryň bolmaklygy zerur?
5. Haýsy ýagdaýlarda salgyt töleýji gaýtadan şikaýat edip biler we oňa haýsy maglumatlary goşup biler?
6. Şikaýata garamagyň tertibini beýan ediň.
7. Şikaýat boýunça salgyt gullugy edaralary nähili çözgütleri kabul etmäge hukuklary bar?

# XI BAP. SALGYT HUKUK BOZMALARY ÜÇIN MALIÝE JERIMELERI

## § 11.1. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleriniň ulanylyşy

***Salgyt hukuk bozmalary*** bu „Salgytlar hakynda“ Bitewi Kanunda bellenen jogapkärçilik göz öňünde tutulan, salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýanlaryň hukuga garşy, günäli hereketleridir.

Salgyt hukuk bozmalary Bitewi Kanunyň 89-94-nji maddalarynda bellenen maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär. Maliýe jerimleri salgyt gullugy tarapyndan ulanylýar.

Salnan maliýe jerimeleri kararyň gowşurylan pursadyndan başlap bäş günüň dowamynda tölenýär.

Salnan maliýe jerimeleri tölemek salgyt tölenenden soň geçirilýär.

Salgyt hukuk bozulmalaryna ýol beren şahsy tarapa on alty ýaşdan başlap maliýe jerimeleri ulanylyp bilner.

Salgyt kanunçylygynyň bozulandygynyň ýüze çykarylan ýylyndan öňki bäş salgyt ýylyndan köp bolmadyk döwür aralygynda amala aşyrylan düzgün bozulmalar üçin maliýe jerimesi salnyp bilner.

Salgyt gullugy (gümrük gullugy) tarapyndan bellenen salgydyň pul möçberi şikaýat edilende, salnan maliýe jerimesini tölemek borjy salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan maliýe jerimeleriniň jedelleşilmeýän pul möçberi babatynda ýerine ýetirilmelidir. Maliýe jerimeleriniň jedelleşilýän pul möçberi babatynda şikaýata salgyt gullugynda we kazyýetde seredilýän döwründe tölenmeýär, emma bu jerimäniň salnan gününden başlap alty aýdan köp bolmaly däldir.

Şunda salgyt gullugynyň (gümrük gullugynyň) salgyt töleýjiden emlägi (pul serişdelerini) maliýe jerimesiniň jedelleşilýän möçberi babatynda kepil geçmegi talap etmäge hukugy bardyr. Salgyt töleýjiniň görkezilen talaplary ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmasa, maliýe jerimesini tölemek boýunça borjuny ol salgydyň jedelleşilýän pul möçberi boýunça hem tölemelidir.

Salgydyň bellenen möçberine düzediş girizilmegi salgydyň şol pul möçberi babatynda öň salnan maliýe jerimeleriniň möçberiniň üýtgemegine getirýär.

## § 11.2. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleriniň görnüşleri

### *Salgydyň möçberiniň kemeldilendigi üçin maliýe jerimeleri*

Salgydy tölemek boýunça salgyt töleýjiniň salgyt salynýan binýady azaltmagynyň we beýleki bikanun hereketleriniň (hereketsizliginiň) netijesinde hasaplanan salgydyň pul möçberiniň azaldylmagy.

Salgydyň Türkmenistanyň Döwlet býujetine tölenmedik, salgydyň kemeldilen pul möçberiniň *40 göterimi* möçberinde salgyt töleýjä maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

Maliýe jerimeleri ulanylýan salgydyň kemeldilen pul möçberi salgydy tölemek üçin bellenen seneden başlap, şeýle düzgün bozmanyň ýüze çykarylan gününe çenli salgydyň şol görnüşi boýunça artyk tölenen pul möçberini hasaba almak bilen kesgitlenýär.

Salgytlaryň beýleki görnüşli boýunça artyk geçirilen pul möçberleri bar bolanda, olar hem salgydyň maliýe jerimeleri ulanylýan kemeldilen pul möçberini azaltmagyň hasabyna kabul edilip bilner.

Salgyt töleýjiniň bikanun hereketleriniň netijesinde salgydyň býujetden öwezi dolunmaga degişli möçberleri babatynda *40 göterimi* möçberinde maliýe jerimeleri ulanylýar.

***Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgydy tutup almak we geçirmek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmändigi üçin maliýe jerimeleri***

Salgyt ýumuşçysy tarapyndan salgyt töleýjiden möçberlerini tutup almak we Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek boýunça Bitewi Kanun bilen üstüne ýüklenen borçlaryň ýerine ýetirilmezligi.

Salgyt ýumuşçysyna tutup almaga we geçirmäge degişli pul möçberiniň 40 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

***Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan emläge ygtyýar etmek hukugynyň gadagan edilmeginiň bozulandygy üçin maliýe jerimeleri***

Salgyt töleýji (salgyt ýumuşçysy) tarapyndan emläge ygtyýar etmek hukugynyň gadagan edilmeginiň bozulmagy.
Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) şol emlägiň hakyky bazar bahasynyň 50 göterimi möçberinde salynmagyna getirýär.

***Bank edarasynda hasap açylandygyny barada habar bermek borçlaryň ýerine ýetirilmändigi üçin maliýe jerimeleri***

Bank edarasy tarapyndan şahsy we edara görnüşli taraplara (onuň aýrybaşgalanan düzüm birliklerine) hasap açylandygy barada salgyt gullugyna habar bermek borçlarynyň ýerine ýetirilmändigi.

Bank edarasyna şol hasaplara düşen ähli pul serişdeleriniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

***Bank edarasy tarapyndan salgyt gullugynyň salgyt töleýjiniň hasaplary boýunça amallary togtatmak baradaky çözgüdiniň ýerine ýetirilmändigi üçin maliýe jerimeleri***

Şahsy we edara görnüşli taraplaryň (onuň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň) hasaplary boýunça amallary togtatmak baradaky salgyt gullugynyň çözgüdini bozmak bilen, bank edarasy tarapyndan olaryň hasaplary boýunça çykdajy amallarynyň geçirilmegi.

Bank edarasyna şol hasaplardan hasapdan öçürilen pul serişdeleriniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

### *Salgyt töleýjiniň serişdelerini geçirmek tertibiniň bozulandygy üçin maliýe jerimeleri*

Bank edarasy tarapyndan salgyt töleýjiniň önümleri (harytlary, işleri, hyzmatlary) yerlemekden alan serişdelerini onuň hasaplaşyk hasabyna geçirmän, karz, depozit başga bir hasaplaryna geçirilmegi.

Bank edarasyna geçirilen serişdeleriň pul möçberiniň 10 göterimi möçberinde maliýe jerimeleriniň salynmagyna getirýär.

### «Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleri» diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar

1. Salgyt hukuk bozmalary diýip nämä aýdylýar?
2. Salgyt hukuk bozmalary nähili maliýe jerimelerini salmaga getirýär?
3. Salnan maliýe jerimeler näçe günüň dowamynda tölenilýär?
4. Näme üçin salnan maliýe jerimeleri salgyt tölenenden soňra tölenilýär?
5. Salgyt gullugy tarapyndan bellenilen salgydyň pul möçberi şikaýat edilende salnan maliýe jerimeleri tölemegiň tertibini düşündiriň?
6. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleriň görnüşlerini aýdyň we düşündiriň?
7. Bank edaralaryna ulanylýan maliýe jerimeleri beýan ediň?

# XII BAP. TÜRKMENISTANYŇ EDARA EDIŞ HUKUK DÜGÜNLERINIŇ BOZULMALARY BARADAKY HEM-DE JENAÝAT BITEWI KANUNLARY WE OLARYŇ DÖWLET SALGYT GULLUKLARYNYŇ IŞ TEJRIBESINDE ULANYLYŞY

## § 12.1. Edara ediş hukuk tertibiniň bozulmalary we temmi

Döwlet ýa-da jemgyýetçilik düzgünine, eýeçilige, raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, bellenilen edara ediş düzgünine hukuk taýdan ters gelýän hyýanatly, ýazykly (bilgeşleýin ýa-da seresapsyzlyk bilen edilen) hereket ýa-da hereketsizlik, ýagny özi üçin kanun arkaly edara ediş jogapkärçilik göz öňünde tutulan şeýle hereket ýa-da hereketsizlik *edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagy (etmiş)* hasap edilýär.

Eger bu hukuk düzgüniniň bozulmagy özüniň häsiýeti boýunça ulanylyp gelinýän kanunlara laýyklykda jenaýat jogapkärçiligine eltmeýän bolsa, şonda hukuk düzgüniniň bozulmagy üçin "Edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmalary baradaky" Bitewi Kanunynda göz öňünde tutulan edara ediş jogapkärçilik ýüze çykýar.

Edara ediş hukuk düzgünini bozan adam hukuk düzgüniniň bozulan wagtynda we ýerinde ulanylyp gelinýän kanunlaryň esasynda jogapkärçilige çekilmelidir.

Edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmalary üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýa-da ýatyrýan namalaryň yza gaýdymlaýyn güýji hem bardyr, ýagny olar hukuk düzgüniniň aşakdaky serediljek namalar

neşir edilmezinden ozalky bozulmalaryna hem degişli edilýär. Edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmalary üçin jogapkärçiligi belleýän ýa-da güýçlendirýän namalaryň yza gaýdymlaýyn güýji ýokdur.

Türkmenistanyň çäginde ýören daşary ýurt raýatlary we belli raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň raýatlary bilen umumy esaslarda edara ediş jogapkärçilige çekilmäge degişlidirler. Türkmenistanyň ulanylyp gelinýän kanunlaryna we halkara şertnamalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň edara ediş ýurisdiksiýasy tarapyndan eldegrilmesizlikden (immunitetden) peýdalanýan daşary ýurtly raýatlar tarapyndan Türkmenistanyň çäklerinde edara ediş hukuk düzgüniniň bozulanlygy üçin jogapkärçilik baradaky mesele diplomatik ýol bilen çözülýär.

***Edara ediş temmi*** jogapkärçilik çäresi bolup durýar we ol edara ediş hukuk düzgünini bozan adamy kanunlary berjaý etmek, şonuň ýaly-da hukuk düzgünini bozujy adamlaryň özleriniň hem, beýleki adamlaryň hem hukuk düzgünini täzeden bozmaklarynyň öňüni almak maksady bilen ulanylýar.

Edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmalary üçin şu aşakdaky edara ediş temmiler ulanylyp bilner:

- duýduryş bermek;
- jerime salmak;
- edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagynyň guraly we gösgöni obýekti bolan zady (predmeti) öwezini tölemek bilen düzgüni bozujynyň elinden almak;
- muzdsuz almak.

Hukuk düzgüniniň gödek bozulmagy netijesinde daşary ýurtly raýatlary we raýatlygy ýok adamlary Türkmenistanyň çäklerinden daşary edara ediş tertipde çykaryp goýbermek, şonuň ýaly-da bozulma halaty ýüze çykarylan pursadyndan başlap, olaryň bäş ýylyň dowamynda Türkmenistana gelmegini çäklendirmek we olaryň Türkmenistanda bolmaly diýlip kesgitlenen möhletini gysgaltmak Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan göz öňünde tutulyp bilner.

Edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagy üçin temmi hukuk düzgüniniň bozulanlygy üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan

kadalaşdyryjy namada bellenilen çäklerde Bitewi Kanuna we edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmalary baradaky beýleki namalara takyk laýyklykda berilýär.

Temmi berlen mahalynda hukuk düzgüniniň bozulyşynyň häsiýeti, hukuk düzgünini bozujynyň şahsyýeti, onuň günäsiniň derejesi, emläk ýagdaýy, jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlar nazara alynýar.

Şu aşakdakylar edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagy üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar diýlip hasap edilýär:

- günäkäriň çyn ýürekden ökünmegi;
- hukuk düzgüniniň bozulmagynyň zyýanly netijeleriniň günäkär tarapyndan öňüniň alynmagy, ýetirilen zyýanyň düzedilmegi;
- ruhy taýdan güýçli tolgunmagyň täsiri astynda ýa-da agyr şahsy ýa-da maşgala ýagdaýlary zerarly hukuk düzgüniniň bozulmagy;
- hukuk düzgüniniň kemala gelmedik tarapyndan bozulmagy;
- hukuk düzgüniniň göwreli aýal ýa-da bir ýaşa ýetmedik çagasy bolan aýal tarapyndan bozulmagy.

Kanunlarda edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagy üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän beýleki ýagdaýlar hem göz öňünde tutulyp bilner. Edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagy baradaky işi çözýän edara (wezipeli adam) kanunda görkezilmedik ýagdaýlary hem jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar diýip hasap edip biler.

Şu aşakdakylar edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagy üçin jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar diýlip hasap edilýär:

- hukuk kadasyna ters gelýän biedepçilik etmegini bes etmegi talap etmäge ygtyýarly adamlaryň edýän şeýle talabyna garamazdan, şol biedepçiligiň dowam etdirilmegi;
- hukuk düzgünini bozanlygy üçin ozal edara ediş temmi berlen adam tarapyndan bir ýylyň dowamynda hukuk düzgüniniň gaýtadan şonuň ýaly birmeňzeş bozulmagy; ozal jenaýat eden adam tarapyndan hukuk düzgüniniň bozulmagy;
- hukuk düzgüniniň bozulmagyna kemala gelmedigiň çekilmegi;

- bir topar adam tarapyndan hukuk düzgüniniň bozulmagy;
- tebigy betbagtçylyk şertlerinde ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlar mahalynda hukuk düzgüniniň bozulmagy;
- serhoş ýagdaýda hukuk düzgüniniň bozulmagy. Edara ediş temmi berýän edara (wezipeli adam) edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagynyň häsiýetine laýyklykda şol ýagdaýy jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaý diýip hasap etmän biler.

Edara ediş hukuk düzgünini bir adam tarapyndan iki we ondan köp bozulan mahalynda, her bir bozulyş üçin aýratynlykda edara ediş temmi berilýär. Eger adam edara ediş hukuk düzgüniniň birnäçesini bozan bolsa we şolar baradaky işlere şol bir edara (wezipeli adam) tarapyndan bir wagtyň özünde garalýan bolsa, onda hukuk düzgüniniň has düýpli bozulmagy üçin bellenen jerimesiniň çäklerinde temmi berilýär. Şeýle halatda esasy temmi çäresiniň üstüne hukuk düzgüniniň bozulmalaryndan islendigi üçin jogapkärçilik baradaky maddalarda göz öňünde tutulan goşmaça temmi çäreleriniň biri goşulyp bilner.

## § 12.2. Hojalyk we telekeçilik işinde edara ediş hukuk tertibiniň bozulmalary

Hojalyk we telekeçilik işinde edara ediş hukuk tertibiniň bozulmalary ýüze çykarylanda salgyt gulluklarynyň ýolbaşçylary şu aşakdaky **“Edara ediş hukuk dügünleriniň bozulmalary barada”** Bitewi Kanunyň maddalaryny ulanmaga hukugy bardyr.

### 156$^2$-nji madda. Nagt pul amallaryny geçirmegiň düzgüniniň bozulmagy

Eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan söwda, jemgyýetçilik iýmiti we hyzmat kärhanalarynyň işgärleri tarapyndan, şeýle hem ýuridik tarapy döretmedik, telekeçiler tarapyndan elektron gözegçilik- kassa apparatlaryny peýdalanmazdan nagt pul operasiýalarynyň geçirilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bäş aýlyk möçberinde jerime salynmagyna eltýär.

**166-njy madda. Döwlet tarapyndan bellige alynmazdan ýa-da ýörite rugsatnama (ygtyýarnama) bolmazdan telekeçilik işini amala aşyrmak**

Döwlet tarapyndan bellige alynmazdan telekeçilik işiniň amala aşyrylmagy, şonuň bilen birlikde ýörite rugsatnama (ygtyýarnama) bolmazdan işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň amala aşyrylmagy-taýýarlanylan önümi, önümçilik gurallaryny we çig maly öwezini töläp elinden almak bilen ýa-da şonsuz,

*Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň ikisinden dördüsine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.*

**167-nji madda. Gadagan edilen telekeçilik işi**

ýörite gadagan edilen telekeçilik işi bilen meşgullanylmagy-taýýarlanan önümi muzdsuz alyp, önümçilik gurallaryny ýa-da çig maly muzduny töläp alyp ýa-da şonsuz

*Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň bäşden onusyna çenli möçberde jerime salynýar.*

**167[1]-nji madda. Hojalyk, telekeçilik işi baradaky maglumatlary bermegiň düzgünleriniň bozulmagy.**

Raýatlar tarapyndan döwlet hasaba alyşy üçin telekeçiniň hukuk tarapy döretmezden salgyt hasaby üçin zerur bolan maglumatlaryň we resminamalaryň nädogry berlendigi üçin,

*Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň möçberiniň birisinden ikisine çenli möçberde jerime salynýar.*

Kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan hojalyk işleri baradaky maglumatlaryň we gözegçilik resminamalaryň öz wagtynda berilmändigi ýa-da salgyt hasaby üçin zerur bolan maglumatlaryň nädogry berlendigi üçin, wezipeli adama,

*Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň ikisinden üçüsine çenli möçberde jerime salynýar.*

## $167^{2}$-nji madda. Buhgalteriýa we salgyt baradaky kanunlary bozmak

Buhgalteriýa hasabyny alyp barmagyň, şeýle hem salgyt salynýan desgalary hasaba almagyň bellenilen düzgüniniň bozulmagy we salgyt baradaky kanunlaryň beýleki bozulmalary ($167^{5}$-nji maddasynda göz öşünde tutulanlar muňa girmeýär), munuň özi salgytlaryň hem-de býujete we býujetden daşary gaznalara beýleki hökmany tölegleriň öz wagtynda ýa-da doly tölenmezligine getirse,

*Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň birinden ikisine çenli möçberde jerime salynmaga eltýär.*

Şeýle hereketler edara ediş temmi çäresi bellenilenden soň bir ýylyň dowamynda gaýtadan amala aşyrylsa

*Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň ikisinden dördüsine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.*

## $167^{3}$-nji madda. Döwlet salgyt gullugy edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň talaplaryny berjaý etmezlik

Kkärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň ýolbaşçylarynyň we beýleki wezipeli adamlarynyň hem-de raýatlarynyň salgytlary we beýleki hökmany tölegleri hasaplap çykarmak hem-de tölemek meseleleri barada döwlet salgyt gullugynyň edaralary we olaryň wezipeli adamlarynyň edýän talaplarynyňn ýerine ýetirilmezligi,

*Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň birisinden dördüsine çenli möçberde jerime salynýar.*

## $167^{5}$-nji madda. Salgytlaryň öz wagtynda tölenmezligi

Kärhanalardan, edaralardan we guramalardan alynýan salgytlaryň üç senenama aýynyň içinde birnäçe gezek öz wagtynda tölenmezligi-wezipeli adamlara,

*Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň üçden bäşe çenli möçberinde jerime salynmagyna eltýär.*

### 167[12]-nji madda. Salgyt beýannamasyny bermegiň möhletleriniň bozulmagy

Hasapda duran ýeri boýunça döwlet salgyt gullugy edaralaryna salgyt beýannamasyny we hasabatlary bermegiň salgyt baradaky kanunçylykda bellenilen möhletleriniň bozulandygy üçin,

**şahsy telekeçilere** – *Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň ikisine çenli möçberde*,

**wezipeli adamlara** – *Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň üçüsine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.*

### 167[13]-nji madda. Salgyt gözegçiligini amala aşyrmak üçin zerur maglumatlaryň berilmezligi

Salgyt gözegçiligini amala aşyrmak üçin zerur resminamalaryň we başga maglumatlaryň döwlet salgyt gullugy edaralaryna salgyt baradaky kanunçylykda bellenilen möhletlerde berilmändigi, şeýle hem şol maglumatlaryň doly däl we ýoýlan görnüşde berlendigi üçin,

**şahsy telekeçilere** – *Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň birinden üçüsine çenli möçberde,*

**wezipeli adamalara** – *Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes iş hakynyň üçüsinden bäşisine çenli möçberde jerime salynmagyna eltýär.*

***“Edara ediş hukuk tertibiniň bozulmalary barada”*** Bitewi Kanunynyň şu ýokardaky maddalaryna seretmeklik salgyt gulluklarynyň ýolbaşçylaryna hem-de olaryň orunbasarlaryna ýüklenilen.

***“Edara ediş hukuk tertibiniň bozulmalary baradaky”*** bitewi kanunynyň 269 maddasyna laýyklykda düzgüni bozujy özüne jerime salnandygy hakyndaky kararyň gowşurylan gününden beýläk ***on bäş günden*** gijä goýman tölemelidir, şeýle karar barada şikaýat edilen ýa-da garşylyknama bildirilen mahalynda bolsa-şikaýatyň kanagatlandyrylman galdyrylandygy mälim edilen gününden beýläk *on bäş günden* gijä goýman tölemelidir.

Düzgüni bozujy bellenen möhletde jerime tölemese, onda jerime ***20 göterim*** artdyrylýar.

Düzgüni bozujy jerimäni bellenen möhletde tölemedik halatynda jerime salmak baradaky karar Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş Bitewi Kanunynda bellenen kadalara laýyklykda 20 göterim artdyrylan jerimäni onuň iş hakyndan ýa-da başga gazanjyndan, goldaw pulundan ýa-da talyp hakyndan mejbury suratda tutup galmak üçin kazyýete iberilýär.

Eger jerime salnan adam işlemeýän bolsa ýa-da başga sebäplere görä jerimäniň düzgünini bozujynyň iş hakyndan ýa-da başga gazanjyndan, pensiýasyndan ýa-da talyp hakyndan tutup galmak mümkin bolmasa, jerimäni edaranyp (wezipeli adamyň) jerime salmak baradaky karary esasynda kazyýet ýerine ýetirijisi düzgüni bozujynyň şahsy emläginden, şeýle hem onuň umumy eýeçilikdäki paýyndan töletdirmek arkaly alynýar.

## § 12.3. Fiziki şahsyň salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagy

Fiziki şahsyň girdejileri ýa-da beýleki salgyt salynýan zatlary bilkastlaýyn ýaşyrmak ýa-da azaldyp görkezmek arkaly, salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagy, şonuň ýaly-da göz-görtele ýoýlan maglumatlary salgyt beýannamasyna, hasaby ýörediş resminamalara girizmegi uly möçberde salgytlary tölemekden boýun gaçyrmaga getiren bolsa,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň otuzysyndan ýüzüsine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da bir ýyl alty aýa çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Şonuň ýaly etmiş, eger:

a) gaýtadan;

b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;

c) aýratyn uly möçberde edilen bolsa,

zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ellisinden ýüz ellisine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

1. Eger tölenilmedik salgydyň mukdary zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň altmyşysyndan geçýän bolsa, ol fiziki şahsyň uly möçberdäki salgydy tölemekden boýun gaçyrmagy diýlip hasap edilýär.
2. Eger tölenilmedik salgydyň mukdary zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň iki ýüzüsinden geçýän bolsa, ol fiziki şahsyň aýratyn uly möçberdäki salgydy tölemekden boýun gaçyrmagy diýlip hasap edilýär.
3. Eger şu maddada göz öňünde tutulan jenaýaty ilkinji gezek eden adam jenaýatyň üstüniň açylmagyna ýardam beren bolsa we ýetirilen zyýanyň öwezini dolulylygyna dolsa, ol azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezadan boşadylýar.

## § 12.4. Guramalarda salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy

Maliýe resminamalaryna girdejiler ýa-da çykdajylar hakynda göz-görtele ýoýlan maglumatlary girizmek ýoly bilen maliýe resminamalaryny ýok etmek arkaly we salgyt salynýan beýleki zatlaryň ýaşyrylmagy ýa-da başga usul bilen guramalarda salgytlary uly möçberde tölemekden boýun gaçyrylmagyna getiren bolsa, üç ýyla çenli möhlet bilen belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edilip zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ellisinden iki ýüzüne çenli bolan möçberde jerime salynýar, ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek ýa-da üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Şonuň ýaly etmiş, eger:
a) gaýtadan;
b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryň topary tarapyndan;
c) aýratyn uly möçberde edilen bolsa,

üç ýyla çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edip ýa-da mahrum etmän we emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň ýüzüsinden iki ýüzüsine çenli bolan möçber-

de jerime salynýar ýa-da emlägini muzdsuz alyp ýa-da muzdsuz alman we üç ýyl möhlete çenli belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek bilen, üç ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

1. Eger tölenilmedik salgydyň mukdary zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bir ýüz ellisinden geçýän bolsa, ol guramalardan uly möçberdäki salgydy tölemekden boýun gaçyrylmagy diýlip hasap edilýär.
2. Eger tölenilmedik salgydyň mukdary zähmete hak tölemegiň ortaça aýlyk möçberiniň bäş ýüzüsinden geçýän bolsa, ol guramalardan aýratyn uly möçberdäki salgydy tölemekden boýun gaçyrylmagy diýlip hasap edilýär.
3. Eger şu maddada göz öňünde tutulan jenaýaty ilkinji gezek eden wezipeli adam jenaýatyň üstüni açmaga ýardam etse we ýetirilen zeleliş öwezini dolulygyna dolsa, ol azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezadan boşadylýar.

### Türkmenistanyň «Edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary baradaky» hem-de «Jenaýat bitewi» kanunlary we olaryň döwlet salgyt gulluklarynyň iş tejribesinde ulanylyşy diýen tema boýunça öz-özüňi barlamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagy diýip nämä aýdylýar?
2. "Edara ediş temmi" diýen düşünjäni kesgitläň we onuň maksadyny beýan ediň?
3. Ulanylýan edara ediş temmileriň görnüşlerini sanap beriň?
4. Haýsy ýagdaýlar jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar diýip hasap edilýär?
5. Edara ediş hukuk düzgüniniň bozulmagy üçin jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlary düşündiriň.
6. Hojalyk we telekeçilik işinde edara ediş hukuk tertibiniň bozulmalary babatynda ulanylýan jerimeleri sanap beriň.
7. Buhgalteriýa we salgyt baradaky kanunlary bozulmagy üçin kesgitlenilen jogapkärçiligi düşündiriň.
8. Salgytlaryň öz wagtynda tölenilmezligi jogapkärçiligiň nähili görnüşini ulanmaklyga esas berýär?
9. Düzgün bozujy özüne salnan jerimäni näçe günüň dowamynda tölemäge hukugy bardyr?

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. "Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal". – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr.* Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2007.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap.Saýlanan eserler.1-nji, 2-nji tomlar.Aşgabat, 2008, 2009.
7. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedowyň* reformatorçylyk syýasatyna berlen ýokary baha. Türkmenistanyň Prezidentininňkide kabul edişlik. "Türkmenistan", "Neýtralnyý Turkmenistan" gazetleri, 2007-nji ýylyň noýabr aýynyň 29-y.
9. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Täze ýyl baýramy mynasybetli türkmen halkyna Gutlagy. "Türkmenistan", "Neýtralnyý Turkmenistan" gazetleri, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-i.
10. Türkmenistanyň Prezidenti paýtagtymyzdaky we Ahal welaýatyndaky möhüm taslamalaryň durmuşa geçirilişiniň barşy bilen tanyşdy. "Türkmenistan", "Neýtralnyý Turkmenistan" gazetleri, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 3-i.
11. Halal zähmet, mähriban topraga söýgi ýurdumyzyň abadançylygynyň we rowaçlygynyň esasydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşoguz welaýatynda bolmagy. "Türkmenistan", "Neýtralnyý Turkmenistan" gazetleri, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 4-i.

12. Türkmen topragynyň ähli baýlyklary halkymyzyň bagtyýarlygyna we abadançylygyna hyzmat etmelidir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Lebap we Mary welaýatlarynda bolmagy. "Türkmenistan", "Neýtralnyý Turkmenistan" gazetleri, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 5-i.
13. Ýurduň geljeginiň, her bir adamyň abadançylygynyň hatyrasyna- TDH-niň hepdelik teswirlemesi. "Türkmenistan", "Neýtralnyý Turkmenistan" gazetleri, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 7-si.
14. Ähli işler we başlangyçlar ýurdumyzyň we halkymyzyň abadançylygyna gönükdirilendir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Balkan welaýatynda bolmagy. "Türkmenistan", "Neýtralnyý Turkmenistan" gazetleri, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 8-i.
15. "Türkmenistany syýasy,ykdysady we medeni taýdan özgertmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasy. Aşgabat. 2003.
16. "Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda" Türkmenistanyň Kanuny, 8-nji oktýabr. 1993 ý, N890 – XII; Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat. "Türkmenistan", 1995
17. "Täjirçilik banklary we bank işi hakynda" Türkmenistanyň Kanuny, 8-nji oktýabr 1993 ý, N891 – XII; Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat "Türkmenistan", 1995
18. "Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 2000-nji ýyl, 15-nji iýun. "Altyn asyryň ykdysadyýeti". Awgust. 2000.
19. "Türkmenistanyň daşary ýurt inwestisiýalary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny, 19-njy maý 1992 ý, N697–XII; Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat. "Türkmenistan", 1993.
20. "Türkmenistanda inwestisiýa işleri hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 19-njy maý. 1992 ý.
21. "Walýuta kadalaşdyrmasy hakynda" Türkmenistanyň kanuny 8-nji oktýabr. 1993 ý, №891 – XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat. "Türkmenistan" neşirýaty, 1995
22. "Ätiýaçlandyryş hakynda" Türkmenistanyň kanuny, 26-njy iýun 1992 ý, №725 – XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy. Aşgabat. "Türkmenistan" neşirýaty, 1995.
23. Türkmenistanyň "Paỳdarlar jemgyỳeti hakyndaky" Kanuny. Aşgabat, 1999.
24. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň Bitewi Kanuny. Aşgabat. 2009.
25. "Türkmenistanda durmuş - ykdysady özgertmeleriň 2020-nji ỳyla çenli baş ugry" Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2003.
26. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji bölegi

bilen bellenilen beỳannamalaryň we resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boỳunça usuly görkezmeler. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2005-nji ỳylyň maý aỳynyň 13-üne 348 san bilen bellige alnan.

27. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 2-nji bölegi bilen bellenilen beỳannamalaryň we resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boỳunça usuly görkezmeler. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2004-nji ỳylyň dekabr aỳynyň 9-yna 330 sany bilen bellige alnan.
28. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanuny herekete girizilen döwür üçin salgytlaryň aỳry-aỳry görnüşlerini hasaplamak boỳunça usuly görkezme. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2004--nji ỳylyň dekabr aỳynyň 16-syna 331 san bilen bellige alnan.
29. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunyna üỳtgetmeler we goşmaçalar girizilen döwüründe salgytlaryň aỳry-aỳry görnüşleriniň hasaplanylyşy boỳunça usuly görkezme. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2005-nji ỳylyň naýabr aỳynyň 30-yna 363 san bilen bellige alnan.
30. Girdejileri we çykdajylary deň ölçegde we deň gatnaşykda emele getirmek ỳörelgelerinden ugur almak bilen aỳyrmalary hasabat (salgyt) döwründe degişli etmek boỳunça ususly görkezme. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ỳylyň iýul aỳynyň 11-ine 395 san bilen bellige alnan.
31. Döwlet salgyt gulluklarynda Türkmenistanyň döwlet bỳujetine salgytlaryň, ỳygymlaryň we beỳleki tölegleriň derhal buhgalteriỳataỳdan hasabyny ỳöretmek boỳunça usuly görkezme. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ỳylyň iýul aỳynyň 12-sine 397 san bilen bellige alnan.
32. Gözegçilik-pulhana abzallaryny hasaba almagyň tertibi hakyndaky düzgünnama. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ỳylyň sentýabr aỳynyň 8-ine 413 san bilen bellige alnan.
33. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 2-nji bölegi bilen bellenilen beỳannamalaryň we resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boỳunça usuly görkezmeler üỳtgetmeler we goşmaçalar. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2008-nji ỳylyň maý aỳynyň 15-ine 468 san bilen bellige alnan.
34. Türkmenistanyň şäherlerine we ilatly ỳerlerine hem-de onuň çäklerinden daşary gulluk iş saparlary hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ỳylyň maý aỳynyň 22-sindäki çykaran 8629 belgili Karary bilen tassyklanan.

35. Döwlet durmuş ätiỳaçlandyrmasyna geçirilỳän serişdeleri hasaplamak we tölemek üçin bellenilen beỳannamanyň we gaỳry resminamalaryň görnüşleri. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2007-nji ỳylyň oktýabr aỳynyň 18-ine 445 san bilen bellige alnan.
36. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 1-nji bölegi bilen bellenilen beỳannamalarynyň we resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boỳunça usuly görkezmeler üỳtgetmeler we goşmaçalar. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-nji ỳylyň mart aỳynyň 31-ine 375 san bilen bellige alnan.
37. *Çarygeldiýew Ý. , Muhanow A.* Salgyt menejmenti dersi boýunça meseleler ýygyndysy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2008.
38. *Çarygeldiýew Ý., Muhanow A.* Türkmenistanda salgyt salmagyň usulýet esaslary we ýörelgeleri. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2005ý., sentýabr aýy.
39. *Çarygeldiýew Ý., Mämikow A.* Salgyt we salgyt salmak ykdysady toparlaryň nazaryýet esaslary. "Alyn asyryň ykdysdyýeti" žurnaly, 2006ý., iýun aýy.
40. *Çarygeldiýew Ý.* Salgyt syýasatyny amala aşyrmagyň amatly ugurlary. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003ý., iýul aýy.
41. *Çarygeldiýew Ý.* Salgyt syýasaty we ykdysadyýetiň kadalaşdyrylyşy. "Altyn Asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003ý., sentýabr aýy.
42. *Çarygeldiýew Ý., Saparow Ý.* Maliýanyň düýp mazmuny, onuň pul we paýlaýyş häsiýeti. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003ý., noýabr aýy.
43. *Çarygeldiýew Ý., Agaýew A.* Salgytlaryň gaýry ykdysady toparlar bilen arabaglanyşygy we olaryň maliýe gatnaşyklar ulgamynda tutýan orny". "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2006ý., oktýabr aýy.
44. *Gulmyradow M .* Maliýe ulgamy. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2006ý., maý aýy.
45. *Gulmyradow M.* Döwlet býujetiniň ähmiýeti. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004., aprel aýy.
46. *Halow N.* Maliýanyň ýerine ýetirýän wezipeleri. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004ý., iýun aýy.
47. *Hezretow A.* Salgyt ulgamy – Türkmenistanda hukuk institutynyň möhüm düzümidir. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003ý., ýanwar aýy.
*48.* *Hezretow A.* Edara görnüşli taraplaryň girdejilerine salgyt salmagyň hukuk kadalaşdyrylyşy. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2003 ý., iýun aýy. "Altyn asyryň ykdysadyýeti" žurnaly, 2004ý., dekabr aýy.

49. *Muhanow A., Eýeberdiýew G. , Nazarowa A.* Ykdysadyýetiň ösüşinde salgyt ýeňillikleriniň ähmiýeti. “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnaly, 2003ý., ýanwar aýy.
50. *Muhanow A., Mämikow A.* Kameral barlaglary geçirmegiň usulyýet esaslary. “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnaly, 2006ý., sentýabr aýy.
51. Ösen ykdysdyýetli ýurtlarda ýörite salgyt düzgünleriniň kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň seljermesi. “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnaly, 2004ý., oktýabr aýy.
*52. Sadykow D.* Türkmenistanyň salgyt-býujet syýasaty we ýurduň ykdysady ösüşine onuň täsiri. “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnaly, 2003ý., maý aýy.
53. Salgyt ulgamlarynyň ösüşiniň dünýä tejribesi. “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnaly, 2004ý., awgust-sentýabr aýlary.
54. *Гуреев В.И.* Российские налоговое право. М: «Экономика», 1997.
55. *Дернверг Р.Л.* Международное налогообложение. – М: Юнити, 1997.
56. Налоги. Учебное пособие. Под редакцией Д. Черника. – М: «Финансы и статистика», 1997
57. Налоги и налоговое право. Учебное пособие. Под редакцией А.В.Брызгалика – М: Акалитика-Пресс, 1997.
58. *Петрова Г.В.* Налоговое право. Учебник для вузов. – М : ИНФРА-М-Норма, 1997.
59. *Черник Д.Г.* Налоги в рыночной экономике.-М: «Финансы», ЮНИТИ, 1997.
60. *Юткина Т.Ф.* Налоги и налогообложение. Учебник, 1998.

# MAZMUNY

Giriş........................................................................................ 7

**I bap. Türkmenistanyň salgyt hukugynyň esasy başlangyçlary**

§ 1.1. Salgyt hukugy barada düşünje........................................................ 9
§ 1.2. Türkmenistanyň salgyt hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk........................................................................................ 36
§ 1.3. Türkmenistanda ýöredilýän salgyt syýasaty........................................ 37

**II bap. Salgyt hukuk gatnaşyklary we olara gatnaşyjylar**

§ 2.1. Salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar........................................ 41
§ 2.2. Salgyt töleýji şahsy taraplar........................................................ 42
§ 2.3. Salgyt töleýji edara görnüşli taraplar............................................ 43
§ 2.4. Salgyt töleýjiniň adyndan salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplar........................................................................................ 45

**III bap. Salgyt töleýjiniň hukuklary we borçlary**

§ 3.1. Salgyt töleýjiniň hukuklary........................................................ 49
§ 3.2. Salgyt töleýjiniň borçlary........................................................ 50

**IV bap. Salgyt töleýjileri hasaba almak**

§ 4.1. Salgyt töleýjiler hökmünde hasaba goýmaga degişli taraplar........................................................................................ 53
§ 4.2. Salgyt töleýjiler hökmünde hasaba goýmagy amala aşyrýan salgyt gullugy edaralary........................................................ 55
§ 4.3. Salgyt töleýjiler hökmünde hasaba goýmagyň tertibi we möhleti........................................................................ 64
§ 4.4. Döwlet salgyt sanawy we salgyt töleýjiniň hususy salgyt belgisi........................................................................................ 92

§ 4.5. Salgyt hasaby üçin maglumatlary bermek we salgyt hasabyna goýulmakdan boýun gaçyrylmagy üçin jogapkärçilik ........ 93

**V bap. Salgydy tölemek borjy we ony ýerine ý.etirmek**

§ 5.1. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň döremegi we bes edilmegi ........ 96
§ 5.2. Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmegiň nobatlylygy........ 97
§ 5.3. Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmek........ 98

**VI bap. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň, hasapdan öçürmegiň möhletlerini üýtgetmek**

§ 6.1. Salgytlary, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemegiň möhletlerini üýtgetmek........ 107
§ 6.2. Salgydy, maliýe jerimelerini we puşman töleglerini tölemek boýunça möhleti yza süýşürmegiň ýa-da tölegleri möhletlere bölüp tölemegiň tertibi........ 108
§ 6.3. Salgytlar, maliýe jerimeleri we puşman tölegleri boýunça bergileri hasapdan öçürmek........ 113

**VII bap. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek çäreleri**

§ 7.1. Salgydy tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek........ 116
§ 7.2. Bank edarasyna akseptsiz töleg talapnamasyny bermek........ 117
§ 7.3. Emlägi girewe goýmagyň we kepil geçmegiň ulanylmagy........ 118
§ 7.4. Bank edarasynda hasaplar boýunça amallary togtatmak........ 142
§ 7.5. Salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini üçünji tarapdan tutup almak........ 143
§ 7.6. Salgyt töleýjiniň emläginiň hasabyna salgyt töletdirmek........ 144

**VIII bap. Salgytlaryň guramaçylyk-hukuk esaslary**

§ 8.1. Türkmenistanyň salgyt gullugy edaralary. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy........ 150

§ 8.2. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň wezipeleri........ 151
§ 8.3. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hukuklary........ 155
§ 8.4. Sagyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň borçlary........ 157
§ 8.5. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň işindäki çäklendirmeler hem-de hukuk taýdan goralmagy........ 158
§ 8.6. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň işiniň guralyşy........ 159
§ 8.7. Salgyt gullugy edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň atlary........ 161
§ 8.8. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň we onuň ýerli edaralarynyň işgärleriniň iş hakyny maliýeleşdirmek........ 164

**IX bap. Salgyt barlaglary**

§ 9.1. Salgyt barlaglary barada düşünje........ 167
§ 9.2. Kameral salgyt barlagy........ 168
§ 9.3. Resminamalaýyn salgyt barlagy........ 194
§ 9.4. Aýry-aýry halatlar üçin resminamalaýyn salgyt barlaglaryny geçirmegiň tertibi........ 219
§ 9.5. Resminamalaýyn salgyt barlagyny geçirmegiň usullary........ 225
§ 9.6. Resminamalaýyn salgyt barlagy geçirilen mahaly salgyt gullugyna çagyrmak........ 237
§ 9.7. Resminamalaýyn salgyt barlagynyň ykrar hatlaryny düzmegiň tertibi........ 252

**X bap. Salgyt gullugynyň çözgütlerinden, olaryň wezipeli adamlarynyň we gullukçylarynyň hereketlerinden şikaýat etmek**

§ 10.1. Şikaýat etmegiň tertibi........ 271
§ 10.2. Şikaýata seretmegiň tertibi........ 279

**XI bap. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleri**

§ 11.1. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleriniň ulanylyşy........ 288
§ 11.2. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleriniň görnüşleri........ 289

**XII bap. Türkmenistanyň edara ediş hukuk düzgünleriniň bozulmalary baradaky hem-de jenaýat bitewi kanunlary we olaryň döwlet salgyt gulluklarynyň iş tejribesinde ulanylyşy**

§ 12.1. Edara ediş hukuk tertibiniň bozulmalary we temmi............................... 292
§ 12.2. Hojalyk we telekeçilik işinde edara ediş hukuk tertibiniň bozulmalary.............................................................................................. 295
§ 12.3. Fiziki şahsyň salgytlary tölemekden boýun gaçyrmagy........................ 299
§ 12.4. Guramalarda salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagy..................... 300

Peýdalanylan edebiýatlar........................................................................ 302

*Abdykerim Muhanow, Hüseýin Hajygurbanow*

# TÜRKMENISTANYŇ SALGYT KANUNÇYLYGY

Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *E. Berdiýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Saryýew* |

Çap etmäge  rugsat edildi 19.01.2011. Möçberi 60x90 1/16. Ofset kagyzy.
Edebi garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 19,5. Şertli reňkli ottiski 37,28. Hasap-neşir listi 19,64. Çap listi 19,5. Sargyt 2130. Sany 1000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.